TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

MUHAMMET KASYM HINDUŞA
ASTRABADY
(PERIŞDE)

# YBRAÝYMYŇ GÜLŞENI
## (TARYHY PERIŞDE)

I

Pars dilinden terjime eden
we neşire taýýarlan

Godarow Rahmanberdi

AŞGABAT «MGI» 2013

**UOK**

**M**

**Muhammet Kasym Hinduşa Astrabady**

**M** **Ybraýymyň gülşeni.** – A.: Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, 2013 – s.

Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň üznüksiz tagallalary netijesinde türkmen halkynyň beýik şahsyýetleriniň, şahyrlarynyň we alymlarynyň eserleri yzygiderli halka ýetirilýär we olaryň edebi-ylmy mirasyny düýpli öwrenmek maksady bilen halkara derejesinde ylmy maslahatlar geçirilýär.

Muhammet Kasym Hinduşa Astrabadynyň «Ybraýymyň gülşeni» («Taryhy Perişde») atly eseri Hindistanda döredilen türkmen döwletleriniň taryhyny dogruçyl we giňişleýin açyp görkezýän eserleriň biridir. Bu eseriň I jildinde Gaznaly türkmen döwletiniň taryhy beýan edilýär.

Muhammet Kasym Hinduşa Astrabadynyň «Ybraýymyň gülşeni» («Taryhy Perişde») atly kitabynyň I jildi ilkinji gezek pars dilinden türkmen diline terjime edilip halk köpçüligine hödürlenýär.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № KBK Tür

© Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, 2013 ý.
Muhammet Kasym Hinduşa Astrabady,Ybraýymyň gülşeni.
Godarow R., pars dilinden terjime, 2013ý.

**MÄHRIBAN WE REHIMLI ALLANYŇ ADY BILEN, DIŇE ONDAN MEDET SORAÝARYS**

# BU KITAP GADYMY SÖZ BOSSANYNYŇ TÄZE HEM TER MIWESIDIR

Ähli döränlerden has öňden dörän,
Baky durjaklardan has baky duran.

Gadymy dünýäniň kerwenbaşysy,
Birleşdiren galam bilen ýazary.

Päk perişdelere nyşana goýan,
Toprak şalaryna[1] täji-tagt beren[2].

«Men gizlin gençdim» diýen jümle esasynda gudrat galamy bilen dörediş çyzygyny ýaradylanlaryň ahwalat sahypasyna çyzyp, enaýat eli bilen barlygyň täze ýetişen gözelini ýokluk bendinden azat edensoň, jan bagyşlaýjy we ruh beriji nesimini[3] «We oňa öz ruhumdan üfledim»[4] diýen çemenzarlykdan öwüsdirip, ynsanlaryň barlyk gunçasyny gülletdi we janlandyrdy. Olaryň gülşen nahalyny özüniň hemmetaraplaýyn tükeniksiz mährem, şypaly çeşmesi bilen suwaryp,

---

[1] Bu ýerde: «Dünýäniň asly toprakdan ýasalan patyşalary» diýen manyda gelýär.

[2] Bu goşgy Allatagala hamdy-sena aýdylyp, Allatagalany sypatlandyryp, ýazylypdyr.

[3] Nesim – baharyň janly-jandary ...t-çöpi, topragy janlandyryjy ýeli.

[4] Gurhanyň 15-nji («Hijr») süres... 29-njy aýaty.

terlendirip, miwelendirip, «Hakykatdan hem biz ynsany iň gözel şekilde ýaratdyk»[1] diýen owazy pelekdäkileriň ýygnanyşyk ybadathanalarynda ýaňlandyrdy. Olaryň «Farkadana»[2] ýetýän başlaryny «Biz adam ogullaryny eziz-mähriban etdik»[3] diýen nurly täji bilen zynat berip, «Olary özümiziň ýaradan örän köp zatlarymyzdan üstün-artyk edip goýduk»[4] diýen gapylary olaryň mübärek netijeli durmuşlaryna tarap açdy. Ýaradylanlaryň iň belent derejelisi we hormatlysy bolan bu meşhur topardan we bu sarpaly görnüşden[5] iki topara özüniň mähremlik nazaryny salyp, olaryň azamat tuglaryny we haýbat owazlaryny Günüň hem Aýyň çür depesine çenli ýetirdi. Olaryň birinjisi Beýiklik bargähiniň (köşgüniň) ýakynlary we Taýsyzlyk dergähiniň saýlantgy kişileri bolan pygamberlerdir we resullardyr. Ikinjisi bolsa, halypalyk permany bolan «Soltan Allanyň saýasydyr»[6] saýasydyr»[6] diýen tugra bilen bezelen we «Bol diýse, bes, bolar»[7] diýen jahanyň çar künjünde permanlary ýörgünli bolan patyşalardyr we soltanlardyr. Pygamberlik düzgünlerini ýöredijiler «Elbetde, Alla

[1] Gurhanyň 95-nji («Injir») süresiniň 4-nji aýaty.

[2] Farkadan – Kiçi Ýedigene degişli iki sany ýaldyrawuk, nurly ýyldyz. Olara «Doganlar», «Iki dogan», «Ekizler» hem diýilýär. Aýrylyşmaz dostlary gadymda şoňa meňzedipdirler.

[3] Gurhanyň 17-nji («Gijeki seýr») süresiniň 70-nji aýaty.

[4] Gurhanyň 17-nji («Gijeki seýr») süresiniň 70-nji aýaty.

[5] Bu ýerde Adam, adamzat göz öňünde tutulýar.

[6] Muhammet Pygamberiň hadysy.

[7] Gurhanyň 36-njy («Ýasin») süresiniň 82-nji aýaty. Bu söz älem-jahany, jahany, pany dünýäniň barlyk älemini, şu dünýäni aňladýar.

Adamy, Nuhy, Ybraýymyň we Ymranyň neberesini älemdäkilerden saýlady»[1] diýen täsin we mugjyzaly kelama görä özgelerden saýlanmak sypaty bilen özgelerden aýratyn tapawutlandylar. Soltanlyk we halypalyk belentligine göterilenler bolsa, «Sizi ýerde halypa-oruntutar etdik»[2] diýen enaýatly aýatyň hökümine görä, ýaradylanlaryň düzgünleşmegine sebäp we döredilenleriň tertipleşmegine esas boldular.

Ähli pygamberler Belent Taňrydan,
Din düzgünin alyp, belende galdy.

Dünýä şalary hem Oň kereminden,
Arap-Ajama çen, uly paý aldy.

Şalygy şalara has laýyk gördi,
«Taňrynyň saýasy» lakamyn berdi.

Dünýäň möhrün iki kişä nagş etdi,
Patyşa hem pygambere bagş etdi.

Dünýäniň bezegi beýik şalardyr,
Şa bolmasa, göwre başsyz ýalydyr.

Belent mertebeli we pelek kuwwatly patyşalardan käbirleri has aňyrdan gaýdýan ezeli enaýata laýyklykda, ynsaplylyk we adyllyk sypaty bilen

[1] Gurhanyň 3-nji («Ymranyň öýi») süresiniň 33-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 10-njy («Ýunus») süresiniň 14-nji aýaty.

häsiýetlenip, namyratlyk jülgesiniň awaralaryny we biçärelik çölüniň teşnelerini özleriniň dirilik beriji howandarlyk çeşmelerine ýetip, mähremlik saýalarynda saýalap, hadysalar gününiň howrundan halas bolmaklary hem-de şirk, kapyrlyk we duşmançylyk apatlarynyň agdarlyp, ähli bendeler aman-esenlik we parahatlyk sallançagynda rahat ýaşamaklary üçin ýedi yklymyň anbarly meňi we dokuz pelegiň güler ýüzündäki gara zülpi bolan Hint ülkesiniň zemin giňişliginde jahan eýeleýjilik baýdagyny dikdiler. Asmanlar, Ýer we ol ikisiniň arasyndaky ähli zatlar Allatagalanyň mülküdir. Allatagala owwaldan-ahyra hamdy-sena bolsun.

Şeýle öwgüli häsiýetli we belent mertebeli patyşalaryň iň mertebelisi, meşhur goşunyň şahynşasy, köşk arşynyň hysrowy, bagt göwherini ýagtyldyjy, tagt binýadyny berkidiji, ýedi yklymyň bezegi, täj-u tagtyň gelşigi, Allanyň mähremsaýasy we Halylyllanyň[1] atdaşy Abulmuzaffar Nasyreddin Ybraýym Adylşadyr[2].

---

[1] Halylla – Ybraýym pygamber; Allanyň dosty.

[2] Ybraýym Adylşa – Dekendäki Adylşalar nesilşalygynyň altynjy patyşasy. Bu nesilşalygy esaslandyran adam Ýusupşadyr. Ybraýym Adylşa Ýusupşanyň ýuwlugydyr. Hindistanda meşhur bolan rowaýata görä, Ýusupşa Osmanly türkmen soltanlaryndan bolup, soltan Muhammet han Fatyhyň (ýeňijiniň) dogany eken. Soltan Muhammet tagta çykanda, ol ölüme höküm edilýär. Emma Ýusupşanyň ejesi ony bir ýol bilen halas edýär. Ol ondan Eýrana, soňra bolsa Hindistana gidip, soltanlyga ýetýär. Ybraýym Adylşa Tahmaspşanyň ogludyr. Ol kakasynyň dogany Aly Adylşadan soň, 998-nji hijri-kamary ýylynda soltanlyk tagtyna geçýär. Ol ençe wagtlap töweregindäki goňşy patyşalar bilen söweşler alyp barýar. Ahyrynda onuň golastyndaky ýerleriň köpüsi Ekber şa Timurlynyň esgeriniň eline geçýär.

Dine pena, patyşalaň şasydyr,
Kerem güneşi, Allaň saýasydyr.

Onuň jahan bezeýji haýbatynyň bahary hazan ýeliniň zeperinden aman, onuň terlik bagyşlaýjy döwletiniň nahaly döwür hadysalarynyň çapgyn ýellerinden halas. Ol ynsaplylyk meýdanynyň çapyşygynda ähli bäsdeşlerinden ozan, ýurt alyjylyk we jahan eýeleýjilik meýdanynda duşmanlaryň bedenlerine ýaralar salan. Tä «Men ýerde Adamy halypa-oruntutar etjekdirin»[1] diýen owaz arş älemindäki ygtykafçylaryň[2] gulaklaryna ýeteli bäri, garry pelegiň gözi onuň ýaly älem eýeleýjini jahan goraýjylyk tagtynda mäkäm ornaşan halda gören däldir. Tä «Ol sizi ýerde oruntutar-halypa etdi»[3] diýen ruh beriji owaz aşakdaky jahanyň ýaşaýjylarynyň arasynda ýaýraly bäri, onuň ýaly güýç-kuwwat eýesi soltanlyk düşeginde gadam goýmady. Onuň şalyk çapary[4] «Biziň özümiz bölüşdiripdik»[5] diýen

---

Ybraýym Adylşa otuz sekiz ýyl soltanlyk edip, 1036-njy hijri-kamary ýylynda dünýäden ötýär. Ol örän uly juma metjidini saldyrypdyr. Onuň mazarynda şol metjidiň golaýyndadyr. Meşhur taryhçy Muhammet Kasym Hinduşa Astrabady özüniň «Taryhy Perişde» atly kitabyny hut şu patyşanyň buýrugy esasynda ýazýar.

[1] Gurhanyň 2-nji («Bakara») süresiniň 30-njy aýaty.

[2] Ygtykafçy – ybadat etmek maksady bilen metjitde oturanlar.

[3] Gurhanyň 6-njy («Engam») süresiniň 165-nji aýaty.

[4] Bu ýerde: «Onuň patyşalyga bellenendigini habar bermek üçin gelen çapar» diýen manyda gelýär.

[5] Gurhanyň 43-nji («Zer-zynat») süresiniň 32-nji aýaty.

diwanyndan «Biz özümiz islän kişilerimizi derejelere götereris»[1] diýen tugra bilen iberilip, ykbal permany[2] «We oňa patyşalyk berdik»[3] diýen möhür bilen zynat tapdy. Ýagşy amaly, şirin sözi, Ýusup deýin jemaly we Gün kimin görki bilen onuň taryplamalardyr waspnamalara mätäçligi we zerurlygy ýokdur. Süleýmanlyk derejesi, Ybraýymlyk mertebesi, özüni gowy alyp barşy we gözel ahlagy bilen älem-jahanyň hysrowlaryndan[4] saýlanandyr. Onuň soltanlyk bagynyň reýhanlarynyň hoşboý ysyndan jahandakylaryň ys alyş agzalary atyrlanan, serwerlikdir hökmürowanlyk alnynyň nury bilen akyldarlaryň gözi nurlanan. Onuň mukaddes sypatly durky Allanyň soňlanmajak mähremliginiň güzeridir. Aýdan balyga çenli[5] onuň barlygyna şatlanylyp buýsanylýandyr. Onuň mähremlik merhemetleri saýa gözlänleriň başyna adyllyk saýasyny ýaýyp, gahar-gazabynyň çapgyn ýeli zulum we duşmanlyk daragtyny köki bilen goparandyr. Döwrüň jebir-jepa berijileriniň maňlaýy onuň döwlet bosagasynda ýenjilendir, döwrüň boýun bolmazak sü-

---

[1] Gurhanyň 6-njy («Oljalar») süresiniň 83-nji aýaty.

[2] Bu ýerde birini götergilemek üçin ýörite çykarylan perman manyda.

[3] Beýle aýat ýok. Bu sözi arapça beýan etse-de, ol ýazaryň öz sözi bolmaly.

[4] Hysrow – patyşa, soltan, hökümdar.

[5] Aýdan balyga çenli –Er balygyň üstünde ýerleşipdir diýlen öňki düşünjelere görä, bu jümle ýeriň üstündäki we astyndaky ähli jandar, asmandaky we aýdaky ähli barlyk, umuman barlyk älemi diýen manyny berýär.

temkärleriniň gulaklary oňa bendelik halkasynda[1], boýunlary bolsa, oňa tabynlyk boýunbagynda çüýrändir.

Bulutlardan çykdy ýyldyrym – çakgyç,
Günden täç alypdyr Bähramdan[2] – gylyç.

Takdyr onuň ykbal şemin lowlatdy,
Jöwzanyň[3] guşagyn Utaryt[4] ýakdy.

Bagtynyň ölçegi boldy Müşteri[5],

---

[1] Bendelik halkasy – öňki döwürlerde bendeleriň, ýagny gullaryň gulaklary deşilip, oňa halka ötüriler eken. Tä şol halka aýrylýança ol azat adam hasaplanmaz eken. Şonuň üçin şol döwürlerde, şeýle-de Gündogar edebiýatynda «gulagy halkaly guluň» diýen düşünje ýörgünli bolupdyr. Köplenç ýeňlen tarapyň patyşasy ýeňen tarapyň patyşasyndan aman soranda we tabyndygyny bildirende şu jümläni ulanypdyr.

[2] Bähram – Gündogar edebiýatynda getirilişine görä, Bähram Myrryh ýyldyzy (Mars planetasy) bolup, onuň mekany asmanyň bäşinji gaty hasaplanypdyr hem-de bäşinji yklym Bährama degişli diýlipdir. Myrryh Gün ulgamyndaky saýýaralaryň (planetalaryň) biri bolup, ýerden kiçidir.

[3] Jöwza – Ekizler ýyldyzlar toplumy; Hijri-şemsi ýylynyň üçünji aýy; Jöwza sözi sözme-söz manysy nukdaýnazaryndan bili (guşaklygy) ak, galan ýeri gap-gara goýun diýen manyny aňladýar. Bu ýyldyzlar toparya beýleki ýyldyzlar toparyndan has röwşen we olardan has tapawutly. Hut şonuň üçin hem Ekizler ýyldyzlar toplumy «Jöwza» diýlip atlandyrylypdyr.

[4] Utaryt (Merkuriý) – Gün ulgamyndaky iň kiçi saýýara (planeta). Ol göwrümi boýunça Aýyň 1,5 essesine barabardyr. Utaryt edil Aýyň Ýer bilen baglanyşykly ýerine ýetirýän amalyny Gün bilen baglanyşykda ýerine ýetirýär.

[5] Müşteri – Gün ulgamyndaky iň uly saýýaralaryň biri. Gözümize Zöhreden soň iň ýagty bolup görünýän saýýaradyr. Günden ýedi ýüz ýetmiş sekiz million km daşlykda ýerleşip, Günüň daşyndan on bir ýyl üç ýüz on bäş günde aýlanýandyr. Ol Ýerden bir müň üç ýüz on dört esse uly we üç ýüz on sekiz esse agyr hasaplanýar.

Nahyt[1] ondan sazandalyk öwrendi.

Tutuş ýer ýüzünden giň toprakdan, täk,
Gylyç suwy bilen zulmy ýuwdy, päk.

Duşman oň elinden aglar niçe wagt,
Barlygynda tagtyň binýady belent.

Bu bagda[2] her şaha göterse başyn[3],
Gylyç bilen keser kökün hem başyn.

Mertlik güýji hem-de bilimi bilen,
Öz tagtyn göterdi pelege, bilseň.

Älemde kes oňa garşy dem urmaz,
Eger ursa, soňra oňa dem barmaz.

Çäresinden akyl – garry, bagt – juwan,
Onuň älem alşyndan hemme haýran.

Garry akyl onuň älem eýeleýji juwan bagtynyň dürs pikirliliginden haýranlyk barmagyny dişleýär, gös-göni

---

[1] Nahyt – Zöhre ýyldyzy (saýýarasy). Zöhre (Nahyt-Anahyta) ýyldyzy Gün ulgamyndaky ikinji saýýara bolup, Utarytdan soň, Ýerden öň ýerleşýär. Zöhre Nahyt, Biduht, Bidugt, Kiçi Bagt (Sagdy Asgar), Pelegiň sazandasy diýip hem atlandyrylypdyr hem-de Mawerannahr ülkesi şoňa degişli hasaplanypdyr. Ol Aýy hasap etmäniňde, Asmanyň iň ýagty-lowurdawuk jisimleriniň biridir.

[2] Bu ýerde älem, şu dünýä göz öňünde tutulýar.

[3] Bu ýerde baş göteren, topalaňçy göz öňünde tutulýar. Bu ýerde şaha adam manysynda getirilýär.

we ýiti peýkam onuň bereketli, joşgunly dürs we berk pikirinden başyny aşak salýar. Onuň jahany bezeýji pikirinden ýaňa jahana ýagty saçyjy Günüň kalbynda äleme zynat bermek duýgusyny köretmäge mejal galmady. Onuň Kap[1] deýin durnuklylygy sebäpli, mäkäm daglar berklik we sabyr-takatlylyk häsiýetlerini unutdy. Ýaşaýşyň süýjän, eşretli döwri bolan onuň adyl zamanasynda gülüň zarynda saýraýan bilbillerden we çemen guşlaryndan başga perýat edýän we gözelleriň gözleriniň gamzasyndan hem-de magşuklaryň zülpleriniň burumyndan başga pitne turuzýan ýok:

Deken[2] gözel Eremden:«Ýüz görkez» diýp diledi,
Çün özi Adyl şanyň adly bilen bezeldi.

Onuň adyllygyndan keýik şeýle mert boldy,
Gözüň garaçygy deý şiriň gözüne doldy.

Diýseň taýsyz şadyr ol hem adalat söýüji,
Hut keýik çagasy hem diýr: «Men çölüň möjegi».

---

[1] Kap – hyýaly dagyň ady bolup, rowaýat edişlerine görä, tutuş ýeriň daşyna aýlanandyr. Onuň belentligi bäş ýüz parsahmyş we köp bölegi hem suwuň içindemiş.

[2] Deken – Hindistanyň günortasynda üçburçluk ýarym adada ýerleşýän bir welaýat. Paýtagty Haýdarabat. Deken hindiçe Dekhen görnüşinde ýazylyp, onuň günorta tarap diýen manysy bardyr. Ol ýerde musulmanlardan Bähmeniýe nesilşalygy ençeme wagtlap höküm sürüpdir.

Şeker gamşyň kökünden dyrnagy balyn sorar,[1]
Eger, ol gamyşlygyň içinden etse güzer.

Şeýle ýiti nurludyr adyllygynyň güni,
Ondan suw bolup akdy Nowşirwanyň zynjyry.[2]

Bu täj-u tagt jahanyň penasyna öwrüldi,
Ýer ýüzünden gitmäge pitne bukjasyn düwdi.

Eger-de agyr uky gerek bolsa özüňe,
Tapyp bolar, garagyn gözegçileň gözüne[3].

Özüniň nesilşalykly nesliniň beýikligine, ýurt eýeleýji pikiriniň dürslügine, ýeňiş nyşanly leşgeriniň köplügine we mübärek ülkeleriniň ýaýbaňlygyna laýyklykda onuň Dekeniň beýleki patyşalaryndan ýokarydygy hem rüstemdigi şek-şübheden päkdir, adyllykdyr sahawatlylygy ýaýratmak babatda onuň mertebe we dereje binýady jahana ýagtylyk paýlaýjy günüň mertebesinden hem zyýatdyr. Onuň mukaddes

---

[1] Bu ýerde: «Keýigiň çagasy edil, möjek deýin ýiti dyrnakly, gamşy köki-damary bilen goparyp bilýär» diýiljek bolýar.

[2] Nowşirwanyň zynjyry diýlip, Nowşirwanyň goýan adalat ýoly, adyllyk ýörelgesi göz öňünde tutulýar. Gündogar edebiýatynda adyllygyň esasyny Nowşirwan goýupdyr, soňky adyllyklar şoňa eýermedir diýilýär. Bu ýerde Nowşirwanyň goýan esasynyň bu şanyň döwründe onuň adalatynyň adyllyk güneşiniň has ýokarydygy, has nurludygy sebäpli, suw bolup akdy, eredi, täze esas goýuldy diýilýär.

[3] Bu ýerde adyllykdan we düzgün-tertiplilikden ýaňa gözegçileriň, tertibe seredijileriň gözi agyr ukudan açylanok, olara oýanmaklyga we gözegçilik etmeklige hiç hili mätäçlik ýok, bar zat asuda diýlen many öňe sürülýär.

sypatly durky Allanyň enaýat lybasy bilen beýgelendir, mährem häsiýetli görki älemiň ajap bezegi bilen bezelendir:

Gören beýik mertebesin onuň hakan[1] görmedi,
Eden kämil adyllygny Dara[2] asla etmedi.

Onuň beýikliginden ýokarda beýikligi beýgelmiş Allanyň beýikliginden başga beýiklik ýokdur, onuň sahawatlylygyndan belentde sahawaty hemmä ýetmiş Allanyň sahawatlylygyndan başga sahawatlylyk ýokdur. Onuň behişt kimin mejlisinde hemişe hikmetli nedimler we çuň duýguly şahyrlar diň salyp we nazar dikip durandyrlar, hoş owazly aýdymçylar we şirin sözli, salyhatly hereketli kyssaçylardyr wäşiler häzir-dirler. Onuň gahar awylary we syýasat ýelleri zerarly zalymlar ýeňlip, aýaklaryny terkidünýälik etegine çolap, gara ýeliň howpundan ýaňa söwüt ýapraklarynyň lerzana gelşi ýaly, sandyraşýandyrlar. Onuň haýbat alawynyň howpundan ýaňa Nemrut kimin sütemkärler mum ýaly bolup ýanyp köýendirler. Onuň mübärek adalatlylygy ýaýýan döwründe keýik barsyň

---

[1] Hakan – türki halklaryň patyşalarynyň umumy lakamy. Pars patyşalaryna Kesra (Hysrow), Çyn patyşalaryna Fagfur, Rum patyşalaryna Kaýsar, gadymy Müsür patyşalaryna Pyrgun (Faraon) diýişleri ýaly türki halklaryň beýik patyşalaryna hakan diýlipdir. Bu lakam käte Çyn patyşa-laryna-da berlipdir. Bu sözüň asly han-han (kan-kan) sözünden bolup, hanlaryň hany, şahynşa diýen manyny aňladypdyr.

[2] Dara – Ahamenli şalarynyň üçüsiniň ady. Bularyň soňkusy Iskender Makedonly tarapyndan öldürilýär. Bu söz aslynda Daraýuş, Darýuş görnüşinde bolup, ýagşy gylygyň eýesi diýen manysy bardyr.

ýanynda rahat, balyk läheňiň gapdalynda parahat boldy. Kepderi laçyn bilen syrdaş, serçe bürgüt bilen uçardaş. Onuň arş sypatly köşgüniň tozany çarhy pelegiň gözüniň totuýasydyr, pelek deýin belent gümmeziniň şöhlesi Aýa hem Güne nur berijidir. Ýyldyrym ýörişli, Byrak sypatly dor atynyň lagl naly Keýhysrowuň we Jemşidiň gulakhalkasydyr, belent hümmetli köşgüniň gupbasy Zöhre bilen Günüň şekilidir. Deňiz damjalary ýaly möçbersiz akyl-paýhasy Päk Allanyň ylham nurlarynyň inelgesidir we päkize tebigatly durky Perwerdigäriň soňsuz bereketleriniň düşelgesidir.

Adyllyk, mähriň pelegi, paýhasyň çürbaşy sen,
Ýaradylyş deňziniň dür-gymmatbaha daşy sen.

Mydam towpyk nurlarynyň düşelgesidir kalby,
Hakykatyň syrlaryny açyjydyr kelamy.

Emma mundan soň aýtjak bolýan zadym şudur: Perişde lakamy bilen meşhur bolan köşgüň kemine bendesi Muhammet Kasym Hinduşa Astrabady nurly kalplary sözleriň we manylaryň tylla terezisi bolan, paýhas metjitlerine ýagtylyk berýän dana kişilere şeýle diýýär: Ýaşlyk döwrümde bereketli Ahmetniger ülkesindekäm ynsanlaryň iň ejizi bolan men kemine bendäniň huş-gulagyna käte-käte: «Eý, zaman suratha-nasynyň nagyşçysy, eý, jahan bezeghanasynyň haşamçysy! Haka gulluk ediji bendäniň şükür we

şükranalyk etmesi, hakykatda, Jahan Ýaradyja şükür hem hamdy-sena etmek bolanlygy üçin, yslam patyşalarynyň wakalaryny we uly-uly pirleriň ahwalatlaryny öz içine alýan bir kitap ýazsaň, has mynasyp bolar. Çünki Hindistan ülkeleriniň içki we daşky nyzamy, düzgün-tertibi asman dergähli şol iki toparyň[1] mukaddes netijeli mübärek hümmetiniň ýardamyna bagly bolupdy we bolýandyr» diýen asmany owaz eşidilýärdi. Hindistanyň belent mertebeli soltanlarynyň wakalaryny öz içine alýan kitaplar bu ülkede göwün islenişi ýaly ýeterlik bolmandygy üçin, bu işe girişmek wagty bilen başa barman gijikdirildi. Ahyry 998-nji hijri ýylynda bu bende Ahmetnigerden Bijapuryň soltanlyk köşgüne gelip, söz gadyryny biliji patyşa bolan Dekeniň hökümdarynyň hyzmatyna gowuşmak mertebesine eýe boldy. Ol alyjenabyň ruhy duýgulara seýil etmäge uly höwesi bolup, yzygiderli taryhy kitaplary okamak bilen meşgullanýanlygy üçin, jahanda sahylyk ýörelgesine eýeriji ol jenap her hili hemaýatlardyr goldawlar bilen sarpalap, meni bu işe höweslendirip, şeýle diýdi:

– Seniň bendeligiňde mynasyp zat şudur: Sen edil naý galam ýaly biziň hem-de Hindistan ülkesindäki ähli patyşalaryň we bu diýaryň beýik şyhlarynyň mübärek ahwalatlary barada gyzykly gürrüňlerden doly sahypalary ýazmak üçin hyzmat guşagyny jan biline mäkäm guşan hem-de arassa tohumly galam atyňy

[1] Iňde agzalan iki topar – pygamberler we patyşalar göz öňünde tutulýar.

dilewarlyk meýdanynda jöwlan etdirip, guwwas kimin, şöhlesiniň nury bilen Hindistanyň gijeligini ýagtyldýan owadan göwherleri pikir derýasyndan çykaryp, huş gulagyna hem aňa bezeg bergin. Käwagt patyşanyň mähremliginiň çemeninde önüp-ösen şirin duýguly bagbanyň ýardamy bilen many bossanynyň bilbilleri onda nagma aýdar ýaly bir gülüstan beze, käwagt bolsa patyşanyň enaýat mekdebiniň okuwçysy bolan aň mugallymynyň mededi bilen Perhat ýalylar onuň enaýylygyndan hem süýjüliginden Şirine wasyl bolar ýaly bir köşk gur. Utaryt deý bir dükany şeýle bir beze welin, mübärek ruhlular onuň harytlaryny satyn almaga gelsinler. Behişdi guşlar seýr-seýrana gelip, ganat gerer ýaly Süleýman deý bir bezegli düşek düşe.

Şeýdip, şahynşa mähremlik bermek bilen, men bolsa onuň püre-pür doly bolan mähremlik jamyndan ganyp, bada içmek bilen onuň hyzmatynda tabynlyk sejdesini berjaý etdim we dilimi «Eşitdim we boýun sundum» diýen sözler bilen açyp, şeýle diýdim:

– Häzirki güň we lal täleýimiň dil açyp, sözüm patyşalaryň kelamy bilen sazlaşan wagty Tur menziliniň depesinde Kelim ýaly baýdak dikip, suratkeş galamyň towpyk güýji hem-de Isa demli şanyň mübärek nepesleriniň bereketi bilen şygyrdyr kyssa görnüşinde gözellik Müsüriniň bazaryndaky Ýusup ýaly bir gözeli orta çykararyn welin, jahan Züleýhasy onuň durkuny görüp, ikinji Ýusupdan söz

açar, şeýle-de hatdyr hal[1] bilen Bijapuryň seýilgähinde Züleýha jemally bir gelni jilwe bilen görkezerin welin, zamananyň Ýusuby bendelik guşagyny guşanar.

Guraryn behişt kimin bir ajaýyp bossany,
Ordibehiştde[2] onuň görersiň bakylygny.

Hoş söz bilen nagyşlap bezärin bir gülüstan,
Hergiz, asla könelmez aýlansa-da bu döwran.

Şeýdip, Hindistanyň taryhy baradaky kitaplary yhlas bilen jemläp başladym we ýurduň daş-töwereginden köp kitaplary ele saldym. Emma olaryň arasynda Nyzameddin Ahmet Bahşynyň «Taryhyndan» başga Hindistan patyşalarynyň ählisiniň ahwalatyny öz içine alýan bir kitap hem bu ýönekeýje pes we kemine bendäniň nazaryna ilmedi. Ýöne bu kitap hem men pakyryň biliminiň gurşap alan maglumatlarynyň we hakykatlarynyň köpüsinden boşdy hem bihabardy. Onsoň kitap düzmek hyjuwy we ýazgy ýazmak höwesi has hem artyp, bu kemine bende öňküleriň kitaplaryny

[1] Hat we hal – dürli reňkli, dürli öwüşginli; hat we nokat; Bu ýerde iki manysynda hem getirilipdir.

[2] Ordibehişt (Awestada – arta – vahist – iň oňat dogruçyllyk, iň gowy dogrulyk; pählewiçe – urt vahişt) – otparazlyk dinidäki ýedi sany hormatly we esasy perişdeleriň (a-meşa – spand – ölmeýän, hemişelik mukaddes ruh) biriniň ady. Ol ruhy dünýädäki päkligiň, mukaddesligiň hem-de Taňry hasaplanýan Ahuramezdanyň kanunlarynyň wekili, toprak äleminde oda gözegçilik etmek hem oňa tabşyrylypdyr. Şeýle-de ol hijri-şemsi ýylynyň ikinji aýynyň we her aýyň üçünji gününiň wekilidir.

okamakda aňrybaş tagallalar etdi. Şeýdip, luwluw[1] deýin dargan we pytraňňy genji-hazynalaryň maňzy ýörite, aýratyn tertip bilen bir sapaga düzülip, olar ýadygärlik hökmünde «Ybraýymyň gülşeni» atlandyrylan bu syrlar hazynasynda jemlendi. Bu ýygyndynyň takyk yklymyndan gelen we tassyklama donuny egnine atan girişini 1015-nji ýylda adalat penalaýjy, meşhur goşunly, şahynşalyk magdanynyň göwheri, jahanpenalaýjy nesilşalygyň ýagty saçyjysy, takdyr we ýazgyt diwanynyň saýlantgysy, ýeňiş hem üstünlik goşunynyň serkerdesi bolan patyşanyň mübärek adyna bezäp we zynatlap, ony mübärek mejlise sowgat etdi. Mundan öň bu ugurda nepis nusgalary ýazyp, gizlinlik donuny başlaryna çekip, panylyk düşeginde ýatan suhangöý adamlar bilen özüňi deňeşdirmek we eseriňi öwmek edeplilik ýol-ýörelgesinden daş zat. Şony nazarda tutup, bu bende dymmak möhürini dodagyna mäkäm basdy.

Bu bende diňe şeýle mukdarda gödeklik edip, batyrgaýlyk baýdagyny parlatdy: Söwdany bilýän we zada baha kesýän inçeden duýujy danalar bu gymmatly kitaby öňki ulularyň kitaplary bilen deňeşdirenlerinde, muny Beýtil-Mukaddese, olaryňkyny Mukaddes Käbä deňeseler, bu kitaby Aly, olaryň kitaplaryny Muhammet alaýhyssalam ýaly hasaplasalar[2], Hudaý bar, bu bende kaýyldyr.

---

[1] Luwluw – dür, merjen.

[2] Bu ýerde kitabyň ýazary: «Danalar öňki uly-uly alymlaryň kitaplaryny Käbä deňeseler, meniňkini Beýtil-Mukaddes derejesinde, eger olaryňkyny

Sözlemekde mende beýle ýok bolsa-da berk binýat,
Bu ýaradylyş topragy däl ahyr maýasyz zat.

Kätipleriň söz oýnama zer-zynatlaryndan boş bolan bu ýönekeý görkli gözel we jümle bezeglerinden hem goşgy düzümlerinden daş bolan bu şamçyrag göwher şanyň enaýat nazaryna düşüp, jümle-jahanda bady-saba bilen jylawdaş bolar hem-de bu arassa hilli «altyn pul» ähli döwürleriň bazarlarynda ýörgünli we rowaç bolar diýip, umyt edilýär.

Bu kitap ýazylanda peýdalanylan kitaplaryň atlary şulardyr:

«Emininiň terjimesi», «Zeýnel-ahbar», «Täjil-maasyr», «Tabakaty Nasyry», Şyh Aýneddin Bijapurynyň «Goşmaçalary», «Taryhy Firuzşahy», «Futahaty Firuzşahy», «Wakygaty Babyry», «Wakygaty Humaýuny», «Taryhy Benagiti», «Taryhy Mübärekşahy», Şyh Azeriniň «Bähmennama» atly manzumasy (poýemasy), Molla Muhammet Larynyň «Syrajut-tawaryhy Bähmäni» atly kitaby, Molla Dawut Bideriniň «Tuhfatus-salatyny Bähmäni» atly kitaby, «Elfiniň taryhy», Ustady Molla Ahmet Nenewiniň «Taryhy», «Rowzatus-sapa», «Habybus-siýär», Hajy Muhammet Gandaharynyň «Taryhy», Mahmytşahy Güjratynyň «Tabakat» kitaby, Mahmytşahy Güjratynyň «Maasyr» kitaby, «Bahadurşahy

---

Muhammet pygambere deňeseler, meniňkini Aly derejesinde görseler, men şoňa aňryýany bilen razydyryn» diýmek isleýär.

Güjratynyň «Taryhy», Muzaffarşahy Güjratynyň «Taryhy», Mahmytşahy Büzürgmendewiniň «Taryhy», Mahmytşahy Hurtmendewiniň «Taryhy», Nyzameddin Ahmet Bahşynyň «Taryhy», «Bengalanyň taryhy», «Sindiň taryhy», «Keşmiriň taryhy», «Fawaýydyl-fuwat kitaby», «Haýryl-mejälis kitaby», «Kutbynyň kitaby» we Şyh Jemaly şahyryň «Haýrul-arypyn kitaby».

Bu ýygyndy sözbaşydan, on iki makaladan we sözsoňudan ybaratdyr:

Sözbaşy: Hindileriň ynam-ygtykatlary, raýlar, bu ülkede yslam dininiň peýda bolmagy.

Birinji makala: Lahor soltanlarynyň beýany.

Ikinji makala: Deli patyşalarynyň beýany.

Üçünji makala: Deken patyşalarynyň beýany.

Dördünji makala: Güjrat şalarynyň beýany.

Bäşinji makala: Malwa soltanlarynyň beýany.

Altynjy makala: Handys şalarynyň beýany.

Ýedinji makala: Bengala şalarynyň beýany.

Sekizinji makala: Multan şalarynyň beýany.

Dokuzynjy makala: Sint şalarynyň beýany.

Onunjy makala: Keşmir şalarynyň beýany.

On birinji makala: Melibar hökümdarlarynyň beýany.

On ikinji makala: Hindistan şyhlarynyň ahwallarynyň beýany.

Sözsoňy: Hindistanyň ýagdaýynyň beýany.

## SÖZBAŞY

## HINDILERIŇ YNAM-YGTYKATLARY, RAÝLAR[1], BU ÜLKEDE YSLAM DINININŇ PEÝDA BOLMAGY

Bilgin, bu taýpanyň – hindileriň arasynda häzirki döwürde «Mahabharatdan» başga giňişleýin berlen we ondan has ygtybarly kitap ýokdur. Ony Şyh Abulfazl Faýzy ibn Şyh Mübärek Jelaleddin Muhammet Ekber şanyň döwründe hindi dilinden pars diline terjime etdi. Ol bir lek[2] beýtden hem köpräkdir. Bu setirleriň ýazary şol eseri owwalyndan ahyryna çenli bilmek isleýänler üçin we ondan habarly bolarlary ýaly ol kitabyň gysgaça mazmunyny şu ýerde getirýär.

Örtügli galmasyn, Hindistan ülkesinde isle hikmet eýeleri bolsun, isle terkidünýäler bolsun, isle-de ylymly toparlar bolsun, parhy ýok, bary älemiň ýaradylyşy barada gapma-garşylykly pikirleri öňe sürýärler we ýöredýärler. Şol sanda «Mahabharat» ki-

---

[1] Raý – patyşa, soltan; Hindistanyň käbir sebitleriniň patyşasyna «Raý», käbir sebitleriniň patyşasyna raja diýlipdir.

[2] Lek – ýüz müň.

tabynda hem on üç hili garaýyş, ýörelge bardyr. Emma ol garaýyşlaryň hiç biri delil we hakykat gözleýänleriň öňünde kabul ederlikli däldir. Olar hakykaty gözleýänleriň kalbyna ynam bagyşlap we bu mesele baradaky arzuwyna netije berip bilmeýärler.

Ýaradylşyň bu zerli sapagyny,
Görüş gözi bilen hiç görüp bolmaz.

Bu sapagy takdyr şeýle dokapdyr,
Onuň uçlaryny hiç tapyp bolmaz.

Taňryň gudrat sapagynyň düwnüni,
Her kim isleg bilen hiç açyp bilmez.

Hindileriň nogsanly düşünjelerine, ynamlaryna görä, bu aýlanyp duran dürli öwüşginli dünýäniň aýlawy dört döwürdir: Birinjisi: Set ýuk, ikinjisi: Terta ýuk, üçünjisi: Duwapyr ýuk, dördünjisi: Kelibuk. Heran-haçan Kelibuk döwri gutarsa, ýaňadan ýene-de Set ýuk döwri gelýär we Kelibukda gutarýar. Şu ölçege laýyklykda, jahanyň ahwaly hemişe şu görnüşde bolup, başlangyçdan we soňlanmadan hiç bir alamat, nyşan ýokdur. Ygtybarly kitaplaryň birinde şeýle maglumat nazarymyza ildi:

Bir adam «Arşdan aşakdakylar we ýerden ýokardakylar barada menden soraň» diýen sözüň eýesinden[1]:

– Eý, möminleriň emiri, Adam atadan üç müň ýyl öň kim bolupdyr – diýip soraýar.

Ol:

– Adam – diýip, jogap berýär.

Bu sorag-jogap üç gezek gaýtalanandan soň, ol şahs dymyp, başyny aşak salýar. Welileriň penakär şasy mübärek dili bilen:

– Eger «Adamdan öň kim bolupdy» diýip, üç müň gezek soran bolsaň-da, Adam diýip, jogap bererdim – diýýär.

Hut şu gürrüňden hem älemiň gojaman-könedigine göz ýetirip bolýar hem-de hindileriň garaýyşlaryny hakyky toslama hasaplap bolmaýar. Öňki brahmanlaryň[2] käbirleriniň sözünden älemiň ahyrsoňunda soňlanýandygyny we magşar (direlme) gününiň hakdygyny bilse bolýar. Emma olaryň alymlarydyr bilimdarlary olaryň bu sözlerine şeýle ýorgut berýärler:

Hemme ýagdaýda Set ýugyň müddeti bir million ýedi ýüz ýigrimi sekiz müň ýyldyr. Bu döwürde jahandakylar ýagşylykda hem dogrulykda bolup, hanbeglerdir garamaýaklar, ululardyr pesler, garyplardyr baýlar dogruçyllyk we dogrulyk ýörelgelerinden, Alla-

[1] Bu ýerde Hezreti Aly göz öňünde tutulýar.

[2] Brahmanlar – hindileriň iň gadymy dinine uýýanlar.

nyň razylygyndan çykmaýarlar. Bu döwürde her adamyň tebigy ömri ýüz müň ýaşdyr.

Beýik hem Belent Alla päkdir. Bu nähili söz we bu nähili ömür?!

Kim köne jahanda ýagşy atdan başga zat tapdy,
Hereket hem aramlygyň özenini kim tapdy.
Bu örtügli tilsim hakda oýlanmak ýalňyşlykdyr,
Jahanyň başyn kim gördi, soňlanyşyn kim tapdy.

Terta ýuk döwrüniň dowamlylygy bir million iki ýüz togsan alty müň ýyl bolup, bu döwürde adamlaryň üç bölegi Allanyň razylygyna görä bolup, olaryň adatça ömürleri on müň ýyldyr. Üçünji döwür, ýagny Duwapyr ýuk döwri sekiz ýüz altmyş dört müň ýyl dowam edip, bu röwşen zamanada jahandakylar dogruçyl we ýagşy amally bolýarlar. Her adamyň ortaça tebigy ömri müň ýyl bolupdyr.

Adam atanyň, Nuh alaýhyssalamyň we şolar ýalylaryň müň ýa-da müňe golaý ýaşandyklaryny hindiler hem kabul edýärler, hem-de: «Olar Duwapyr ýuk döwrüniň ahyrlarynda ýaşandyklary üçin ömürleri şol mukdarda bolupdyr» diýýärler.

Kelibuk döwrüniň, ýagny dördünji döwrüň dowamlylygy dört ýüz otuz iki müň ýyl bolup, bu döwürde älemdäkileriniň üç bölegi ýalançylyk we nädürslik bilen bolar. Bu döwürde adaty ömür ýüz ýyldyr. Her döwrüň günleriniň düzgün-tertibi şeýledir: Haçanda Kelibukyň mukdary (günleri) dolsa, Duwapyr

ýuk döwrüniň (günleriniň) iki essesi hasaplanýar we Duwapyr ýugyň mukdary dolsa, onda ol Terta ýuk döwrüne degişli bolar, haçanda Terta ýuk döwrüniň eýýamy dolsa, onda ol Set ýuk döwrüne degişlidir. Hindileriň hasabyna görä häzir, ýagny Muhammet pygamberimiziň göç eden gününden bir müň on bäş ýyl geçen wagty Kelibuk döwründen dört müň alty ýüz segsen dört ýyl geçipdir.

Älemiň köneligi geň,
Ynsanyň täzeligi geň.

* * *

Bu gadymy älemiň başlangyjy görnenok,
Bu köne sahypadan bir söz göze ilenok.
Jahanyň çar künjüne aýlansam-da hernäçe,
Hiç bu çarhy pelegiň baş-aýagy bilnenok.

Hindileriň aýtmaklaryna görä, Haktagala ilki bäş elementi ýaradypdyr. Dördüsi şol meşhur elementler, bäşinjisi hem Akas. Soňra dürli gapma-garşylykly rowaýatlara görä, Brahma[1] atlandyrylýan bilim asylly,

[1] Brahma (Barahma) – Sanskritçe – öz-özi dörän, çäksiz güýç-kuwwatyň eýesi diýen manylary aňladyp, hindileriň gadymdan bäri iň uly hudaýy hasaplanýar. Ol älemi, hudaýlary we beýleki barlyklary ýaradan; Hudaýýň hyýaly janlanmasydyr. Soň-soňlar ony üç birlikde, ýagny älemi goraýjy Wişnu hem-de barlyklary ýok we harap ediji Şiwa bilen birleşdiripdirler. Brahmany dört kelleli we dört elli ynsan şekilinde göz öňüne getiripdirler we şekillendiripdirler. Ellerinde bolsa, bir küýze, bir tesbi, bir mukaddes çemçe hem-de Weda kitabynyň bir nusgasyny saklapdyr. Ol Wedalaryň ýazary hem-de hindileriň kanun esaslandyryjysydyr. Bu ýurtda oňa gaty gadymdan bäri

ýalňyz esasly bir şahsy ýokluk äleminden barlyk älemine getirip, ony ýaradylyşy döretmäge serişde we Älemi ýaratmaga esas edýär. Akas elementi diýmekden göz öňünde tutulýan zat, hindileriň garamaýak ilatynyň aýtmaklaryna görä asmandyr. Emma olaryň aýratyn alymlary ony ret edip, şeýle pikir ýöredýärler:

Hint akyldarlary asmanyň asmanlyk barlygyna ynanmaýarlar. Ol görünýän zat howadyr. Bu görünýän ýyldyzlar bolsa öňki beýik şahsyýetleriň mukaddes durklary (ruhlary) bolup, olar özleriniň jismany ryýazatlary we ruhy ybadatlary arkaly nurana heýkel we ruhany peýker bolup, ylahy ahlaklar bilen ahlaklanyp, Allanyň soňsuz, çäklenmeýän sypatlaryna meňzeş sypatlara eýe bolup, beýik hem belent gatlaklarda seýr edip, öz isleglerine laýyklykda, ýokarky älemde uçup ýörler. Olaryň içinden kämil derejelere ýetenleri uly ýyldyzlara öwrülip, bu aşaky äleme hergiz gaýdyp gelmeýärler. Emma olaryň içinden kämilligiň pes derejesine ýetenler öz ýagdaýlaryna görä belentlik we serwerlik asmanyna çykyp, ýene-de aşaky äleme gaýdyp gelýärler.

Diýmek, Akas elementiniň olaryň uly göwrümli kitaplarynda beýan edilişine görä, başga manysy bar eken. Islän adam şol kitaplara ýüz tutup bilerler. Olary

---

sygynylýar. Bu dine sygynýanlar häzirki wagtda iki ýüz ýigrimi milliona golaý hasaplanýar. Olaryň mukaddes şäheri Hindistanda Utarpradeşiň günorta-gündogarynda, Gang derýasynyň kenarynda ýerleşýän Benarys şäheridir.

bu ýerde beýan etmek kitabyň aşa uzalmagyna sebäp bolýar:

Her galamyň ujunyň ýazýan harpy başgadyr,
Çuň deňizden çykarlan ynam düri başgadyr.
Harplaryň bezeginden hiç açylmaz bu düwün,
Bu syry bilmekligiň geň-taňlygy başgadyr.

Brahma Ýaradyjynyň rugsady bilen ynsany gizlinlik bukusyndan barlyk meýdanyna çykaryp, olary dört topara böldi: Brahman, Ketheri, Bis we Suder. Birinji topary terkidünýälik, ybadat, hökümlere[1] gözegçilik etmek we çäkleri saklamak üçin belläp, ruhy älemiň ýolbaşçylygyny olara tabşyrdy. Ikinji topary daşky (dünýewi) ýolbaşçylyk we hökümdarlyk tagtynda oturdyp, göze görünýän daşky älemiň ýolbaşçylygyny olara tabşyryp, olary älemdäkileriň düzgün-tertibine serişde etdi. Üçünji topary ekerançylyk, kesp-kär we beýleki hünärler üçin belledi. Dördünji topary bolsa, diňe hyzmat etmek üçin belledi. Taňrynyň goldawlary we Perwerdigäriň ylhamlary bilen ýokarda agzalan Brahma bu durmuşda we ahyretde ýaramly boljak zatlary öz içine alan bir kitap düzüpdir. Oňa «Bid»[2]

[1] Hökümler – bu ýerde şerigat, din hökümleri we kanunlary manysyndadyr.

[2] Bid – Weda. Hindileriň mukaddes kitabynyň ady bolup, hindi dini şoňa esaslanýandyr. Sözme-söz manysy «Wid» sözünden bolup, «bilim» we «bilmek» manysyny berýär. Wedalar köne sanskrit dilinde ýazylan goşgulardyr. Olaryň düzülen döwrüni b.e. öňki müňünji, hatda iki müňünji ýyl hasaplaýarlar.

diýýärler. Allanyň ylhamy bilen Brahmanyň ýeke-täklik, ýalňyzlyk şygarly aňy köpçüligi birlik hylwathanasyna gaýtaryp getiriji, halaýyk toparlaryny we köpçülik gatlaklaryny düzgüne salyjy bir kanun çykaryp, oňa birnäçe kada-kanunlary we düzgünleri girizdi hem-de onuň garamaýak halkyň burnundaky burundyk (jylaw) bolup, öňünde öňbaşçysy (ýolbeledi), yzynda çopany hökmünde bolup, olara «Ýok, bolmaz» diýmäge ýer goýman, olaryň dogry ýoluň ýolagçylary bolarlary ýaly, ol kitabyny ylahy kitap diýip tanatdy we meşhur etdi.

«Bid» kitaby ýüz müň «eşkük» bolup, her eşkük dört «çerenden» ybaratdyr. Her çeren bolsa bir «eçherden» az we ýigrimi alty eçherden köp bolmaýar[1]. Her eçher bir harpdyr ýa-da ikinjisi hereketsiz bolan iki harpdyr. Hint akyldarlarynyň aýtmaklaryna görä, bu kitaby düzen şol ajaýyp şahsyýetiň gymmatly ömri ýüz ýyl bolupdyr. Emma adaty bolmadyk ýüz ýyldyr. Çünki: «Onuň her ýyly üç ýüz altmyş gün, her güni bolsa ýokarda aýdylan döwrüň dört müň ýyly, her bir gijesi hem gündizine laýyk bolup, kesgitlenen müň ýugy öz içine alýar» diýip bellenilýär[2].

Brahman alymlary «Şu wagta çenli älemde ençeme Brahmalar peýda bolup, gizlinlik perdesinde gizlenip

---

[1] Şu sözlemlerdäki «eşkük, çerep, eçher» sözleriň manysy kitapdaky bölümleri, baplary, sözlemleri, jümleleri, sözleri we harpdyr sesleri aňladýan sözler bolmagy ähtimal.

[2] 100 (ýyl) · 360 (gün) · 4000 (gündiz) · 4000 (gije) = 1 ýuk.

durandyrlar» diýip, biragyzdan ykrar edýärler. Olar muny häzirki wagtda, ýagny şu gara galamyň bu ak kagyzy garalap duran döwründe hem ykrar edýärler. Ynamdar güýçli brahmanlaryň aýtmaklaryna görä, häzirki Brahma bir müň birinji barlyk (Brahma) bolup, onuň ömründen elli ýyl hem ýarym gün geçipdir we günüň ikinji ýarymyny ýaşamaga başlapdyr.

Seň ýoluňda zerredir bu jahan hem o jahan,
Asla hiç närse ýokdur Seň dergähiňe ýeten.

Seň gapyňa barara pikrimize ýokdur ýol,
Özüňden başga hiç kim Seň syryňdan ägä däl.

Gowsy öz janymyzyň biçäreligi bilen,
Nogsan eýesidigmiz ykrar edeliň kileň[1].

Eý, ýaşaýyş beriji, Seň dergähiň öňünde,
Bendelikden başga kär ýokdur bize her günde.

Hekaýat aýdyjylar we rowaýat edijiler şeýle hekaýat getiripdirler:

Duwapyr ýuk zamanasynyň soňky ýarymynda Hindistanyň Hestenapur şäherinde bir Kehteri[2] raja bolupdyr. Ol adyllyk tagtynda oturyp, raýatyny alada bilen gurşap alypdyr. Onuň mübärek ady Raja Bhrat

---

[1] Kileň – 1) tutuş; 2) mydama, hemişe.
[2] Kehteri – hindi gatlagynda ikinji, ýagny hökümdarlar gatlagy.

eken. Onuň ýedi sany perzendi[1] yzly-yzyna, arkama-arka hökümdarlyk sürüp, ölüm hylwathanasyna gidenden soň, sekizinji gezekde onuň neslinden bir perzent bolup, oňa raja Kur diýipdirler. Uly şäher bolan Tehaniserdäki Kur Kehit diýen ýer onuň ady bilen meşhurdyr. Onuň nesline «Kurlar» diýer ekenler. Alty arkadan soň ondan bir perzent dünýä inýär. Ol Çetrburç ady bilen meşhur bolup, uly raja bolup ýetişýär. Ondan iki ogul dünýä inýär, biri Dehtraşter, beýlekisi bolsa Pend. Dehtraşter ululary bolsa-da, onuň gözden mahrumlygy üçin hökümdarlyk we rajalyk onuň kiçi inisi Pende ýetýär. Pendiň meşhurlygy şeýle bir derejede çenden-çäkden geçipdir welin, onuň perzentlerini hem kakalarynyň ady bilen tutup, «Pendler» diýipdirler. Pendiň bäş ogly bolupdyr: Jet Şeter, Behim Sin we Erjün. Bularyň ejesiniň ady Könti eken. Beýleki iki ogly Nekel we Sehitýu. Bularyň ikiside öz ejeleriniň ady bilen atlandyrylypdyr[2]. Dehtraşteriň ýüz bir sany ogly bolup, onuň ýüz ogly Gandahar rajasynyň gyzy bolan Kendeharydan dünýä inipdir. Bu oglanlaryň iň ulusynyň ady Deryudehen eken. Bu oglanlaryň iň soňkusynyň ady bolsa, Ýuýuç-he bolup, ol bir bakgalyň gyzyndan bolupdyr. Meşhur kurlylar, ine, şu oglanlardan ybaratdyr.

Elkyssa, Pend ylahy ýazgyt bilen barlyk goş-golamyny bakylyk älemine çekenden soň, hökümdarlyk daşky degişlilik boýunça Dehtraştere

---

[1] Bu ýerde onuň ogly däl-de, nesli göz öňünde tutulýar.

[2] Hersi bir eneden bolup, hersi öz ejesiniň ady bilen atlandyrylypdyr.

ýetýär. Emma hakykatda soltanlyk onuň perzentleriniň nesibesi bolýar, aýratynam, perzentleriniň ulusy Derýudehene degişli bolýar. Derýudehen soltanlyk dininde duşman gyrmaklygyň zerur işlerdendigi we ätiýaçlyk şerigatynda[1] duşmany dep etmegiň ýagşy amallardandygy üçin, Pendlerden howp, wehim edip, olary köki-damary bilen ýok etmekligiň pikirine düşýär. Dehtraşter hem olaryň duşmançylyk edýändiklerini aňyp, mesgenleriniň daşlygy duşmançylygy ýeňleder diýen maksat bilen Pendlere şäherden daşrakda öý gurup, şol ýerde ýaşamaklaryny buýurýar. Derýudehen gurluşykçy ussalara we binagärlere sähelçe uçgun-ot arkaly ýanyp, Pendlerden hiç yz-sor galmaz ýaly, ol öýüň diwarlaryna we petiklerine mazut çalmaklaryny buýurýar. Pendler bu hilegärlikden habarly bolup, seresaplylyk edipdirler. Ahyry bir gije Pendleriň özi öýi ýakyp, ejeleri bilen çöl-beýewana gaçyp gidipdirler. Derýudehen tarapyndan ol öýi otlamak üçin, özüniň bäş ogly bilen pursat gözläp, şol ýerde bolup ýören Behil atly aýal bolsa, şol gije çagalary bilen bile ýanypdyr. Şeýdip, «Her kim öz dogany üçin çukur gazsa, şoňa özi düşer» diýen pähimiň mazmuny aç-açan ýüze çykypdyr.

Derýudeheniň jansyzlary ol aýalyň çagalary bilen ýananyny görüp, Pendler bilen olaryň ejeleri ýanandyr öýdüp, Kurlaryň gulaklaryna ruhlandyryjy buşluklary

---

[1] Bu sözlemde «soltanlyk dini» we «ätiýaçlyk şerigaty» diýen jümleler göçme manydadyr.

ýetiripdirler. Olar şadyýanlyk we şadymanlyk şertlerini berjaý edipdirler.

Pendler «Mahabharatyň» terjimesinde getirilişine görä, bu wakadan soň atlaryny we keşplerini üýtgedip, harabalykdan abadanlyga çykyp, Kenpela şäherinde düşleýärler we dürli hilegärçilikler bilen Kenpela rajasynyň gyzy Werupedä bäş dogan bile şäriklikde öýlenýärler. Olar her biriniň nobatyny ýetmiş gün diýip karar edip, kämil agzybirligi we jebisligi şu işde hasaplapdyrlar. Hindileriň käbiri bu işiň öz dinlerinde dürs hasaplanylmaýandygy üçin bu wakany başgaça düşündirýärler.

Has dogrusyny Alla bilýändir.

Garaz, olaryň döwlet ýüzlerinden ösüş alamatlary nur saçyp, beýiklik at-owazalary ýaýrap başlansoň, Derýudehen we onuň adamlary gapyllykdan oýanyp, meseläni derňäp başlaýarlar. Olar meseläniň anygyna ýetip, Pendleriň ýanandygynyň toslamadygyny bilensoňlar, dostlukly ýüzlenmeler we garyndaşlykly mähremlikler bilen olary Hestenapura getirýärler, myhman garşy almaklyk däplerini ýerine ýetirensoňlar, mirasdüşer ülkäni doganlykly paýlaşýarlar. Welaýatyň ýary bilen bilelikde köne Deliniň golaýyndaky Enderpet Pendleriň paýyna düşýär, Hestenapur bolsa galan ýarym welaýat bilen bile Kurlaryň ygtyýarynda galýar. Birnäçe wagt geçenden soň, uly emirleriň köpüsi Pendleriň alnynda ösüş hem ykbal yzlaryny görüp, olara nöker bolmaklygy ygtyýar edýärler. Kurlar daşyndan göräýmäge doly tabyn bolsalar-da,

hakykat ýüzünde aşaklyk bilen olara garşy, duşman bolýarlar. Şol wagtlar Jet Şeteriň köňlüne «Jek rajsuý bahande jek rajsuý» etmek, ýagny uly ot ýakyp, her hili hoşboý ysly zatlary, miweleri, gallalary we beýleki dürli zatlary bir ýere üýşürip, elementleriň enesiniň ýiti nuruna – oda taşlamak, başga-da dürli sadakalar we haýyr-yhsanlar edip, şu iş bilen Taňrynyň dergähine ýakynlaşmak pikiri gelýär. Jek rajsuýyň şertleriniň biri hem ýedi yklymyň raýlarynyň üýşüp, bu baýramçylygyň dessurlaryny ýerine ýetirmekleridir. Şoňa görä-de, Jet Şeter özüniň dört doganynyň hersini beýleki yklymlary basyp almak üçin älemiň dört künjüne iberýär. Ähli zatlary beriji Allanyň islegi bilen bu arzuw azajyk wagtyň içinde hasyl bolýar. Işbaşarjaň we işe belet doganlar Taňrynyň goldaw goşunlarynyň ýardamy bilen älem-jahana seýr edip, döwrüň hem-de her diýaryň, ýagny Hytaýyň, Rumuň, Hebeşiň, Arabyň, Ajamyň, Türküstanyň, Mawerannahryň we beýleki ýerleriň hökümdarlarydyr soltanlaryny köp hazynalar bilen bile paýtagt Enderpete getirip, jek rajsuý dabarasyna başlaýarlar. Bu dabara köňül isleýşi ýaly ýerine ýetirilýär. Derýudehen ol döwleti, baýlygy, azamaty we höküm ýörgünliligi (hökmürowanlygy) görüp, ynsany ýazgyda laýyklykda azýar. Onuň içki ojagynda gizlenip duran göriplik ody tutaşýar. Ol döwrüň hilegärlerinden bu işiň çäresini soraýar. Ol döwürde humarly oýunlar örän ýörgünli we rowaç eken. Humar oýunlaryndan bolan narda meňzeş «Tiýuri» oýnunyň narda oýnundaky ýaly oklanýan iki

daşyny galp ýasaýarlar. Soňra Derýudeheniň Jet Şeter we onuň beýleki doganlary bilen humar oýnamaklygyny karar edýärler. Onsoň, hormat-sylag bilen Pendleri öz paýtagtlary Enderpetden Hestenapura çagyryp, hezzet-hormat däplerini ýerine ýetirýärler. Humara gyzyşan wagtlary ýokarda agzalan galp ýasalan iki daşy orta oklaýarlar. Özleriniň dogruçyl häsiýetlidikleri üçin ýaramaz garşydaşlarynyň ýalançylyklaryndan we daşlaryň ýasamalygyndan bihabar Pendler ähli mal-mülklerini utdurýarlar. Derýudehen olary bütinleý öýsüz-öwzarsyz awara etmek isleýändigi hem-de galp daşlaryndan hatyrjem bolandygy üçin soňky oýunda şeýle şert edýär: eger olar utsalar, Derýudehen ähli utan zatlaryny olara gaýdyp bermeli. Eger-de ol utsa, onda Pendler on iki ýyllap abadanlygy[1] taşlap, pakyrlyk (derwüş) lybasynda sähralarda ýabany haýwanlardyr guşlar bilen bolmaly. Şertleşilen möhlet geçenden soň, abadanlyga gelip, olary hiç kim tanamaz ýaly bir ýyllap ýagşylykda gün geçirmeli. Eger şu şert ýerine ýetirilmese, ýene-de ýokarda agzalan müddet sähradada öňki görnüşde gün geçirmeli.

Takdyra laýyklykda, Pendler täleý daşlarynyň ters gelmegi bilen soňky oýnunda hem utuldylar. Şerte laýyklykda bäş dogan watandan aýrylyp, on iki ýyllap

---

[1] Abadanlyk diýlip, esasan adam ýaşalýan ýerler, oba-şäherler göz öňünde tutulýar. Köne edebiýatda näçe ajaýyp bolsa-da, tebigy ajaýyplyga abatlyk, abadanlyk diýilmän, adam eli bilen işlenilen ýerlere abatlyk diýlipdir.

sähradyr çölleri aýlandylar. On üçünji ýyl Dekeniň etraplaryndan[1] bolan Daýyn welaýatyna gelip, bir ýyllap, hiç kime bildirmän şeýle bir gizlin görnüşde ýaşadylar welin, Derýudehen olary hernäçe gözlese-de, agtarsa-da olardan hiç hili yz-sor tapmady. Olar wada edilen, şertleşilen wagtlary gutarandan soň, Keşen ibn Basdyýuny[2] ilçilige iberip, öz ýurduny talap etdiler. Derýudehen edilen şerte wepa bermän, ters gürledi. Ahyrynda hem dogruçyllykdan birje uçgunjygy hem ýok bolansoň, hiç bir ýere ýetip bilmedi. Pendleriň hakykaty ýurduň ulularyna aýan bolup, olar söweşmegi karar etdiler. Pendler leşger jemlemäge girişdi. Iki tarap Kelibuk döwrüniň ilkibaşlarynda Tehaniseriň golaýynda ýerleşýän Kur Kehip meýdanynda häzir boldular. Soňra toparlary bezäp, saplary düzüp, iki tarapyň batyrlary söweş mezhebinde we uruş ýörelgesinde şert edilen däbe laýyklykda söweşe girişdiler. Söweş on sekiz günläp dowam etdi. Ýeňiji bilen ýeňliji mälim edilmedi. Ahyrynda: «Aldaw we mekirlik eýeleriniň ahyr käri ryswalykdyr» diýlişi ýaly, Derýudehen we beýleki oňa degişli kişiler ýeňlip, söweş meýdanynda heläklik şerbetini noş etdiler.

---

[1] Asyl nusgada: «Perganat» (b.s. pergene) – Hint ýurdundaky etraplar. Aslynda «pergene» diýlip, döwlet tarapyndan salgyt, paç-hyraç alynýan ýere aýdylypdyr.

[2] Basdyýu – «Mahabharata» kitabynyň bir bölegi bolan «Bharas» (Bharat) kitabynda gelýän iki sany jedelleşýän alymyň biriniň ady. Käbir çeşmelerde beýan edilşine görä, ol Mahura (Mahwara) şäherinde doglupdyr. Keşen (Küşen) Basdyýunyň ogludyr.

Hindileriň ynam-ygtykadyna görä, bu söweşde Kurlaryň tarapynda on bir geşun leşger, Pendleriň tarapynda ýedi geşun leşger bolupdyr. Hindileriň adalgalarynda geşun ýigrimi bir müň alty ýüz ýetmiş sany pilli, şol mukdar arradaly[1] hem-de altmyş bäş müň alty ýüz atly, bir lek we dokuz müň alty ýüz elli pyýada adama barabardyr. Hemmesinden gyzykly ýeri şudur: aýdyşlaryna görä, iki tarapdan şunça goşundan on iki kişiden zyýada hiç kim diri galmandyr. Derýudeheniň leşgerinden dört kişi diri galypdyr: birinjisi Kerpaçaryç brahman. Ol iki tarapyň ussady we gylyçgalamyň eýesidi. Ikinjisi Hekim Derunyň ogly Eşwethaman. Ol hem iki tarapyň mugallymydy. Üçünjisi Keret Berman, ol Ýadlaryň jemagatyndan eken. Dördünjisi Sünji, ol örän dana we Dehtraşteriň geňeşçisi bolupdyr.

Pendleriň tarapyndan sekiz kişi diri galypdyr: bäş sany dogan, ýagny Jet Şeter we onuň beýleki doganlary, altynjysy Sänik, ol hem Ýadlaryň kowumyndan bolup, mertlik-merdanalyk bilen şöhratlanypdyr. Ýedinjisi Hejteş, ol Derýudeheniň enebaşga doganydyr. Sekizinjisi Keşen, ol kämil şöhratlylygyndan ýaňa wasp edilmegine mätäç däldir. Emma onuň käbir ahwallary barada ýazyp beýan edişlerine görä, Keşeniň doglan ýeri Kahra şäheridir. Hindileriň ol baradaky ynam-ygtykatlary köpdür. Käbirleri ony älem hilegärleriniň başy we adam

[1] Arrada – gala ýykyjy söweş guraly. Ol manjanykdan kiçiräk bolup, duşmanlara garşy daş atmakda peýdalanypdyr.

ogullarynyň mekirleriniň baştutany diýip, görkezýärler. Käbirleri onuň pygamberdigine ynam edýärler. Käbirleri oňa Hudaý hökmünde sygynýarlar.

Meşhur gürrüňlere görä, müneçjimler onuň täleý ýyldyzyndan onuň getirip biläýjek betbagtçylyklaryny bilip, Ýadlaryň baştutany bolan Raja Kense habar beripdirler. Ol hem Keşeni öldürmäge höküm beripdir. Keşen hem sygyr bakyp, süýt satýan Nent atly bir kişiniň öýünde on bir ýyllap gizlenip ýaşaýar. Ahyrynda mekirlik, hilegärlik, tilsim we jadygöýlük bilen Raja Kensi öldürýär we soltanlygy onuň kakasy Rawkrisiniň adyna berip, hakykatda özi häkimlik edýär. Bara-bara özüniň mekirlikleri, has dogrusy çyna berimsiz aldawlary bilen taňrylyk dawasyny edýär. Köp halk onuň batyl dawasyny hak bilip tassyk-lapdyrlar. Ol Nendiň öýünden çykandan soň, otuz iki ýyllap Kahra şäherinde bozgaklar (ykmandalar) ýaly ömür geçirýär. Onuň geň-taň jadygöýlükleri we efsanalary örän meşhurdyr.

Ahyrynda Raja Çeraseň ony dep etmek maksady bilen köp leşger ýygnap, Beharupine welaýatyndan çykyp, Kahra şäherine ugraýar. Günbatar tarapdan hem Arylçhanyň, ýagny hindileriň dininde bolmadyk taýpanyň Kalýun atly rajasy ony dep etmek üçin ugra-ýar. Bir rowaýata görä, ol Arabystanyň rajasy eken. Şeýlelikde, Keşen bu iki raja garşy durup bilmän, Şor derýanyň (deňziniň) kenarynda, Güjratdaky

Ahmedabadyň ýüz kuruhlygynda[1] ýerleşýän Duwarka tarap gaçyp, şol ýerde penalanýar. Ol şol sebitlerde ýetmiş sekiz ýyllap ýaşap, özüni halas etmäge tagalla baryny edýär. Emma hiç hili peýdasy bolmaýar. Ol ýüz ýigrimi bäş ýyl ömür sürenden soň, Derýudeheniň ejesi Kendeharynyň gargyşy bilen erbet görnüşde ýokluk sährasyna ýola düşýär. Käbirleriniň ynanjyna görä, ol gaýyp bolup, baky dirimiş. Kendeharynyň gargyşynyň sebäbini şeýle geň iş bilen baglanyşdyrýarlar.

Aýdyşlaryna görä, Dehtraşteriň aýaly dogurmaly wagty ýakyn gelende, ol köňlünde: «Adamym Dehtraşter görejiniň ýoklugy sebäpli perzendiniň didaryny görmekden mahrumdyr. Gowusy men hem perzendimi, dünýäni we ondaky zatlary görmekden göz ýumaýyn, adamym bilen dertdeş bolaýyn» diýip, pikir edýär. Onsoň Derýudehen ýokluk äleminden barlyk sährasyna gadam basan güni ol özüniň älem görüji gözüni ýumýar. Ol şol bolşuna ýyllar boýy gözüni ýumup (daňyp) gezýär. Ahyry ogly ulalyp, Pendler bilen duşmançylyk edýär. Iki tarapdan leşger çekilip, älemi dolduryp duran goşun söweş meýdanyna ugraýar. Aradaşlyk ýakynlyga öwrülip, ertir uruşmaklyk karar edilýär. Şonda ol ogluna:

– Eý, goşa garagym, eý, ata-enesiniň gözüniň nury! Mäkäm ýarag ynsan perzendiniň durkuny we barlygyny ähli apatlardan we jümle belalardan gorap aman saklaýar. Ertir uruş başlanjak bolup dur. Seniň

---

[1] Kuruh – parsahyň üçden biri, ýagny 2 km.

näzik we näzenin bedeniň beýle ýaragdan boş. Men: «Birden saňa bir zat bolaýmasyn» diýip, alada edýärin. Sen ýalaňaç bolup gel, açyk gözüm bilen seniň durkuňa nazar salaýyn – diýýär. Derýudehen ondan nähili ýol bilen barmalydygyny soraýar. Şonda ol:

– Eý, oglum! Bu zamanda akylda, bilimde, artykmaçlykda Pendler ýaly hiç bir kişi ýokdur. Sen onuň huzuryna baryp, bu zatlaryň düşündirişini sora – diýýär.

Derýudehen ýeke özi Pendleriň huzuryna baryp, näme üçin gelendigini gürrüň berýär. Olar myhmançylyk şertlerini doly berjaý edip, duşmanyň hemişe duşmandygyny anyk bilýändigine garamazdan, maslahat we dogry ýola ugrukdyryş sapagyny elden bermän dogry sözleri orta okladylar hem-de:

– Perzent enesiniň göwresinden ýalaňaç dünýä inýär. Şol halatda ene-atasynyň gözi oňa düşýär. Bu gün seni ejeňiň görmek islän ilkinji gezegi bolany üçin, şu gün misli seniň ilkinji doglan günüň ýalydyr. Dogrusy şudur, sen ýalaňaçlanyp, ejeňiň huzuryna bar. Onuň nazarynyň nury seniň başdan-aýak durkuňa düşüp, seni belalardan gorap saklar – diýýär.

Derýudehen hoşlaşyp, yzyna dolanýar. Ýolda gelýärkä oňa Keşen duçar bolup, ondan:

– Tenha duşman leşgerine gelmegiň sebäbi nämedir – diýip soraýar. Derýudehen ýagdaýy düşündirende, Keşen öz-özüne: «Waweýla, eger, Derýudehen Pendleriň sözüne amal etse, onda ol polat bedenli bolar hem-de oňa hiç bir ýarag kär etmez we biziň barymyzy

gyrar» diýýär. Soňra mekirlik we hilegärlik bilen kahkah edip gülüp:

– Eý, nadan! Duşmanyndan dogry ýol gözleýän we hakyky ýörelge yzlaýan her bir kişi anyk hatakärlik çukuryna gaçar. Olar seniň üstüňden gülüp masgaralapdyr. Dünýä inen pursatyň nesil agzaň örän kiçidiginden we ýönekeýjediginden ýaňa göze ilmeýärdi. Häzir anyk bedeniň bir uly bölegine öwrülen wagty nädip, çekinmän eneňe görnüp biljek – diýýär.

Derýudehen bu gapyllyga salyjy söze aldanyp, ýapyşalga eli bilen onuň synyndan mäkäm aslyşýar.

Keşen ýene-de:

– Pendleriň aýdan zatlary hem gowy zatlar. Emma egniňden uzyn etekli örtükler, gerdenbentler[1] as, nesil agzaň örtülsin – diýýär.

Derýudehen onuň aýdyşy ýaly edip, ejesiniň huzuryna baryp:

– Ine-de, geldim, gözüňi aç – diýýär.

Ejesi «Pendlerden tälim alandyr. Anyk ol ters zat aýdan däldir» diýen güman bilen hiç hili alada etmän gözüni açýar. Gözüni açan badyna boýnundan asylan örtükler nazaryna ilip, nagra tartýar we özünden gidýär. Özüne gelenden soň köp ahy-nala edip:

– Eý, ogul! Boýnuňdan örtük asmagy Pendler maslahat berdimi? – diýip soraýar. Ogly:

– Hudaý bar, ýok, olar däl! Keşen maslahat berdi – diýýär.

[1] Boýundan asylýan asgyç.

Şondan soň Kendehary elini betdoga göterip, ýanyp-bişip, Keşene gargap başlaýar hem-de arman elini biri-birine urup:

– Eý, ogul! Meniň nazarymyň nurundan örtügli galan ýeriňden ýarag degip, öldürilersiň – diýýär.

Keşen hem öň beýan edişimiz ýaly dürli-dürli ejirler bilen ýokluk ýoluna düşýär.

Elkyssa, Derýudehen öldürilenden we Kurlar ýok edilenden soň, Jet Şeter Hindistanyň ähli ülkelerine we beýleki ýerlere garaşsyz hökümdar bolup, älemiň hökümdary bolýar.

Aýdyşlaryna görä, bu kyssadan otuz alty ýyl geçenden soň, Jet Şeter Taňrynyň towpyk-enaýatlarynyň ýol görkezmegi bilen bibaky dünýäniň biwepalygyna akyl ýetirip, betbagtçylyk mekanyna girmezinden öň, dünýäniň bozuklyklaryny ret edip, dört dogany bilen bilelikde tenhalyk[1] ýoluny ygtyýar edýär. Ahyrynda hem ýokluk ýoluna ýola düşýär.

Diýýäň: «Nirä gitdiler öňki täçdarlar, hany?»
Olardan göwrelidir zemin göwresi baky.

Şeýlelikde, Kurlar bilen Pendler biri-biri bilen bilelikde ýetmiş alty ýyl hökmürowanlyk sürdüler. Derýudehen on üç ýyllap, garaşsyz ýagdaýda ýer ýüzüne hökümdarlyk etdi. Ýokarda agzalan söweşden soň, beýan edilişi ýaly Jet Şeter hem otuz alty ýyl tutuş

[1] Tenhalyk – ilden çete çykyp, bir ýerde terkidünýälik bilen ybadata meşgul bolmagy aňladýar.

äleme hökümdarlyk etdi. Iki toparyň hökümdarlyk eden döwrüniň jemi bilelikde ýüz ýigrimi bäş ýyl bolýar.

Subhan Alla, Hindistandan başga ýedi yklymyň taryhlarynyň hiç haýsynda şunuň ýaly ajaýyp we geň-taň hekaýatyň yzy-sory hem ýok.

Suhangöýlük bazarynyň köne satyjylary şeýle beýan edýärler:

Döwürleriň geçmegi bilen Erjüniň (Arjunyň) öwlatlaryndan iki arkadan soň, bir perzent dünýä inip, soltanlyk tagtyna we ruhulyk hem magnawylyk kürsüsine çykýar. Ol döwrüniň ýüzüne adyllyk hem asudalyk gapylaryny giňden açyp, geçen ahwallary geljekki ýagdaýlaryň oýandyryjysy edip, Hudaýyň razyçylygyny gazanyp ýaşapdyr. Bir gün köňlünde: «Meniň ata-babalarymyň dawa-jenjelleriniň sebäbi näme bolduka? Olaryň bezminiň we jeňiniň ahwallary nähili bolduka?» diýip pikirlenýär. Onsoň öz döwrüniň Behşem Baýyn atly danasyna şol zatlary beýan etmegi haýyş edýär. Behşem Baýyn:

– Meniň ussadym, dana Hekim Biýas[1] şol wakalaryň içinde bolup, şol başdan geçirmeleriň umumylaryndan we aýratynlyklaryndan habarlydyr. Şondan soraň – diýýär. Şoňa görä-de ol şol hekimi patyşalara laýyk mähremlikler bilen ezizläp, maksadyny haýyş edýär. Ol garrylyk ejizligi we magnawy meşgullanmalary sebäpli dil bilen aýtmakdan saklanyp,

[1] Aslynda Wiýas bolmaly.

bu hekaýaty wagyz-nesihatlar bilen garyp, assa-ýuwaşdan jümleleriň düzümine düzüp, kitap halkasyna geçirýär hem-de oňa «Mahabharat»[1] at goýýar. Agyz-dilden eşidilişine görä, beýle atlandyrylyşynyň sebäbi şeýledir: «Maha» uly manysyndadyr, «Bharat» sözi jeň manysyndadyr. Ol kitap uly jeňler barada maglumat berýändigi üçin oňa «Mahabharat» diýip, at beripdir. Emma bu ýalňyş söze meňzeýär. Çünki «Bharat» sözi hindi dilinde «jeň» manysynda gelmeýär. Görnüşine görä, bu kitapda Raja Bhratyň belent mertebeli nebereleriniň ahwallary, wakalary getirilendigi üçin kitaba onuň ady goýlan we ulanylyşda «a» sesi artdyrylan bolsa gerek.

Has dogrusyny diňe Allatagala bilýär.

Hindiler Hekim Biýasy mukaddes adamlaryň biri hasaplap, «Ol hemişelik diridir» diýýärler.

Hindileriň bir toparynyň ynanç-ygtykadyna görä, her Duwapyr ýukda Biýas atly bir şahs beýleki adamlaryň ahwallaryny düzetmek üçin döreýärmiş.

---

[1] «Mahabharat» («Mahabharata») – hindileriň sanskrit dilinde ýazylan uly gahrymançylykly eseri bolup, ol on sekiz kitapdan ybaratdyr. Ol kitaby Hint akyldary Wiýasa degişli edýärler. Emma bu eser bir döwürde we bir şahyr arkaly düzülmändir, belki ony birnäçe asyryň dowamynda ýüze golaý şahyr düzüpdir diýlip çaklanylýar. Şol sebäpli-de onuň düzülen senesini käbirleri biziň eýýamymyzdan öňki iki ýüzünji ýyldan biziň eýýamymyzyň iki ýüzünji ýylyna çenli aralyk, käbirleri bolsa, biziň eýýamymyzyň üç ýüzünji ýylyndan bäş ýüzünji ýylyna çenli aralyk diýip, ýazypdyrlar. Bu eser 100 müň beýtden gowrak bolup, Kurularyň we Pandularyň (bu kitapda Kurlar we Pendler görnüşinde getirilýär) alyp baran söweşleri, Krişnanyň we Arjunanyň ýeňişleri (bu kitapda Erjün görnüşinde getirilýär) baradaky hekaýatlary öz içine alýar. «Hegut Gita» ady bilen belli bolan ylahy poýema şu eseriň bir bölegidir.

Käbirleriniň ynanjyna görä, ol bir sany şahs bolup, emma dürli görnüşlerde görünýärmiş.

Her haýsy bolanda-da Biýas birmalylaryň[1] dilindäki Bid kitabyny giňeldip, dört kitap edýär. Birinjisi Rek Bid; ikinjisi Hijr Bid; üçünjisi Sam Bid; dördünjisi Etherin Bid. Şol sebäpli-de ony Biýas atlandyrypdyrlar. Sebäbi Biýas sözüniň manysy giňişleýin beýan ediji we çözüji diýmekdir. Bolmasa onuň asylky ady Dedi Baýyn bolup, ol Miýana Duwap[2] welaýatynda dünýä inipdir. Biýasyň ýaradylyşy barada akyldan daş we geň-taň hekaýaty döredipdirler. Emma bu kitabyň gaty uzalary alada edilip, ol hekaýat galama geçirilmedi.

Ol bu geň-taň kitabyny altmyş lek beýt esasynda böleklere bölüpdir. Ony ýazyp tamamlanyndan soň Tehaniser sebitlerinde ýerleşýän hem-de bu kitabyň ýazylyp tamamlanan ýeri bolan Sersiti derýasynyň kenarynda uly baýramçylyk gurnap, älem etraplardan we jahan sebitlerinden dana hekimleri çagyrypdyr. Ençeme wagtlap baýramçylyk saçagyny açyp, halky dürli engamlar, yhsanlar we hormatlar bilen haýyrlandyrypdyr. Ol altmyş lek bölegi şeýle bölüpdir: Otuz lek bölegi diwta taýpasyna ýöriteleşdiripdir. Olar ýokary (asmany) mukaddes jandarlardan ybaratdyr. On bäş lek bölegi Setrlugyň ýaşaýjylaryna bagyşlapdyr. Olar hem ýokarky älemde ýaşapdyrlar. On dört lek

---

[1] Birmalylar – Hindi-Hytaý ýarym adasynyň günbatar böleginde, Aziýada ýerleşýän Birma ýurdunyň ilaty.

[2] Miýana Duwap – bu sözüň iki derýanyň arasy diýen manysy bar.

bölegi ýaradylanlaryň kysymlaryndan bolan we ýaşaýyş sypatlary bilen sypatlanan Eksandaky we Kendehripdäki[1] pynhan ýaşaýanlara bagyşlapdyr. Bir lek bölegi bolsa adamlaryň peýdalanmagy üçin goýupdyr. Ony on sekiz «perpde», ýagny bapda tertipläpdir, ol bolsa, ukyp eýelerine bereket ýetiripdir. Bu bir lek bölek adamlaryň arasynda bardyr, ýagny häzire çenli saklanyp galypdyr diýilýär hem-de «Mahabharat» atlandyrylýar.

Ýigrimi dört müň bölegi (beýti) Kurlar bilen Pendleriň jeňleri baradadyr. Galanlary öwüt-ündewleri, wagyz nesihatlary, hekaýatlary, rowaýatlary we öňki geçenleriň bezmdir söweşleriniň beýanyny we düşündirişini berýär.

Brahmanlaryň ynam-ygtykatlaryna görä, her bir «ýukda» bir pygamber ýa-da güýçli dindar alym bir kitap ýazypdyr we şunça döwrüň geçmegine garamazdan, ol kitaplar heniz hem aramyzda bardyr.

Hytaý, Hotan we Çyn kapyrlary ýaly Hint kapyrlary hem: «Nuhuň tupany biziň ýurdumyza gelip ýetmändir» diýýärler, has dogrusy, aslynda Nuhuň tupanyna ynam etmeýärler. Olaryň käbirleriniň ynam-ygtykatlaryna görä, Brahmanyň we Kehteriniň zaty (özlügi) gadym eýýamda bolupdyr. Beýleki köp taýpalar[2] üçünji Duwapyr ýuk döwrüniň ahyrlarynda

---

[1] Bu ýerleriň niräni aňladýandygyny anyklap bolmady. Emma özünden gelip çykýan mana seredeniňde Kap dagynyň aňyrsynda ýaşaýanlar ýa-da başga bir älemde ýaşaýanlar diýen ýaly hyýaly bir düşünje göz öňünde tutulýana meňzeýär.

[2] Bu ýerde esasan gatlaklar göz öňünde tutulýar.

we dördünji Kelibuk döwrüniň başlarynda peýda bolupdyr. Şeýle-de Rajput[1] ilki bolmandyr. Ol soň peýda bolupdyr hem-de taryh (sene) ýazylmazyndan müň alty ýüz ýyldan gowrak öň bolup geçen raja Kebermajyt Kehteri ölenden soň soltanlyga hem ýetipdir. Olaryň biri-biri bilen nesil baglanyşyk ýoluny[2] şeýle beýan edýärler:

Kehteri raýlary öz kenizlerini häzir hem hindileriň arasynda ýöreýän düzgüne laýyklykda gündiz iş buýrup, agşam erkin edipdirler. Olaryň her haýsy bir magşuk[3] tapynyp, perzentler dünýä inderipdirler. Olary bolsa, kämil yzzat bilen öndürip-ösdürip, edil raýlaryň perzentleri ýaly hormatly tutupdyrlar. Olar hakykatdan

---

[1] Rajput – hindileriň meşhur taýpalarynyň biri. Bu taýpa (ýa-da taýpalaryň birleşmesi) VIII asyryň II ýarymyndan başlap, Hindistanyň taryhynda peýda bolýar. Olar ýuwaş-ýuwaşdan demirgazyk Hindistana we Deken sähralarynyň bir bölegine ýaýraýarlar. Birnäçeleri olary belli bir döwürde Hindistana çozuş eden Gunlaryň nesilleri hasaplaýarlar, käbirleri bolsa, ýerli çarwa kowumlaryň bir şahasy hasaplaýarlar. Olar ýuwaş-ýuwaşdan ösüp, ahyry Hindistanda soltanlyk nesişalyklary döredipdirler. Olar köplenç biri-birleri bilen söweş alyp barypdyrlar. VIII asyrdan tä X asyryň ahyryna çenli Hindistanyň taryhy rajputlaryň soltanlarynyň beýanyndan doly bolupdyr. Kunnuç şäheri şol döwrüň medeni merkezleriniň biri bolupdyr. 712-nji ýylda musulman esgerleri Sogdy we Multany eýeleseler-de, rajputlaryň güýçlerinden doly üstün bolup bilmändirler. Musulmanlaryň hüjümleri hut şol sebitlerde togtadylypdyr. Musulmanlaryň goşuny we goşun serkerdesi Muhammet ibn Kasym Sakafy hut şol ýerlerde yslam döwletini esaslandyrypdyr. Ol döwlet birnäçe asyrlap saklanyp galypdyr. Emma Sint çägeliklerinden geçip bilmändir we Hindistanyň içine täsirini ýetirip bilmändir.

[2] Bu ýerde nesil baglanyşygy göz öňünde tutulýar.

[3] Bu ýerde aşyk oglan göz öňünde tutulýar.

hem şol öýde doglanlardan bolandyklary üçin[1] özlerini asylzada we belent mertebeli nesilden gelip çykan saýyp, özlerini rajalaryň perzentleri hasaplapdyrlar. Her kim olardan: «Siz kimiň perzendi» diýip, sorasa, olar: «Rajputdyrys», ýagny «rajanyň perzendidiris» diýipdirler. Çünki «Raj» diýmek, «raja» diýmekdir, «Put» bolsa, «ogul» diýmekdir.

Bir rowaýata görä, raja Surajyň perzentlerine Rajput diýipdirler. Ol barada az-kem aşakda soň beýan ediljekdir.

Hindileriň ýene bir ynam-ygtykady şeýledir:

Älemiň ýaradylyşynyň ilkibaşynda toprak tebigatly adam[2] bolupdyr, mundan soň hem boljakdyr. Älem gadymydyr. Hergiz pany bolmaz.

Emma ylym we bilim eýelerinden örtügli galmasyn, hernäçe çak bilen sekiz ýüz müň ýyl bolan ýaradylşyň başyndan bäri müňlerçe müň adam barlyk älemine gelip, soňundan gizlinlik perdesinde ýören bolsalar-da, şeýle-de ahwallary Ylahy Kelamda beýan edilen Jan ibn Abuljan hem şolardan bolsa-da, olar toprak tebigatly bolmandyrlar. Olaryň käbirleriniň asly howadan, käbiriniň asly otdan bolupdyr. Heran-haçan bir kowum näpermanlyk we başbozarlyk etse, gazaply ar alyjy Jepbaryň emri bilen ýok edilipdir we başga bir kowum döräpdir, emma toprakdan däl. Görnüşine görä,

---

[1] Bu ýerde patyşanyň köşgi göz öňünde tutulýar. Olar patyşanyň kenizleri bolandyklary üçin perzentlerini köşkde, ýagny patyşa degişli ýerde dünýä inderipdirler.

[2] Bu ýerde Adam ata we onuň perzentleri göz öňünde tutulýar.

hindiler olary toprak tebigatly adam diýip, göz öňüne getiripdirler. Ýöne olaryň uly göwresi we uzyn ömürleri barada aýdýan gürrüňleri hem-de Rama, Lekhmene we beýlekilere degişli edýän geň-täsin we ajaýyp işleri adamzadyň ahwalatyna muwapyk-laýyk zatlar däl. Hemmesi boş gürrüňdir. Onuň akyl terezisinde hiç hili agramy ýokdur. Eger ýüze çykyş takdyrynda bar bolaýanlarynda hem, olar ýokarda beýan edilen kowumdan bolmaly. Adam ogullarynyň atasy Adam alaýhyssalamdan öň toprak tebigatly adam bolmandyr. Adam alaýhyssalamyň döwründen tä şu setirleriň ýazylan wagtyna çenli bolsa, ýedi müň ýyldan artyk geçen däldir. Hindileriň: «Ýüz müň ýyldan ençeme gezek geçendir» diýýänleri galatdyr. Takygy şudur: Hint ýurdy hem edil ýer ýüzüniň beýleki ýurtlary ýaly Adam alaýhyssalamyň perzentleri ýüze çykandan soň abadanlyk sypatyna[1] eýe bolandyr. Munuň gysgaça düşündiriş beýany şeýledir:

Hezreti Nuh alaýhyssalam tupandan soň özüniň üç ogluny – Samy, Ýafesi we Hamy asman-zemini Ýaradanyň hökümi bilen Ýer ýüzüniň dürli etraplaryna ugradyp, ekin ekmegi (ekerançylyk bilen meşgullanmagy) buýurýar.

### *Sam ibn Nuh alaýhyssalamyň beýany*

---

[1] Bu ýerde «abadanlyk sypaty» diýlip, ýaşaýyş ýerine öwrülendigi göz öňünde tutulýar. Sebäbi «abadanlyk» diýlip, diňe adam ogullarynyň eli bilen işlenip, düzedilen ýerlere, umuman ýaşalýan ýerlere aýdylypdyr.

Hezreti Nuh alaýhyssalamyň mirasdüşeri we uly ogly Samyň dokuz ogly bolýar: Erşet[1], Arfahşet, Keý, Nut, Ýut, Erem, Kybta, Ad we Muhtan[2]. Tutuş arap taýpalary we beýlekiler şolaryň nesillerindendir. Şeýle-de Hezreti Hut, Salyh we Ybraýym alaýhyssalam özleriniň şejeresini Arfahşede ýetirýärler. Arfahşediň ikinji ogly Keýumers ajam patyşalarynyň uly atasydyr. Onuň alty ogly bolupdyr: Siýämek, Pars, Yrak, Tur, Şam, Damgan. Şolardan Siýämek atasynyň ornuna geçýär. Beýleki ogullary haýsy ülkä giden bolsalar, şol welaýat olaryň ady bilen atlandyrylypdyr. Käbirleri: «Nuh alaýhyssalamyň ogullarynyň biriniň ady Ajam bolupdyr, ajamly diýmek şonuň öwlatlaryndan diýmekdir» diýen pikiri öňe sürýärler.

Siýämegiň uly oglunyň ady Hüwşeň bolup, ajam patyşalary, tä Ýezdigert Şähriýara çenli, barysy onuň neslindendir.

## *Ýafesiň perzentleriniň beýany*

---

[1] Erşet – bu sözüň uly, iň uly, ulusy; ösen, aňy-huşy ösen; dogry ýola düşen, dogry ýoly tapan diýen manylary bar.

[2] Bu Muhtan däl-de Kahtan bolsa gerek. Sebäbi araplaryň kahtanly araplary atly uly kabylasy bar. Bar bolan maglumatlara görä, Kahtan (Töwratda: Ýaktan) ibn Amyt ibn Sälih (Şalyh) Kahtanly araplar ady bilen tanalýan bir uly kabylanyň atasydyr. Şonuň ýaly-da ol Hymýar, Kehlan nesilşalygynyň, Ýemendäki tubbaglylaryň, Şamdaky gassanlylaryň hem atasy hasaplanýar. Aýdyşlaryna görä, Kahtan Hazramöwtüň ýaşaýjylaryndan bolup, soňra Sanga ülkesine gelýär we ol ýerleri abadanlaşdyrýar. Onuň töweregine adamlar üýşüp, ony häkimlige göterýärler. Onsoň Kahtan Yraga hüjüm edip, Aşur (Assiriýa) patyşasy Baalus bilen söweşip, söweş wagtynda öldürilýär. Onuň doglan we ölen senesi barada anyk maglumat ýok.

Ýafes atasynyň hökümi esasynda Gündogar we Demirgazyk sebitlere gidýär. Ol ülkede ondan perzentler dünýä inýär. Iň uly oglunyň ady Türkdi. Şu döwürdäki ähli türkiler: Eýran we Rum türkmenleri, çagataýlar, özbekler we mongollar onuň neslindendir. Ýafesiň ikinji oglunyň ady Çyndy. Çyn ülkesi şonuň ady bilen atlandyrylýandyr. Ýafesiň üçünji oglunyň ady Ardis bolup, onuň perzentleri Demirgazyk ülkäniň çäginden tä zulmata çenli aralykda ornaşyp, ol ýerleri abadanlaşdyrýarlar. Täjikler, gurlular, saklaplar[1] onuň neslindendir.

## *Hamyň perzentleriniň we Hint ülkesiniň abadanlaşdyrylyşynyň gysgaça beýany*

Ham belent mertebeli atasynyň emri bilen Günorta ülkelere tarap ugrap, ol mülki abadanlaşdyrmakda yhlas baryny edýär. Ondan alty perzent dünýä inýär: Birinjisi Hint, ikinjisi Sint, üçünjisi Hebeş, dördünjisi Efrenç, bäşinjisi Hurmuz, altynjysy Buýe (Büweýh). Häzirki döwürde bar bolan bu ülkeler olaryň ady bilen atlandyrylypdyr.

Hamyň Hint atly uly ogly häzir şonuň ady bilen atlandyrylýan Hint ülkesine gidip, bar ünsüni ony abadanlaşdyrmaga gönükdiripdir. Onuň dogany Sint bolsa, Sint mülkünde ornaşyp, öz perzentleriniň ady

[1] Saklap – slawýanlar.

bilen baglanyşykly Tehte[1] we Multan şäherlerini bina edýär.

Hindiň dört sany perzendi bolýar: Olaryň birinjisiniň ady Purpdyr[2] (Purapdyr). Ikinjisi Nebek (Benek), üçünjisi Deken, dördünjisi Nährwal[3]. Olaryň her haýsysy häzir olaryň ady bilen meşhur bolan bir mülki we bir diýary abadanlaşdyrypdyrlar. Deken ibn Hintden üç ogul dünýä inýär. Ol Deken mülküni olara paýlap berýär. Olaryň ady: Merhet, Kehz we Teleng[4]. Häzirki wagtda Dekende ýaşaýan bu üç kowum şolaryň nesillerindendir.

Nehrewaldan hem üç ogul dünýä inýär. Olara: Behruç[5], Kensbaç[1] we Mal Raç diýip at goýýar hem-de olaryň ady bilen baglanyşykly şäherleri bina edýär.

---

[1] Tehte (Tette) – Sint ülkesindäki bir şäheriň ady. Hindileriň özleri «Tehtte» diýseler-de, çeşmelerde köplenç «Tette» görnüşinde getirilipdir. Käbir çeşmelere görä, ol takmynan Multanyň kyrk parsaha golaý günortasynda Sint derýasynyň deňze guýýan ýerine golaý ýerde ýerleşipdir. Ol şähere Diwül (Dibül) hem diýipdirler. Bu şäheriň asylky ýerleşýän ýerini Sint derýasynyň akymynyň dürli döwürlerde dürlüçe üýtgändigi üçin takyk anyklamak mümkin däl.

[2] Purp (Purap) – hindiçe «Gündogar» diýmegi aňladýar.

[3] Nährwala şäherini şu Nährwal esaslandyrypdyr diýilýär. Ol Güjratda ýerleşýän bir şäherdir. Iňki döwürde ol tutuş Güjratyň paýtagty bolupdyr. Iňki döwürlerde Güjrata hem Nährwala diýlipdir. Behu we Behit atly rajalar bu mülküň ady belli, belent derejeli rajalary bolupdyr. Peridunyň döwründe Gerşasp olara garşy söweşe ugradylypdyr.

[4] Teleng – Dekende ýerleşýän bir welaýatyň ady bolup, oňa Pelengana hem diýilýär. Onuň mülk öýi (paýtagty-merkezi) Haýdarabatdyr.

[5] Behruç – Bombeý (Maharaştara) welaýatynda (Merkezi şäheri-de Bombeýdir. Onuň gadymy ady Tehana bolupdyr). Behruç etrapynda, Trabda derýasynyň sag kenarynda ýerleşýän bir şäher. Ol ençeme asyrlap Hindistanyň günorta kenarýakalarynda söwdanyň we syýasatyň iň möhüm merkezleriniň biri bolupdyr hem-de nepis parçalary we piliň gyýagyndan

Nebekden hem perzentler dünýä inýär we olar arkaly Bengala[2] mülki abadanlyk sypatyna eýe bolýar. Hindiň iň uly ogly bolan Purp ibn Hindiň kyrk iki ogly bolýar. Azajyk wagtyň içinde olaryň perzentleri köpelýär. Şondan soň öz aralaryndan birini ýolbaşçylyga göterip, mülki düzgün-nyzamlaşdyrmakda tagalla we yhlas edýärler. Onuň ady Keşendi.

### *Keşeniň hökümdarlygynyň beýany*

Gizlin galmasyn, Hindistan mülkünde hökümdarlyk tagtyna ilkinji gadam basan kişi Keşendir. Ýöne bu Keşen Hint halkynyň ol barada geň-taň efsanalar döreden, akyldan daş hekaýatlar beýan eden we Hudaý mertebesinde ybadat etmäge götergilän meşhur Keşeni däldir. Bu Keşen akylly, parasatly, batyr we merdana bir kişidi. Ol örän daýaw, berdaşly kişi bolansoň, ony at göterip bilmeýärdi. Şonuň üçin onuň altyn deý aňyndan we dürs pikiri bilen buýruk esasynda, ýabany pili duzaga

---

ýasalan dürli zatlary bilen meşhur bolupdyr. Ol gadymy şäherleri biri bolup, musulmanlaryň hüjümlerinden ýaňa ol şähere köp zyýanlar ýetipdir. 980-nji hijri-kamary ýylynda ony Ekber şa eýeleýär.

[1] Kensbaç – bu ähtimal Kenbaýyt (Kenbaýt) bolsa gerek. Kenbaýyt Hindistanyň gadymy we meşhur şäherleriniň biridir. «Nezhetil kulup» (Göwünleriň şatlygy) atly kitapda berilýän maglumata görä, ol şähere tabyn obanyň sany ýetmiş müňe ýetipdir.

[2] Bengala (Bengal) – Hint ülkesinde ýerleşýän bir sebit bolup, häzirki wagtda onuň bir bölegi Hindistana degişli (Günbatar Bengal, merkezi Kalkutta), beýleki bir bölegi bolsa öňki Pakystana degişli bolup, (Gündogar Bengal) häzirki wagtda Bengladeş atlandyrylýan özbaşdak döwlete öwrüldi.

düşürip tutýarlar hem-de bir çäre bilen ony eldekileşdirýärler. Şondan soň ol pile münýär. Onuň döwründe Nebek ibn Hindiň neslinden Brahman[1] atly bir şahs peýda bolýar. Ol örän dana we parasatlydy. Keşen ony özüniň weziri edinýär. Neçjarçylyk we demirçilik ýaly köp hünärler Brahmanyň ylym-bilimi bilen peýda bolýar. Käbirleriniň pikirine görä, ýazmakdyr okamak hem şondan gaýdypdyr.

Şol döwürde Hint mülkünde bina edilen ilkinji şäher Ud şäheri peýda bolýar.

Tahmuresiň döwürdeşi bolan Keşen dört ýüz ýyl ömür sürenden soň, jahan bilen hoşlaşýar. Onuň döwründe iki müňe golaý oba we şäherçe abat (bina) edilýär. Ondan otuz ýedi ogul galýar. Şeýlelikde, onuň uly ogly Maharaç[2] onuň ornuna geçýär.

## *Keşeniň ogly Maharajyň hökümdarlygynyň beýany*

---

[1] Brahman – Sanskrit dilinde ruhanylar, ruhany ýolbaşçylar manysynda ulanylypdyr. Olar Brahma dinindäki adamlaryň üç gatlagynyň biridir. Hindileriň düýp ynanjyna görä, «Brahmana» örän beýik mertebeli bir perişdäniň adydyr hem-de oňa sygynýarlar, öwgüleýärler. Şonuň üçin hindileriň asylzadalaryna «brahman» diýýärler. Käbirleriniň aýtmagyna görä, Zertuştyň hakyky ady Braham eken. Şu kitapda «Bid» (Weda) kitabynyň ýazary hasaplanýan Biýas Hekim ony synap görmek üçin Hindistandan onuň ýanyna gelipdir. Sataşanlaryndan we gürleşenlerinden soň Biýas Hekim onuň dinine girip we ýörelgesine eýerip, Hindistana dolanypdyr hem-de onuň din-ýörelgesini hindilere öwredipdir. Şondan soň şol topara «Brahman» diýen lakam berlipdir. Brahmanlaryň asylky wezipesi Wedalary okamak, olardan tälim bermek we dini däp-dessurlary ýerine ýetirmekden ybarat bolupdyr. Ýöne hakykatda brahman sözüniň haýsy sözden gelip çykandygyny, onuň asylky manysyny heniz alymlar takyklap bilenoklar.

[2] Maharaç (Maharaja) – Sanksritçe uly şa, beýik şa, uly patyşa, beýik raja (raý) diýen manylary aňladýar.

Ol kowumyň serdarlarynyň we doganlarynyň ylalaşmagy bilen hökümet tagtyna gadam basan badyna mülki abadanlaşdyrmak we soltanlyk işini düzgünleşdirmek babatda atasyndan has gowy we has artyk tagalla edip ugraýar. Purpuň nesillerinden bolan kişileri emirlik we hökümet (häkimlik) işine çekip, Brahmanyň neslinden bolan kişileri wezirlik, ýazyjylyk, müneçjimlik we tebipçilik işlerinde we wezipelerinde saklady. Bir topar kişileri ekin we ekerançylyk işlerine belledi. Bir bölek kişilere bolsa, dürli pişeler we hünärler bilen meşgullanmagy we dürli zatlar ýasamagy buýurdy. Ol ekerançylygy ösdürmekde şeýle bir yhlas we tagalla etdi welin, Hindistanyň uzak çetlerindäki welaýatlaryň hem köpüsi abadan boldy. Bihär[1] şäherini bina edip, etraplardan we welaýatlardan ylym we bilim eýelerini çagyryp, şol şäherde ornaşdyrdy. Ybadathanalar we medreseler gurup, düzedip, ol sebitleriň hasylyny ylym talyplaryna bagyş etdi. Senasy (?) juky (ýoglar) we brahman[2] okap, öwrenip, ylmy işler bilen meşgullanyp başladylar. Onuň soltanlyk eden döwri ýedi ýüz ýyla çenli dowam edip, şol döwürde Hint ülkesi örän ösdi, rowaçlandy. Ol Hindistanda Jemşidiň we Peridunyň derejesinde bo-

---

[1] Bihär – Hindistanda bir welaýat bolup, Dekeniň demirgazyk-gündogarynda, Gatyň günorta tarapynda ýerleşýär. Onuň merkezi şäheri Patnadyr.

[2] Bu ýerde dürli ylymlar bilen meşgullanýan talyplar, meselem, ýoglar, brahmanlar, ýagny ruhanylar göz öňünde tutulýar.

lup, soltanlyk işiniň mäkämleşmegi we goşundyr raýatyň asudalygy üçin kanunlar we düzgünler goýdy.

Olaryň käbirleri häzir hem ulanylýandyr.

Her taýpany şol kowumyň ulusynyň ady bilen atlandyrdy. Meselem, Rathu, Çuhan, Puwar we beýlekiler. Ol hemişe Eýran patyşalary bilen dostluk we doganlyk ýörelgesini saklaýardy. Emma ahyrynda doganoglany ondan ynjap, Peridunyň hyzmatyna gidýär. Ol hem Gerşasp ibn Utrydy[1] söweş isleýän goşun bilen oňa kömege ugradýar. Gerşasp ibn Utryt Hint diýaryna gelip, ol diýarda örän uly harapçylyk edýär. Talaňçylyk we harapçylyk on ýyla çekýär. Onsoň Maharaç welaýatyň bir bölegini öz doganoglanyna berýär hem-de ony özünden razy edýär. Soňra Gerşaspdan Peridun üçin peşgeşler ugradýar. Ömrüniň ahyrlarynda mülkdarlar Senkeldip[2] bilen Kernätek[3] ikisi zor salyp, Dekeniň häkimi Şiwraýy kowup çy-

[1] Gerşasp ibn Utryt – (Awestada «Geresaspa» – Lagar atyň eýesi) Jahan pälwany, Utrydyň (Otrit – Orita) ogly, Samyň agtygy, Töweregiň (Tuwurk) çowlugy, Spanýaspyň (Şeýdaspyň) ýuwlugy. Spanýasp bolsa, Durşaspyň ogly, ol hem Tuguň, ýagny Turuň ogludyr. Gerşasp Awestada Naire-manaw, ýagny pälwan hökmünde sypatlandyrylypdyr. Soňlugy bilen bu sypat «Naryman» görnüşinde has ada öwrülipdir. Meşhur Rüstem Gerşaspyň neberesedir.

[2] Senkeldip (Sengeldip) – Serendip adasynyň ady şu şahsyň adyndandyr. Seýlon adasy: Şri Lanka. Ol Hindistanyň günortasynda ýerleşen bir ýurt bolup, Palk bogazy arkaly Hindistandan bölünýär. Ol daglyk ýer bolup, daglary günorta tarap barha beýgelip gidýär. Rowaýatlarda getirilişine görä, Adam ata jennetden kowlanda şol ýere düşüp, şol ýerde ornaşypdyr. Hindiler bu ada «Senkelaýyp» hem diýýärler.

[3] Kernätek (Kernatek) – Hindistanda Deken welaýatynda bir şäheriň ady şu şahsyň ady bilen baglanyşyklydyr.

karýarlar. Ol Maharajyň hyzmatyna gelip, ondan medet soraýar. Maharaç özüniň uly ogluny agyr goşun we dag sypat piller bilen Şiwraýa goşup, ýola salýar. Dekeniň mülkdarlary birleşip, uly haýbat we ýaragdyr uruş serişdeleri goşun bilen saplaryny düzýärler. Gazaply uruş turýar. Maharajyň ogly söweşde öldürilýär. Kömege iberilen goşun bilen Şiwraý baýlyklaryny we pillerini taşlap, ýadaw we ýaraly halda gaçyş sährasyna ýüz öwürýär. Maharaç bu habary eşidenden soň, edil ýylan ýaly öz-özi towlanyp we özüniň arman elini çakyp (dişläp) başlaýar. Sebäbi tä şol döwre çenli Dekeniň mülkdarlary, hatda Teleng, Pigu[1] we Melbar ýaly el ýeterden uzakdaky adalaryň mülkdarlarynyň[2] hiç biri hem başbozarlyk we näpermanlyk etmäge güýç-kuwwat tapmaýardy. Mundan başga-da şol döwürde Sam Naryman Eýran hökümdary tarapyndan Hindistany basyp almak maksady bilen Penjaba tarap ugrapdy. Onsoň goşunbaşy Malçent Hindistanyň saýlantgy goşuny bilen onuň garşysyna gidipdi. Şonuň üçin onda sabyrdan başga çäre galmandy. Ahyrynda Malçent gepe çeper ilçileriň üsti bilen zerdir jöwherler we dag ýaly piller ugradyp hem-de Penjap mülküni berip, Sam Naryman bilen ylalaşyk gazanyp, dolanyp gelýär.

Käbirleriniň pikirine görä, Penjap Peridunyň döwründen bäri Ajam patyşalarynyň ygtyryýanda bolup, Gerşaspyň nebereleri, ýagny Rüstem we onuň

---

[1] Pigu – Hindistanyň gündogarynda ýerleşýän bir etrap.
[2] Bu ýerde esasan häkimler göz öňünde tutulýar.

ata-babalary Penjapda, Kabulda, Zabulda we Sintde mekan tutupdyrlar.

Güýçli we haýbatly goşunbaşy bolan Malçent – Malwa ülkesi şonuň ady bilen baglanyşykly bolupdyr – Maharajyň hyzmatyna gelip ýeten badyna, eglenmezden we haýal-ýagallyk etmezden haýbatdyr gazap bilen Dekene tarap ugraýar. Garşydaşlary onuň gelýändigini eşiden badyna özlerini ýitirip, töwerege pytrapdyrlar. Malçent olaryň üstünden kine we ar gylyjyny inderip, olardan nam-nyşan goýmandyr. Soňra hemme zady ýerbe-ýer edip, yzyna dolanýar. Ýolda gelýärkä Guwalýar we Biýana[1] galasyny gurmaga buýruk berýär. Malçent Telengana[2] we Deken mülklerinden hindi sazy bolan räk (rak) atly saz guralyny we bu hakdaky ylmy hem alyp gaýdýar.

Malçent köplenç Guwalýar galasynda bolansoň, özi bilen bilelikde alyp gaýdan sazçy alym Kelawetanyň neslinden perzentler köpelip, ol ýerde bu ylym rowaç tapýar.

Maharaç ýedi ýüz ýyldan soň barlyk goş-golamyny baglap, ýokluk älemine ugraýar. Ondan on dört ogul galýar. Onuň Gişuraç (Kaşuraç) atly mynasyp perzendi Hindistanyň belent tagtyna gadam basýar.

---

[1] Biýana – Hindistanda bir şäher bolup, ol ýerde reňklemekde ulanylýan «nil» öndürilipdir. Nil esasan mawy we gök reňk bolup, gepleşikde «gök nil» görnüşinde ulanylýar.

[2] Telengana – asyl nusgada säwlik bilen «Telengama» görnüşinde berlipdir. Dekene degişli bir welaýat. Merkezi şäheri Haýdarabat. Oňa Teleng hem diýipdirler.

## *Gişuraç ibn Maharajyň hökümdarlygynyň beýany*

Gişuraç hökümdarlyga geçen badyna her doganyny bir tarapa ugradyp, Kalepi[1] şäheriniň üsti bilen Gündwana[2] gelýär hem-de Dekenden baş göterip, tä Senkeldibiň serhedine çenli at sürýär. Topalaňçy raýlardan peşgeşler alyp, ilat gatlaklarynyň arasynda düzgün-nyzamy berkitmekde tagalla baryny edýär. Emma yzyna dolanan wagtynda Dekeniň mülkdarlary birleşip, garşylyk baýdagyny parladýarlar. Gün-günden olaryň güýç-kuwwaty zyýadalanyp, iş şeýle bir derejä baryp ýetýär welin, olar gaty ynam bilen Gişurajyň garşysyna gelipdirler. Ol garşy durmaga kuwwatynyň ýokdugyny görüp, olar bilen ylalaşyk gazanyp, dolanyş tuguny parladýar. Gelen badyna Menuçehriň huzuryna nama bilen birlikde peşgeşler ugradyp, ondan ýardam soraýar. Menuçehr Sam Narymany agyr goşun bilen kömege ugradýar. Gişuraç tä Jalender[3] diýen ýere çenli

---

[1] Kalepi – Hindistanyň demirgazygynda ýerleşýän kiçijik şäher. Ekber şanyň döwründe uly we abadan şäher bolupdyr.

[2] Gündwana – asyl nusgada «Güwndwara». Hindistanyň bir etraby bolup, Dekende, hindileriň mukaddes derýalarynyň biri bolan we Bengala aýlagyna guýýan Godoweri derýasynyň demirgazygynda ýerleşýär hem-de günd taýpasynyň mesgenidir. Günd sözi aslynda goşun, leşger diýen manyny aňladýar. Ähtimal bu at b.e.ö. birinji asyrda ärsaklylaryň bir böleginiň Huzustandaky saklar bilen bilelikde döreden nesilşalygynyň iň güýçli patyşalarynyň biri bolan Gündüfaryň ady bilen baglanyşyklydyr. Olar Sistanda, Hyratda, Gandaharda we Penjapda hökümdarlyk edipdirler.

[3] Jalender – aslynda «Jalhandar» görnüşinde bolup, Hindistanda Penjap sebitlerinde Gimalaý dagynyň günbatar eteginde ýerleşýän bir şäher. Käbir çeşmelerde Sumanatda bir welaýat hökmünde hem getirilýär. «Hududyl älemde» getirilişine görä, ol Hindistanda bir dagyň üstünde gurlan şäher

öňe gidip, ony garşylaýar hem-de myhmançylyk şertlerini doly berjaý edip, onuň bilen bilelikde, Dekene tarap ýüz öwürýär. Dekeniň raýlary Eýran goşunynyň haýbatyndan perişan bolup pytraýar we Deken mülki ýene-de Hint rajasynyň golastyna geçýär. Gişuraç Sam Narymanyň hyzmat şertlerini doly berjaý edip, ony tä Penjabyň serhedine çenli ugradýar. Soňra Menuçehr üçin köp sanly sowgat-serpaýlar iberip, özi Ud şäherine gelýär hem-de hint ilatynyň üstüne adalatlyk saýasyny ýaýyp, halaýygy rahat we asuda saklaýar. Soltanlygyna ýüz ýigrimi ýyl bolandan soň, uly ogly Firuzraý onuň ýerine geçýär.

### *Gişurajyň ogly Firuzraýyň hökümdarlygynyň beýany*

Firuzraý hindileriň şaster[1] ylmyndan, ýagny ylmy kitaplaryndan doly habarly bolansoň, alymlardyr bilimdarlaryň söhbetini hoş görüp, atlanmak we leşger çekmek işlerini belli-külli ýok edip, wagtyny danalaryň söhbeti bilen geçirýärdi. Pukaralara we haklylara köp altyn-kümüşler berýärdi. Ol iki gezek Bihär şäherine

---

bolup, ol ýerde mahmal hem-de örän köp sada we nagyşly parçalar öndürilýär eken. Ramyýan bilen Jalenderiň arasy bäş günlük ýol bolupdyr. Bu şäheri Jalender, Jalhendehr, Jalendur görnüşinde hem atlandyrylypdyr.

[1] Şaster – asyl nusgada: «Ylmy şasteri hindi» şatranç; Hindi şatranjy. Bu söz «Şastersun»; «Şasutersun» görnüşinde hem ulanylypdyr. Bu ýerde şatranç ylmyny agzamak bilen, ähli ylymlary göz öňünde tutýar. Sebäbi şu kitapda getirlişi ýaly şatranç, narda we beýleki oýunlar şol döwürde örän meşhur bolup, ylym derejesine baryp ýetipdir. Şonuň üçin şatranjy bilmeklik hemme zady bilen şekilde görnüpdir.

gidip, sansyz haýyr-yhsanlar beripdir. Münir şäheri şonuň döwründe esaslandyrylypdyr.

Onuň tarapyndan ýüze çykan bir nämynasyp iş şudur:

Sam Naryman dünýäden ötenden soň, Menuçehriň soltanlygynda bulam-bujarlyk bolup, gowşaklyk ýüze çykýar. Pursada garaşyp ýören Afrasyýap onuň üstüne leşger çekip, ony ýeňýär. Firuzraý Menuçehriň we Sam Narymanyň hyzmat hukugyny ýere çalyp, Penjaba leşger çekýär hem-de ol ýeri Zal ibn Sam Narymanyň adamlarynyň ellerinden gaňryp alyp, Jalenderi özüniň mülk öýi (paýtagty) edinýär. Soňra Afrasyýabyň huzuryna sowgat-serpaýlar bilen ilçi iberip, özüni onuň tarapdarlaryndan hasaplaýar. Şeýdip, Penjap tä Keýkubadyň döwrüne çenli Hint raýlarynyň golastynda galýar. Emma jahan pälwany Rüstem Dessan pälwanlyk kürsüsini özüniň mübärek durky bilen bezänden soň, Penjaby gaýtaryp almak maksady bilen Hindistana ugraýar. Firuzraý Rüstemiň zarbasyna tap getirip bilmän, özüni Terhip daglygyna atýar. Rüstem Sindi, Multany we Penjaby basyp alyp, Terhibe tarap ýola rowana bolýar. Firuzraý çäksiz gorka üstüni basdyryp, Çar Kühende dagyna we Gündwana tarap gaçýar. Şondan soň gowy gün görmän, hut şol döwürlerde janyny ruhlary gabyz edijiniň ygtyýaryna tabşyrýar. Ol bäş ýüz otuz ýedi ýyl hökümdarlyk edýär.

### *Rüstemiň Hint mülküni Sureje tabşyrmagynyň beýany*

Rüstem Dessanyň gulagyna Firuzraýyň ölendigi barada habar ýetende, ol bu raýyň eden biwepalygy we özüniň ata-babalarynyň hyzmat hakyny ödemänligi üçin onuň perzentleriniň hem soltanlyk tagtynda oturmaklaryny islemeýär. Onsoň şol döwürlerde öz hyzmatyna gelen Hint serdarlaryndan Sureç atly birini Hindistan tagtynda ornaşdyryp, özi Eýrana dolanýar. Sureç doly erkinlik gazanyp, şan-şöhratly patyşa bolýar. Bengala deňziniň (aýlagynyň) kenaryndan tä Dekeniň serhetlerine çenli ähli ýerde onuň häkimleri we emeldarlary oturypdyr. Ol ymarat we ekerançylyk babatda uly tagallalar edipdir. Onuň döwründe Çar Kühende daglygy tarapdan bir brahman onuň huzuryna gelipdir. Ol geň-taň ylymlardan we jadygöýlikden ussat bolansoň, Surejiň tutuş durkuny, aňyny eýeläp, oňa butparazlyk ýoluny tälim beripdir.

## *Butparazlyk ýörelgesiniň rowaçlanmagy*

Aýdyşlaryna görä, Hint öz atasy Ham ibn Nuh alaýhyssalamdan görüşi we eşidişi ýaly hemme zada ygtyýarly Ýaradana tagat we ybadat edýärdi. Perzentleri hem arkama-arka oňa eýerýärdiler. Ahyrynda Maharajyň döwründe Eýrandan bir şahs gelip, Güne sygynmagy ündäp başlady. Ol din doly rowaçlyk tapyp, käbirleri ýyldyzparaz we otparaz hem boldular. Emma butparazlyk düzgüni dörände, ol

hemmesinden beter, has köp ýaýrady. Çünki ýaňky brahman Suraja:

– Her kes tylladan, kümüşden ýa-da daşdan özüniň ulusynyň meňzeş şekilini ýasap, oňa ybadat etse, sygynsa, ol dogry ýoly tapar – diýipdi.

Şonuň üçin uly-kiçi höwes bilen özüniň öňki geçenleriniň şekilini ýasap, şoňa sygynmaga meşgul bolupdyrlar. Sureç Gang suwunyň kenarynda Kunnuç şäherini bina edip, butparazlyga meşgul bolýar. Halaýyk hem öz kalplaryna ornaşan we laýyk hasaplan görnüşde her haýsy aýratyn usulda butlara sygynýardylar. Şeýlelikde, togsan taýpanyň her biri bir usulda buta sygynyp başlapdyrlar.

Sureç Kunnuç şäherini paýtagt edinip, köplenç şol ýerde bolýardy. Şeýle hem onuň döwründe Kunnuç şäheriniň abatlygy ýigrimi bäş kuruha[1] baryp ýetýär.

Sureç iki ýüz elli ýyl hökümdarlyk edenden soň dünýäden ötýär. Ol Keýkubadyň döwürdeşidi. Her ýyl oňa paç-hyraç iberýärdi. Sureç Rüstem Dessanyň hyzmat hukugyny saklap, özüniň ýegençisini oňa nikalap berýär. Hemişe oňa sowgat-serpaýlar iberip durýar. Sureçden otuz bäş ogul galýar. Uly ogly Behraç atasynyň ýerine geçýär.

## *Surejiň ogly Behrajyň rajalygynyň beýany*

[1] Kuruh [hindiçe – kus; sanskritçe – krosa] – uzynlyk ölçegi, köp sözlüklerde parsahyň (6 km) üçden biri hasaplanýar. Ol bolsa, bir mile deňdir. «Burhany Katygda» parsahyň üçden biri üç müň geze barabardyr diýlip, berilýär. Käbir sözlere görä, dört müň gez hasaplanypdyr. Hindistanda ony iki iňlis mili bilen barabar hasaplaýarlar.

Behraç soltanlyk tagtynda ornaşan badyna öz ady bilen baglanyşykly Behraç şäherini bina edýär. Ol sazçylyk ylmy bilen bütin ömrüne meşgullanypdyr. Atasynyň ömrüniň ahyrynda bina etmäge girişip, tamamlamaga ýetişmedik Benarys[1] şäherini abadanlaşdyrmakda köp yhlas we tagalla edýär. Öz doganlaryny eziz we sarpaly tutup, olary mynasyp mekanlar bilen hoşal edýär. Käbirleriniň pikirine görä, Behraç Surejiň perzentleri bolan öz doganlaryny «Rajput» atlandyrypdyr. Halkyň beýleki toparlaryna-da atlar goýuşdyrypdyr. Emma Maharajyň döwlet abadançylygyny öz içine alýan kanunlaryny ünsden düşüripdir. Şeýdip, Hint döwletiniň dolanşygy düzgün-nyzamdan gaçypdyr. Her kimiň başynda bir dürli söwda, hyýal döräpdir. Şol sanda Keýdar atly bir brahman Savälik[2] daglaryndan gelip, oňa garşy baş göterýär. Jeňde ondan üstün çykyp, Hint soltanlygynyň uýanyny özüniň ygtyýar gysymyna gysýar.

Behraç otuz alty ýyl hökümdarlyk edipdir.

## *Keýdar brahmanyň rajalygynyň beýany*

---

[1] Benarys – Hindistanda (Uttarpradeş) Tangyň kenarynda ýerleşýän bir şäher bolup, ol brahmanlaryň merkezi şäheridir.

[2] Sewälik – Merkezi Aziýada Çyn bilen Hindistanyň arasyndaky dag ulgamlary, Gimalaý. Bu dag dünýäniň iň uly we beýik daglarynyň iň möhümleriniň biri bolup, Hindistanyň demirgazygynda uzalyp ýatandyr. Bol suwly Gang, Sint we Brahmaputra derýalary şondan gözbaş alyp, Hindistanyň köp ýerlerini suw bilen üpjün edýär.

Aýdyşlaryna görä, ol Hint ülkesiniň hökümdarlyk gelnini gujagyna gysandan soň, hökmürowanlyk hökümlerini ýagşy bilýändigi üçin uly mertebeli patyşa öwrülýär hem-de hemişe Keýkowusa we Keýhysrowa bolan tabynlyk juluny egninde göterip, olara sowgat-serpaýlar iberip durupdyr. Ol Kälenjer[1] galasynyň düýbüni tutup, ony ahyryna çenli ýetiripdir.

Hökümdarlygynyň soňky döwürlerinde Kuç[2] sebitlerinde Şengül[3] atly bir kuwwatly kişi baş göterip, ilki Nebek we Bihär mülküni eýeleýär. Soňra köp sanly goşun jemläp, Keýdar bilen birnäçe gezek gazaply söweşler edip, ondan üstün çykýar.

Keýdar on dokuz ýyl hökümdarlyk edýär.

## *Şengülüň hökümdarlygynyň beýany*

Ol hökümet tagtyna çykandan soň, çäksiz haýbat we şan-şöwket ugrunda tükeniksiz yhlas edýär. Gäwr[4]

---

[1] Kälenjer – 1) Hindistanda Lahoryň demirgazygynda, Keşmiriň günortasynda we Benarysyň gündogarynda ýerleşen bir gala bolup, onuň öndürilýän nilleri (reňk) örän meşhur bolupdyr. Mahmyt Gaznaly ol galany basyp alypdyr. 2) Gangyň bir şahasy bolan Jamnanyň günortasynda we häzirki Allaabat şäheriniň günorta-günbatarynda ýerleşen bir gala bolupdyr. Bu gala soltan Mahmydyň öz weziri Ahmet ibn Hasan Meýmendini tussag eden we Keşmirde ýerleşýän Kälenjer galasyndan başgadyr.

[2] Kuç – Bengala (Bengladeş) bilen Hytaýyň arasynda ýerleşýän bir sebit, welaýat.

[3] Şengül (Şenkül) – dürli çeşmelerde gelşine görä, Afrasyýap Eýrana çozuş edende oňa kömege gelen Hindi patyşalarynyň biriniň ady. Emma ol bu kitapda Afrasyýap bilen söweşip, onuň garşysyna çykýar.

[4] Gäwr – hindileriň bir kabylasy bolup, olara gäwre (gure) hem diýilýär. Ähtimal bu şäheriň ady şolaryň ady bilen baglanyşyklydyr.

ady bilen meşhur bolan Lekehnuty[1] şäherini esaslandyrýar. Ol şäher tä iki müň ýyla çenli Nebegiň paýtagty bolýar. Emma Emir Timur Sahypkyranyň nebereleriniň döwründe weýran bolýar hem-de onuň deregine Tande şäheri häkimleriň oturýan ýerine öwrülýär.

Şengül dört müň pil, ýüz müň atly we dört lek böwsüji pyýada goşun jemläp, ulumsylyk we menmenlik ýoluny ýörelge edinýär. Şol döwürde Afrasyýap, paç-hyraç talap edip, onuň ýanyna adam iberýär. Ol hem onuň iberen adamsyny örän masgaralap, kemsidip, yzyna goýberýär. Afrasyýap dergazap bolup, özüniň goşunbaşysy Piran Wisäni[2] elli müň sany batyr türki bilen Hindistana tarap ugradýar. Şengül batyrgaýlyk baýdagyny parladyp, uly goşun jemläp, ony garşylamaga ugraýar. Olar Bengalanyň serhediniň golaýyndaky Kuç daglygynda sataşýarlar. Söweş iki gije-gündizläp dowam edýär. Türkiler mertlik we merdanalyk görkezip, elli müň kişini gahar gylyjyndan geçirýärler. Emma duşmanynyň köplüginden ýaňa olar netijeli iş bitirip bilmeýärler. Olardan hem on üç müň kişi gylyçdan geçirilýär. Ahy-

[1] Lekehnuty – Bengalanyň iň soňky Gündogar çäginde ýerleşen bir şäher.

[2] Piran Wise – Wisäniň ogly Piran, ol Turanyň meşhur patyşasy Afrasyýabyň goşunbaşysy we akyldar geňeşçisi. Syýawuşyň öldürilendigi sebäpli Eýran bilen Turanyň arasynda turan uruşda onuň ýolbaşçylygyndaky türkiler, turanlylar gaty gaýduwsyzlyklar görkezýär. Piran Wise Eýran pälwanlarynyň biri Güderz bilen bolan söweşde öldürilýär. Piran Wise hemişe parahatçylygyň tarapynda durupdyr. Emma watany üçin janyny hem aýamandyr.

ry türkileriň ahwal ýüzünden ejizlik alamaty peýda bolup, üçünji gün söweşden bialaç el çekýärler. Welaýatlaryniň el ýeterden daş bolandygy we duşmanlarynyň örän köpdügi üçin olar gaçyp, özlerini şol sebitlerdäki daglyga atýarlar hem-de bir mäkäm ýerde ornaşýarlar. Piran Wise söweşjeň ýigitler bilen bilelikde hakyky ýagdaýy galama geçirip, Afrasyýabyň huzuryna nama ugradýar. Özleri bolsa gije-gündiz jeňdir söweş bilen meşgul bolup, daş-töwerekden hüjüm edýän we batyrgaýlyk bilen öňe süýşüp gelýän hindileri sandaly[1] deşýän peýkamlary bilen haraplap ugraýarlar hem-de «işiň ahyry nirä baryp ýeterkä» diýip, haýranda galýarlar.

## *Afrasyýabyň Hindistana gelmegi we Piran Wisäni halas etmegi*

Şeýle maglumat getiripdirler:

Afrasyýap şol döwürde Hytaý bilen Hotanyň aralygynda ýerleşen we Han Balyk[2] şäherinden bir

[1] Sandal – ussalaryň üstünde demir ýenjýän guraly.

[2] Han-Balyk – Pekin şäheriniň gadymy ady. Bu at orta asyrlarda häzirki Pekiniň ýerleşýän ýerindäki şähere aýdylypdyr. Bu sözüň asly türkiçe bolup, «Hanyň şäheri» diýmekdir. Han Balyk paýtagt bolmazyndan öň Çyn şäherleriniň biri eken. Kubylaýy kagan tagta çykandan soň ony paýtagt edinýär. Ol Çynyň günorta sebitlerini eýeländen soň, öz paýtagtyny Garagorumdan göçürip şol ýere eltýär. Kubylaý kogan köne şäheriň üstünde täze şäher gurýar hem-de ony 1267-nji ýylda tamamlaýar.

Han Balygyň ady Minegiň soltanlyk eden döwründe Pekin ady bilen çalşylýar.

aýlyk aradaşlykda bolan Gangdež[1] şäherinde bolýardy. Ol Piran Wisäniň ahwalyndan habar tapan badyna oňa kömek bermek üçin ýüz müň böwsüji we saýlantgy atly bilen ýola rowana bolýar. Afrasyýap çalt hereketi Aýdan öwrenip, ýitiligi Günden alyp, ol sebitlere ýeten wagtynda Şengül ol sebitleriň raýlarynyň jemlenmegini talap edip, uly goşun jemläpdi hem-de ähli tarapdan gabap, Piran Wisäniň işini agyrlaşdyrypdy. Afrasyýap gelip ýeten badyna, ýol ýadawlygyna garamazdan, derrew hüjüm edýär. Hindiler bu haýbatdan ýaňa ýüreklerini suw edip, el-aýagyny ýitirip, ýedigen ýaly dyr-pytrak bolupdyrlar. Ähli esbapdyr baýlyklary duran-duran ýerinde taşlapdyrlar. Piran Wise gabyr muşakgatyndan halas bolup, onuň mübärek hyzmatyna gowuşýar. Afrasyýap Şengülüň yzyndan eňip, kim gözüne ilse, gylyçdan geçiripdir.

Şengül özüni Nebek welaýatyna ýetirip, Lekehnuty şäherine girýär. Emma türkileriň ýetip gelen kowgusyndan ýaňa ol ýerde bir günden artyk eglenmäge mejal tapman, Terhip daglygyna gaçyp gidýär. Türkiler tutuş Nebek welaýatyny talaň sübsesi bilen süpürip, abatlykdan hiç bir nyşan goýmandyrlar.

---

[1] Gangdež – bu at bilen köp galanyň ady gelýär. 1) Zahhagyň Babylda guran galasynyň ady. 2) Rowaýatlardan mälim bolşy ýaly, Gangdeži Syýawuş, ýagny Afrasyýabyň giýewisi gurýar, ol hem Horezmde ýa-da şonuň töwereklerinde gurlupdyr hasap edilýär. Bündehişiň 29-njy bölüminiň 15-nji babynda: «Gangdež Ferahkret (ýagny giň kenar) deňziniň ençeme parsahlyk gündogarynda ýerleşýär» diýilýär. Bu deňiz Hazar deňzi hasap edilýär. Şuňa esaslansaň hem-de käbir taryhy kitaplara daýansaň Gangdež, ýagny Gang gala Horezmde bolmaly.

Afrasyýap Şengülüň nirededigi barada habar tapan badyna şol tarapa gitmegi maksat edinýär. Şengül howsala düşüp, akyldar adamlary Afrasyýabyň gaşyna iberip:

– Eger günämi geçseler, aýagyny öpmäge barjakdyryn – diýip, habar iberýär. Afrasyýap ony kabul edipdir. Onsoň Şengül gylyçdyr kepen bilen onuň huzuryna gelip:

– Meni özüň bilen hemra edip, Turan welaýatyna äkidiň – diýip, haýyş edýär.

Ynam-ygtykady we akyl-huşy göwnüne ýaransoň, Afrasyýap rajalygy onuň ogluna bagyşlaýar. Onuň özüni bolsa, özi bilen hemra edip, Turana äkidýär. Ol hem tä Hemaweran[1] söweşinde Rüstem tarapyndan öldürilýänçä, uly höwes bilen onuň hyzmatynda bolupdyr.

Şengül altmyş dört ýyl hökümdarlyk etdi.

## *Afrasyýabyň rajalygy Şengülüň ogly Ruhta bagyş etmegi*

Ruhta takwa, ýagşy niýetli, oňat gylykly rajady. Kedehiden tä Malwanyň[2] çäklerine çenli uzalyp ýatan

---

[1] Hemaweran (Hamaweran) – Hymýarlaryň mekany, Ýemen, Şam.

[2] Malwa – Merkezi Hindistanda bir welaýat. Malwa rajput taýpasynyň iň gadymy döwletleriniň biri bolup, olar ençeme wagtlap, musulmanlaryň garşysynda durup, olara berk gaýtawul beripdir. Malwanyň Hindi soltanlarynyň nesilşalyklary özleriniň paýtagty bolan Ujin şäherini ylmyň we edebiýatyň möhüm we ygtybarly merkezleriniň biri etmegi başarypdyrlar. Hut şonuň üçin hem olara Hindistanyň taryhynda uly orun berilýär. Malwa

ülkesiniň hasylynyň üçden birini haýyr-yhsan ederdi. Ikinji bölegini öz atasy Şengülüň harajatlaryna harçlardy we Afrasyýaba peşgeş-sowgat üçin ibererdi. Üçünji bölegini goşunyň we harby serişdeleriň harjy üçin sarp edýärdi. Şonuň üçin onuň goşuny dargaýar. Malwanyň öňki tabyn we paç töleýän rajasy tabynlykdan boýun towlap, Guwalýar galasyny onuň emeldarlarynyň eýeçiliginden çykaryp alýar. Ruhtas galasyny bina eden we bir uly buthana gurup, şol ýerde muňa tabynlyk edip ýören raja Ruht[1] hem ondan ýüz dönderdi.

Ruht ýetmiş bir ýyl hökümdarlyk edenden soň dünýäden ötdi. Onuň ýetişen ogly ýok bolansoň, Rajalar öýi bolan Kunnuç sebitlerinde üznüksiz topalaňdyr uruş-dawalar ýüze çykdy. Marwar ülkesindäki keçhuwaha taýpasyndan bolan Mehraç (Maharaç) atly bir şahs baş göterip, Kunnuç şäherini basyp alyp, patyşa boldy.

### *Keçhuwahaly Mehrajyň rajalygynyň beýany*

---

musulmanlara üç asyrlap garşylyk görkezipdirler. Ahyrynda Deli soltanlaryndan bolan soltan Balabanyň (Hindi memluk soltanlarynyň onunjysy Gyýaseddin Ulug han) döwründe olara tabyn bolýar. Malwanyň tebigy çäkleri: günortadan Nerbeda derýasy, demirgazykdan Çambul, günbatardan Güjrat, gündogardan Lehent bendi. Malwanyň musulman soltanlarynyň paýtagty (804-937 hijri kamary ýyly) Mendu (oňa Şatlykabat hem diýipdirler) şäheri bolup, ol şäher köp ýyllap bu ülkäniň gülläp ösen paýtagty bolupdyr. Ony giň jülgede, çuň dereleriň arasynda Hüwşeň Gurly esaslandyrypdyr. Onuň örän meşhur metjitleri bardyr.

[1] Bu Ruht Şengülüň ogly Ruht däl-de başga Ruhtdyr.

Mehraç birnäçe wagtlap, güýç-kuwwat ýygnap, mäkämleşenden soň, Nährwala welaýatyna goşun çekip, ol welaýaty şol ýeriň mülkdarlarynyň (olaryň köpüsi ahyrandy, ýagny sygyr sürüleriniň eýeleridi, çarwa mülkdarlardy) elinden gaňryp aldy. Şor deňziniň kenarynda adamlaryň baryp-gelşi, gatnaşygy üçin benderler[1] gurup, gämiler ýasap, suwa saldy. Bu işleri birýüzli edensoň, yzyna dolandy. Ol kyrk ýyl hökmürowanlyk edenden soň, barlyk goş-golamyny düýrläp, ýokluk sährasyna ugrady. Ol Güştaspyň döwürdeşidi we oňa her ýyl peşgeşdir sowgat iberýärdi.

### *Keýdrajyň hökümdarlygynyň beýany*

Keýdraç Mehrajyň aýal doganynyň ogludy, ýagny ýegenidi. Ol wesýet edilşine laýyklykda, tagt mirasdüşeri boldy. Şol döwürlerde Rüstem Dessan öldürlipdi hem-de ençeme wagtdan bäri Penjapda bir kuwwatly häkim ýokdy. Şonuň üçin ol şol tarapa leşger çekip, ýeňillik bilen ol ýerleri eýeledi. Birnäçe wagtlap, gadymy şäherleriň biri bolan Bihre[2] şäherinde mekan tutup, Jemu galasyny bina etdi hem-de kehker kowumyndan bolan özüniň ýakynlaryndan Derk atly birini ol ýeriň häkimi edip belledi. Şol seneden tä şu wagta çenli ol gala şolaryň elindedir.

---

[1] Bender – port.

[2] Bihre – bir şäherçäniň ady bolup, Lahordan altmyş kuruh (parsahyň üçden biri, ýagny 2 km) aradaşlykda ýerleşýär.

Birnäçe wagtdan soň Penjabyň ygtybarly, uly mülkdarlary bolan kehkerler hem-de çubyýa taýpasy Kabul bilen Gandaharyň arasynda ýaşaýan çarwa we dagly ilat bilen birleşip, Keýdrajyň üstüne gaýtdylar. Keýdraç olardan ejiz gelip, bu mülki olara berdi. Şol wagtdan bäri şol kowum çar tarapa pytrap, haýsy dagda bir serdar bar bolsa, ol şol ýeri eýeledi[1]. Görnüşine görä, hut şol kowum şu günki owganlardyr.

Keýdraç kyrk üç ýyl hökümdarlyk etdi.

## *Jeýçendiň rajalygynyň beýany*

Jeýçent Keýdrajyň goşunbaşysydy. Ol güýç-kuwwat tapyp, hökümdarlyk tagtyna gadam basýar. Onuň döwründe uly gahatçylyk peýda bolupdyr. Ol soltanlyk nebereden bolmandygy üçin Hudaýyň bendelerine üns bermän, perwaýsyzlyk edip, Beýana[2] şäherinde aýşy-eşrete meşgul bolýar. Goşundyr raýatdan örän köp halk heläk bolup, köp obalar we şäherçeler weýran bolupdyr. Onuň biperwaýlygy sebäpli Hindistan köp ýyllap, asylky ýagdaýyna gelip bilmän pese gaçypdyr. Jeýçent altmyş ýyl hökümdarlyk edenden soň, barlyk goşuny ýokluk öýüne çekipdir. Ol Bähmeniň we Darabyň döwürdeşi bolup, her ýyl olara peşgeşler iberip durupdyr.

---

[1] Bu ýerde: «Her dagda, her jülgede bir dere begi döredi» diýen manyda gelýär.

[2] Beýana – Hindistanda bir şäheriň ady bolup, nil diýen ösümlikden alynýan gök boýa şol ýerde öndürilýär. «Gök nil» diýen söz, şol niliň ady bilen baglanyşyklydyr.

Ondan bir kiçijik ogul galýar. Oglanjygyň ejesi ogluny tagtda oturdyp, soltanlyk işini öz boýnuna alýar. Emma Jeýçendiň Dehlu[1] atly dogany serdarlaryň goldamagy bilen oglanjygy aradan aýryp, soltanlyk boýun bagyny öz boýnundan asýar.

### *Raja Dehlunyň gozgalaňynyň beýany*

Dehlu örän batyr, gaýduwsyz, halka mähriban we mähirli raja bolupdyr. Ähli hümmet-tagallasyny Hudaýyň bendeleriniň asuda we rahat bolmagy üçin sarp edipdir. Deli (Dehlu) şäherini ol bina edipdir. Ol kyrk ýyldan gowrak soltanlyk edenden soň, Kemäýun rajalary bilen garyndaşlygy bolan we şol ýerde ýaşaýan Fur[2] atly bir kişi baş göterip, ilki Kemäýun welaýatyny eýeleýär. Şondan soň Kunnuç galasynyň üstüne gelýär hem-de onuň bilen raja Dehlunyň arasynda gazaply söweş ody tutaşýar. Dehlu ýesir düşýär. Fur derrew ony Ruhtas galasyna iberip, tussag edýär.

### *Raja Furuň hökümdarlygynyň beýany*

---

[1] Deli (Dehli) şäheri şu rajanyň ady bilen atlandyrylypdyr.

[2] Fur – Hindi patyşalarynyň we raýlarynyň biri bolup, Kunnuç raýynyň adydyr. Ony Iskender Makadonly gazaply söweşden soň öldürýär; Käbir maglumatlarda berlişi ýaly, bu adyň bir soltanlyk nesilşalygyň ýa-da belli bir sebitiň şalarynyň ady hem bolmagy mümkin.

Fur şondan soň Nebege leşger çekip, tä Hint ummanynyň[1] kenarlaryna çenli eýeleýär we örän şan-şöratly raja öwrülýär. Brahman taryhçylarynyň bir agyzdan aýtmaklaryna görä, Fur ýaly uly raja bolmandyr.

Ol geçen raýlaryň tersine, Eýran patyşalary üçin peşgeş ibermekligi bes edýär. Onsoň Isgender Hindistanyň üstüne leşger çekýär. Fur asla çekinmän, edil garynjadyr çekirtge ýaly köp sanly goşun bilen ony garşylaýar. Hindistanyň serhet ýakalarynda gazaply söweşler alyp baryp, ahyrynda öldürilýär.

Ol ýetmiş üç ýyllap hökmürowanlyk edýär.

Bu üýtgäp duran älemiň habar çöpleýjileriniň güneş nurly kalby örtügli galmasyn, Deken memleketinde hem uly-möhüm raýlar orta çykypdy. Meselem, Gülberge[2] şäherini guran Gülçent, Merçent Merç şäherçesi şonuň ady bilen baglanyşyklydyr. Bijanger şäherini esaslandyryp, abadanlaşdyryp rajalar öýi Dekeni guran Bijiçent we beýleki raýlary aýtmak bolar. Olaryň atlarynyň sanawy örän köpdür. Olar bu kitabyň has uzalmagyna getirer.

Isgender Hindistana gelen döwürlerinde uly raja bolan hem-de Bider[3] galasyny guran we esaslandyran

---

[1] Asyl nusgada: «Derýaýy Ahzar» – Mawy deňiz: 1) Hint ummany; 2) Ak deňiz, Ortaýer deňzi.

[2] Gülberge – Deken ülkesinde bir meşhur ýerde, Haýdarabadyň günbatarynda ýerleşen bir şäher.

[3] Bider – Dekende bir şäheriň ady bolup, Ahmet şa Bähmendi öz ady bilen baglanyşyklykda oňa Ahmetabat diýip, at goýýar hem-de paýtagt edinýär. Bider Hindiň gadymy şäherleriniň biri bolup, ol ilkinji gezek 1322-

Bider atly raja Isgenderiň gelendigini we Furuň ölendigini eşiden badyna howpa düşüp, mal-u baýlykdan, pillerden näme zady bar bolsa, baryny ogly bilen bilelikde Isgenderiň hyzmatyna iberýär. Isgender hem onuň ýurduny eýelemekden el çekip, Eýrana gidýär.

Häzirki wagtda bar bolan raçpur kowumy hem-de batyrgaýlyk bilen meşhur bolan ähli Deken taýpalary raja Bideriň nesillerindendir. Olar Dekende nobat bilen hökümet we hökümdarlyk tagtynda oturypdyrlar.

Fur öldürilenden we Isgender dolanandan soň, Sinsar Çent atly bir kişi Hindistan hökümetiniň ygtyýar jylawuny gysymyna gysyp, azajyk wagtyň içinde çagşan we pytran Hindistany tutuşlygyna saplady, päkledi. Ol Furuň öldürilenini hut öz gözi bilen görensoň, gorkudan ýaňa her ýyl Eýranyň şol döwürdäki hökümdary Güderze[1] talap edileninden hem artyk peşgeşler iberýärdi. Onuň soltanlygyna ýetmiş ýyl

---

nji milady ýylynda musulmanlaryň eline geçýär. Ol ýerde Bähmenli nesilşalygy (1429-njy milady) hökümdarlyk edýär. Soňra ol ýer Beritşalar nesilşalygynyň eline düşýär. Bu şäherde bu iki nesilşalyga degişli möhüm ýadygärlikler köpdür. Bu şäheri 1027-nji hijri-kamary ýylynda şu kitabyň ýazaryna hemaýat eden Bijapuruň patyşasy Ybraýym Adylşa basyp alýar. Owraň Zibiň döwründe bolsa, Mogol döwletiniň eline düşýär.

[1] Güderz – bar bolan maglumatlara we rowaýatlara görä, Rüstemden soň kyýanlylar döwründe Güderzlileriň neberesi örän meşhur bolupdyr. Bu neberäniň başyny başlan kişi «Zer telpekli Keşwatdyr». Ol Peridunyň döwründäki pälwanlardan bolup, onuň ogly Güderz Keýkowusyň we Keýhysrowuň döwründe baş pälwan bolýar. Onuň ýetmiş sekiz sany ogly we agtygy bolup, meşhur Käwelileriň baýdagy Banu Güşespsuwary özüne nikalap alypdyr. Ol Eýranyň baş goşunbaşysy bolupdyr. Bu kitapda Güderze Eýranyň hökümdary diýilmeginiň sebäbi şol döwürde Hindistanly mesele gös-göni Güderze degişli bolupdyr. Onsoň ol goşunbaşy bolsa-da, hökümdar hökmünde görlüpdir.

bolanda, Juna atly bir kişi oňa garşy baş göterip, ony ýeňýär.

### *Junanyň gozgalaňy*

Käbirleriniň pikirine görä, Juna Furuň uýasynyň ogludyr. Ol hökümet tagtyna çykan badyna gözel häsiýetler we ýaraşykly işleri amala aşyryp, mülki abadanlaşdyrmakda tagalla baryny edýär. Ol Gang we Jeme derýasynyň kenarynda obalar we şäherçeler döredipdir, adyllykdyr adalatlylyk babatda örän ýokary yhlas görkezipdir. Ol Erdeşir Bäbekan bilen döwürdeşdi. Erdeşir Hindistany eýelemek maksady bilen Hindistanyň serhet sebitlerine gelip ýeten ýyly Juna howsala düşüp, onuň huzuryna ýetmäge gyssandy hem-de san-sajaksyz dürler, göwherler, zerler we aždarha sypatly piller peşgeş edip, ony yzyna gaýtardy. Soňra özi hem Kunnuja dolandy. Ol ençeme wagtlap rahatlyk düşeginde dynjyny alyp, togsan ýyldan soň barlyk goş-golamyny ýygnap, ýokluk menziline ugrapdyr. Ondan ýigrimi iki ogul galypdyr. Uly ogly Kelýan Çent onuň ornuna geçipdir.

### *Kelýançendiň rajalygynyň beýany*

Ol zalym, örän ganhor raja bolup, kiçijik ýazygy bilen hem Hudaýyň bendeleriniň ganyny dökýärdi. Adamlary günäsiz ýerden günäläp, olaryň mal-baýlyklaryny ellerinden alýardy. Raýatlardan hem

gazaply ejirler bilen zer ýygnardy. Şol sebäpli hem adamlar daş-töwerekdäki etraplardyr welaýatlara gidipdirler. Hindistan harap bolup, paýtagt Kunnuç şeýle bir görnüşde weýrançylyk sypatyna giripdir welin, raja azajyk topary bilen ýalňyz galyp, dergähiniň gyzan bazary sowlupdyr. Hint memleketi topalaňdan dolup, etraplaryň raýlary kuwwatlanyp-dyrlar hem belent şan-şöhrata eýe bolupdyrlar. Onsoň bu kitabyň ýazary olaryň ahwallary barada hem ýazmagy hem-de diňe Hint we Kunnuç raýlarynyň ahwallaryny ýazmak bilen baglanyp galmazlygy wajyp bildi. Şonuň üçin Malwa ülkesinde soltanlyk edýän raja Bekrmajytyň ahwalyny ýazga geçirmegi makul bildi.

### *Adalatly raja Bekrmajydyň hökümdarlygynyň beýany*

Raja Bekrmajyt puwar kowumyndandy. Onuň ýagşy gylykly raja bolandygy hindileriň arasynda aýdylýan meşhur hekaýatlardan we rowaýatlardan hem mälim bolýar.

Raja Bekrmajyt ýaşlyk döwründe ençeme ýyllap pakyrlyk lybasynda, pukaralar bilen bilelikde köp ülkelere aýlanypdyr. Olaryň söhbetinde agyr ryýazatlar çekipdir. Ömür saly ellä ýetende asmany ylham bilen harbylyk sährasyna gadam basýar. Ezeli hikmetde onuň uly döwlete eýe bolup, Allanyň ýaradan halkynyň jepakär raýlaryň zulum-süteminden halas bolmagy ýazgyt edilendigi üçin, onuň işi günbe-günden,

derejeme-dereje ösüş tapyp, azajyk pursatda tutuş Nährwala we Malwa mülküni eýeçilik gurşawyna girizýär. Adyllyk we adalatlylyk düşegini giňden ýazyp, her bir şäheriň we diýaryň ýaşaýjylarynyň üstüne yhsan saýawanynyň goýy saýasyny salyp, adalatlylykda şeýle bir tagallalar edipdir welin, ony gören magnit demri özüne çekmekden el üzüp, kehruba[1] eýeçilik elini samanyň «synynyndan» çekipdir[2].

Hindileriň ynam-ygtykadyna görä, onuň ahwaly dünýä adamlarynyňkydan daşary bolupdyr[3]. Kalbyndan çykýan her bir düşünje kemsiz-kössüz we nogsansyz görnüşde ýüze çykyp hakykata öwrülipdir. Onuň ülkesinde agşam haýyrdan-şerden, peýdadan-zelelden näme zat bolup geçen bolsa, irden oňa artyksyz-kemsiz edil gündiziň güni ýaly mälim bolupdyr.

Ol soltanlygyna garamazdan, Hudaýyň ýaradan halky bilen doganlarça bir ýörelgede bolupdyr. Öýünde taňsyk küýzeden we borýadan[4] başga zat ýok eken. Ujyn şäheri şonuň döwründe abat edilipdir. Dehar[5]

---

[1] Kehruba (Kahruba) – keh (kah) saman; ruba – ogurlama, çekme. 1) Käbir deňizleriň kenarýakalarynda tapylýan sary reňkli bir jisim ýa-da ösümlik bolup, az-kem sürteseň ýeňiljek zatlary, esasan hem samany özüne çekýär. Şonuň üçin oňa kehruba, ýagny saman ogrusy diýlipdir. 2) Ýantar.

[2] Bu ýerde ýazar söz oýnadýar. Bekrmajytyň adalatlylygyny görende her kimiň öz adalatlylygyndan göwni geçipdir diýen manyda getiripdir.

[3] Bu ýerde onuň halatly bolandygy, ähli zady bilýändigi, aýdan zadynyň gelýändigi aýdylýar.

[4] Borýa – gamyşdan örülen düşek.

[5] Dehar – ähtimal bu ýerde säwlik bilen ýalňyşlyk gidip, «Daher» sözüne derek «Dehar» ýazylan bolsa gerek. Sebäbi Deýbül şäheriniň (şäherçesiniň) Daher atly patyşasy Hindistana ilkinji giren musulman serkerdesi Muhammet ibn Kasym Sakafy tarapyndan agyr söweşde öldürilýär. Şeýle-de

galasynyň düýbüni tutup, şol ýerde mesgen tutmagy ygtyýar edipdir. Ol Ujynda Mehakal[1] buthanasyny gurup, brahmanlara we jugylara[2] wezipe we hak belläp, şol buthanada ornaşdyryp, ybadat etmäge görkezme beripdir. Özüniň köp wagtyny halka we Halyga sygynmaga sarp edipdir. Köp ynam-ygtykatdaky kişiler oňa ynanypdyrlar hem-de ol barada geň-taň we ajaýyp rowaýatlar döredipdirler. Edaralarda we resminamalarda ýylyň we aýyň senesini onuň ölen ýylyndan ýazýarlar. Hindileriň hasabyna görä, tä şu setirleriň ýazylan wagtyna, ýagny adamzadyň iň haýyrlysy bolan pygamber alaýhyssalamyň göç eden gününden başlanýan müň on bäşinji hijri ýylyna çenli müň alty ýüz altmyş üç ýyl geçipdir.

---

Sasanlylaryň döwründe hem hindileriň Daher atly patyşasy barada maglumat saklanyp galypdyr. Şundan göz öňüne tutsaň, onda Daher belli bir patyşanyň ady däl-de, belli bir sebitiň patyşalarynyň umumy ady bolmaly.

[1] Mehakal – Hindistanda Mahakalyýa dinine uýýanlaryň butunyň ady. Bu butuň dört eli bolup, reňki asman reňkdir, mawydyr. Kellesinde gür we ýaýylyp (sallanyp) ýatan saçy bar. Görnüp duran dişleri bolup, garny-da açykdyr. Arkasynda piliň derisi goýlup, ondan gan akyp duran şekildedir. Piliň derisi iki öň aýagyndaky bölegi bilen ol buta mäkäm daňlyp berkidilendir. Ol butuň bir elinde agzyny açyp duran ýylan bar, beýleki bir elinde hasa, üçünji elinde adam kellesi bar, dördünji eli bolsa açylyp durandyr. Şeýle-de iki sany uly ýylan göwresine oralyp, başga iki ýylan gulakhalka hökmünde onuň gulagyndan asylyp durandyr. Onuň başynda adamyň kelleçanagyndan edilen täç, boýnunda şondan edilen boýunbag bar. Ol bir hyýrsyz döwe meňzeş bolup, ony belent mertebeli hasaplap, sygynmaga laýyk görýärler hem-de ony gapma-garşylykly häsiýetleriň eýesi hasaplaýarlar. Meselem: öwgüli, döwgüli, söýgüli, ýigrençli, sylag beriji, böwet bolujy, kynçylykda penakär bolujy...

[2] Jugylar – ýoglar.

Raja Bekrmajyt Erdeşiriň döwürdeşi bolupdyr. Käbirleriniň pikirine görä, ol Şapuryň döwürdeşi bolupdyr.

Onuň ömrüniň soňky döwürlerinde Dekenden Salbahan atly bir mülkdar oňa garşy baş göterýär. Nerbede deryasynyň kenarynda iki tarap leşgergäh gurup, söweş oduny tutaşdyrdylar. Ahyrynda Salbahan üstün çykyp, Bekrmajyt öldürilýär.

Onuň hökümdarlyk eýýamynyň näçedigi we neneňsi bolandygy babatda rowaýatlar örän köpdür. Emma hiç haýsysy akyl kabul eder ýaly bolmansoň, dymmaklyk rowa görüldi. Bekrmajytdan soň köp wagtlap, Malwa mülki harap bolup, bir adalatly häkime duş bolmady. Ahyrynda Behuç atly bir raja hökümdarlyk uýanyny eline aldy.

## *Raja Behujyň hökümdarlygynyň beýany*

Raja Behuç hem puwar kowumyndandy. Ol adalatda we sahawatda Bekrmajyta eýerdi. Gijelerine keşbini üýtgedip, şähere aýlanardy. Pakyr-pukaralaryň we misginleriň hallaryndan habar alardy. Hemişe ähli güýç-gaýratyny abadançylyga hem-de bendeleriň (ybadatçylaryň) hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga sarp ederdi. Göwhergun we Bijager şäherleri, Hindiýe şäherçesi onuň döwründe bina edildi. Zenanlary haremhanasyna ýygnamakda açgözdi, aýallara aşa hyjuwlydy. Ýylda iki gezek uly baýramçylyk gurnaýardy. Hindistanyň daş-töwereginden köp-köp sazandalar

we aýdyjy-bagşylar onuň dergähine gelýärdi. Bu meýlis we aýşy-eşret tä kyrk güne çenli dowam edip, tans etmekden, aýdym aýtmakdan, şatlanmakdan, şagalaň etmekden başga hiç bir iş bolmazdy. Şol günlerde ähli gatlaklara tagam, şerap we pan[1] bermeklik iş alyp baryjynyň boýnuna ýüklenendi. Dolanan wagty her haýsyna bir halat we on mysgal tylla berlerdi.

Behuç elli ýyl patyşalyk edenden soň, barlyk goşuny düwüp, ýokluk ýoluna ýorgalady.

Şol döwürde Basdyýu atly bir kişi Kunnuç tagtynda oturyp, edil Bengala ýaly Kunnuç raýlarynyň ygtyýaryndan çykan Bihär mülküni ýene-de eýeläp, azat etdi. Ol örän şan-şöhratlydy, kuwwatlydy. Onuň döwründe Bähram Gur täjir lybasyny geýip, Hint memleketini barlamak hem-de hindileriň hal-ýagdaýlaryny we ýol-ýörelgelerini öwrenmek maksady bilen rajalar öýi Kunnuja gelýär.

Aýdyşlaryna görä, şol döwürde Kunnuç sebitlerinde howply we wagşy bir pil peýda bolupdyr. Onuň hereket edip ýören kişileriň bir toparyny basalap, heläk etmedik güni bolmandyr. Basdyýu ençeme gezek ony dep etmek üçin atlansa-da, hiç bir iş bitirip bilmän dolanypdy. Taňrynyň takdyry bilen Bähram Guruň Kunnuç şäherine giren güni ol pil şäheriň etegine gelip, adamlaryň arasynda gulgula we howsala döredipdir. Raja şäheriň derwezelerini ýapmaklaryny buýrupdyr.

[1] Pan – burça meňzeş ösümlik, onuň ýapraklary çeýnelýär we ol işdäňi açýar. Esasan hem Hindistanda giňden ulanylýar.

Bährameň ýeke özi ol pili dep etmek üçin daşary çykyp, bir peýkam bilen ony heläk edipdir. Tomaşa etmek üçin şäherden çykan, şäher halkynyň ähli beýigi-pesi onuň öňünde baş egipdirler hem-de «berekella, aperin» owazlaryny mawy pelegiň gulaklaryna ýetiripdirler. Basdyýu bu habary eşiden badyna Bährамy huzuryna çagyrýar. Bähram rajanyň ýanyna gelende, rajanyň geçen ýyl Bähram Gura peşgeş eltip beren ýakyn kişileriniň biri ony tanap, onuň kimligini rajanyň gulagyna ýetirýär. Raja tagtyndan düşüp, Bähramyň gaşyna barýar. Soňra oňa gyzyny berip, ýokary hormat-sylag bilen ýola salýar. Ol tutuş ömrüne hem her ýyl sowgat-serpaýlar iberip durupdyr.

Ol ýetmiş ýyl hökümdarlyk edenden soň dünýäden ötüpdir. Kalepi[1] şäherini we galasyny şol raja esaslandyrypdyr.

Ondan otuz iki ogul galypdy. Doganlaryň arasynda on ýyllap tagt üstünde dawa bolup, gije-gündiz uruşdyr jeň bilen geçipdir. Ahyrynda Basdyýunyň goşunbaşysy bolan Ramdiw atly bir kişi goşun serdarlary bilen ylalaşyp, birleşip, paýtagt Kunnujy eýeläpdir hem-de belent mertebeli raja bolupdyr.

## *Ramdiw Rathuryň rajalygynyň we hökümdarlygynyň beýany*

[1] Kalepi – Demirgazyk Hindistanda bir şäher. Ol Ekber şanyň döwründe uly we abadan şäher bolupdyr.

Ramdiw rathur kowumyndandy. Ol örän batyr, gaýduwsyz we akylly kişidi. Ol ilki özdiýenli, başbozar häsiýetli, serdarlary wagtyň geçmegi bilen ýuwaş-ýuwaşdan öňünden aýryp taşlady hem-de ülkäni hanlyk pitnelerinden doly saplap, hatyrjem boldy. Şondan soň üpjün goşun bilen Marwara tarap ugrady. Ol welaýaty keçhowaha taýpasynyň eýeçiliginden çykaryp alyp, öz kowumyny – rathurlary ol ýerde ornaşdyrdy. Şol seneden bäri ol kowum şol welaýatda mesgen tutdular.

Ramdiw keçhowaha kowumyny ol ýerden göçürip, Ruhtas galasynyň töwereklerinde ornaşdyrdy. Ol kowumyň serdarlarynyň gyzlaryna bolsa, öz haremhanasyndan jaý berdi. Şondan soň Lekehnutynyň üstüne ýöriş edip, ol ýeri eýeledi hem-de ony öz inisine (doganynyň ogluna) berdi. Soňra san-sajaksyz oljalar ele salyp, üç ýyldan soň Kunnuja dolandy. Ol ýerde iki ýyl ornaşyp, Malwa tarap goşun çekdi hem-de ony hem özüniň diwan eýeçiligine geçirdi. Köp sanly obalar we şäherçeler bina etdi. Nerur galasyny täzeden bejerdi hem-de rathur kowumyndan birini ol ýeriň häkimi edip belledi. Bijangeriň raýyndan gyzyny gelinlige sorady. Nobat boýunça memleketiniň hökümet uýanyny elinde saklap oturan Şiwraý Ramdiwiň şan-şöhratyndan we haýbatyndan gorkup, gyzyny mynasyp şaý-sepleri bilen bilelikde onuň gaşyna ugratdy. Ramdiw iki ýyllap, Kündwanada[1] bolup, köp sanly uly mülkdarlary

[1] Asyl nusgada: «Kündwara».

öldürdi. Soňra Kunnuja dolanyp, ýedi ýyllap, aýşy-eşrete meşgul boldy. Ondan soň Savälik daglaryna gelip, ol sebitleriň ähli raýlaryny paç tölemäge mejbur etdi. Şol daglykda esasylaryň biri bolan hem-de iki müň ýyla golaý wagt bäri ata-babalary bu mülküň häkimi bolan Kemaýunyň rajasy ony garşylamaga çykdy. Ertirden tä agşama çenli söweş meýdany jeň bilen gyzyp, iki tarapyň batyrlarynyň köpüsiniň jany söweş ornunda köýdi. Ahyrynda ýeňiş we üstünlik şemaly Ramdiwiň ykbal baýdagynyň üstünden öwsüp, ony ýeňişli pasyrdatdy. Kemaýunyň rajasy baýlygyny we pillerini taşlap, dagda penalandy. Soňra Ramdiw onuň gyzyny hem-de köp sanly sowgat-serpaýlar alyp, mülki ýene-de onuň özüne tabşyrdy we özi ýöriş uýanyny Nigerkut daglygyna öwürdi. Ol welaýaty hem talaň sübsesi bilen süpürip barşyna, tä Henkut Pedeni diýlip atlandyrylýan bir ýere ýetýänçä gitdi. Şondan soň ýöriş uýanyny çekip, Nigerkut galasynyň sebitlerinde ýerleşýän Derkä buthanasynyň hormatyna öňe gitmedi. Adam iberip, ol ýeriň rajasyny huzuryna çagyrdy. Ol raja onuň hyzmatyna baryp-barmazlyk pikirine çümüp, alada galdy. Ahyrynda brahmanlar ara düşüp: «Ramdiw buthanany zyýarat etmäge gelmeli, raja hem şol ýerde onuň hyzmatyna barmaly» diýip, karar etdiler. Soň şol karar edilişi ýaly biri-birini gördüler.

Ramdiw buthananyň hadymlaryna örän köp zer, altyn, kümüş berip, Nigerkutyň rajasynyň gyzyny ogly üçin diledi. Soňra Jemu galasyna tarap ýola rowana

boldy. Jemunyň rajasy goşunynyň köplügine, galanyň berkligine, ýoluň agyrlygyna, jeňňeliň gürlügine, gallasynyň zyýadalygyna arkalanyp, pespällik etmän söweşmek üçin öňe çykdy. Ahyrynda özüni Ramdiwiň şir asýan meýdanynyň merdi däldigini bilip, gaçmaga ýüz urdy. Ramdiw bir topary onuň yzyndan kowgyçy belläp, özi galany gabawa aldy. Ony sähelçe wagtyň içinde eýeläp, gaty köp halky ýesir aldy hem-de älem-jahany doldurýan baýlyklary ele saldy. Jemunyň rajasy ejizlik bilen aman diläp gelenden soň, onuň hem gyzyny beýleki bir ogly üçin diledi. Soňra ol ýerden göç edip, jennete meňzeş Keşmir dagyndan Penjap topragyna guýýan Beht derýasynyň kenaryndan tä Bengala we Sewälik daglarynyň tamamlanýan ýeri bolan Şor deňziniň kenaryna çenli sebitlere, takmynan bäş aýlyk ýola ýöriş etdi, aýlandy. Ol daglykda mekan tutan bäş ýüze golaý raýy we rajany tutup, olary paç tölemäge mejbur etdi we ummasyz zerlerdir göwherler, mallardyr piller bilen dolanyş baýdagyny Kunnuja tarap parladyp, ýola düşdi. Ondan soň paýtagtda uly baýramçylyk gurnap, ähli goşunyň hakyny tutuşlygyna on-ýigrimi göterim artdyrdy. Batyr esgerleri mertebelendirdi, ezizledi. Oljanyň üçden birini halka üleşdirdi hem-de parahatlyk we rahatlyk tagtynda mäkämleşip oturdy. Soňra hiç bir tarapa atlanmady. Elli dört ýyl soltanlyk edenden soň, edil beýlekiler ýaly bu jahandan göç etdi. Hindileriň ählisiniň pikirine görä, Ramdiw ýaly şan-şöhraty beýik raja bolmandyr. Ol Keýkubadyň ogly Firuz şa Sasanlynyň döwürdeşi bolupdyr. Her ýyl

oňa paç-hyraç iberipdir. Ol tabynlykda hiç hili kemkäslik, nogsanlyk etmändir.

### *Pertapçent Sensediýýäniň beýany*

Raja Ramdiw aradan çykandan soň, onuň perzentleriniň arasynda agzalalyk, dawa-jenjel döräp, ahyrynda iş uruş-söweş bilen tamamlanypdyr. Şu sebäpli hem paýtagt Kunnuçda örän köp harapçylyk bolupdyr. Ramdiwiň hasapçylaryň hasaplamakdan ejiz gelýän hazynalary ýok bolupdyr. Ramdiwiň goşunbaşylaryndan Pertapçent atly biri doganlaryň dawa-jenjellerini özüne ganymat bilip, öz töweregine örän köp goşun jemläp, Kunnuja tarap leşger çekipdir hem-de ony ýeňillik bilen eýeläpdir. Ol ilki bilen mülküň mirasdüşerleri bolan Ramdiwiň ogullaryny etmekde tagalla edip, olardan hiç bir nam-nyşan goýmandyr. Şondan soň etrapdyr sebitleri güýç bilen eýeläp alyp, mäkäm ornaşan mülkdarlary assa-ýuwaşdan ýok edip, uly raja bolypdyr. Ol köp işleriň öz islegine laýyk gurlandygyny we ýerine ýetirilendigini görende kalbynda tekepbirlige we ulumsylyga ýol berip, Eýran soltanlaryna peşgeşler ibermekden el çekipdir. Kesgitlenen mukdardaky salgydy almaga gelen Nowşirwanyň wekilini eli boş yzyna gaýtarýar. Emma Eýran goşuny öz hökümdarynyň hökümine görä, Multan we Penjap mülküne azar ýetirip ugranlaryndan soň, haýran we puşman bolup, öz etmişi üçin ötünç diläp, köp sanly zerdir göwherler iberipdir.

Şondan soň olar hem talaňçylykdyr çapawullykdan el çekipdirler. Pertapçent tä ömri ötýänçä her ýyl paç-hyraç iberip durupdyr. Emma ol aradan çykandan soň daş-töwerekdäki etraplaryň raýlary zor salyp we güýçlenip köp welaýatlary eýeläpdirler. Pertapçendiň perzentlerine bolsa azajyk ülke galypdyr. Şol sebäpli hem olara «Rana» diýýärdiler. Çünki az mülkli we ejiz raja hindiçe rana diýilýär.

Şol wagtdan tä şu kitabyň ýazylýan wagtyna çenli hökümet Pertapçendiň nesilşalygynda saklanyp durandyr. Emma diňe Küýlemiri daglygy bilen onuň sebitleri olaryň ellerindedir. Olaryň ýurtlaryndan Jaýtury, Mendsury we beýleki köp ýerlerini emir Teýmir Sahypkyranyň öwlatlary[1] basyp aldylar.

### *Raja Ananddiw Rajputyň beýany*

Raja Ananddiw rajput bis taýpasyndandy. Raja Pertapçent aradan çykandan soň, ol Malwa ülkesinde baş göterip, günbe-günden işi ýokarlap, Malwa, Nährwala, Ruht (Muruht) memleketini we Deken we Berar ülkesini tutuşlygyna eýeleýär.

Ramger[2] we Mahur galasy şonuň döwründe bina edilýär. Ment we Neýzar galasy onuň esaslanydyran galalaryndandyr. Ol Hysrow Perwiziň döwürdeşi

[1] Bu ýerde mogollar nesilşalygy göz öňünde tutulýar.

[2] Ramger – Hindistanda Rajputana welaýatynda ýerleşen bir şäherçäniň ady bolup, Şekowaty etrabynyň merkezidir. Ol Jaýpuryň demirgazyk gündogarynda ýerleşýär. Onuň örän ajaýyp tebigaty bardyr.

bolupdyr. On alty ýyl hökümdarlyk edenden soň dünýäden ötýär. Hut şol ýyllarda hem harbylaryň arasyndan Maldiw[1] atly bir hindi baş göterip, köp ýygyn toplap, Delini Pertapçendiň perzentleriniň eýeçiliginden gaňryp alýar. Ol Delini basyp alandan soň, Kunnuja leşger çekip, ony hem golastyna geçiripdir.

Aýdyşlaryna görä, Kunnuç şäheri onuň döwründe şeýle bir derejede abadanlaşypdyr welin, tenbuly[2] satýan dükanyň sany otuz müňe ýetipdir. Altmyş müň sany aýdyjy we sazanda öýleri döräpdir. Şol döwre mahsus beýleki zatlary hem şu ölçeg bilen ölçäp bolar.

Maldiw kyrk iki ýyldan soň aradan çykýar. Hiç bir perzendi bolmandan soň, her ülkede bir raý peýda bolupdyr. Şondan soň tä sarsmaz yslam dininiň älemi nurlandyryjy Gününiň Hint memleketinde dogan wagtyna çenli beýik mertebeli raja hökümdarlyk tagtynda oturmady. Meselem, Soltan Mahmyt Gaznaly gazawat we jyhat etmek maksady bilen Hindistana gelende Kunnuçda Gäwr[3] atly raja hökümdarlyk edýärdi, Miretde Dehrem[4] Det, Mehäwünde Gülçent, Lahorda

---

[1] Maldiw – Hind ummanynda ýerleşýän adalar toparynyň (arhipelag) ady şu şahsyň ady bilen baglydyr. Ol Seýlon adasynyň günorta-günbatarynda ýerleşýär. Onuň merkezi Mal (Male) şäheridir.

[2] Tenbul – ýapragy çeýnelýän we iýilýän ösümlik. Ol esasan Hindistanda ösýär.

[3] Gäwr – Bengaladaky Gäwr şäheriniň ady şu rajanyň adyndandyr. Häzirki wagtda şol şäherden diňe harabalyk galypdyr.

[4] Dehrem (Dehreme) – Hindistanda bir sebitiň ady şu şahsyň ady bilen baglydyr.

Çipal[1] ibn Iştipal[2], Kälenjerde Bejira hökümdarlyk edýärdi. Şeýle-de Malwada, Ejmirde, Güjratda we Guwalýarda aýry-aýry häkimler häkimlik edýärdi. Şeýlelikde, olaryň ahwallarynyň hem beýanyny etmek bilen, yslam soltanlarynyň (olaryň ýagşy işleri kyýamat gününe çenli dowam etsin!) wakalaryna (aslynda şu kitaby ýazmakdan maksat hem olaryň haýyr-yhsanlaryny beýan etmekdi) girişeliň.

## *Hint memleketinde yslam nurunyň peýda bolmagynyň beýany*

Güneş nurly köňüllerden örtügli galmasyn, yslam eýelerinden Hindistan serhetlerine gadam basyp, bu diýaryň ilaty bilen gazawat eden ilkinji kişi Mühellep ibn Abu Sufradyr. Bu sözüň giňişleýin beýany şeýledir:

Pygamberleriň serweri Muhammet sallallahy alaýhy wesellemiň göç eden wagtyndan gaýdýan hijri ýylynyň ýigrimi ýedinji ýylynda Basranyň häkimi Abdylla ibn Amyr Parsyň ilatynyň möminleriň emiri Omar aradan çykandan soň, ähtini bozandygy üçin ol ýere möminleriň emiri Osman tarapyndan leşger çekip, ýeňiş we üstünlik bilen ýene-de Basra tarap dolandy. Otuzynjy ýylda möminleriň emiri Osman Welit ibn Ukbany mydama şerap içýänligi sebäpli Kufe häkim-

---

[1] Çipal – Lahoruň patyşasy bolup, soltan Mahmyt Gaznalynyň döwürdeşidir.

[2] Asyl nusgada «Iştipal».

liginden boşadyp, Sagyt ibn Asy onuň ýerine belleýär. Sagyt hut şol ýyl Tabarystana tarap ýörişe gidýär. Şol ýörişe möminleriň emiri Hasan bilen Hüseýin (olara Allanyň salamy bolsun!) hem gatnaşypdyrlar. Olaryň haýyr-yhsanly gadamlarynyň bereketinden Astrabadyň mülk öýi (paýtagty) bolan Jürjan (Gürgen) welaýaty eýelenipdir. Jürjanyň ilaty ýaraşyk tölegi üçin iki ýüz müň dinar beripdirler we yslama girip, öz öýlerini abat edipdirler.

Otuz birinji ýylda Abdylla ibn Amyr möminleriň emiri Osman tarapyndan Horasany eýelemäge bellenilip, agyr leşger bilen Kerman ýolundan Horasana ugraýar. Onuň goşunynyň öň hataryny çekýän Hanyf ibn Kaýsdy. Olar Sistany, Kahystany we Nişapury tabyn edýärler. Tusuň merzbany (häkimi) hem olar bilen ylalaşyk edýär. Saragt, Hyrat, Badgys, Gur, Garjystan, Merw, Talykan we Balh hem musulmanlaryň eýeçilik gurşawyna girýär. Abdylla özüne azajyk wagtyň içinde uly ýeňişler nesip edensoň, Kaýs ibn Haşymy Horasana, Hanyf ibn Kaýsy Merwe, Talykana we Nişapura, Halyt ibn Abdyllany Hyrada, Gura we Garjystana häkim belläp, özi Beýik Käbäni togap etmek üçin yhram baglap, Hyjaza tarap ugraýar.

Otuz ikinji ýylda möminleriň emiri Osmanyň permany bilen Balh gazawatyna giden Abdyrahman ibn Rabyga köp sanly musulmanlar bilen bilelikde şehit bolýar. Möminleriň gylyçdan sypanlary gaçyp, Jürjan we Jilan (Gilan) taraplara gidýärler. Şeýle-de hut

şu ýylda Ajam emirleriniň biri Karan[1] Abdylla ibn Amyryň hormatly Mekge-Medinä (Allatagala olaryň ikisiniň hem hormatyny artdyrsyn!) zyýarata gidendigi we Horasan ülkesiniň musulmanlaryň atlylaryndan boşandygyny görende, Tabasdan, Hyratdan, Badgysdan, Kahystandan, Gurdan we beýleki ýerlerden kyrk müň adam jemläp, musulmanlara garşy baş göterýär. Nyşapurda Halabyň ýanynda bolýan Abdylla Hazym kyrk müň adam bilen onuň şerini dep edýär. Hut şu hyzmaty sebäpli Horasanyň häkimligine mynasyp boldy.

Kyrk dördünji hijri ýylynda Mugawyýa ibn Abu Sufýan Zyýat ibn Ümeýýäni Basranyň, Horasanyň we Sistanyň häkimi edip belleýär. Hut şol ýyl Abdyrahman ibn Şymyr Zyýadyň görkezmesi bilen Kabuly eýeläp, ol ýeriň ilatyny özüne tabyn edýär. Şol wagtlarda musulmanlaryň uly emirlerinden bolan Mühellep ibn Abu Sufra Merw sebitlerinden Kabula we Zabula gelýär. Soňra Hindistana girip, kapyrlar bilen gazawat-söweş edýär. Bu söweşde on-on iki müň gyrnakdyr gul ýesir alýar. Şol aralykda (döwürde) Hint ilatyndan birtopary kem-kemden Taňrynyň birligini we penakär pygamberiň pygamberligini ykrar edip, musulman bolýarlar.

Elli üçünji ýylda Zyýat ibn Ümeýýäniň barmagyna mergi (tagun) keseli degip, aradan çykýar. Mugawyýa

---

[1] Asyl nusgada: «Karun». Ol 32-nji hijri-kamary ýylynda kyrk müň adam bilen Horasanda gozgalaň edýär. Ahyrynda Ibn Hadymyň leşgerinden ýeňlip öldürilýär we leşgeri dargaýar.

onuň perzendi Abdylla Kufäniň häkimligini berýär. Ol birnäçe wagtdan soň Mawerannahra tarap ugraýar we birnäçe şäherleri eýeläp, yzyna dolanýar hem-de Basranyň häkimligine bellenýär. Ol Eslem ibn Zaragat Kelabyny Horasanyň häkimi edip ugradýar.

Altmyşynjy[1] ýylda Mugawyýa Horasanyň häkimligini Sagt ibn Osman ibn Affaga berýär.

Altmyş ikinji ýylda Ýezit ibn Mugawyýa Selem ibn Zyýady Horasanyň we Sistanyň häkimligine belleýär. Ýezidiň Seleme hemra eden kişileriň biri hem Mühellep ibn Abu Sufrady.

Selem özüniň kiçi inisi Ýezit ibn Zyýady Sistanyň häkimi edip ugradýar. Ol: «Kabul patyşasy baş göterip, özleriniň häkimi bolan Abu Abdylla ibn Zyýady tussag edipdirler» diýip eşiden badyna, derrew leşger jemläp, Kabulyň ilaty bilen söweşmäge ugraýar. Gazaply söweşden soň ýeňlip, köp sanly esgerler gyrylýar. Bu habar Selem Zyýada baryp ýetende, ol «Talhatut-Talhat» lakamy bilen meşhur bolan Talha ibn Abdylla ibn Hanyf Hazagyny Kabula iberýär. Ol Ubeýdäni[2] bäş ýüz müň dirheme satyn alyp gelýär. Şondan soň Selem Sistanyň häkimligini Talha bagyşlaýar. Soňra Guruň we Badgysyň leşgerini Kabula ugradyp, ol ýeriň ilatyny gahar-gazap bilen boýun we tabyn edýär hem-de Halyt ibn Abdyllany Kabulyň häkimligine belleýär. Käbirleri bu Halydy Halyt ibn Welidiň neslinden,

[1] Asyl nusgada säwlik bilen: «Ellinji» ýazylypdyr.
[2] Ýokarda: «Abdylla ibn Zyýat» görnüşinde gelipdi.

käbirleri bolsa, Abu Jähliň neslinden bolupdyr diýýärler.

Halyt ibn Abdylla Kabulyň häkimliginden boşadylandan soň Arap Yragyna dolanmagy kyn we agyr hasaplap, täze häkimden gorkusyna aýal-oglan-uşaklary we araplardan bolan topary bilen Kabulyň han-begleriniň ugratmagynda Multan bilen Peşaweriň arasynda ýerleşýän Süleýman dagyna gidip, şol ýerde mesgen tutýar. Öz gyzyny musulman bolan owganlardan ygtybarly hem mertebeli biriniň nikasyna girizýär. Ol gyzdan köp perzentler dünýä inipdir. Olardan iki kişi artyk şan-şöhraty bilen has-da tapawutlanýar. Biri: Ludy, beýlekisi: Sur[1]. Owganlaryň Ludy we Sur taýpasy şol jemagatdandyr[2].

Handysdaky[3] Burhanpurdakam[4] ynamdar adamlaryň biriniň ýazan «Matlagul Enwar» atly kitabynda şeýle maglumat gözüme ildi. Onda şeýle ýazylypdyr:

Owganlar Pyrgunyň kybtylarydyr[5]. Hezreti Musa alaýhyssalam ol kapyrdan (Pyrgundan) üstün çykanda, kybtylaryň birtopary toba edip, Musanyň getiren dini bilen bezeldiler we düzeldiler, emma olardan Pyrguny dost tutup, onuň hudaýlygyna berk ynanýan bir

---

[1] Asyl nusgada säwlik bilen: «Su» görnüşinde ýazylypdyr.

[2] Bu ýerde Ludy bilen Suruň nesilleri bilen bilelikde Halyt ibn Abdylla bilen bile giden beýleki perzentleri we ýaranlary hem göz öňünde tutulýar.

[3] Handys – Hindistanda, Dekeniň welaýatlarynyň biri.

[4] Burhanpur – Hindistanda (Dekende) bir şäher. Ol Tapty derýasynyň demirgazyk kenarynda ýerleşýär. Bu şäheri takmynan 801-nji hijri-kamary ýylynda Nasyr han Faruky esaslandyrýar. Meşhur we ajaýyp binalaryndan: Mübärekşa Farukynyň aramgähini we juma metjidini görkezmek bolar.

[5] Kybtylar – gadymy Müsüriň ilaty.

jemagat añrybaş jahyllygyndan (nadanlygyndan) ýaňa yslamy[1] ygtyýar etmän, özlerini watandan aýra saldylar. Olar Hindistana gelip, Süleýman dagynda mesgen tutdular. Olaryň kabylalary köpelip, owgan adyna eýe bolupdyrlar. Ebrehe[2] Käbäniň üstüne goşun çekip giden wagtynda kapyrlaryň gaty köpüsi uzakdan-ýakyndan oňa ýaran bolupdyrlar. Şol sanda owganlardan hem ençeme taýpa wada edilen wagtynda[3] Ebrehäniň gaşyna özlerini atýarlar. Emma Mekgä ýetenlerinde ählisi öz jezasyny tapyp, ýokluk deňzine baş çümdürýärler.

Elkyssa, owgan musulmanlary ekerançylyk we ýaşaýyş maýasyny hasyl etmek bilen meşgullanyp, köp sanly at, sygyr we goýun sürülerine eýe bolansoňlar, Muhammet Kasym bilen hemralykda Sint ýolundan Multana gelen hem-de şol ýerde ornaşan musulmanlar bilen baryş-geliş edip, tanyşlyk gatnaşyklaryny açdylar. Olaryň nebereleri köpelenden soň, ýüz kyrk

---

[1] Bu ýerde Musanyň dini göz öňünde tutulýar. Musulmanlaryň garaýşyça, Hudaý tarapyn inderilen dinler, inderilen wagty yslam dini bolup, oňa uýanlar bolsa musulmandyr. Musawy, Isawy, hristian diýlip, berilýän atlar diňe şertli atlardyr.

[2] Ebrehe – Ibn Sabbah lakamy «Eşrem» we «Pil eýesi». Ol Hebeşiň hökümdary ýa-da häkimi bolupdyr. Aýdyşlaryna görä, ol Sanga şäherinde Eflis atly bir ybadathana gurup, Ýemeniň ilatyny haj etmäge şoňa getirjek hem-de Käbä gitmekden saklajak bolupdyr. Emma Ýemeniň ilaty ylalaşansoň, Käbäni ýykmak üçin ýöriş edipdir. Birden topar-topar guşlar maýda daşlar zyňyp ugrapdyr welin, ol daşlar adamlaram, ulaglaram parran böwsüp geçýän eken. Olaryň bary şol ýerde heläk bolýar. Ebrehe diýmek, şol wagtky Hebeşi dilinde Ybraýym diýmekdir.

[3] Bu ýerde ýöriş edilmeli wagt, ýörişiň bellenilen wagty göz öňünde tutulýar.

üçünji hijri ýylynda daglykdan çykyp, Hindistanyň Kermaç, Peşawer we Şunuran ýaly abat ýerlerini eýelediler. Ejmiriň rajasy bilen garyndaşlygy bolan Lahoryň rajasy, olaryň pitnesini dep etmek üçin özüniň emirleriniň birini müň atly bilen olaryň üstüne iberýär. Owganlar söweş bilen öňe müňzäp, hindileriň köpüsini gyrýarlar. Bu wakadan soň, Lahoryň rajasy öz doganoglanyny soňky derejede üpjün edilen iki müň atly we bäş müň pyýada esger bilen başbermezek owganlaryň üstüne iberýär. Bu gezek yslam hüllesi[1] bilen bezelen halaçlylar, gurlular we Kabulyň ilaty olara ýardam bermegi özleriniň hümmet boýunlaryna parz hasaplap, dört müň adam bolup, olara kömege gelýärler. Olar bularyň gelmeginden arkalanyp, garşylyk baýdagyny has-da parladýarlar. Olar bäş aýyň dowamynda kapyrlar bilen ýetmiş gezek jeň edip, köp söweşlerde üstün geldiler. Şol aralykda hem sowuklyk goşuny kapyrlaryň üstüne çozup, olary ejizledip, har we zebun edensoň ählisi jeňden el çekip, yzyna dolanýarlar. Gyş möwsümi geçenden soň, Lahor rajasynyň doganoglany ýene-de täze leşger bilen şol tarapa ugraýar. Bu gezek hem öňki ýörelgä laýyklykda Kabulyň ilaty bilen halaçlylar olara kömege ýetişipdirler. Kermaç bilen Peşaweriň arasynda iki topar biri-birine sataşýarlar. Käte kapyrlar jeň bilen öňe omzap, musulmanlary tä daglyga çenli kowalaýardylar, käte musulmanlar zor salyp, kapyrlary peýkam zarby

[1] Hülle – ýüpek parça.

bilen öz mekanlarynyň töwereklerinden sürüp çykarýardylar.

Ýagyş möwsümi[1] gelip ýetensoň, kapyrlaryň leşgeri Nilap suwundan[2] alada batyp, ätiýaç edip, ýeňiji bilen ýeňliji mälim bolmazdan öz mekanlaryna dolanýarlar.

Kabullylar we halaçlylar hem öz mekanlaryna we mesgenlerine gaýdyp gelýärler.

Olardan her kim:

– Dagly musulmanlaryň ahwallary nähili boldy, neneňsi ahwallar peýda boldy – diýip, sorasalar, olar:

– Kuhystan (daglyk) diýmäň, efganystan[3] diýiň. Ol ýerde efgandan we gowgadan başga hiç zat ýok – diýip, jogap beripdirler.

Görnüşine görä şu sebäpden, adamlar öz dillerinde olaryň mekanlaryna Efganystan (Owganystan), olaryň özlerine bolsa efgan (owgan) diýipdirler. Emma hindiler ol taýpa «Petan» diýýärler, ýöne beýle at berilmeginiň sebäbi mälim däldir. Emma pikir edişime görä, yslam soltanlarynyň döwründe ilkinji gezek Hindistana gelenlerinde, olaryň Petne şäherinde mekan tutandyklary üçin olara hindiler «Petan» diýendirler.

Ylym Alladandyr.

Şol döwürde Lahoryň rajasy bilen kehker kapyrlarynyň arasyndaky işler duşmançylyk bilen tamamlanandan soň, kehkerler ýakyn goňşudyklary

---

[1] Asyl nusgada: «Möwsümi beresat». Beresat – Hindistanda üznüksiz hem-de güýçli ýagyşlaryň ýagýan döwri.

[2] Nilap suwy – Sint derýasy.

[3] Efgan – ahy-nala; efganystan – ahy-nalanyň mekany, ahy-zaryň mesgeni.

sebäpli owganlar bilen birleşdiler. Onsoň raja owganlar bilen ýaraşyk baglaşyp, dawa-jenjel düşegini düýrledi we Lamganatdan birnäçe ýerleri olara berdi. Owganlylaryň arkasyndan şol sährada oturan halaç kowumyny hem olar bilen şärikdeş etdi. Ýöne olara serhetlere gözegçilik edip, yslam goşunlaryny Hindistana girizmezligi şert goýdy.

Owganlar Peşawer daglygynda bir gala galdyryp, ony Haýbar atlandyrdylar. Olar Ruh[1] welaýatyny eýeläp, Samanly patyşalarynyň döwründe olaryň Lahor welaýatyna azar ýetirmeklerine ýol bermediler. Şol sebäpli Samanlylaryň çozuşdyr talaňçylyklary başyndan ahyryna çenli diňe Sint we Bahatyýýa[2] taraplara bolupdyr.

Ruh daglyk ýerler bolup, esasan, uzynlygyna Bujuryň[3] töwereklerinden tä Bekre[4] degişli Siwi şäherçesine çenli, inine Hasan Abdaldan[5] tä Kabuldyr Gandahara çenli ýerlerde we şol daglygyň sebitlerinde ýerleşendir.

Gazna hökümetiniň hökümdarlyk nobaty Alptegine ýetende, onuň goşunbaşysy Söbüktegin köplenç

---

[1] Ruh – Kabulyň töwereklerinde ýerleşýän bir dagyň ady. Bu ýerde şol dagyň ýerleşýän welaýaty göz öňünde tutulýar.

[2] Bahatyýýa – asyl nusgada: «Bahatyna»; Hindistanda ýerleşen bir şäher bolup, ony Mahmyt Gaznaly basyp alypdyr. Onuň patyşasynyň ady Beçehradyr. Beçehra söweşde soltan Mahmytdan ýeňilýär. Bu patyşanyň ady şu kitapda «Bejira» görnüşinde gelýär.

[3] Bujur – Kabul bilen Hindistanyň arasynda ýerleşýän bir welaýatyň ady.

[4] Bekr – Kuhystanyň obalaryndan bir oba.

[5] Hasan Abdal – Hudabendeli obalarynyň bir obasy. Ol Eýranda Senendež şäherçesiniň Kurwa etrapçasynda ýerleşýär.

Lamgana we Multana çozuş geçirip, gyrnakdyr gulamlary ýesir alypdyr. Owganlar oňa garşy çykmakdan ejiz gelip, Penjabyň rajasy Çipala Söbüktegininiň basybalyşlary barada habar beripdirler. Hindistan leşgeriniň ýiti sowukdan ýaňa ol sebitlerde watan tutup bilmejekdigini bilensoň, bialaç Bahatyýanyň[1] rajasy bilen maslahat ed ýär. Soňra onuň sözi bilen owganlaryň arasynda at-abraýly bolan Şyh Hamydy öz ýanyna çagyryp, oňa emirlik derejesini bagyş edip, hormatlaýar. Ol Lamgan we Multan welaýatyny gorap saklamagy öz boýnuna alyp, bu agzalan ýerleriň her birinde öz adamlaryndan birini häkim belleýär. Şol seneden başlap, owganlar emirlige ýetip, dereje eýesi boldular.

Alptegin ölüp, Söbüktegin onuň ýerine geçmezden öň, Şyh Hamyt dawa-jenjeli maslahat görmän:

– Siz bilen biziň aramyzda yslamda şärikdigimiz üçin çäksiz tarapdarlyk bardyr. Siz jenabyň keremli ahlagyna bu taýpany hem özüniňki hasaplamak has mynasypdyr. Şonuň üçin ýeňiji esgerlerini iberip, Hint ülkelerini talaýan wagtynda, siziň haýryňyzy isleýän bu jemagata päsgel bermezseňiz diýip umyt edýän – diýip, Söbüktegine habar iberýär. Söbüktegin şol wagtyň ýagdaýyna görä, onuň haýyşyny kabul edýär. Çipaly ýeňenden soň hem onuň bilen oňşuk we dostluk ýoluny öňe tutup, Multan welaýatyny oňa degişli ýagdaýda goýýar. Emma soltan Mahmyt atasynyň

[1] Asyl nusgada: «Bahatyna».

tersine owgan kabylalaryny ýeňip, dargadyp, olaryň boýun towlaýanlaryny gyrýar we tabynlaryny jylawuna hemra edinip, nökerler hökmünde hyzmatyna alýar.

# BIRINJI MAKALA

# GAZNALY SOLTANLARY ADY BILEN MEŞHUR BOLAN LAHOR SOLTANLARY HAKYNDA

## *Emir Nasyreddin Söbükteginiň soltanlygynyň beýany*

Emir Nasyreddin Söbüktegin Nilap suwundan[1] geçmedik hem-de Penjap ülkesiniň häkimligine ýetmedik hem bolsa, käbir alymlar ony Lahor soltanlarynyň hatarynda getirýärler. Ynsany bilimlerden we kämilliklerden habarly kişileriň getirişlerine görä, Emir Söbüktegin bir türki gulam bolup, Alpteginiň guludyr. Alptegin Samanly döwletleriniň döwründe Horasanyň häkimligine bellenilip, ol welaýatda uly mertebedir çäksiz derejelere ýetýär. Abdylmälik[2] bu dünýäden ol dünýä

[1] Nilap suwy – Sint derýasy.

[2] Abdylmälik – Samanly patyşasy Abdylmälik I ibn Nuh ibn Nasr, lakamy Emir Reşit. Ol Yspyhanda Büweýh (Buýe) nesilşalygy bilen söweşip ýeňiş gazanýar hem-de Rükneddöwle Deýlemlini paç tölemäge mejbur edýär. Ol ahyrynda çöwgen oýnap ýörkä, atdan ýykylyp heläk bolýar (343-350-nji hijri-kamary; 954-964-nji milady).

göç edende, Buhara emirleri Alpteginiň ýanyna çapar iberip: «Samanly perzentlerinden hökümdarlyk tagtyna haýsy kişi mynasyp» diýip, onuň pikirini soraýarlar. Alptegin ilçä: «Mansur ibn Abdylmälik entek juwandyr we soltanlyga mynasyp däldir. Bu dereje onuň agasyna (kakasynyň doganyna) mynasypdyr» diýýär. Emma çapar gaýdyp gelmezinden öň, emirler biri-birleri bilen ylalaşyp, Mansury patyşalyk tagtynda oturtdylar. Mansur Alptegini Buhara çagyranda, ol Mansurdan howp edip, onuň huzuryna gelmedi, tersine 351-nji ýylda topalaň baýdagyny galgadyp, üç müň atly aýratyn gulamlary bilen Horasandan Gazna tarap ugrady hem-de ol welaýaty gylyç zarby bilen eýeläp, özbaşdaklyk baýdagyny parlatdy. Horasan ülkesiniň boşap galandygy baradaky habar Emir Mansura baryp ýetende, ol ülkäniň häkimligini Abulhasan Muhammet ibn Ybraýym Simjura bagyş etdi hem-de Alptegine garşy iki gezek goşun ugratdy. Her gezekde hem ýeňiş Alptegine ýar bolup, Mansuryň leşgeri ýeňlişe sezewar boldy.

Ahmedylla Müstewfiniň rowaýat etmegine görä, ol on bäş ýyllap döwletlilik we bagtyýarlyk bilen höküm sürüpdir. Şol wagtyň dowamynda onuň goşunbaşysy Söbüktegin hindiler bilen gazawat edip, ýeňişdir üstünlikler gazanypdyr. Alptegin 365-nji ýylda geçegçi jahandan göç edende, ogly Abu Yshak Söbüktegin

bilen bilelikde Buhara tarap ugraýar[1]. Emir Mansur Gaznanyň häkimligini Abu Yshaga bagyş edenden soň, mülk we ýurt işleriniň serenjamyny etmek Emir Söbükteginiň ygtyýaryna tabşyrylýar. Emma şondan köp wagt geçmänkä, Abu Yshagyň ömri paýawlap, dünýäden geçýär. Onsoň Gaznanyň han-begleri Emir Söbükteginiň alnyndaky beýiklik we ululyk alamatlaryny görüp, 367-nji ýylda ony özlerine häkim belleýärler hem-de oňa Alpteginiň gyzyny nikalap berýärler. Emir Söbüktegin adyllyk we adalatlylyk düşegini ýaýmakda tagalla baryny edip, zulumdyr sütem esasyny çagşadýar. Emirleri, beglerdir hanlary dürli-dürli hormatdyr mertebeler bilen ezizleýär.

Emma Jürjanynyň «Minhäç es-Suraç» atly kitabynda şeýle getirilýär:

«Nasr Hajy ady bilen meşhur bolan bir bezirgen Emir Söbüktegini Türküstandan getirip, Buharada Alptegine satýar. Alptegin onuň alnynda parasatlylyk we batyrgaýlyk alamatlaryny görüp, oňa hormat bilen garap başlaýar. Ahyrynda-da Gaznada oňa özüniň leşgeriniň emirler emiri derejesini bagyş edip, ony doly ygtyýarly wekil edýär. Söbüktegin Ýezdigert Şähriýaryň neslindendir. Ýezdigert Osmanyň döwründe Merw welaýatynda degirmende öldürilen wagtynda onuň nesilleri we nebereleri Türküstana düşýär. Türkler bilen garyşyp, iki-üç arkadan soň

[1] Bu ýerde Alpteginiň ogly Abu Yshagyň Samanly hökümdary Mansur ibn Abdylmälige boýun bolup, oňa tabyndygyny aňlatmak üçin Samanlylaryň paýtagty bolan Buhara ugrandygy aýdylýar.

türkileşýärler. Onuň gelip çykyşy şeýledir: Emir Söbüktegin ibn Jukan (Jowkan) ibn Garabeçkem ibn Gyzyl Arslan ibn Garanaman ibn Piruz ibn ajamyň patyşasy Ýezdigert».

Emir Söbüktegin häkimlik kürsüsinde ornaşandan soň, Toga[1] atly biri Bust galasyna häkim bolýar. Patur[2] atly bir kişi Toga garşy duşmanlyk guşagyny guşanyp, ony Bust galasyndan kowup çykarýar. Toga Emir Söbükteginiň dergähine penalanyp gelip: «Eger Emiriň ýardamy bilen ýene-de Bust galasyna eýe bolsam, hyzmatkärlik juluny egnime atyp, paç töläp, tutuş ömrüme tabynlyk ýolundan gyşarmaýyn» diýip, arz edýär. Emir Söbüktegin onuň haýyşyny kabul edip, Busta leşger çekýär. Patury ýeňip, Togany maksadyna gowşurýar. Emma ol eden wadalaryna geleňsizlik we biperwaýlyk edip, oňa ähmiýet bermeýär. Emir Söbüktegin onuň hereketlerindäki hiledir mekirlikleri görüp, bir gün aw sährasynda gazap bilen wada eden pajyny talap edýär. Toga gödeksi sözler bilen jogap berip, gylyjyň dessesine el urup, Emir Söbükteginiň

---

[1] Toga – bu at aslynda Togan bolup, manysy boýunça aw guşlarynyň biriniň adydyr. Nasyreddin Söbüktegin bilen urşandan soň, Nasyreddin ony we ýaranlaryny ýurtdan çykaryp kowýar. Bu barada «Taryhy Ýemini» atly kitapda şeýle maglumat berilýär: «Ilkäni ol biwepalaryň bozuklygyndan we hapalygyndan päklediler. Bir sagadyň dowamynda ol sebitler halas edildi. Togan bilen Baýtuz Kerman sebitlerine düşüp, şondan soň bu diýary hyýal düýşünde hem görüp bilmediler».

[2] Patur – bu ýerde säwlik gidipdir. Aslynda Baýtuz bolmaly. Baýtuz Gaznalylaryň başky döwürlerinde orta çykan emirleriň biri. Ol Söbükteginiň döwletiniň ilkibaşlarynda Bustuň häkimi Togany Bust galasyndan kowup çykarýar. Baýtuzlar neberesi şondan gözbaş alýandyr.

elini ýaralaýar. Emir Söbüktegin hut şol ýaraly eli bilen Toga gylyç urup, onuň işini bitirmek isleýär. Emma şol wagt iki serkerdäniň ýaranlary biri-birleri bilen garpyşyp, jeň-tozany asmana göterilýär. Toga pursat tapyp, Kermaja tarap gaçýar. Bust galasy bolsa, Emir Söbükteginiň ygtyýaryna geçýär. Ol diýarda Emir Söbükteginiň durmuş ygtyýaryna geçen iň uly bähbitleriň biri-de Abulfathyň[1] özüniň hyzmatyna gelmegidir. Onuň dürli sungatlarda, aýratyn hem ýazuw we inşa[2] sungatynda taýy ýokdy. Abulfath Paturyň kätibidi. Patur Bustdan çykarylandan soň, ol bir ýerde gizlenipdi. Emir Söbüktegin onuň ahwalyndan habar tapyp, höküm bilen ol şirin sözli danany öz huzuryna çagyrdy hem-de onuň mynasyp kamatyny dürli-dürli hormat-sylag halatlary bilen bezäp, hat-petek[3] diwanynyň başlygy etdi. Ol tä Soltan Mahmyt Gaznalynyň höküm süren döwrüniň başlaryna çenli şol

---

[1] Abulfath – Aly ibn Muhammet ibn Hüseýin ibn Ýusup ibn Abdyleziz Busty (Buharada ýa-da Uzkentde 400-401-nji ýyllarda aradan çykýar). Gaznawylar döwründe arapça we parsça nama ýazýan meşhur kätipleriň we şahyrlaryň biri. Ol IV hijri-kamary asyrynyň ahyrlarynda ýaşap geçýär. Ol ilki Bustuň emiri Baýtuzyň hyzmatynda onuň kätibi bolýar. Söbüktegin Baýtuzy ýeňenden soň, Söbükteginiň kätibi bolýar. Ol onuň ömrüniň ahyrynda hem-de Mahmyt Gaznalynyň soltanlyk eden ilkinji döwürlerinde baş kätip wezipesinde işleýär. Ahyrynda bir sebäp bilen soltan Mahmyt oňa gaharlanýar. Abulfath Busty türk diýaryna gidip, şol aýraçylykda ýok bolup gidýär. Awfy: «Meniň hut özüm onuň parsça we arapça iki diwanyny gözüm bilen gördüm» diýip ýazýar.

[2] Inşa – çeper we öwrümli jümleler ýazmak; çeper ýazuw.

[3] Petek – gadym türkmen sözi bolup, hat, ýazuw, ýazgy, kitap diýen manylary aňladýan «bitik» sözüniň üýtgän görnüşidir.

wezipäni ýerine ýetirdi. Şondan soň ondan ynjap, Türküstana gitdi.

Emir Nasyreddin Söbüktegin Bust tarapdan arkaýyn bolandan soň, ýöriş uýanyny Kusdara[1] garşy öwürdi. Garaşylmadyk pursatda ol ýere ýetip, onuň häkimini ele salyp, özüniň nökerleriniň düzümine goşdy.

Şeýlelikde Kusdar hem onuň mülküne öwrüldi. Bu ýeňişden soň Hindistan kapyrlaryna garşy gazawat etmegi ýüregine düwüp, 367-nji hijri-kamary ýylynyň ahyrlarynda Hint diýaryna ýüz öwürdi. Hindistanyň birnäçe galasyny eýeläp, şol ýerlerde metjitler bina etdi. Talaňçylyk we çapawullyk bilen örän köp oljalar ele salyp, ýeňiş we üstünlik bilen ýene-de Gazna dolandy.

Şol wagtlar Sirhintden tä Lamgana çenli we Keşmirden tä Multana çenli bolan Lahor welaýaty brahmanlardan bolan Çipal ibn Iştipalyň elindedi. Ol şol döwürde yslam häkimleriniň hüjümlerini dep etmek üçin Tehente[2] galasynda bolýardy. Ol yslam söweşijileriniň öz ülkesine el uzadýandyklaryny görende, örän howsala düşüp we ynjalyksyzlanyp, ol işiň çäresini tapmaga girişdi. Leşgerlerini jemläp, dag sypat piller bilen yslam ülkesine ugrady. Emir Nasyreddin Söbüktegin hem leşgerini jemläp, Gaznadan hereket

---

[1] Kusdar (Kuzdar) – Sistanyň, Mekranyň we Bustuň aralyklarynda ýerleşen bir gadymy şäher. Ýakut Hamawynyň sözlerine görä, ol Bustdan segsen parsah aradaşlykda bolupdyr. Bu şäher Gaznanyň sebitlerinden diýlip hem hasaplanýar. Utby «Taryhy Ýeminide» ony Sint sebitlerinden diýip belleýär.

[2] Asyl nusgada şeýle. Ähtimal «Tehte» galasydyr.

edip, onuň garşysyna çykdy. Iki serdar serhetde, ýagny Multan welaýatynyň soňky çäginde biri-biri bilen sataşdylar. Birnäçe günläp, üznüksiz söweşdiler. Şol söweşlerde Soltan Mahmyt hem kakasynyň ýanyndady. Ol entek juwandygyna ýetginjekdigine garamazdan, şeýle bir batyrlyk we merdanalyk görkezdi welin, garry pelegiň gözi ony görmekden ýaňa gamaşypdy.

Garpyşyk birnäçe gün dowam etdi. Emma ýeňiji bilen ýeňliji belli bolmady. Şonda Soltan Mahmyda: «Çipalyň leşgergähiniň golaýynda bir suwly çeşme bar. Heran-haçan oňa biraz mukdar nejasat we hapa zat düşse, güýçli ýel, ýyldyrym, gök gümmürdisi we gazaply aýaz peýda bolýar» diýip, habar ýetirýärler. Soltan Mahmydyň buýrugy bilen şol çeşmä az-kem hapa zatlar oklaýarlar. Çeşmäniň şol häsiýeti şonda doly suratda amala aşypdyr. Şobada bulut peýda bolup, ýyldyrym çakyp, gök gümmürdäpdir. Röwşen gündizlik edil tüm garaňky gije ýaly bolupdyr. Howa şeýle bir derejede sowapdyr welin, atdyr beýleki haýwanlaryň köpüsi heläk bolupdyr. Hindileriň damarlaryndaky ganlary doňup, hereket etmäge ýagdaýlary galmandyr. Ählisi ahy-nala etmäge başlapdyrlar. Beýle ýagdaýy gören Çipal Emir Nasyreddin Söbükteginiň ýanyna ilçi iberip, sowgatdyr paç bermäge boýun bolýar hem-de: «Eger Emir ýaraşyk baglaşsa, onuň hökümdir permanyny öz mülkümde ýörgünli edeýin. Emiriň huzuryna birnäçe dag sypat pil we başga-da birtopar sowgatlar ibereýin» diýip, habar iberýär. Emir

Nasyreddin Söbüktegin kämil sahawatlylygyndan ýaňa derrew Çipalyň haýyşyny kabul etmek isleýär. Emma perzendi Soltan Mahmyt ony kabul etmekden boýun towlaýar. Şol sebäpli-de ýaraşyk baglaşmak yza çekdirilýär. Onsoň Çipal Soltan Mahmydyň gaşyna bir dana ilçi iberip: «Hindileriň hususan hem rajputlaryň nadanlyklary we yňdarmalyklary siziň nurly kalbyňyza mälim däldir. Olaryň nadandygy we yňdarmalygy şeýle bir derejede welin, gazaply we howply pursatlarda ilki özlerinde bar bolan ähli zady, baý-lyklaryny we nepis zatlarynyň baryny özleriniň sygynýan hem-de ahyret derejelerine ösüp geçmegiň sebäbi hasaplaýan otlaryna oklap ýakýarlar. Şondan soňra ýene-de seredip görýärler, eger halas we azat bolmak ýoly büs-bütin ýapyk bolsa, öz ýörelge we kadalaryna amal edip, kenizlerini we dürlerini oda oklaýarlar. Soňra özlerinde dünýe malyndan hiç bir zat galmandyklaryny görenden soň, biri-birleri bilen hoşlaşyp, tä ählisi gyrylýança duşman bilen şeýle bir derejede gazaply jeň edýärler welin, olardan külden başga hiç zat galmaýar. Häzir bolsa, iş şeýle bir derejä baryp ýetdi welin, indi biz mejbury ýagdaýda öz düzgündir ýörelgämize amal etmeli bolarys. Eger bäh-bit şunda bolsa, erk-ygtyýar özündedir, bolmasa-da, ýaraşyk baglaşyp, biziň çäksiz minnetdarlygymyza mynasyp bolsun» diýip, habar berýär. Soltan Mahmytda hindileriň bu sözleriniň dogrudygyna hiç bir şek-şübhe galmansoň, ýaraşyk baglaşmaga razy bolýar hem-de: «Çipal müň-müň (million) dirhem

hem-de elli sany pil tabşyrmaly» diýlip, haýyş kabul edilýär. Onsoň Çipal özüniň esasy kişilerinden birini girewine goýup, musulmanlardan bir toparyny mal we pil tabşyrmak üçin ýany bilen alyp gidýär. Emma Lahora ýetenden soň, ähdini bozýar hem-de Emir Nasyreddin Söbükteginiň iberen kişilerini tussag edip: «Tä Emir girewine alyp galan meniň adamlarymy goýberýänçä, men bulary goýbermerin» diýýär.

Aýdyşlaryna görä, ol döwürde hindilerde kada şeýle bolupdyr, ýagny rajalaryň (patyşalaryň) mejlisi wagtynda brahman danalarynyň bir topary olaryň sag tarapynda, kiçi derejeliler bolsa çep tarapynda oturypdyrlar. Heran-haçan bir möhüm iş ýüze çykanda, olar rajalara maslahat beripdirler. Olar Çipalyň şunuň ýaly nälaýyk iş etmek isleýändigini görenlerinde üýşüp, rajanyň huzurynda: «Öňden görüjilik we soňuny oýlamaklyk ýörelgesine laýyklykda, seniň bu ähdi bozmaklygyň şumlugyndan ýaňa gürrüňsiz betbagtlyk bu diýara atyny çapdyryp geler we biziň ömrümizi kül eder. Sen gowusy uly-kiçimiziň ýüregimize ölçegsiz howp salan bu türkmen bilen söweşmän, kabul edilen zatlary iberip, halky hem-de özüňi aman-esenlik sallançagynda hüwdüle» diýip, arz edýärdiler. Emma betbagtçylyk möhleti gelip ýeten Çipal bu maslahaty kabul etmeýär.

Emir Nasyreddin Söbüktegin bu ýagdaýdan habarly bolan badyna ar almak maksady bilen joşan we daşan derýa kimin möwç urup, agyr leşger bilen Hindistana tarap ugraýar. Çipal hem beýleki rajalardan kömek

sorap, agyr leşger jemlemek bilen ony garşylaýar. Aýdyşlaryna görä, şol ýyl ähli rajalar oňa medet bermegi özleriniň diri galmaklarynyň özeni hasaplap, oňa leşgerdir zer ibermekde hiç hili kemlik etmändirler. Hususan hem, Deliniň, Ejmiriň, Kälenjeriň we Kunnujyň rajalary özüniň saýlantgy leşgerini köp hazynalar bilen Penjaba ugradypdyrlar.

Gepiň keltesi, Çipal ýüz müň atlynyň we sansajaksyz pyýada leşgeriň özüniň baýdagynyň astynda jemlenendigini görende gaýduwsyzlanyp, yslam leşgerine garşy ýola rowana bolýar. Iki goşun biribirlerine ýakynlaşanlarynda, Emir Nasyreddin Söbüktegin Çipalyň leşgeriniň sanyny we ýagdaýyny takyklamak üçin bir dagyň üstüne çykyp, duşman leşgerini synlaýar. Görse, duşman leşgeri uç-gyraksyz deňiz ýaly soňsuz, garynjadyr çekirtge ýaly sansyz hem köp eken. Emma ol özüni goýunlaryň köplüginden çekinmeýän bir gassap we durnalaryň hataryndan eýmenmeýän bir şuňkar hökmünde saýyp, leşgeriň serkerdelerini ýanyna çagyrýar hem-de olaryň hersiniň özüne laýyklykda göwnüni awlaýar. Jyhat hem jeň etmäge çagyryp we ündäp: «Maslahat şeýle, nobat boýunça bäş ýüz sany söweşjeň esger söweşe ugrar. Olar ýadanlarynda, dynçlaryny alyp duran beýleki bir bäş ýüz esger duşmanyň garşysyna çykar» diýip, görkezme berýär.

Gepiň gysgasy, yslam goşuny ýokarda aýdylan ýörelgä laýyklykda jeň edip, ýagdaýy şeýle bir derejä ýetirýärler welin, sanlarynyň ummasyzdygyna

garamazdan, kapyr goşunynda ejizlik alamatlary peýda bolup ugraýar. Şol pursatda hem yslam goragçylary agzybirlik bilen toplanyşyp hüjüm edip, sansyz kapyrlary gyrýarlar. Duşmanyň gylyçdan sypanlary gaçmaga ýüz urýar. Musulmanlar olary tä Nilap derýasynyň kenaryna çenli kowalap, gyrmakda we öldürmekde kemini-kösüni goýman, örän köp oljalar alýarlar. Şeýlelikde, Lamgan we Peşawer welaýaty, tä Nilabyň kenaryna çenli ýerler musulmanlaryň eýeçiligine geçýär. Ol welaýatlarda yslam şygarlary rowaç tapyp, Emir Söbükteginiň tanymal adyna hutba okap, zikge kakýarlar. Bu ýeňişden soň Emir Nasyreddin Söbüktegin özüniň emirleriniň birini iki müň atly bilen Peşawerde goýup, ol sebitleriň çarwa ýaşaýjylary bolan owgan we halaç kowumyna öz leşgeriniň içinden orun berip, özi Gazna ugraýar.

Şol döwürlerde Emir Nuh Samanly Abu Nasr Parsyny Emir Nasyreddin Söbükteginiň ýanyna iberip, Faýygyň gabahat işlerini oňa duýdurmagy we kömek soramagy tabşyrýar. Emir Nasyreddin Söbüktegin Samanly neberesiniň bulam-bujarlygyndan habar tapanda, onuň ar-namys damary herekete gelip, çaltlyk bilen Mawerannahra tarap ugraýar.

Emir Nuh Sarahs welaýatynda onuň öňünden çykyp, ony garşylapdyr. Emir Nasyreddin Söbüktegin oňa duşmazyndan öň: «Meni garrap gojalandygym sebäpli, atdan düşmeklik we üzeňňini öpmeklik dessuryndan boşatsynlar» diýip, haýyş etdi. Emir Nuh onuň haýyşyny kabul etdi. Emma Emir Nasyreddin

Söbükteginiň gözi Emir Nuhuň ýüzüne düşende, onuň patyşalyk haýbaty onuň ygtyýar uýanyny şeýle bir derejede elinden kakyp aldy welin, ol biygtyýar atyndan düşüp, onuň üzeňňisinden ogşady. Emir Nuh hem ony uly hormatdyr sarpa bilen gujaklady. Ol iki bagtyýaryň duşuşygyndan soň köňüllere rahatlyk ýetip, uly-kiçiniň kalbynda şatlyk gülleri açyldy. Aralarynda şeýle bir gyzgyn söhbet boldy welin, hiç bir zamanda onuň ýaly söhbet bolmandy.

Gepiň keltesi, söhbetdeşlikden we iýlip-içilenden soň, ýurt işlerini düzgünleşdirmek hem-de ýerliksiz wagt peýda bolan garşydaşlary dep etmek barada maslahatlaşylyp: «Emir Nasyreddin Söbüktegin Gazna gidip, goşuna ýardam bermekde we üpjün etmekde tagalla we yhlas etmeli» diýlen karara gelindi.

Emir Nuh Emir Nasyreddin Söbüktegini, onuň perzentlerini we ýaranlaryny patyşalara laýyk gymmatbaha halatlar, şalara laýyk hezzet-hormatlar edip, dolanmaga rugsat berdi. Özi bolsa Buhara dolanyp, leşger düzmäge girişdi.

Faýyk Emir Abu Aly Simjurynyň ýanynda penalanypdy. Abu Aly Simjury emir Nuh bilen emir Nasyreddiniň gelen karary barada habarly bolanda, haýranlyk tüssesi onuň gözüni gapyp, aňyny bulaşdyrdy. Onsoň ol özüniň saýlantgy geňeşdarlary bilen bu babatda: «Eger bir hadysa ýüze çykaýsa, haýsy welaýata gitmeli, haýsy güýçli kişä panalanmaly» diýip, maslahat etdi. Ahyry: «Fahreddöwle Deýlemli bilen dostluk-doganlyk ýoluny

açyp, onuň dostlugyny mäkäm ýapyşalga hasaplamaly» diýen netijä geldiler. Onsoň Abu Aly Simjury Japar Zülkarneýni Jürjana ilçi edip belläp, ony Horasanyň we Türküstanyň Fahreddöwle Deýlemlä we onuň weziri Sahyp Ybada ýarajak nepis zatlaryndan mümkin bolan zatlar bilen Jürjana iberdi hem-de olar bilen dostluk we doganlyk esasyny berkitdi. Olaryň arasynda baryş-geliş gapylary giňden açyldy.

Şol wagtda Emir Nasyreddin Söbüktegin Balha gelip ýetdi. Emir Nuh Samanly Buharadan hereket edip, oňa birleşdi. Faýyk bilen Emir Abu Aly Simjury olaryň hereketinden habar tapanlarynda, agyr leşger hem-de Fahreddöwle Deýlemli tarapyndan iki müň atly bilen ýardama gelen Dara ibn Şemsulmagaly we Kabus ibn Wuşmagir bilen bilelikde söweşe taýýar bolup, Hyratdan daşary çykdylar. Emir Nasyreddin Söbüktegin bir uly sährany saýlap, sag we çep ganatlary düzetdi. Özi bolsa perzendi Soltan Mahmyt we Emir Nuh Samanly bilen bilelikde merkezde durdy. Iki goşun biri-birine ýetende, Abu Aly Simjurynyň sag we çep ganaty Emir Nuh Samanlynyň sag we çep ganatyndan üstün gelip, olary yza serpikdirdi. Işiň elden gitmegine sähelçe galypdy. Birden Dara ibn Kabus Emir Abu Aly Simjurynyň leşgeriniň merkezinden çykyp hüjüme geçdi hem-de iki toparyň ortasyna ýetende başyny aşak egip, Emir Nuh Samanlynyň hyzmatyna geldi. Soňra ondan rugsat alyp, Horasan goşunyna garşy ugrady. Emir Nuh Samanla garşy baş göteren emirler we ähli esgerler:

«Daranyň bize biwepalyk etmegi köp sanly kişileriň ylalaşygy bolmazdan mümkin däldir» diýen pikir bilen ikigöwünli bolup, haýran bolup durdular. Emir Nasyreddin Söbüktegin garşydaşlarynyň hataryndaky gowşaklyk we bulaşyklyk alamatlaryny görüp, gaýduwsyz batyrlaryň bir topary bilen hüjüme geçdi. Olar bu haýbatly hüjümden howsala düşüp, gaçyp ugradylar. Soltan Mahmyt gaçýanlary kowalap, bir toparyny gyryp, köpüsini ýesir aldy. Özüniň nygmat berijisine garşy duşmanlyk we söweş baýdagyny parladan ol bidöwletler özlerinden şeýle bir köp olja, ýarag we baýlyk galdyryp gaçdylar welin, eger olar şolaryň ondan biriniň ondan birini özleriniň ar-namyslarynyň galkany edenlerindedi, döwrüň betbagtçylygyndan aman galardylar.

Faýyk bilen Emir Abu Aly Simjury Nişapura gaçyp gitdiler. Emir Nuh Samanly Emir Nasyreddin Söbüktegini «Nasyreddin» lakamyny bermek bilen götergiläp, adyny arşa çykardy. Onuň ogly Soltan Mahmydy «Seýfeddöwle» lakamy bilen mübärekledi hem-de Abu Aly Simjura tabşyrylan emirler emiri derejesini hem Seýfeddöwlä tabşyrdy. Soňra özi myradyna ýetip, hökmürowanlyk bilen Buhara tarap ugrady.

Emir Nasyreddin Söbüktegin bilen Seýfeddöwle Soltan Mahmyt belent dabara bilen Nişapura tarap ugranda, Faýyk bilen Emir Abu Aly Simjury howsala düşüp, Jürjana tarap gaçdylar we Fahreddöwle Deýlemlä penalandylar.

Emir Nasyreddin Söbüktegin Gazna gaýdyp, Seýfeddöwle Soltan Mahmydyň bir özi Nişapurda galanda, Emir Abu Aly Simjury bilen Faýyk pursaty ganymat bilip, Nişapura ugradylar. Olar Emir Nuh Samanly bilen Emir Nasyreddin Söbükteginden kömek gelip ýetmezinden öň, Seýfeddöwle Soltan Mahmyt bilen gazaply söweşler edip, ondan üstün çykdylar. Baýlyklary we esbap-serişdeleri tutuşlygyna basyp aldylar. Emir Nasyreddin Söbüktegin bu aýylganç habary eşiden badyna söweşe we jeňe taýyn leşgerini jemläp, Nişapura ugrady. Tus sebitlerinde Emir Abu Aly bilen Faýyga sataşyp, söweşe girişdi. Söweş şuglasy ýanyp başlan wagtynda Emir Abu Aly Simjurynyň leşgeriniň yzyndan bir çaň peýda boldy. Çaňgubar sowulşandan soň, Seýfeddöwle Soltan Mahmyt sap bozujy merdanlaryň uly topary bilen göze ildi. Emir Abu Aly leşgeriniň iki ganatyny hem merkez bilen sepleşdirip, Faýyk bilen bilelikde Emir Nasyreddin Söbükteginiň merkezine hüjüm etmekden başga çäre tapmady. Emir Nasyreddin Söbüktegin aýagyny mäkäm diräp, ol hüjümi yzyna serpikdirdi. Şol pursatda Seýfeddöwle Soltan Mahmyt gelip ýetip, edil gahar-gazaply şir kimin duşmanlaryň üstüne çozup, olary derbi-dagyn etdi. Emir Abu Aly Simjury bilen Faýyk janlaryny sag-salamat gutaryp, Kelat galasyna baryp ýetdiler. Bu ýeňişden soň Emir Nasyreddin Söbüktegin göwün islegine laýyklykda, hökümdarlyk kürsüsinde mäkäm ornaşdy. Ahyrynda ömri elli alty ýaşa ýetende, 387-nji ýylyň Meret aýynda

Balh sebitlerinde Termiz diýen ýerde bedenleri weýran ediji perişde onuň üstüne goşa aty bilen çapawullyk etdi. Onuň jesedini tagtyrowana (kejebä) ýükläp, Gazna getirdiler. Ol ýigrimi ýyllap hökümdarlyk etdi. Ondan soň onuň perzentlerinden on dört kişi nobatma-nobat soltanlyk jylawuny ellerinde saklap, Lahory we şol sebitleri eýeçiliginde sakladylar.

Emir Nasyreddin Söbükteginiň weziri Abulapbas Fazl ibn Ahmet Esferaýynydy. Ol ýurt işlerini gysymyna gysmakda, goşundyr raýatyň möhüm işleriniň serenjamyny düzmekde taýsyzdy.

«Jamygul hekaýatda» şeýle getirilýär:

Ilkibaşlarda Emir Nasyreddin Söbüktegin Nişapurda Alpteginiň hyzmatynda bolýarka, onuň bir atdan başga hiç zady ýokdy. Tutuş günläp, sähra gidýärdi we aw awlaýardy. Bir gün sährada aýlanyp ýörkä, birden owlajygy bilen otlap ýören bir keýige gözi ilýär. At çapdyryp, keýigiň owlajygyny tutýar hem-de onuň aýaklaryny daňyp, keseligine eýeriň öňüne alýar-da, şähere tarap ugraýar. Birazrak ýol geçenden soň, yzyna ser salýar. Görse, ene keýik yzyndan gelýär hem-de howsala düşüp sandyraýar. Emir Nasyreddin Söbükteginiň oňa ýüregi awap, rehimi inip, keýigiň owlagyny boşadyp goýberýär. Keýik owlagynyň boşadylmagyndan hoşwagt bolup, sähra tarap ýüzlenýär. Gidip barşyna ol käte-käte yzyna bakyp, Emir Nasyreddin Söbüktegine seredýärdi. Şeýdip, keýik we onuň owlajygy ömrüniň ahyryna çenli şadyýanlykda ýaşady.

Gepiň gysgasy, şol agşam Emir Nasyreddin Söbüktegin hezreti penakär pygamberi düýşünde gördi. Ol düýşünde oňa: «Eý, Emir Nasyreddin Söbüktegin! Bir ejiz we haly perişan janawere eden mähribanlygyň we merhemetiň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolup, Perwerdigärlik diwanynda seniň adyňa soltanlyk permany ýazyldy. Sen tutuş halaýyk babatda hem hut şu ýörelgäni tutmalysyň. Hiç bir ýagdaýda hem mähremligi elden bermeli dälsiň. Çünki bagtyýarlygyň sermaýasy (özeni) hut şondadyr» diýip aýdýar.

«Maasyryl muluk» kitabynda şeýle getirilýär:

Soltan Mahmyt Gazy juwanlyk döwründe, heniz atasynyň merhemet we enaýat saýasy astynda aýşy-eşret we hökmürowanlyk bilen ömür sürýärkä, Gaznada jennet görnüşli bir bossanlygyň we örän bezegli bir ymaratyň gurluşygyna girişýär. Ahyry ol göwün açyjy bossanlyk we göwün göteriji bina tamamlanandan soň, uly bir toý tutup, beýik mertebeli atasyny hem-de tanymal döwlet sütünlerini şol baga çagyrýar. Şonda Emir Nasyreddin Söbüktegin:

– Eý, perzent! Bu bag bilen bu ymarat örän ajaýyp we göwne ýaramly bolupdyr. Emma bu nesilşalygyň her bir hyzmatkäri hem şunuň ýaly bir bagy gurup biler. Soltanlaryň ahwalyna laýyk zat şudur: soltanlar özgeleriň bina etmekden ejiz geljek ymaratyny ýa-da dynç alyş bagyny gurmalydyr – diýdi.

Mahmyt hyzmat topragyny öpüp, tagzym edip:

– Ol nähili zat? – diýip sorady.

Emir Nasyreddin Söbüktegin:

– Danalaryň we bilimdarlaryň göwünlerini ymarat edip, olaryň kalplarynda haýyr-yhsan nahalyny ekgin, şeýdibem baky bagtyýarlyk miwesini ýygyp hem-de özüňiň ýagşy adyňy tä kyýamata çenli durmuş sahypasynyň ýüzüne zer bilen ýazyp galdyrgyl – diýdi.

Nyzamy Aruzy Samarkandy şeýle ýazýar:

Mahmydyň bina eden belent-belent köşkleri,
Belentliginden ýaňa atdy asmana haýbat.
Häzir olaň baryndan galmady birje kerpiç,
Unsurynyň binasy baky galdy, atma-at.

«Ýemininiň terjimesinde» şeýle ýazylypdyr:

Emir Nasyreddin Söbüktegin ölüm hassalygyndan birnäçe gün öň söhbetdeşlik wagtynda Şyh Abulfath Busta:

– Biz inen keselleri we ýokaşan dertleri bejermekde edil goýunlar ýalydyrys. Çünki eýesi ilkinji nobatda onuň ýüňüni gyrkmak üçin ýere ýykyp, aýaklaryny mäkäm daňýar. Goýun janawer şonda endik edilmedik ýagdaýy we öwrenişmedik ahwalyny görüp, özünden umydyny üzüp, köňlüni ölüme baglaýar. Ahyry ol adam öz işini dynyp, goýny boşadyp goýberende, goýun janawer aramlyk tapyp şatlanýar. Ikinji gezek hem eýesiniň eline düşende, onuň ahwaly gorkydyr umydyň arasynda bolýar. Ýene-de halas bolandan soň bu ýagdaý bilen öwrenişýär hem-de ony bolmaly ýagdaý hökmünde kabul edýär. Üçünji nobatda, gassap

ony soýmak maksady bilen ýere ýykanda, asla gorky we howp etmän, öňküleri ýaly boljagyna ynanýar. Şeýdibem bihabarlykda onuň bokurdagy gahar tygy bilen kesilýär we şirin jany ýokluk ýeline sowrulýar. Biz hem dürli keselleriň, betbagtlyklaryň we dertleriň öňünde ýaşaýyş umydy bilen aldanýarys we şatlanýarys. Ölümden gapyl galyp, ömür sürýäris, ýaşaýarys. Birdenem kaza kemendi boýnumyza düşüp, ajal bendi mäkämleşýär – diýipdir.

Aýdyşlaryna görä, onuň şu aýdan tymsaly bilen onuň ölüminiň arasy dört günden artyk bolmandyr.

### *Emir Ysmaýyl ibn emir Nasyreddin Söbükteginiň beýany*

Emir Nasyreddin Söbüktegin ahyret saparyna azm edende, Seýfeddöwle Soltan Mahmyt Nişapurdady. Şonuň üçin onuň kiçi inisi Emir Ysmaýyl atasynyň wesýeti esasynda yslamyň gupbasy Balhda soltanlyk tagtyna çykdy. Kalplary özüne çekmek we göwünleri awlamak babatda köp tagallalar edip, atasynyň hazynalarynyň gapylaryny giňden açdy. Esgerlere köp zer bagyşlap, göwünlerini awlamakda hiç bir zadyň kemini-kössüni goýmady. Emma oňa garamazdan, ynsapsyz emirler hem-de goşunlar şol öňküsi deýin, tamakinçilik boýunlaryny uzadyp, ýerliksiz talaplar edýärdiler. Seýfeddöwle Soltan Mahmyt Nişapurda bu habarlary eşiden badyna, Emir Ysmaýyla ýasnama ýazyp, Abulhasan Hamawy bilen doganynyň gaşyna

iberdi hem-de: «Biziň puşdy-penahymyz bolan Emir Nasyreddin Söbüktegin bu dünýäden göç edenden soň, maňa bu dünýäde senden gadyrly hiç kim ýok. Sen meniň görejim derejesindesiň. Sen her näme arzuw edýän bolsaň, gaýgyrmam bolmaz. Emma uly ýaşyň, döwrüň tejribesinden we soltanlyk işleriniň inçeliklerinden habarly bolmaklygyň, mülküň berk bolmagyna hem-de döwletiň dowam etmegine örän uly täsiri bardyr. Eger şu sypatlar seniň durkuňda bar bolanlygyndady, men seniň soltanlygyňa hemmeden beter razy bolardym. Bilgin, atam aranyň uzaklygy we ol ýerleriň goragly galmagy üçin seni mirasdüşer belläpdi. Häzir maslahat şeýle, ynsap we akyl ýüzünden aň etgin hem-de hakykaty ýalňyşlykdan seljergin. Atamyzdan galan zatlaryň baryny şerigata laýyklykda bölgün. Bagtyýarlyk güneşiniň gündogary we döwlet öýjügininiň dörän ýeri bolan Gaznany maňa ber. Men Balh welaýatyny garşydaşlardan we bulam-bujarlyklardan arassalap, tutuş Horasan welaýatyny saňa bagyş ederin» diýip, habar gönderdi. Emir Ysmaýyl bu mährem sözleri aň gulagy bilen diňlemän, aýagyny mäkäm diräp, oňa garşy çykdy. Seýfeddöwle Mahmyt «Iň soňky em ot basmakdyr» diýlişi ýaly, doganyny ýok etmekden gaýry çäre görmedi. Onsoň agasy (kakasynyň dogany) Mugyzzylhaky we öz dogany Nasyreddin ibn Emir Nasyreddin Söbüktegini özi bilen birleşdirip, Nişapurdan Gazna tarap ýöriş baýdagyny parlatdy. Emir Ysmaýyl hem Balhdan çykyp, şol tarapa ugrady. Iki leşger biri-birlerine gelip

ýetdiler. Seýfeddöwle Mahmyt Emir Ysmaýyl gapma-garşylykly ýagdaýdan ýüz öwrüp, ylalaşyk gapylaryny giňden açar ýaly yhlas bilen köp tagallalar etdi. Emma hiç hili nepi degmedi. Bialaç leşgere buýruk berip, saplar düzetdi. Emir Ysmaýyl hem özüniň ýaranlary bilen gelip, öz goşunynyň ganatlaryny we merkezini dag ýaly piller bilen berkitdi. Şondan soň iki topar gylyçlaryny gynlaryndan sogrup, şeýle bir gyrgynçylyk edip, «yhlas» görkezdiler welin, demir ýürekli gylyçlar söweş mertleriniň ahy-nalasyndan ýaňa gan-ýaş dökdi. Ahyrynda merkezde orun tutan Seýfeddöwle Mahmydyň gazaply hüjüminden Ysmaýylyň leşgeriniň sütünleri sandyrap, gaçmaga ýüz urdy. Emir Ysmaýyl baryp, Gazna şäherinde ornaşdy we gabaldy. Seýfeddöwle Mahmyt ony ähdi-peýmanlar bilen galadan çykaryp, ondan hazynalaryň açarlaryny aldy. Soňra iş ýüzünde emeldarlar we ynamdar kişiler belläp, özi Balha ugrady. Birnäçe gün geçipdi. Emir Ysmaýyl hem doganynyň ýanynda gezip ýördi. Seýfeddöwle Mahmyt bir gün şatlyk mejlisleriniň birinde açyk göwünlilik bilen ondan:

– Eger täleý saňa ýar bolup, meni seniň eliňe düşüren bolsady, sen men barada neneňsi alada ederdiň? – diýip sorady. Ol:

– Kalbymda şeýle karara gelipdim. Eger senden üstünlik gazanan bolsamdym, seni galalaryň birinde tussag edip, rahatlyk we aýşy-eşret esbaplaryny häzirläp bererdim – diýip jogap berdi. Seýfeddöwle Mahmyt doganynyň kalbyndaky syrlaryndan habarly

bolandan soň, ol mejlisde gaýdyp demini çykarmady. Emma birnäçe günden soň, ony Jürjan galalarynyň birinde tussag edip, rahatlyk serişdelerinden gerek zatlarynyň baryny tertipläp berdi. Emir Ysmaýylyň ömür pursaty özüniň içki pikirine laýyklykda şol ýerde paýawlady. «Ýakma bişersiň, gazma düşersiň»[1].

## *Eminilmille, Ýemineddöwle soltan Mahmyt Gaznalynyň döwleti döwründäki wakalaryň beýany*

Tebigy we ruhy bilimleriň eýeleri mübärek ýazgyly galamlar bilen kitaplarynyň sahypalarynda şeýle beýan edipdirler:

Soltan Mahmyt Gaznaly dini we dünýewi bagtyýarlyklar bilen bezelen bir patyşa bolupdyr. Onuň adalat we älem eýeleýjilik owazy hem-de batyrgaýlyk we ýurt tutujylyk ýaňy asman ýyldyzlaryna baryp ýetipdir. Gazawat işlerinde mübärek tagallalar etmek bilen yslam baýdaklaryny asmanda parladyp, zulum eýeleriniň esaslaryny dargadypdyr. Pälwanlyk we batyrgaýlyk meýdanyndan geçende, edil güýçli sil deýin, oý-beýikden alada etmändir. Soltanlyk we hökmürowanlyk tagtynda oturan wagtynda edil kuýaşyň şöhlesi ýaly, onuň adalat nurlary hemme ýere baryp ýetipdir.

### Nazm

[1] Asyl nusgada: «Kim dogany üçin çukur gazsa, oňa onuň özi düşer».

Hem kalby aňlydy hem güýçli eli,
Şu ikisi bolsa tagta çykmaly.

Emma käbir kitaplarda şeýle maglumatlar hem göze ilýär: ol belent mertebeli patyşa şu öwgüli sypatlaryna garamazdan, baýlyk ýygnamak we toplamak babatda iki sany nälaýyk ýörelgede, ýagny açgözlükde we husytlykda yhlas görkezipdir.

**Nazm**

Sahawat ylmyndan tapmady hormat
Düri berk saklady misli bir sadap.
Hazynasy köpdi göwherden doly,
Emma bir müflis hem görmedi hiç nep.

Şu kitabyň ýazary Muhammet Kasym Perişde bu barada şeýle diýýär: ol belent mertebeli soltana şular ýaly häsiýetiň ýöňkelmegi şol döwrüň belli kişileriniň bahyllygy we ynsapsyzlyklary sebäplidir. Hawa, ol altyn-zeri gowy görüp jemläpdir, emma olary ülkeleri eýelemeklige sarp edipdir.

Abu Nasr Müşkäniniň «Makamat» atly kitaby, şeýle-de Abulfazl Beýhakynyň köp jiltli kitaplary bu söze şaýatdyr, subutnamadyr. Çünki şeýle bir köp mukdardaky alymlar, danalar, şahyrlar we goşunlar onuň dergähinde jemlenip, soltanyň yhsan saçagyndan haýyrlanypdyrlar welin, beýle ýagdaý örän az patyşa

nesip edendir ýa-da nesip etjekdir. Danalar we akyldarlar bilýändir, beýle ýagdaý dirhem we dinar bagyş edilmezden miýesser bolmaz. Ol atly-abraýly adamlary gowy görüpdir, olara engamdyr serpaýlar beripdir. Kesgitlenen aýlyk haklaryndan daşary hem her ýyl dört ýüz müň dirhem bagyşlapdyr. Dürli-dürli mähremlikler we mähribanlyklar bilen ezizläpdir. Hawa, ýöne iki sany waka ol patyşanyň älemde husyt ady bilen meşhur bolmagyna sebäp bolupdyr. Olaryň biri Firdöwsi bilen baglanyşykly kyssadyr, ikinjisine bolsa, ömrüniň ahyrynda raýatlardan we gurplulardan alan altyn-kümşi sebäp bolupdyr.

Aýdyşlaryna görä, soltan daşky görk-görmekden boş bolupdyr. Günlerde bir gün aýnada öz keşbini görüp, öz keşbinden ýaňa gam-gussa batyp, wezirine:

– Patyşalaryň ýüzüni görmek gözüň nuruny artdyrýar diýen meşhur düşünje bar. Emma meniň şekilimi göreniň ezýet çekmejegine geň galmaly – diýipdir. Onda wezir:

– Keşbiňi müňden biri halamaz, emma gylyk-häsiýetiň hemmeleri ýagşylyk bilen gurşap alandyr. Diýmek, ähli kalplaryň küýsegi bolaryň ýaly ýene-de ýagşy gylyk-häsiýet bilen gadam urgun – diýipdir.

Bu söz Ýemineddöwlä hoş ýarap, ýagşy gylyk-häsiýetini şeýle bir derejede artydyrypdyr welin, at-abraýy patyşalaryň ählisinden geçipdir.

Soltan Mahmydyň kakasy emir Nasyreddin Söbüktegindir, ejesi bolsa Zabulystanyň han-begleriniň

biriniň gyzy eken. Şonuň üçin soltan Mahmyda «Zabully» hem diýlipdir. Firdöwsi şeýle getirýär:

**Şygyr**

Mahmyt Zabullyň mübärek dergähi bir deňizdir,
Ne deňizdir?! Ini-boýy, gyra-kenary ýokdur.
Deňze girdim, suwa çümdüm, emma tapmadym dür,
Bu bagtymyň günäsidir, deňziň günäsi ýokdur.

Ol üç ýüz elli ýedinji[1] ýylda Aşura[2] güni agşam dünýä inipdir. Jürjanynyň «Minhäçes-Syraç» kitabynda şeýle maglumat berilýär:

Soltan Mahmydyň täleýi yslam dininiň eýesi Muhammet pygamberiň täleýi bilen muwapyk bolupdyr. Ol dünýä inmezinden bir sagat öň emir Nasyreddin Söbüktegin düýş görüpdir. Düýşünde onuň öýüniň ortarasynda, ojagyndan bir daragt peýda bolup, şeýle bir derejede belende göterlipdir welin, älem halky onuň saýasynda ornaşyp bilipdir. Ol oýanyp, onuň ýorgudynyň pikirini edip durka, birden bir buşlukçy gelip, Mahmydyň dünýä inendigini söýünjiläpdir. Emir Nasyreddin Söbükteginiň bagtyýarlyk daragtynda şatlyk gülleri açylyp, ol öňi ajap, soňy sagadatly düýşden arkalanypdyr we umyda beslenipdir hem-de

---

[1] Awfynyň «Jawamygul hekaýatynda» 361-nji ýylyň Aşyr aýynyň onuna Sogapgüni dünýä inýär diýlip, maglumat berilýär.

[2] Aşura – Aşyr aýynyň ony. Şol gün Ymam Hüseýin şehit bolupdyr. Aşura güni Allatagala Ýeri, dag-derýalary ýaradypdyr, ençeme pygamberiň tobasyny kabul edipdir. Pyrgun şol gün gark bolupdyr, Muhammet pygamber şol gün dünýä inipdir, kyýamat hem şol gün gopmalymyş.

ýaňy dünýä inen perzendine Mahmyt diýip at goýupdyr. Köp wagt geçmänkä-de, onuň ykbal nahaly şeýle bir görnüşde saýa salyp ugrapdyr welin, ýer ýüzüniň ilaty onuň saýasynda saýalapdyr. Bu maglumatyň subutnamalarynyň biri-de Firdöwsiniň «Şanamasydyr».

### Beýt

Beýik soltan Mahmyt şanyň döwründe
Goýun, möjek bile gelýärler suwa.
Çaga ene süýdün emen badyna
Mahmyt diýip bakýar, gör, sallançaga.

Emir Nasyreddin Söbüktegin hut şol ýyllarda şol perzendiniň şükranasyna hindileriň Sudre[1] arygynyň boýunda ýerleşen buthanasyny weýran etdi. Şeýlelikde, Mahmydyň täleýiniň din eýesi Muhammet pygamberiň täleýi bilen muwapykdygy hakykat boldy[2].

Mahmydyň tagta çykan ilkinji ýylynda Sistanda edil bir daragt şekilinde sap gyzyl magdany ýerden ösüp çykdy. Gazdyklaryça ondan sap altyn çykýardy. Ol iki sütün bolup, ösüp sekiz geze ýetdi. Ol şol durşuna

---

[1] Bu aralygyň nirede ýerleşýändigini anyklap bolmady, ýöne bu at soň dakylan türkmen adyna meňzeýär, ähtimal «Sudre» däl-de, «Suwdere» bolsa gerek.

[2] Bu ýerde Muhammet pygamber bilen baglanyşykly rowaýat ýatlanylýar. Muhammet pygamber dünýä inende, Sasanlylar döwletindäki «Taky Kesra» atly eýwanyň on dört sütüni ýykylypdyr. Soň hem pygamberiň özi Mekgedäki butlary agdarýar.

saklanyp, soltan Mesgudyň döwründe ýer titremegi bilen ýom-ýok boldy.

Soltan Mahmyt dogany bilen bagly işlerden boşaşandan soň, Balha ugrady. Ol özüniň Horasanyň emirler emiri derejesiniň Bektuzuna tabşyrylandygy sebäpli Buhara – emir Mansuryň ýanyna ilçi iberip, ynjandygyny duýdurdy. Ol bolsa:

– Saňa Balhyň, Termiziň we Hyradyň emirligini berdik. Emma Bektuzun bu döwletiň belli bendesidir. Hiç bir sebäpsiz onuň işden boşamagyna buýruk bermek ýerlikli däl – diýip jogap berdi.

Soltan Mahmyt bu jogapdan soň Abulhasan Hamawyny[1] köp sowgat-serpaýlar bilen Buhara ugradyp, emir Mansura:

– Sizden towakga şeýle, dostluk we yhlas çeşmesiniň gözbaşyna ähmiýet bermän, ony bulandyryp hapalamaň. Şeýle-de atamyň we meniň Samanly nesilşalygynyň öňündäki bar bolan hukugymyzy depelemesinler, goý ülpetlik, dostluk riştesi üzülmesin hem-de tabynlyk we boýun sunujylyk binamyz ýykylmasyn – diýip, habar iberdi.

Abulhasan Hamawy Buhara baryp ýetende, emir Mansur oňa wezirlik derejesini berip, öz ýanynda saklady hem-de habara jogap bermegi ünsden düşürdi. Soltan Mahmyt mejbury Nyşapura ugrady. Bektuzun onuň ugrandygyndan habarly bolan badyna şäherden çykyp, bir tarapa gitdi hem-de Buhara arznama iberip,

[1] Asyl nusgada hemme ýerde «Jemewi» görnüşinde gelýär.

ýagdaýy beýan etdi. Emir Mansur ýaşlygy sebäpli men-menlik edip, goşun toplap, Horasana ýöriş etdi. Sarahsa çenli hiç ýerde saklanmady.

Soltan Mahmyt emir Mansuryň öz öňünde durmaga kuwwatynyň ýokdugyny bilse-de, käýinilmeginden we gadyr bilmezlik bilen betnam bolmagyndan howatyr edip, Nyşapury oňa goýup, Murgaba gitdi. Şonda Bektuzun Faýygyň ugrukdyrmagy bilen emir Mansura biwepalyk edip, ony tutdy we gözüne mil çekip, onuň kiçi ýaşly dogany Abdylmeligi tagtda oturtdy. Soňra soltan Mahmytdan gorkusyna Merwe gitdi. Soltan Mahmyt ony yzarlap, Merwe geldi. Bektuzun bilen Faýyk onuň garşysyna çykyp, jeň etdiler. Gadyr bilmezlikleri olaryň ahwalyny terse öwrüp, ýeňiş şemaly soltan Mahmydyň baýdaklarynyň üstünden öwüsdi. Faýyk Abdylmäligi alyp, Buhara tarap ýüz öwürdi, Bektuzun bolsa, Nyşapura gaçdy. Ol birnäçe wagtdan soň, ýene-de Buhara gelip, pytran leşgerleri ýygnamaga girişdi. Tötänden, şol wagtlarda Faýyk hassalap, Hakyň çakylygyny «lepbeý» diýip, kabul etdi.

Ilek han Kaşgardan Buhara ýöriş edip, Abdylmäligi we onuň neberelerini köki-damary bilen ýok etdi. Şeýdip, ýüz ýigrimi sekiz ýyl dowam eden Samanly nesilşalygynyň döwleti tamamlandy.

Soltan Mahmyt garaşsyz halda Balhyň we Horasanyň hökümetini dolandyrmaga meşgul boldy. Onuň döwletiniň dabarasy älem etraplaryna we welaýatlaryna ýaýrandan soň, Bagdadyň halypasy

Kadyr Billä Apbasly öň hiç bir halypa tarapyndan hiç bir patyşa iberilmedik bir gymmatbaha halat iberip, oňa Eminelmille we Ýemineddöwle diýen lakamlary bagyş etdi.

Mahmyt üç ýüz togsanynjy ýylyň Boş aýynyň ahyrlarynda Balhdan Hyrada, Hyratdan hem Sistana gidip, ol ýeriň häkimi Hanap[1] ibn Ahmedi özüne tabyn edýär we soňra Gazna gelýär. Hut şol döwürlerde hem Hindistana ýöriş edip, birnäçe galany basyp alýar. Soňra yzyna dolanyp gelip, edil öňküsi ýaly adyllyk we adalatlylyk düşegini ýer ýüzüne giňden ýaýýar. Şeýlelikde, oňa bolan dostluk-söýgi uly-kiçiniň ýüreklerinde orun tapýar.

Ilek han Mawerannahry bir demde Samanly nesilşalygyndan arassalap, soltan Mahmyda ýeňiş namasyny ugradyp, ony Horasan ýurduny eýelänligi bilen gutlaýar. Şoňa görä-de, iki patyşanyň arasynda dostluk we birlik binasy doly berkidilýär. Soltan Mahmyt hadysçy ymamlardan bolan Abuttaýýyp Sähl ibn Süleýman Suglukyny[2] ilçi edip, Ilek hanyň gaşyna iberýär hem-de onuň päk gyzlaryndan bir hormatly gyzyň özüniň nikasyna girizilmegine meýil edýär. Soltan Mahmyt Abuttaýýyp Sähl ibn Süleýman Suglukydan Hindistandan getirilen çensiz-çaksyz nepis sowgatlar: gymmatbahaly ýakutlardyr lagllar, dür, merjen we merwerit düzümlerini, anbar monjuklary, kafur we beýleki hoşboý ysly zatlardan doly bolan

[1] Asyl nusgada: «Halyf».
[2] Abuttaýýyp Sähl ibn Süleýman Sugluky hadysçy alymlaryň biridir.

altyn-kümüş gap-gaçlar, ud daragtlary, taply gylyçlar, lowurdysy görenleriň gözüni gamaşdyrýan, göwherler bilen bezelen çekiler we lybaslar bilen bezelen söweş pilleri hem-de eýerli we uýanly ýyndam atlar iberdi.

Ymam Abuttaýýyp Sähl Türküstan diýaryna ýetende, ol ülkäniň ilaty Ilek hanyň hökümine laýyklykda, ony hormatlamak we sarpasyny götergilemek babatda ýokary tagallalar etdiler. Türküstanyň ilatynyň köpüsi-de Ilek hanyň mübärek döwründe musulman bolupdy.

Ymam Abuttaýýyp Uzkentde[1] tä nika işleri doly tamamlanýança saklanýar. Soňra Türküstan «deňzinde» guwwaslyk edip ele salan «dürri ýetimini»[2] alyp, ol welaýatda sowgat berlen dürli nepis we ajaýyp zatlar: sap-arassa altyn-kümüşler, Hytaý kenizleri, Hotan aý ýüzlüleri, kakum[3] we samyr derileri we beýleki gymmatbahaly zatlar bilen yzyna dolanýar hem-de ýumşy ýerine ýetirip, soltan Mahmydyň hyzmatyna gelýär. Ol ýerine ýetiren mynasyp hyzmatlary üçin şalara mynasyp dürli-dürli sylag-sarpalara eýe bolýar. Ondan soň uzak wagtlap soltan Mahmyt bilen Ilek hanyň arasynda dostluk-doganlyk

[1] Asyl nusgada säwlik bilen «Awurkent» görnüşinde berlipdir.

[2] Dürri ýetim – taýsyz dür, ýeke-täk merjen, dür, bu ýerde gyz manysynda gelýär.

[3] Kakum – samyra meňzeş kiçijik haýwan. Zamahşary «Mukaddamatul edep» atly kitabynda ony «as» diýip, agzap geçýär. Ol syçandan ulurak bolup, reňki ap-akdyr. Guýrugy kelte we guýrugynyň ujy garajadyr. Onuň derisi örän ak we nepis-näzik bolup, ondan possun tikýärler.

dowam etdi. Ahyrynda bolsa zamananyň «ala» gözi we göripleriň şugulçylygy bilen dostluk ýoly bulaşyp, doganlyk duşmançylyga öwrüldi. Allanyň ýardam bermegi bilen ol wakalar yzda beýan ediler.

Soltan Mahmyt: «Soltanlygyň möhüm işlerinden boşaşanymdan soň, ýyllarboýy Hint diýaryna gidip, gazawat we jyhat dessurlaryny berjaý ederin» diýip, aýdan sözüne laýyklykda, üç ýüz togsan birinji hijri ýylynyň Baýram aýynda ýene-de Gaznadan Hindistana ýöriş edip, on müň atly bilen Peşawere geldi. Çipal on iki müň atly, otuz müň pyýada we üç ýüz sany söweş pili bilen onuň garşysyna çykyp, jeň meýdanyny tertipleşdirdi. Üç ýüz togsan ikinji ýylyň Aşyr aýynyň sekizine Başgüni jenneti topar bilen dowzahy topar biri-biri bilen garpyşyp, batyrgaýlyk şertlerini berjaý etdiler. Soltan Mahmyt ýeňiş we üstünlik gazanyp «Gazy» lakamyna eýe boldy. Çipal özüniň on bäş sany ogullarydyr ýakynlary bilen ýesir düşdi, bäş müň hindi söweşde öldürildi. Köp oljalar ele düşdi, şol sanda ýokarda agzalan ýesirleriň boýunlaryndaky göwher bilen bezelen on alty sany boýunbag (monjuk düzümi) soltanyň nazaryna ildi. Hindi dilinde oňa «mala» diýilýärdi. Baha-nyrh kesijiler bir sany aýratyn boýunbagyň bahasyny ýüz segsen müň dinar diýip ykrar etdiler[1].

Soltan Mahmyt Peşawerden Pehende[2] galasyna gidip, ony hem eýeledi. Bahar möwsümi

[1] Bu monjuk düzümi hut Çipalyň özüne degişli boýunbagdyr.
[2] Bu galanyň ady asyl nusgada «Pethende» görnüşinde hem gelýär.

ýakynlaşypdy. Çipal we beýleki ýesirler paç-hyraç bermegi kabul edensoň, soltan Mahmyt olara aman berip goýberdi. Soltan Mahmyt owganlylaryň ulularyndan örän köpüsini gyryp, bir toparyny bolsa özüne nöker edip, Gazna dolandy.

Aýdyşlaryna salgylansaň, hindileriň ynanjyna görä, her bir raja musulmanlardan iki gezek ýeňilse ýa-da ýesir düşse, soltanlyga mynasyp hasaplanmandyr we onuň günäsi otsuz päklenilmeýär diýlipdir. Şoňa görä-de, Çipal öz ogly Anandpaly mirasdüşer edip, özüni oda oklap ýanypdyr.

Soltan Mahmyt üç ýüz togsan üçünji ýylyň Aşyr aýynda ýene-de Sistana gidýär we bu gezek Halap[1] Gazna getirýär. Soňra ýene-de köňlünde Hindistana gitmek höwesi döräp, üç ýüz togsan bäşinji ýylda Bahatyýa ülkesine (şäherine) tarap hereket edýär hem-de Multan sebitlerinden geçip, ol şäheriň daşynda düşleýär. Ol şäheriň belent gala diwary bolup, ondan uçar guş hem uçup geçip bilmeýärdi. Daş-töwereginde bir hendegi bardy welin, edil umman ýaly giňdi we çuňdy. Ol ýeriň rajasyny ady Beçrady[2]. Ol özüniň esgerleriniň we pilleriniň köplügine diýseň baýrynýardy hem-de emir Nasyreddin Söbükteginiň Hindistanyň serhedinde bolýan emirlerine boýun bolmaýardy. Ol edil şonuň ýaly Çipala-da şerte laýyk boýun bolmaýardy. Soltan Mahmyt ony dep etmek

[1] Asyl nugada: «Hanyf».

[2] Asyl nusgada: «Behiraw». Iň «Bejiraw» görnüşinde gelýärdi. «Tabakaty Ekberide» «Behira» görnüşinde berlipdir.

üçin onuň üstüne leşger çekende, ol öz goşunyny jemläp, yslam leşgeriniň öňünde sap çekip durdy. Iki tarapyň arasynda yzy üzülmezden üç günläp, uruş boldy. Emma ýeňlen we üstün çykan belli bolmady. Yslam esgerlerine tasdanam zamananyň «ala» gözi degipdi. Şol sebäpli hem dördünji gün soltan öz leşgeriniň arasynda: «Şu gün soltanlyk söweşi bolar. Şonuň üçin nökerler we beýleki esgerler[1], ýigitler we garrylar gazawat etmäge taýýar bolup, söweş meýdanyna ýüz öwürmeli» diýip, jar çekdirdi. Raja Beçra musulmanlaryň gaýduwsyz ýörişinden habarly bolup, buthana girýär we özüniň «hudaýyndan» ýardam dileýär. Soňra hindilere ýaraglar bilen üpjün bolmagy buýurýar hem-de sansyz ýarag-esbap we dabara bilen şäherden çykyp, söweş meýdanyna ugraýar.

Yslam emirleri uruş we söweş ýaraglaryny ellerine alyp, sagdan-soltan kapyrlaryň üstüne hüjüm etdiler. Olar çäş wagtyndan tä gün günortadan agýança jeň etdiler, zarba urdular. Iki tarapdan hem ölenleriň sany ummadan aşyp, depeler döredi. Emma hiç tarapda-da ejizlik we gowşaklyk alamatlary göze ilmeýärdi. Soltan Mahmyt Ezeli Perwerdigäriň dergähine ýüz tutup, penakär pygamber hezreti Muhammediň (Oňa we onuň

---

[1] Asyl nusgada: «Goşunyň adamlary, nökerler we nöker däller, juwan we garry ...». Soltan Mahmydyň goşunynda onuň özüniň hakyna tutan düzgün-nyzamly goşunyndan başga-da, söweşip, olja almak niýeti bilen üýşen dürli taýpalardan düzülen goşunlar hem bolupdyr. Olaryň özleriniň aýratyn serdarlary bolsa-da, ýörişe gitjek bolsa, söweş wagtynda soltana doly tabyn bolmaly bolupdyrlar.

neberesine Allanyň salamy we salawaty bolsun!) päk ruhlaryndan ýardam diläp, merkezdäki goşun bilen hut özi kapyrlaryň merkezine zarba urdy. Olaryň merkezi toparyny pytradyp, gaçmaga mejbur etdi. Beçra[1] ýeňlen leşgeri bilen galada penalanýar. Soltan Mahmyt galany gabap, hendegi gömmeklerine buýruk berýär.

Hendegiň gum, daş we ot-çöp bilen gömülip gutarylmagyna az galanda, Beçra haýran bolup, howsala düşüp, öz leşgerini soltanyň garşysynda goýup, agşamara özüne degişli birtopar adam bilen galadan çykyp gaçýar hem-de Sint suwunyň töwereklerindäki jeňňelleriň birinde penalanýar. Soltan Mahmyt bu ýagdaýdan habarly bolup, yslam goşunyndaky edermen ýigitleriň bir toparyny onuň yzyndan kowmak üçin belleýär.

Söweş jeňňeliniň şirleri jeňňellikde ýaňky gorkak «sygryň» daşyny gurşap alanlarynda, onuň gaçara ýeri galmaýar. Onsoň hanjar çekip, özüniň kineden doly kükregini öz eli bilen ýarýar. Belent mertebeli gazylar onuň başyny soltan Mahmydyň gaşyna ugratdylar hem-de gaýgyruwsyz gylyçlaryny onuň tabynlarynyň depesinden inderip başladylar, köp kişini gyrdylar. Soltan Mahmyt iki ýüz segsen söweş pili, köp sanly oljadyr ýesir ele düşenden hem-de şäher bilen oňa

---

[1] Bu at golýazmada käte Beçraw, käte Beçra, Behiraw we Bejiraý görnüşinde hem duş gelýär. Bu söz hindiçe «Bajiraý», «Baçra» görnüşinde duş gelip, sözüň ikinji bölegi, ýagny «ra» ýa-da «raý» sözi «şa» diýmegi aňladýar.

degişli ýerler özüniň ülkesine goşulandan soň, ýeňiş we üstünlik bilen Gazna dolandy.

Soltan Mahmyt üç ýüz togsan altynjy ýylda Multany eýelemek maksady bilen leşgerlerine ýygnanmak barada perman berdi.

Multanyň öňki häkimi Şyh Hamyt Ludy emir Nasyreddin Söbüktegin bilen yhlas we dostluk ýoluny berk tutup, mynasyp hyzmatlar edipdi. Ondan soň onuň tagta çykan agtygy Abulfath Dawut ibn Nasy:r ibn Şyh Hamyt ilkibaşda atasynyň ýörelgesine amal edip, özüni soltan Mahmydyň hyzmatkärleriniň hatarynda hasaplasa-da, yslam leşgeri Bahatyýa[1] şäherini gabamaga meşgul bolan wagtynda ondan akyla sygmajak işler ýüze çykyp, nälaýyk işleriň öýjügine öwrülipdi. Onuň özi malahydalardandy[2]. Soltan Mahmyt şol ýyl oňaýly wagt däldigi üçin bu ýagdaýa göz ýumup, oňa hiç zat diýmändi. Soňky ýyl bolsa ar almaga ugrady.

«Zeýnel ahbarda» getirlişine görä, soltan onuň bu işden habarly bolmazlygy üçin ters ýol bilen ýola rowana bolýar. Onuň ýol ugrunda ýerleşen Anandpal ibn Çipal onuň ýoluna böwet bolýar. Emma ýeňlip, Keşmire tarap gaçýar.

Elfiniň[3] maglumatlarynda getirlişine görä, Abulfath soltan Mahmydyň ýörişe ugrandygyny eşidensoň,

---

[1] Asyl nusgada «Bahatypa».

[2] Malahyda – ysmaýyllylar; bu sözüň dinsiz, dinden çykan diýen manysy bar.

[3] Bu ýerde «Taryhy Elfi» kitaby göz öňünde tutulýar.

howsala düşüp, Anandpaly soltanyň niýetinden habardar edýär we ondan kömek soraýar. Anandpal oňa kömek bermegi ýüregine düwüp, Lahordan Peşawere gelip, emirleriniň bir toparyny soltan Mahmydyň ýörişine böwet bolar ýaly onuň geçjek ýoluna ugradýar. Soltan gazap oduny ýakyp, leşgerine Anandpal bilen söweşmegi we onuň ýurduny tozdurmagy buýurýar. Olar Anandpalyň batyrlyk baýdagyny parladyp gelen emirlerini gahar we gazap tygy bilen garşyladylar hem-de olary pytratdylar. Anandpal bu ýagdaýdan habar tapan badyna gaçmaga ýüz goýdy. Soltanyň leşgeri onuň yzyndan kowup, Sudra sebitlerindäki Çenap suwunyň kenaryna gelýär. Anandpal gorkup, Keşmir daglaryna gaçýar. Soltan onuň yzyndan kowman, Pethende[1] ýoly bilen Multana tarap ugraýar. Aslynda onuň bu ýörişinden esasy maksady-da Multany basyp almakdy. Abulfath Dawut Hindi patyşalarynyň öňbaşçysynyň başyna nämeleriň düşendigini görensoň, garşylaşmagy makul bilmän galada penalanypdy. Ol ejizlik we ýalbaryş gapylaryny giňden açyp, her ýyl ýigrimi müň gyzyl we sap dinar bermegi hem-de şerigat hökümlerine boýun bolup, mülhitlik (dinsizlik) mezhebinden ýüz öwürmegi äht etdi. Soltan Multany ýedi gün gabandan soňra, şu ähtnama bilen ylalaşyk baglaşyp gaýtmaga taýýarlanyp ýörkä, Hyradyň häkimi Arslan Jazybyň ýanyndan ilçiler gelip Ilek hanyň leşgeriniň çozup gelip, eden

---

[1] Bu galanyň ady asyl nusgada: «Pehende» görnüşinde hem gelýär.

harapçylygy barada habar berdiler. Soltan Mahmyt öňküdenem beter gyssanyp, Pethendäniň dolandyryş işini Sikhpala tabşyryp, Gazna gaýdýar. Sikhpal hindi rajalarynyň biriniň ogludy. Ol Peşawerde Abu Aly Simjurynyň eline ýesir düşüp, musulman bolupdy. Oňa Ab Başanyr diýýärdiler.

**Ilek han bilen bolan wakalaryň beýany şeýledir:**

Soltan Mahmyt bilen Ilek hanyň arasyndaky dostluk-doganlyk gatnaşygy uzak wagtlap dowam etdi, gaýyn-giýewilik söýgüsi has-da mäkämleşdi. Ahyry beýan edilişi ýaly, bozuklaryň bozuklygy we göripleriň şugulçylygy zerarly bu dostluk duşmançylyga öwrüldi. Soltan Mahmyt Multana tarap hereket edip, Horasan ülkesi şir ýykyjy batyrlaryň haýbatyndan boşap galan-da, Ilek han pursaty ganymat bilip, ülkeleri basyp almagyň kül-külüne düşdi. Onsoň ol goşunbaşysy Syýawuştegini köp sanly goşun bilen Horasana ugratdy. Japartegini[1] bolsa, paýtagt Balha şihne edip belledi. Hyradyň häkimi Arslan Jazyp bu ýagdaýdan habarly bolup, paýtagty goramak üçin Hyratdan Gazna ugrady. Horasanyň ulularynyň birtopary soltan Mahmydyň uzak wagtlap bolmandygy we her hili toslama myş-myşlaryň ýaýrandygy sebäpli Ilek hana tabyn bolmak ýoluny saýlap aldylar. Soltan Mahmyt Gazna gelip ýetenden soň, edil tolkun atýan umman deýin haýbatly goşun we köp sanly leşger jemläp, Balha ugrady. Japartegin soltan Mahmydyň ýörişinden

[1] Ähtimal bu at Çagrytegin bolsa gerek. Sebäbi ol döwürde Ilek hanyň ilatynyň esasy bölegi türkmen bolup, türkmen atlaryny göterýärler.

habar tapan badyna Balhdan Termize gaçdy. Ahmet Jazyp soltan Mahmydyň buýrugy bilen Syýawuşteginiň üstüne ýöriş edip, Hyratdan çykyp Mawerannahra ugrady. Ilek han Çyn patyşasy Kadar handan medet diledi. Kadar han bäş müň kişi bilen Ilek hana ýardam bermäge ugrady. Ilek han arkalanyp, onuň bilen bile Jeýhun suwundan geçdi. Balhyň dört parsahlyk golaýyna gelip, soltan Mahmydyň leşgeriniň garşysynda düşledi. Soltan Mahmydyň hut özi ýeňiş nyşanly goşunyň hatarlaryny düzüp, goşunyň merkezini özüniň kiçi inisi, Jürjanyň häkimi emir Nasyreddine, Abu Nasr Faryguna we Abdylla Taýa tabşyrdy. Sag ganaty Altyndaş Hajyba, çep ganaty Arslan Jazyba hem-de owgan we halaç emirlerine tabşyryp, bäş ýüz sany dag sypat pili olaryň öňünde ýerleşdirdi. Beýleki tarapdan Ilek hanyň hut özi goşunynyň merkezinde ýerleşip, Kadar hany sag ganata, Japartegini çep ganata belledi. Şondan soň iki goşun edil iki sany simap deňzi kimin biri-birlerine tolkun atyp ugradylar. Atlaryň owazy bilen pelegiň gulagyny ker etdiler. Ulaglaryň toýnagynyň çaňyndan älem giňişligini garaňky gijä öwürdiler. Hüjüm şemaly bilen söweş ody alawlap ugrady. Taply gylyçlaryň we şugla saçyjy naýzalaryň aryk arçamasyndan ýaňa batyrlaryň gyrmyzy gany söweş meýdanynyň gara topragyna bulaşdy. Ilek han aýratyn şahsy gulamlaryndan düzülen toparlary bilen öz sapyndan öňe çykyp, garpyşyp, tutda-basa meşgul boldy. Soltan Mahmyt Ilek hanyň türkmenleriniň gaýduwsyzlygyny görüp,

atyndan düşdi hem-de nala we doga-dileg bilen ýüzüni topraga berip, hezreti Züljelalyň dergähinden üstünlik we ýeňiş diledi, nezir we sadakalar bermegi özüne wajyp etdi. Soňra Taňrynyň tükeniksiz keremine bil baglap, dag ýaly mes pile atlanyp, Ilek hanyň leşgeriniň merkezine hüjüm etdi. Birden, Taňrynyň enaýaty bilen soltan Mahmydyň pili ilki bilen Ilek hanyň baýrakçysyny[1] holtumyna dolap, howa atyp goýberdi. Ondan soň ýüzüni türkileriň (türkmenleriň) hataryna öwrüp, sansyz halky heläkçilik ülkesine gapgardy. Hut şol pursat hem soltan Mahmydyň goşunynyň batyrlary soltanyň taýsyz Kadyryň enaýaty bilen edil mes pil deýin duşmanyň üstüne hüjüm edýändigini görüp, biygtyýar, sagdan-soldan bary birden topuldylar. Gaýgyruwsyz gylyjyň zarby we jan alyjy, aýawsyz naýzanyň urgusy bilen türkileriň durmuş köküni köwläp başladylar. Ahyry Ilek han bilen Kadar han öz janlaryndan umyt üzüp, müň hile bilen söweş meýdanyndan çykyp, edil ýyldyrym deýin süýnüp gaçdylar. Jeýhun suwundan geçip, tä öz ülkesiniň uzak çetlerine ýetýänçä hiç ýerde atlarynyň uýanyny çekmediler. Olar şondan soň Horasany eýelemek pikirini köňüllerine-de getirip bilmediler.

«Taryhy Ýeminide» şeýle getirilipdir:
Ýemineddöwle soltan Mahmyt Ilek han ýeňlip

---

[1] Baýrak – baýdak. Iňler türkmenleriň arasynda baýdaga «baýrak» hem diýlipdir. Onuň hem esasy sebäbi ýygnanyşykda sylag, baýrak alanlarynda ony köpçülige we janköerlerine görkezmek üçin depelerinde götererler eken. Şeýlelikde baýrak bilen baýdak sözi birmeňzeş manyda hem ulanylypdyr.

gaçandan soň ony yzarlap ugrady. Ol wagt gyş paslydy. Ol sebitleriň sowugy tutuş leşger tap edip bilerden örän zyýadady. Emirleriň köpüsi bu ýagdaýa razy däldiler. Emma soltan Mahmydyň hut özüniň hem bu babatda çynlakaý tagalla edýändigi üçin bialaç iki göç (menzil) olaryň yzyndan gitdiler. Üçünji gije, sährada galyň gar ýagyp, çapgyn aýaz boldy. Soltan üçin bir bargäh dikip, köp sanly ojaklar häzirläp, ot ýakdylar welin, mejlisiň adamlarynyň köpüsi yssydan ýaňa gyş eşiklerini çykarmak islediler. Şol pursatda masgarabaz[1] gelip girdi. Soltan degşip:

– Eý, masgarabaz, bar daşary çyk hem-de sowuga: «Seniň munça jan etmäň nämeden, biz munda yssydan ýaňa eşigimizi çykarara ýakynladyk» diýgin – diýdi. Masgarabaz şobada daşary çykyp, ýene-de içeri girdi hem-de edep zeminini öpüp, aýtdy:

– Soltanyň habaryny sowuga ýetirdim. Ol: «Meniň soltanyň we onuň ýakynlarynyň synyna elim ýetmeýänem bolsa, şu gije gullukçylara we nökerlere şeýle bir hyzmatkärlik etjekdirin welin, ertir hezreti Soltan we onuň ýakynlary öz atlaryny özleri timarlar we bizden onuň mübärek hatyrlaryna hiç bir gubar ornaşmaz» diýdi.

Soltan şol wagt bu sözi daşyndan degişme diýip geçirse-de, içinden bu ýörişinden puşman edip, yzyna dolanmagy karar etdi.

---

[1] Asyl nusgada: «Delçek». Bu söz ähtimal «dälijek», «dälijik», «dälişge» diýen sözüň az-kem üýtgän görnüşindedir. Çünki masgarabaz hem dälişge diýen manydadyr.

Birden hut şol agşam Hindistan tarapdan: «Ab Sara[1] mürtet bolup, dinden dönüp, ýene-de özüniň asylky dinine geçdi hem-de ülkäniň soltandan boşdugyny görüp, soltanyň emeldarlaryny, häkimlerini ol diýardan çykaryp kowdy» diýip, habar getirdiler. Şonuň üçin Soltan aladaňdandan ýöriş uýanyny Hindistana tarap burup, göçme-göç, menzilme-menzil ýola rowana boldy. Hindistanda mülkleri bolan emirleri öňünden gyssanmaçlyk bilen ýola saldy. Olar Ab Sarany tutup, dergähe getirdiler. Soltan Mahmyt ondan dört ýüz müň dirhem alyp, özüniň hazynaçysy Tegine berdi, ony bolsa tussag etdi. Ol şol ýerde-de dünýäden ötdi.

Soltan Mahmyt şobada ol ýerden uýanyny öwrüp, Gaznada rahatlyk düşeginde gyşardy.

Soltan Mahmyt üç ýüz togsan dokuzynjy hijri ýylynda Multany eýelemäge baran wagtynda biýedeplik edendigi üçin Anandpala «edep» we temmi bermek maksady bilen goşun jemläp, Hindistana ýöriş etdi. Bu habary eşidenden Anandpalyň içinden otly tütün çykyp, Hindistanyň raýlaryndan kömek diledi. Musulmanlaryň dep edilmegini özleriniň derejeleriniň ösmegine esas diýip düşünensoňlar, Hindistanyň we onuň etraplarynyň ähli rajalary hatda Ujynyň, Guwalýaryň, Kälenjeriň, Kunnujyň, Deliniň we Ejmiriň rajalary-da medet bermäge gyssandylar. Topar-topar leşgerler Penjaba tarap ýüz öwürdi.

[1] Iň «Ab Başanyr» görnüşinde gelipdi.

Bu gezek emir Nasyreddin Söbükteginiň döwründe galama getirilenden hem zyýada goşun hasaba alnyp, Anandpalyň serkerdeliginde soltan Mahmyt bilen garpyşmaga ugradyldy. Olar Peşawer sährasynda soltan Mahmydyň golaýyna baryp, kyrk güne golaý biri-biriniň garşysynda çadyr dikip oturdylar. Hiç haýsysy söweşe girmäge ýürek etmeýärdi. Emma kapyr leşgeri günme-günden artýardy we zyýada bolýardy. Olara daş-töwerekden medet gelip ýetýärdi. Kapyrlar bu gezek örän uly yhlas we tagalla bilen agyr ýygyn topladylar. Olar musulmanlar bilen söweşmekde uly janypkeşlikler etdiler. Aýallar öz bezeg şaýlaryny satyp, dertlerine ýaradyp, musulmanlar bilen gazaply söweşer ýaly uzak ýerden ýanýoldaşlaryna harçlyk üçin iberýärdiler. Eli gysga garyp zenanlar dokma dokap, günlükçilik edip, goşundaky adamsy üçin bir zatlar iberýärdi. Soltan bu gezek kapyrlaryň janlaryny orta goýup hereket edýändiklerini bilip, söweş üçin zerur şertleri berjaý edip başlady. Iki tarapdan kapyr batyrlary gelip bilmez ýaly goşunyň iki gapdalyndan hendek gazmaklaryny buýurdy. Soňra söweşe galkdy. Müň sany peýkam atyjy ýigit hüküme laýyklykda öňe gitdiler. Olar kapyrlary jeňe gyzdyryp, harby hileler bilen olary öz leşgergählerine ýakyn çekdiler. Soňra musulmanlar örän agzybirlik bilen olary dep etmäge girişdiler. Soltanyň ätiýaçlyk etmegine garamazdan, otuz müň sany baş-aýagy ýalaňaç kehkerli[1] kapyrlar

[1] Hindileriň arasynda brahmandan soňky ikinji derejeli gatlak.

ellerine gaýtalanmajak, taýsyz ýaraglar alyp, uruş gyzan wagty hendekden geçip, goşunyň iki gapdalyndan gelip, atlylaryň arasyna girdiler. Şobada hem janlaryny orta goýup, atdyr adamlary gylyç, hanjar we naýza zarby bilen agdaryp, göz açyp-ýumasy salymda üç-dört müň kişä şehitlik şerbetini içirdiler. Onsoň soltan kehkerli pyýadalaryň şerinden ýaňa söweş meýdanyndan çete çekilip, ol gün söweşi togtatmaga mejbur boldy. Emma tötänden Anandpalyň münüp oturan pili nebitdir[1] peýkamyň sesinden ürküp, gaçmaga başlady. Daş-töwerekdäki leşgerler bu ýagdaýy hindi patyşalarynyň öňbaşçysynyň gaçmagy bilen baglanyşdyryp, hemmesi gaçmaga başlady. Abdylla Taýy bäş-alty müň arap atlylary, Arslan Jazyp on müň sany türkmen, owgan, halaç atlylary bilen iki gije-gündizläp gaçanlaryň yzlaryndan kowdular we sekiz müň kapyry gyrdylar. Olar otuz pil, sansyz olja alyp, soltanyň hyzmatyna geldiler. Soltan bu ýeňişden soň, Pygamber dinini kuwwatlandyrmak üçin Nigerkutyň kapyrlaryna garşy gazawat etmek we ol ýeriň buthanasyny weýran etmek niýetine münüp, şol tarapa ugrady. Ol döwürde ol gala Behim gala ady bilen bellidi we tanymaldy. Soltan menzilleri söküp, Behim galasynyň sebitlerine baran badyna, ony gabamaga girişdi we onuň daş-töweregindäki ýaşaýjylary gyrmakdan özüni sähelçe-de çetde saklamady. Ol gala raja Behimiň döwründe bir dagyň üstünde bina

[1] Bu ýerde nebitli ýanýan küýzejikler göz öňünde tutulýar.

edilipdi. Hindiler oňa «Butlaryň hazynasy» diýip düşünýärdiler. Etraplardaky we welaýatlardaky rajalar ol ýere altyn pullar, göwherler, dürli-dürli nepis zatlar iberýärdiler hem-de bu ýagdaýy Biribaryň dergähine ýakynlaşmagyň serişdesi hasaplaýardylar. Şol sebäpden hem ol galada altyn, kümüş, göwher, dür, merjen we beýleki gymmatbahaly zatlar şeýle bir jemlenipdi welin, hiç kim hiç bir patyşanyň hazynasynda beýle zady görmändi.

Galada söweşjeň batyrlar ýokdy. Ol ýerde brahmanlardan we butlaryň hyzmatkärlerinden başga ýaşaýjy ýokdy. Onsoň asman bilen bäsleşýän ol galanyň ýaşaýjylarynyň kalplaryna gorky we howp aralaşyp, «elaman, elaman» diýen owazlaryny Keýwanyň[1] eýwanyna ýetirdiler. Otuzynjy gün galanyň derwezesini açyp, soltanyň öňünde topraga bulaşdylar, tagzym etdiler. Soltanlar başy özüniň ýakynlaryndan birnäçe kişi bilen gala girdi. Ol galadan ýedi lek gyzyl dinar, ýedi ýüz man altyn we kümüş gap-gaçlar, iki ýüz man sap tylla, iki müň man çig kümüş we Behimiň[2] döwründe üýşürilip goýlan ýigrimi man dürli göwherler diwandakylaryň eýeçiligine geçdi. Ondan soň soltan Gazna dolandy.

Soltan Mahmyt dört ýüzünji hijri ýylynda şäheriň daşynda bargähde altyndan we kümüşden birnäçe tagt ýerleşdirip, bu saparda ele düşen oljalary sähra eltip saýhallaşdyrdy. Şäher we oba adamlary tomaşa etmek

---

[1] Keýwan – Zuhal (Saturn).
[2] Gadymy hindi patyşalarynyň biri.

üçin çozup geldiler. Bu ýagdaý üç günläp dowam etdi. Soltan uly toý bermeklerini buýrup, haklylara, ýagşyzadalara uly sowgatlar berdi we kalplary eýelemekde hiç hili kemlik goýmady.

Soltan Mahmyt dört ýüz birinji hijri ýylynda Gura leşger çekdi. Ol ülkäniň häkimi Muhammet ibn Sury ýarag-şaýy üpjün on müň kişi bilen soltanyň goşun hatarlarynyň barabaryna gelip, sap çekip durdy hem-de gün dogandan tä günortana çenli söweşdir jeň oduny tutaşdyryp, mertlik, merdanalyk görkezdi. Soltan Mahmyt gurlularyň yhlas we tagallalaryny görende öz leşgerini ýygnap, mekirlik edip, yzyna döndi. Gurlular soltanyň goşuny gaçýandyr öýdüp, özleriniň daş-töweregin de gazyp goýan hendeklerinden çykyp, olaryň yzyndan kowdular. Açyk sähra gelip ýetenlerinde, soltan Mahmydyň goşuny uýany yzyna öwrüp, olaryň köpüsini taply, kesgir gylyjyň iýmiti etdiler. Muhammet ibn Suryny ele salyp, soltanyň gaşyna getirdiler. Muhammet ibn Sury çäksiz ejirden ýaňa soltanyň mejlisinde zäherli ýüzügini ýalap, bu älemden göç etdi. Ol welaýat bolsa, soltanyň emeldarlarynyň golastyna düşdi.

«Taryhy Ýeminide»: «Gur häkimleri we olaryň raýatlary şol wagta çenli yslam dinini kabul etmändirler» diýlip, getirilýär. Emma «Gurly soltanlaryň taryhyny» goşgy setirlerinde nagyşlan Fahreddin Mübärekşa Merwerudynyň[1] bilen «Tabakaty

[1] Asyl nusgada säwlik bilen «Rudy» görnüşinde berlipdir.

Nasyry» kitabynyň eýesi: «Guruň ilaty möminleriň emiri, bir hudaýlylaryň öňbaşçysy, Allanyň ýeňiji şiri Aly ibn Abu Talybyň (oňa salam bolsun!) halypalyk eden döwründe musulman bolupdylar. Beni Ümeýýäniň döwründe tutuş yslam ülkeleri gürrüňsiz hezreti Pygamberiň neberesine penalanypdylar, yslamy kabul edipdiler. Gur ülkesi hiç bir jähetden beýle işe meşgul bolmandylar. Bu düşünje boýunça ol ülke ähli ýurtlardan has buýsançlydyr» diýen pikiri öňe sürýärler.

Soltan Mahmyt hut şol ýyl ýene-de Gaznadan çykyp, Multana geldi. Ol ýeri gahar-gazap bilen basyp aldy hem-de kyrmytylaryň we mülhitleriň (ysmaýyllylaryň) köpüsini gyrdy, köpüsiniň el-aýagyny kesdi. Ol ýeriň häkimi Dawut ibn Nasyry diri ele salyp, özi bilen Gazna getirdi we Gur galasynda tussag etdi. Ol şol ýerde aradan çykdy.

Soltan Mahmydyň köňlünde dört ýüz ikinji hijri ýylynda ýene-de jyhat etmek höwesi oýanyp, Hindistan ülkelerinden bolan Tahanysere tarap ýöriş etdi. Çünki onuň mübärek gulaklaryna: «Tahanyser kapyrlaryň gaşynda hormat-sarpada edil Beýik Mekge ýaly taýsyz hasaplanýar. Ol ýerde gadym eýýamdan galan bir buthana bolup, onda örän köp but ýerleşdiripdirler. Olaryň butlarynyň iň ulusynyň ady Jek Sumdyr[1]. Kapyrlaryň ynanjyna görä, jahanyň ýaradylan zamanyndan bäri bu but hem bardyr» diýip ýetiripdiler.

---

[1] «Zeýnel ahbarda» «Jekersum».

Soltan Mahmyt Gazy Penjap ülkesine gireninde özi bilen Anandpalyň arasynda baglaşylan ähde we şerte laýyklykda oňa duşmançylyk etmezlik, ýol ugruna geçip barýan wagty onuň ülkesine hiç bir zyýan ýetirmezlik isledi. Şol sebäpli hem Anandpalyň gaşyna kişi iberip: «Tahanysere ýöriş edip barýan. Özüňiziň ynamdar kişileriňizden birtoparyny biziň mübärek çadyrymyzyň hemrasy etmegiň gerek. Şonda saňa degişli her bir ýer pelek haýbatly goşunyň harapçylygyndan asuda we aman galar» diýip, habar iberdi. Anandpal buýrugy ýerine ýetirmegi özüniň döwletiniň halas bolmagy hasaplap, derrew myhmandarlyk esbaplaryny häzir edip, öz ülkesiniň täjirlerine we bakgallaryna: «Haryt (parça), ýag, galla we beýleki zerur zatlary soltanyň ordasyna eltip, goşunda rahatlyk dörär ýaly ediň» diýip buýurdy. Soňra doganynyň serkerdeliginde iki müň atlyny soltanyň hyzmatyna iberip: «Bu bende saňa tabyn we boýundyr hem-de çäksiz yhlas we ynam bilen dergähiň ýakynlarynyň arzyna şuny ýetirmek isleýär: Tahanyser buthanasy bu diýaryň ýaşaýjylarynyň we ilatynyň ybadathanasydyr. Siziň din we mezhebiňizde butlary döwmek ýagşy zatlary (gowulyklary) hasyl etmegiň we erbetlikleri dep etmegiň esasy bolsa-da (bu düşünje Nigerkut galasyndaky butlar döwülende aýan boldy), häzir bu hyzmatkär sizden haýyş edýär, eger soltan «nal bahasyny»[1] belläp, her ýylky tölemeli salgydyny

[1] Nal baha – bir patyşa gaýry bir ýurduň üstüne baranda eger-de ýerli patyşa oňa garşylyk görkezip bilmejek bolsa, salgytdan daşary üstün

ol mülküň raýatlarynyň boýnuna ýüklese we yzyna dolansa, bu kemine bende hem isleg-haýyşymyzyň kabul edilendiginiň şükranasyna her ýyl elli pil bilen nepis sowgat-serpaýlary dergähiňize iberer» diýip, nama ýazyp iberdi. Soltan: «Musulmanlaryň ynanjyna laýyklykda, şerigatyň rowaçlanmagy we onuň hormaty üçin kimde-kim kapyr ybadathanalaryny ýykmaga hernäçe köp tagalla etse, kyýamat güni ol köpräk sogap gazanýar. Biziň mübärek niýetimiz Hindistan ülkeleriniň ählisinden butparazlyk düzgünlerini belli-külli ýok etmekdir. Onsoň men nädip, Tahanysere edýän ýörişimi bes edeýin» diýip, jogap berdi.

Elgaraz, bu habar Deliniň raýynyň gulagyna ýetende, ol yslam söweşijileri bilen söweşmäge taýýarlanyp, Hindistanyň etrapdyr welaýatlaryna çaparlar iberdi hem-de: «Soltan Mahmyt sansyz leşgerleri bilen meniň ülkelerimden bolan Tahanysere ýöriş etdi. Eger ondan öň «ýas guşaklarymyzy» mäkäm baglamasak, onda tiz wagtdan ol bu ülkäniň sähralaryna ýaýrap, uly, kiçi döwletleriň ählisini köküni-damary bilen düýbünden goparyp taşlar. Maslahat şeýle, ählimiz Tahanyserde jemlenişip, bu gowgany dep edeliň» diýip, habar iberdi. Emma soltan Mahmyt kapyrlaryň leşgeri jemlenmezinden öň Tahanysere ýetip, şäheri boş, esgersiz görensoň, hatyrjemlik bilen oljalamaga girişdi. Ähli butlary

---

patyşanyň goşunynyň gelendäki eden çykdajysyny hem beripdir. Şoňa «nal baha» diýlipdir.

döwdi. Jek Sumy bolsa, halaýygyň aýak astyna oklamak we aýakasty etmek üçin Gazna iberdi.

Yslam goşunlary buthanalarda şeýle bir köp hazynalar tapdylar welin, onuň sany-sajagy ýokdy. Hajy Muhammet Gandaharynyň rowaýatyna-maglumatyna görä, buthanalaryň birinden bir sap ýakut bölegini tapypdyrlar, onuň agramy dört ýüz elli mysgal çykypdyr. Hergiz hiç kim munuň ýaly göwheri gören hem däldir, eşidenem.

Soltan bu ýeňişden soň Delä gidip, ony eýelemek isledi. Emma döwlet sütünleri:

– Delini eýelemek haçanda Penjap ülkesi dolulygyna diwandakylaryň eýeçiligine geçip, ýazga geçirilse hem-de köňüller Anandpaldan belli-külli arkaýynlaşsa, diňe şol wagt miýesser bolar – diýip, arz etdiler. Bu söz Soltana mynasyp görnüp, niýetinden dändi.

Soltan ol welaýatdan iki ýüz müňe golaý ýesir we gul-gyrnak alyp, Gazna getirdi. Aýdyşlaryna görä, şol ýyllarda Gaznany Hindistan ülkeleriniň biri hasaplapdyrlar. Çünki Soltanyň esgerleriniň her biri birnäçe kenizdir gulamyň eýesi bolupdyr.

Dört ýüz üçünji hijri ýylynda goşunbaşy Altyndaş bilen Arslan Jazyp Garjystany eýelemek üçin ugrap, ol diýaryň häkimi Şahsar[1] Abu Nasry tutup, Gazna getirdiler.

---

[1] Şaşar bolmaly.

Aýdyşlaryna görä, Şahsary bent edip, Gazna getirýärkäler, Şahsara wekil-gözegçi bellenen gulam Gazna baryp ýetmezinden öň, hatynyna öz başyndan geçirenlerini habar bermek isläpdir. Onsoň ol Şahsara nama ýazyp bermegi teklip edipdir. Şahsar bu talapdan hernäçe boýun gaçyrsa-da peýda etmändir. Onsoň Şahsar bialaç eline galam alyp:

«Eý, betkär jelep, eý, betbagt eýýämiň lolusy! Sen gabahat işleriň we bozuk hereketleriň meniň gulagyma gelip ýeten däldir, baýlygymy öz islegleriňi hasyl etmek üçin zaýa edýändigiň köňlüme aýan bolan däldir diýen pikir bilen durmuşyňy şerap içmek we wagtlaryňy oýnaşlaryň bilen bile bolmak bilen geçirýäňmi? Hanymanymy ýele berdiň, abraýymy dökdüň, namyssyzlyk topragyny başyma saçdyň. Eger sag-aman ýene-de watana baryp ýetsem, eden etmişleriňiň jezasyny we bozuk hereketleriň temmisini bererin» diýip ýazypdyr. Nama tamam bolandan soň ony möhürläp, gulama berýär. Ol nama gulamyň hatynyna gelip, mazmuny mälim bolandan soň, ol biçäre naçaryň içinden ot-ýalyn öwsüp, tütäp, öz-özüne: «Ähtimal görip duşmanlar ýanýoldaşyma ýalan sözler aýdyp, maňa töhmet atandyrlar» diýip pikir edýär. Onsoň ärinden gorkusyna kenizleri bilen bile öýünden çykyp, bir ýerde gizlenýär. Gulam Şahsary Gazna getirip, öýüne gelip görse, öýüniň gapysy gulply, abatlykdan nam-nyşan galmandyr. Haýran bolup, gapyny açyp görse, edil erem bagy ýaly kaşaň

öýi, misli Nufut[1] çöli ýaly boş we gup-gury, ne keýwanysyndan nyşan bar, ne hyzmatkärinden eser bar. Haýran bolup, goňşularyndan olar barada sorady. Olar namanyň mazmunyny we onda ýazylan gabahat we bozuk zatlary aýdyp beripdirler. Gulam: «Meniň ol zatlardan habarym ýok» diýip, ahy-nala çekip, hatynyny gözläp tapyp, ondan ötünç sorapdyr.

Şahsaryň Soltanyň hyzmatyna eltilen ilkinji mejlisinde degişgen ýaranlar ýaňky wakany Soltanyň arzyna ýetiripdirler. Soltan ýylgyryp:

– Her kim öz çäginden daşary gadam ursa we özünden ulular bilen edepli gatnaşygy ýörelge edinmese, onuň jezasy şeýle bolar – diýipdir.

Soltan şol döwürlerde Apbasly halypa Kadyr Billä: «Horasanyň köp ülkeleri indi bize degişli. Sizden towakga edýärin, Horasanyň siziň gulamlaryňyzyň ygtyýarynda bolan käbir ýesirlerini bu bendäniň emel-darlarynyň ygtyýaryna beriň» diýip, nama ýazdy. Halypa hiç hili çäre tapyp bilmänsoň, onuň haýyşyny kabul etdi. Soltan Mahmyt Bagdadyň halypasy Kadyr Billä: «Samarkandy bize bagyş ediň we onuň permanyny ugradyň» diýen mazmunda ýene-de nama ýazdy. Halypa: «Allatagaladan pena isleýärin! Alla daş edewersin. Bu işi hergiz etmerin. Eger sen meniň permanym bolmazdan ol ýeri almaga kast edäýseň, älemi seniň üstüňe öjükdirerin» diýip, jogap berdi. Soltan Mahmyt gaharlandy we halypanyň ilçisine:

---

[1] Nufut – Arabystanda bir sähranyň ady.

– Müň sany pil bilen baryp, halypalyk öýüni weýran etmegimi we topragyny pillere ýüklàp, Gazna getirmegimi isleýärmi – diýdi. Ilçi gitdi. Birnäçe wagtdan soň ýene-de geldi we nama getirdi. Soltan Mahmyt oturdy, gulamlar sap düzdüler. Işigiň öňünde dag sypat piller hatar bolup durdylar. Leşgeri häzirlediler. Ilçi geldi we ýüzi möhürli namany tagtyň üstünde goýdy hem-de aýtdy:

– Eý, möminleriň emiri! Seniň jogabyň şudur – diýdi.

Hat-petek diwanynyň başlygy Hoja Abu Nasr Zuzeni[1] namany açdy. Görse, onda ilki başynda «Bismillähi-r-rahmany-r-rahym» diýlip, soňundan bolsa bölek-bölek harp bilen «elip», «lam», «mim», «elip», «lam», «mim» diýlip ýazylypdyr. Iň soňunda hem: «Älemleriň eýesine hamdy-sena bolsun, Onuň pygamberi Muhammede we onuň neberesiniň ählisine salawat bolsun» diýlip ýazylypdyr. Soltan we ähli kätipler: «Eýsem, bu näme ýazgy bolup biler, eýsem, munuň syry nämekä?» diýip, haýran bolup galdylar. Gurhany Mejitde şeýle alamatly aýat bar bolsa, baryny okadylar we tefsir etdiler. Emma bu ýazgynyň syryny hiç hili mälim edip bilmediler. Şonda heniz üýtgeşik derejesi we mertebesi bolmadyk Hoja Abu Bekr Kahystany gaýrat gadamyny öňe urup:

– Soltan oňa «piliň aýaklary» bilen haýbat atypdy, ähtimal, onuň jogabyna «äläm täräkäýfe fäalä rabbüke

[1] Bu hat-petek diwanynyň başlygy Abu Nasr Müşkanydyr.

biashabil fil»[1] süresiniň manysyny ýazan bolsa gerek – diýdi. Soltan ony eşiden badyna huşundan gitdi. Huşuna gelip uzak wagtlap aglap, ilçiden ötünç sorady, ony köp sowgatlar bilen hormatlap yzyna ugratdy. Abu Bekre ýörite halat bagyşlady we ony emirlik derejesine göterdi.

Soltan Mahmyt dört ýüz dördünji ýylda Balnat dagyndaky Nenduna galasyna goşun çekdi. Ol wagtlar Anandpal aradan çykyp, onuň ogly, ýagny Çipalyň agtygy Lahoryň häkimi bolupdy. Ol garşylaşmaga güýç-gaýratynyň ýokdugy üçin Nenduna galasynda söweşjeň adamlar goýup, özi Keşmir deresine gitdi. Soltan galany gurşap, nagym gazyp we beýleki gurallary ulanyp, galany eýelemäge girişdi. Galanyň ilaty ejizläp, aman diläp, galany tabşyrdylar. Soltan galada näme zat bar bolsa, baryny eýeläp, galany ynamdar kişileriniň birine tabşyrdy. Soňra Keşmir deresine ýüzlendi. Çipalyň agtygy ondan habarly bolup, ol ýerden başga bir ýere gaçdy. Soltan ol dereden (jülgeden) sansyz olja alyp, halkyny yslam dini bilen tanyşdyryp, Gazna geldi. Soňra Soltan dört ýüz altynjy hijri ýylynda ýene-de Keşmire ugrady hem-de beýikligi we mäkämligi bilen meşhur bolan Luhkut galasyny gabady. Birnäçe wagt geçip, gar ýagyp, howa güýçli sowansoň hem-de galadakylara Keşmirden kömek gelensoň, gabawy taşlap, Gazna ýola düşdi. Ol bu saparda ýoluny ýitirip, bir ýere gelip düşdi welin,

[1] Gurhany Kerimiň 105-nji («Pil») süresiniň 1-nji aýaty: «Perwerdigäriňiziň pil eýelerini edenini görmediňizmi».

tamam sähra suwdan doludy. Haýsy tarapa gitseler suwdan başga hiç bir zat görmeýärdiler. Suwda örän köp halaýyk heläk boldy. Bu Hindistan saparlarynda soltanyň leşgerlerine ýeten ilkinji göz degmedi, betbagtçylykdy.

Birnäçe günden soň ýüz müň kynçylyk we hile bilen ol suwdan halas boldular we hiç bir iş bitirmän Gazna dolandylar.

Hut şol ýyl Abulapbas Mamun Horezmşa Soltan Mahmyda nama ýazyp, onuň doganyna söz aýtdy. Soltan kabul edip, uýasyny Horezme ugratdy. Dört ýüz ýedinji ýylda ykmanda bozgaklaryň birtopary Horezmaşanyň üstüne hüjüm edip geldiler we ondan üstün çykyp öldürdiler. Soltan Gaznadan Balha gelip, ol ýerdenem Horezme ugrady. Horezmiň serhedi Hasarbende[1] ýetende, Muhammet Taýyny leşgeriň alynky bölüminiň serkerdesi edip, öňden iberdi. Gaznalylar düşläp, ertir namazyna başlanlarynda, horezmlileriň goşunbaşysy bolan Humardaş bukudan çykyp, olaryň üstüne çozdy we olaryň uly toparyny gyrdy, galanlary-da gaçdy. Soltan saýlantgy gulamlardan uly bir topary ol jemagatyň üstüne iberdi. Olar horezmlileri yzarlap, Humardaşy tutup, soltanyň gaşyna getirdiler. Soltan Hazarasp galasyna ýeteninde, Horezm goşuny doly jemlenip, onuň barabaryna geldiler we gazaply söweşdiler. Emma olar ýeňlip, goşunbaşylary Alptegin[2] Buhary gaznalylara ýesir

[1] Asyl nusgada: «Hasanbender», «Zeýnel ahbarda» «Japarbent».
[2] Asyl nusgada säwlik bilen: «Lebsiptegin» görnüşinde berlipdir.

düşdi. Soltan Horezme baryp, ilki Abulapbasyň ganhorlaryndan ar aldy. Soňra emir Hajyp Altyndaşa «Horezmşa» lakamyny berip, Horezm welaýatyny we Ürgenji[1] oňa mülk edip bagyşlady. Soltan ol ýerden Balha gelip, Hyrat welaýatyny ogly emir Mesguda berdi hem-de Muhammet ibn Hüseýin Zuzenini oňa wekil belläp, onuň bilen bile ugratdy. Guzganan[2] welaýatyny hem ogly emir Muhammede berip, Abu Bekr Kahystanyny onuň bilen bile ugratdy.

Soltan Horezmiň işlerinden arkaýynlaşandan soň, şol ýylyň gyşynda goşun dynjyny alar ýaly Bustda saklandy.

Dört ýüz dokuzynjy ýylyň alabaharynda, gije-gündiz deňleşen wagtynda, ýagny «meşhur soltan»[3] çemen we reýhan goşunyny sähradyr bossanlyklaryň giňişliklerine çeken hem-de Ordibehişt[4] aýynyň aram howasyndan we Ferwerdin[5] aýynyň ýakymly şemalyndan ýaňa terlik gunçasynyň galalary basylyp alnan döwründe soltan Mahmyt ýüz müň sany saýlantgy atly hem-de uzak Türküstan ülkelerinden, Mawerannahrdan, Horasandan we beýleki ýerlerden gazawat niýeti bilen gelip, soltanyň hereketine garaşyp duran ýigrimi müň sany yslam meýletinçileri bilen

---

[1] Asyl nusgada: «Ýrkent».

[2] Asyl nusgada: «Gürgen».

[3] «Meşhur soltan» – bu ýerde bahar manysynda.

[4] Ordibehişt – hijri-şemsi hasabynda ikinji aýy bolup, Gurbansoltan aýynyň 21-nden Magtymguly aýynyň 21-ne gabat gelýär.

[5] Ferwerdin – hijri-şemsi ýyl hasabynda birinji aý bolup, Nowruz aýynyň 21-nden Gurbansoltan aýynyň 21-ne gabat gelýär.

Kunnuç welaýatyna ugrady. Güştaspyň döwründen tä onuň döwrüne çenli hiç bir bigänäniň eli ol şäheriň «etegine» ýetmändi. Gaznadan ol welaýata çenli üç aýlyk ýoldur we ýedi sany howply derýadan geçmelidir.

Keşmir sebitlerine ýetende ol ýeriň häkimi mynasyp peşgeşler we serpaýlar getirip, patyşalara laýyk enaýatlara mynasyp boldy. Ol buýruga laýyklykda ýeňiş nyşanly goşunyň öň hatarynda ýola rowana boldy. Yslam goşuny menzil we mekanlardan aşyp, Kunnuja ýetip geleninde hem-de belentliginden ýaňa başy asmana ýetip, berklikde we mäkämlikde taýsyz bolan ol gala göze ilende, ol ýeriň şan-şöhratly Gäwre (Küwre) atly rajasy soltan Mahmydyň goşunynyň köplügini we olaryň zynatdyr dabarasyny görüp haýran galdy we howpa düşdi. Onsoň pälinden gaýdyp, uruş we jeň etmegi köňlünden çykaryp, soltanyň hyzmatyna adam iberdi hem-de oňa tabyndygyny we boýundygyny aýan etdi. Ezeli bagtyýarlyk synydan ýapyşansoň, ol meýletinlikde perzentleri we tabynlary bilen galadan aşak inip, soltanyň enaýatyna mynasyp boldy. «Habybys-siýär» atly kitabyň eýesiniň sözüne görä, ol yslam dinine-de giripdir.

Soltan üç günden soň Miret galasyna ugrady. Ol galanyň Herut atly rajasy galany ynamdar adamlaryna tabşyryp, özi bir tarapa güm bolup gidipdir. Galanyň ilaty garşylyk görkezip bilmän, on müň gezek müň dinar, ýagny iki lek we elli müň rupyýa, otuz pil peşgeş berip, aman galdylar. Soňra soltan Mahmyt Çun

suwunyň kenarynda ýerleşen Mehawun galasyna tarap ugrady. Ol ýeriň Gülçent atly rajasy pile münüp, suwdan geçmek islände, soltanyň leşgeri ony kowalap, edil ýel ýaly bolup ýetip geldiler. Ol şonda hanjaryny sogrup, ilki aýalynyň we perzendiniň başyny kesdi, soňra hanjary özüniň kineden doly synasyna urup, barlyk ýüküni dowzaha tarap çekdi.

Ol welaýatdan hem şeýle bir köp olja ele düşdi welin, ony beýan etmek asla mümkin däl. Şol sanda segsen sany dag sypat pil hem ele düşdi.

Bu işlerden dynylandan soň, soltanyň mübärek gulaklaryna: «Şu sebitlerde Mithere[1] atly bir şäher bar. Ol Kerşen Basdyýunyň doglan ýeridir. Hindiler Kerşeni pygamber hasaplaýarlar we bu ýeri oňa Taňrynyň wahysynyň inen ýeri diýip kabul edýärler. Mithere şäheriniň abadanlykda we abatlykda taýy ýok. Ol şäherde şeýle bir ajaýyp we geň-taň zatlar bar welin, sözleýän dil onuň waspyndan ejizdir» diýip, habar ýetirdiler. Soltan Mahmyt (ady-soruny Allatagala dowamly etsin!) bu sözleri eşiden badyna ol şähere ugrady. Şäher Deliniň rajasyna degişli bolsa-da, hiç kim böwet bolmak üçin öňe gadam urmady. Soltan hiç hili gypynçsyz öz maksadyna ýetip, şäheri talaňçylyga berdi. Şäheriň özünde we onuň töwereklerinde ýerleşen buthanalary ýakyp we ýykyp, soňsuz baýlygy ele saldy. Soltan uly-uly, beýik-beýik ymaratlary, binalary we buthanalary görüp haýran galdy. Ol Gaznanyň

[1] Bu şäheriň ady dürli çeşmelerde Mahura, Matura, Meture we beýleki görnüşlerde hem gelýär.

ulularyna we han-beglerine ýazan hatynda olar barada şeýle ýazdy: «Bu şäherde asmana baş urýan müňlerçe köşk bar. Emma köpüsi mermerden. Diňe buthanalaryň özlerini hem köplügi sebäpli sanap gutarar ýaly däl. Eger bir kişi edil şunuň ýaly bir ymarat bina etmek islese, ýüz müň dinar sarp edenden soň, eli ýeňil, çakgan ussatlar doly janypkeşlik edende iki ýüz ýylyň dowamynda tamam edip gutarar».

Aýdyşlaryna görä, sap tylladan ýasalan bäş sany but tapypdyrlar. Olaryň göz okaralarynda ýakut goýlup, ählisi elli müň dinara degipdir. Ýene-de butlaryň birinde mawy ýakut bölegini goýupdyrlar. Onuň agramy dört ýüz mysgal çykypdyr. Ol tylla buty döwenlerinde ol togsan sekiz müň üç ýüz mysgal tylla barabar bolupdyr. Ululy-kiçili kümüş butlar ýüzden gowrak eken. Olary hem döwüpdirler, ählisi ýüz düýä ýük bolupdyr. Şondan soň ymaraty otlapdyrlar. Ýigrimi günden soň ol ýerden göç edipdirler.

«Taryhy Elfiniň» maglumatlaryna görä, soltan: «Şol töwereklerde bir derýanyň kenarynda ýedi sany gala ýerleşip, olar belentlikde we mäkämlikde özlerini pelegiň hemrasy hasaplaýarlar» diýip, eşiden badyna eglenmezden ol galalara tarap ugrapdyr. Ol galalaryň Deliniň rajasyna paç töleýän häkimi howsala düşüp, gaçyp ugraýar. Soltan ol galalara gelip, olara tomaşa etmäge meşgul bolýar. Şol aralykda onuň gözi birnäçe buthana düşýär. Hindileriň ynam-ygtkadyna görä, olaryň bina edilen döwründen bäri dört müň ýyl geçipdir. Musulmanlar ol galalardan we buthanalardan

näme tapsalar eýeläp, soltanyň jylawunda Menç galasyna tarap ýola rowana boldular. Ol gala söweşjeň adamlardan we sansyz azyklardan doludy. Soltan on bäş günläp gabaw serişdeleri bilen meşgullanyp, şäher ilatynyň giriş-çykyş ýollaryny bekledi. Musulmanlar şäheri gazap bilen eýelänlerinden soň, kapyrlaryň bir topary özlerini galadan aşak oklap, heläk etdiler. Birtopary aýaly we perzentleri bilen özlerini oda okladylar. Birtopary galanyň derwezesini açyp, ellerine hanjardyr gylyç[1] alyp, musulmanlar bilen tä bary gyrylýança örän gazaply jeň etdiler.

Soltan oljalary we gala baýlyklaryny hasaba alyp, ýazga geçirip, Çendpalyň galasyna tarap ugrady. Çendpal özüniň garpyşmaga kuwwatynyň ýokdugyny görüp, soltan gelmezinden öň baýlyklaryny we nepis zatlaryny ýanlaryna alyp, perzentleri we ýakynlary bilen bile ülkesiniň daglarynda penalandy. Soltan Mahmyt ol galanyň galan baýlyklaryny öz eýeçiligine geçirdi. Ol ýerde bar bolan örän köp mukdardaky gallany goşuna paýlap berdi. Soňra özüne göwni ýetýän kapyr Çendraýyň ýurduna ugrady. Ol hem Çendpalyň ýörelgesine eýerip, baýlyklary we serişdeleri we ýaranlary bilen daglyga siňdi. Aýdyşlaryna görä, Çendraýyň örän ullakan we hemmä belli bir pili bolup, ol pil tutuş Hindistanda tymsala öwrülen eken. Soltan birnäçe gezek oňa hyrydar çykyp, agyr baha bilen ony satyn almak isläpdir. Emma

[1] Asyl nusgada: «Jemder».

miýesser bolmandyr. Şol günlerde ol pil bir agşam pilbansyz Çendraýyň ordasyndan gaçyp, Soltanyň çadyrynyň golaýyna gelipdir. Soltan ony ele salyp, begenip, oňa Hudadat (Allaberdi) diýip, at goýupdyr.

Soltan Gazna gelip ýeteninde, Kunnuç saparyndaky oljalary sanadypdyr. Şonda ol ýigrimi müň dinar, müňlerçe-müň dirhem çykypdyr. Bulardan daşgary hem elli müň gul-gyrnak, üç ýüz elli sany pil we beýleki nepis zatlar getirlipdir.

Soltan bu saparyndan ýeňiş we üstünlik bilen dolanyp gelenden soň, onuň buýrugy bilen Gaznada bir juma metjidini bina etdiler. Metjidiň ymaratynyň asyl özenini dört burç, alty burç, sekiz burç we tegelek mermerlerden bina edip galdyrýarlar. Oňa tomaşa edenler onuň gurluşyna we mäkämligine haýran galýardylar. Ymarat gurlup gutarandan soň, höküme laýyklykda, ony dürli-dürli zynatlar, düşekler we asma çyralar bilen şeýle bir bezediler welin, ol döwrüň inçeden görýänleri ol metjide «Pelek gelni» diýýärdiler. Ol metjidiň töwereklerinde medrese bina edip, ony nepis kitaplar we ajaýyp golýazmalar bilen dolduryp, metjitdir medresä köp sanly obalary wakf etdi. Soltan Mahmytda metjit we medrese gurmak hyjuwy dörände «Adamlar öz patyşalarynyň ýörelgeleri bilendir» diýen söze (hadysa) laýyklykda döwlet emeldarlarynyň we emirleriniň her biri hem metjitdir medreseler we kerwensaraýdyr hanakalar bina etmäge başladylar. Azajyk pursadyň içinde şeýle bir

köp beýik ymaratlar bina edildi welin, sany-sajagy ýokdy.

Şol sanda soltanyň bu gezek Hindistan welaýatyndan ele salan ajaýyp zatlarynyň biri hem gumry şekilindäki bir guşdy. Ol guş heran-haçan mejlise zäherli tagam getirseler, howsala düşüp sandyraýardy we biygtyýar gözlerinden ýaş döküärdi. Soltan Mahmyt ol guşy başga-da birtopar sowgat-serpaýlar bilen bile halypa Kadyr Billä üçin Bagdada ugratdy.

Hindistan ülkesinden ele salnan ajaýyp zatlaryň ýene biri bir daşdy. Bir kişä hernäçe agyr ýara düşse-de, ol daşy suwda ezip, şol ýara sürtseler, ol şobada ýagşy bolýardy.

Soltan Mahmyt dört ýüz onunjy ýylda Bagdada özüniň Hindistan ülkelerinde gazanan ähli ýeňişlerini beýan edýän ýeňişnama iberdi. Apbasly halypa Kadyr Billä ol gün uly bir mejlis gurup, ol ýeňişnamany mün-berleriň üstünde, halkyň öňünde belent owaz bilen okamaklaryny buýurdy. Ony eşiden adamlar yslam baýdaklarynyň belende göterlendigi, kapyrlyk we gümralyk esaslarynyň ýykylandygy üçin Hudaýa şükür etdiler hem-de soltan Mahmyda öwgüler aýtdylar. Oňa Allatagaladan üstünlik we ýeňiş dilediler. Ol gün Bagdatda şeýle bir şatlyk-şagalaň boldy welin, göýä diýersiň edil kesgitlenen yslam baýramlarynyň biri ýaly boldy.

Bu işler şeýle bir ýokary derejede bolup, beýik sahabalaryň Arap, Ajam, Rum we Şam ülkelerinde

ýerine ýetiren işlerini soltan Mahmyt Hindistanda berjaý etdi hem-de özüniň bu dünýäsini we ahyretini abadan etdi.

Dört ýüz on ikinji ýylda alymlaryň, ýagşyzadalaryň we musulmanlaryň uly topary jemlenişip, soltanyň mübärek dergähine gelip:

– Soltan her ýyl sogap gazanmak üçin Hindistana gidýär we ol ýerde yslam nyşanlaryny ýüze çykarýar. Emma köp wagtdan bäri araplaryň we kyrmytylaryň derdinden Mukaddes öýüň – Mekgäniň ýoly bagly. Musulmanlar olardan gorkusyna we Apbasly halypalaryň gowşaklygy sebäpli haj sogaplaryny gazanmakdan mahrum – diýip, arz etdiler. Soltan Mahmyt olaryň haýyşyny kabul edip, hökümdarlyk edýän ülkesiniň kazylar kazysy bolan Abu Muhammet Nasyhyny Emir Haj[1] belläp, oňa kerwen ýolundaky araplara sarp etmek üçin otuz müň sap gyzyl dinar berdi we Mukaddes öýe rowana etdi. Ululardan, han-beglerden, hormatlylardan we kiçilerden örän köp adam oňa hemra boldy. Olar menzil-mekanlary aşyp, badyýa-arap sährasyna gelip, Faýt[2] atlandyrylýan bir ýere ýetenlerinde, araplar adaty ýörelgelerine laýyklykda ýol kesip, böwet boldular. Kazy Abu Muhammet Nasyhy ylalaşyk ýörelgesine eýerip: «Ýolumyzdan aýrylsynlar» diýip, olara bäş müň dinar ugratdy. Araplaryň Hammat ibn Aly atlandyrylýan serkerdesi ondan ýüz öwrüp, öz leşgerini kerweni ta-

[1] Haja gidýän uly kerweniň emiri.
[2] Asyl nusgada: «Kaýt».

lamaga we çapawullamaga häzirledi. Tötänden şol wagt kerwen adamlaryndan peýkam atmakda ussat bolan bir türkmen Hammada tarap peýkam atdy. Takdyryň ýazgydyna laýyklykda, peýkam onuň başyndan degip, şobada atdan ýykyldy. Araplar eglenmezden onuň jesedini göterip, gaçmaga ýüz goýdular. Kazy Abu Muhammet Nasyhy hatyrjemlik we asuda köňül bilen şol ýylky haj dessurlaryny berjaý edip, sag-salamat dolanyp geldi. Munuň üçin ybadat edilýän Hökümdara – Taňra hamdy-senalar bolsun.

Hut şol ýyl, ýagny dört ýüz on ikinji ýylda soltan: «Hindistanyň kapyrlary käýinçli we sögünçli dillerini uzadyp, Kunnujyň rajasy Gäwrä melamatlar ýöňkäpdirler. Goşunynyň we nökeriniň köplügi bilen özgelerden tapawutlanýan Kälenjeriň rajasy Nenda bolsa, «Näme üçin soltan Mahmyda boýun bolduň» diýip, Kunnuja leşger çekip, Gäwräni öldüripdir» diýip eşitdi. Soltan Mahmyt bu gürrüňden soň, öňki gezekdäkilerden hem köp leşger jemläp, köp sanly uruş ýarag-esbaplary bilen Nendadan ar almak üçin Hindistana tarap ugrady. Jun[1] suwuna ýetende Çipalyň agtygy, ýagny Penjabyň rajasy (ol birnäçe gezek Soltanyň goşunyndan ýeňlip gaçyp gidipdi) Nenda kömek we medet bermek niýetinde söweşe taýýar goşuny bilen Soltanyň goşunynyň ýoluny kesdi.

Gazaply we çuňňur derýa geçmäge böwet bolup, soltanyň ýakynlaryndan hem hiç kim suwdan geçip

[1] Ýokarda «Çun suwy» görnüşinde getirlipdi.

bilmeýärdi. Birden soltanyň aýratyn gulamlaryndan sekiz gulam birden suwdan geçip, Çipalyň agtygynyň tutuş leşgerini pytradyp dargatdylar, ýeňdiler. Çipalyň agtygy birnäçe kişi bilen güm bolup gitdi. Gulamlar ol ýerden şol töwereklerde ýerleşýän bir şähere gidip, ony taladylar we çapawulladylar. Buthanalary ýykdylar.

Akyl eýelerinden gizlin bolup galmasyn, sekiz sany kişi bir patyşanyň goşunyny ýeňip bilmez. Megerem, ol sekiz kişi emirlerden bolsa gerek we öz leşgeri bilen suwdan geçip, şeýle uly işi bitiren bolsalar gerek.

Elgaraz, ol ýerden Nendanyň welaýatyna ugradylar. Nenda söweşe häzir bolup, otuz alty müň atly, kyrk bäş müň pyýada we alty ýüz kyrk pil bilen soltanyň barabaryna gelip, leşgergäh düzdi. Soltan bir belent depä çykyp, onuň leşgerini göz çaky bilen synlady. Onuň leşgeriniň örän köpdügini görende gelenine puşman edip, nyýaz maňlaýyny zarynlyk we mätäçlik toparagyna goýup, Taňrynyň dergähinden ýeňiş we üstünlik diledi.

Takdyry ýazgytdan, agşam düşende Nendanyň kalbyna uly howp düşüp, ähli esbaplaryny duran-duran ýerinde goýup, gaçyş ýoluny saýlapdyr. Ertesi Soltan ondan habarly bolanda atlanyp, ilki bilen bukulary barlap, köňlüni kapyrlaryň mekir-hilesinden rahat edensoň, talaňçylyga el uzatdy. Yslam goşunynyň eline älem-älem, jahan-jahan oljalar düşdi. Hut şol sebitlerde bir jeňňelden Nendanyň bäş ýüz segsen sany pilini tapdylar.

Yzynda galan Penjap we beýleki welaýatlardan köňli hatyrjem bolmandan soň, şol ýyl şonuň bilen kanagatlanyp, Gazna dolandy.

## *Kyrat we Nardyn welaýatlarynyň eýelenişi*

Hut şol wagtlarda: «Hindistanyň serhet ülkelerinden bolan Kyratyň we Nardynyň[1] ilaty boýunlaryny musulmanlyk halkasyna ildirmän, tabynlykdan we Muhammediň şerigatyndan baş gaçyrypdylar. Köpüsi-de butparaz» diýip, habar gelip ýetdi. Soltan leşger jemläp, özi bilen demirçileriň, daş ýonujylaryň we neçjarlaryň uly toparyny alyp, ol ülkä ýöriş etdi. Ilki bilen Kyrata hüjüm edip, ol ýeri eýeledi. Kyrat Hindistan bilen Türküstan ülkeleriniň arasynda ýerleşýän bir sowuk ýer bolup, ol ýeriň örän köp miwesi bardyr.

Ol ýeriň häkimi boýun bolup, watandaşlary bilen yslamy kabul edensoň, soltan Mahmyt Hajyp Aly ibn Il Arslan Karyby[2] Nardyny eýelemäge ugratdy. Ol baryp, ol ýerleri eýeledi. Ol ýerlerden sansyz baýlyk we gul-gyrnak ele düşdi. Şol ýerde ýerleşen bir uly buthanany ýykanlarynda ol ýerden bir nagyşlanan we oýulan[3] bir daş çykdy. Hindileriň düşünjesine görä, onuň bina edilenine kyrk müň ýyl bolupdyr.

---

[1] Hindistanda bir welaýatyň ady.

[2] Asyl nusgada: «Hajyp ibn Arslan Jazyp».

[3] Bu ýerde «oýulyp nagyşlanan» diýen manyny aňladýar.

Soltan ol ýere gidip bir gala gurdy we Aly ibn Gadarjugy[1] oňa kütwal[2] edip belläp, yzyna dolandy.

## *Lahor şäheriniň eýelenişi*

Soltan Mahmyt dört ýüz on ikinji ýylda Keşmire ugrap, Luhkuty[3] gabawa aldy we oňa bir aý wagtyny sarp etdi. Emma ol şäher gün-günden mäkämleşenden soň, ony eýelemekden el çekip, ol ýerden dolandy we Lahorda düşledi. Talaňçylyk we çapawullyk üçin daş-töwerege leşger iberip, san-sajaksyz oljalary ele saldylar. Bu gezek Çipalyň agtygy ejizläp, haly harap bolansoň, Ejmiriň raýynyň gaşyna penalanyp barypdy.

Soltan Lahor şäherini eýeläp, ony özüniň ynamdar emirleriniň birine tabşyrdy. Penjabyň welaýatlarynyň köpüsini özüniň ynamdar we akylly emeldarlaryna tabşyryp, talaňçylykdan we çapawullykdan dönüp, ýurt eýelemäge girişdi[4]. Ol diýarda ýeňiş nyşanly goşun goýup, ol ülkelerde öz adyna hutba okatdyryp, baharyň başynda Gazna dolandy.

Soltan Mahmyt dört ýüz on üçünji ýylda Lahor ýolundan ýene-de Nendanyň welaýatyna ýöriş etdi. Guwalýar galasyna ýetende ol galany eýelemek tamasy bilen ony gabady. Dört günden soň ol galanyň rajasy

---

[1] Asyl nusgada: «Aly ibn Gadar Seljugy».

[2] Kütwal – häkim, şäherdäki baş goşunbaşy.

[3] «Zeýnel ahbarda» «Luherkut».

[4] Iňki gezeklerinde köplenç basyp alyp, buthanalary weýran edip gaýdýan bolsa, bu gezek şol ýerlerde öz emeldarlaryny häkim belläp, gös-göni öz döwletiniň düzümine girizdi diýen manyny aňladýar.

suhangöý ilçileriň üsti bilen otuz bäş sany pil berip, ýaraşyk baglaşdy. Soltan Nendanyň mesgeni bolan Kälenjere gidip, ony gabawa aldy. Nenda üç ýüz sany pil bermegi kabul edip, ýaraşyk isledi. Soltan muny kabul edende olar synag üçin üç ýüz pili pilbansyz daşary çykaryp, sähra goýberdiler. Soltan türkmenlere buýruk berdi, olar pilleri tutup, atlandylar. Galanyň ilaty bu ýagdaýy synlap haýran galyp, türkmenlere telpek goýdular we olardan has-da gorkdular. Nenda soltany öwgüläp, hindiçe bir şygyr düzüp, onuň gaşyna iberipdir. Soltan ony öz hyzmatynda ýören hindi, arap we ajam akyldarlaryna görkezipdir. Ählisi «berekella» we «aperin» diýipdir. Soltan muňa buýsanyp, on bäş sany galanyň, şol sanda Kälenjer galasynyň häkimligine belleýändigi baradaky permanyny, başga-da birtopar sowgat bilen oňa peşgeş edip iberýär. Nenda hem onuň öwezine soltanyň hyzmatyna sansyz baýlyk we soňsuz göwherler iberýär. Onsoň soltan onuň diýaryndan el çekip, Gazna dolanýar.

Dört ýüz on bäşinji ýylda soltan leşgerini gözden geçirýär, hasaplaýar. Onuň leşgeriniň sany etraplarda we welaýatlarda bolan leşgerlerinden daşgary elli dört müň atly we üç ýüz pil diýlip ýazyldy. Ol şeýle haýbatlylyk bilen Balha ugrady. Şol wagtlarda Mawerannahryň ilaty Alyteginden şikaýat etdiler.

### *Soltanyň Balha[1] gitmegi*

[1] Ähtimal bu ýerde säwlik bilen «Balh» diýip, ýazandyr. Görnüşine görä Balha däl-de, Mawerannahra gidene meňzeýär.

Soltan Alytegini dep etmek üçin Jeýhun suwundan geçdi. Mawerannahryň serdarlary ony garşylamaga çykyp, öz derejelerine laýyk peşgeşler getirdiler. Tutuş Türküstanyň patyşasy bolan Ýusup Kadar han ony garşylamaga çykdy hem-de muhabbet ýörelgesinden ýöräp, soltan bilen dostlukly ýagdaýda duşuşdy. Soltan onuň gelenine hoşal bolup, baýramçylyklar düzetdi. Olar biri-birlerine sowgat-serpaýlar berdiler. Ahyrynda hem ylalaşyk we hoşallyk bilen biri-birinden aýrylyşdylar. Alytegin mundan habarly bolup, gaçyp gitdi. Soltan onuň yzyndan kowgy iberdi. Olar ony tutup getirdiler. Soltan ony zynjyra baglap, Hindistan galalarynyň birinde tussag etdi. Soňra özi Gazna dolandy.

Hut şol ýyl, ýagny dört ýüz on bäşinji ýylda soltana şeýle mazmunda arz etdiler:

«Hindiler: «Ruhlar bedenlerden aýrylyşandan soň, Sumanatyň[1] huzuryna we hyzmatyna gelýärler. Sumanat bolsa, ruhlaryň her haýsyny laýyk hasaplan başga bir bedenine geçirýär, ýöne tanasuh[2] ýörelgesi bilen geçirýär» diýýärler. Mundan başga-da olar Sumanat hakynda: «Deňizleriň daşmasy we gaýtgyny deňizleriň oňa ybadat etmesidir» diýip ynanýarlar. Brahmanlar: «Sumanat soltan Mahmydyň döwen butlaryndan göwni galyp ynjapdy. Şonuň üçin olara

---

[1] Sumanat – butlaryň biriniň ady.

[2] Ilen adamyň ruhunyň başga bir täze dogan janly bedene geçmegi baradaky hyýaly düşünje.

hemaýat etmedi. Bolmasa, bir göz açyp-ýumasy salymda her kimi islese heläk edip bilýär» diýýärler. Şeýlede olaryň ynanjyna görä, Sumanat patyşamyş, beýleki butlar onuň hajyplary we nowwaplarymyş[1]».

Soltan Mahmyt bu sözleri eşidip, Sumanaty eýelemegi we ýigrenji sypat butparazlary gyrmagy niýet edip, Meret aýynyň onuna ýörite leşgeri hem-de Türküstan we beýleki welaýatlardan gelip, onuň ýeňiş nyşanly ordasyna goşulan aýlyk-haksyz otuz müň sany meýletin atly bilen Sumanata garşy ýöriş etdi. Sumanat Oman deňziniň kenarynda ýerleşen bir uly şäherdir we brahmanlar bilen beýleki kapyrlaryň ybadathanasydyr. Sumanat buty şol ýerdedi. Bu wagt ol Benderi Diwe[2] degişlidir we Pereň kapyrlarynyň eýeçiligindedir.

Taryhy kitaplarda: «Hezreti penakär Pygamberiň döwründe Sumanat atly bir uly buty Käbe öýünden göterip şu ýere eltip, onuň ady bilen baglylykda bir şäher gurupdyrlar» diýlip ýazylypdyr. Emma brahmanlaryň yslam ýüze çykmazyndan birnäçe müň ýyl öň ýazylan gadymy kitaplaryndan peýdalanylanda şeýle maglumatlar berilýär: Bu but dört müň ýyl bäri brahmanlaryň ybadatgähi (Taňrysy) bolan Kerşeniň zamanyndan bäri bardyr. Brahmanlaryň sözlerine görä, Kerşen şol ýerde gaýyp bolupdyr.

---

[1] Nowwap – oruntutar, golastyndaky häkim.

[2] Benderi Diw – (diw-dib – hindiçe ada manysynda) Diw (Diýu) porty we adasy Katywar ýarym adasynyň çetinde, Hint ummanynyň kenarynda, Kambeý we Keraçy aýlagynyň arasynda ýerleşýär.

Soltan Mahmyt Oraza aýynyň ortasyna Multan şäherine ýetdi. Öňde otsuz-suwsuz beýewan bolansoň: «Her kim birnäçe günlük suw we azyk götersin» diýip, höküm etdi. Soltanyň özi hem esgerleriň alan zatlaryndan başga-da, ätiýaçlyk üçin ýigrimi müň sany ýörite düýä suw we azyk ýükläp, Multandan çykyp ugrady. Ol gan içiji beýewandan geçip, Ejmir şäherine we galasyna baryp ýetdi. Ol ýeriň raýy ýol ugrundan çete çekilipdi. Şonuň üçin soltanyň goşuny hüküme laýyklykda, talaňçylyk we gyrgynçylyk ýörelgelerine başladylar. Esasy maksat Sumanaty ýykmak bolansoň, galany almak üçin daňlyp galman, ýol sökmäge meşgul boldular. Şol aralykda hanjar syryjy mertlerden doly we söweş ýarag-esbaplaryndan püre-pür bolan birnäçe galany gördüler. Emma hezreti Perwerdigär olaryň ýüreklerine şeýle bir howp we gorky salypdy welin, olar gylyç we naýza ulanmazdan tabyn bolup, köp baýlyklary hem-de galalary soltanyň diwanyndakylaryň ygtyýaryna berdiler. Ondan soň Güjratyň Peteni diýen ýerine, ýagny Nährwala ýetdiler. Ol şäheri söweşijilerden boş görüp, soltanyň buýrugyna laýyklykda, ol ýerden hem köp azyk-suwluk alyp, gyssanmaçlyk bilen ýöräp, Sumanata ýetdiler. Deňziň kenarynda bir gala gördüler welin, başy mawy pelege ýetýärdi, deňziň suwy onuň dyrnagyna[1] ýetmeýärdi. Sansyz kapyrlar onuň diwarynyň üstüne çykyp, musulmanlara nazar salýardylar hem-de belent owaz

[1] Binanyň iň aşaky bölegi, esasy, özeni (fundamenti).

bilen: «Biziň Taňrymyz Sumanat hemmäňizi birden heläk etmek üçin hem-de Hindistanda döwen butlaryňyzyň aryny sizden almak üçin sizi bu ýere getirdi» diýip, gygyrýardylar.

Ertesi, özünden göwnühoş bu älem günüň çeşmesinden nur alyp nurlananda, yslamyň batyrgaý goşuny pelek haýbatly hüküme görä, galanyň düýbüne baryp söweşe girişdiler. Hindiler olaryň batyrgaýlyklaryny we garadan gaýtmazlyklaryny görenlerinde, peýkam ýagdyryjylardan gorkusyna gala diwarlarynyň üstüni taşlap, galanyň içinden baryp bolýan buthanalara girip, Sumanatdan medet dilediler. Musulmanlar gala diwarlaryna merdiwanlar söýäp, gala diwarynyň üstüne çykdylar we belent owaz bilen tekbir (Allahu ekber) aýtdylar. Hindiler ýene-de agzybirlik bilen söweşe girişdiler.

Ol gün tä gijeligi we garaňkylygy aýryjy Aý pelegiň pöwrize deý mawy galasynyň üstüne çykýança we gelin ýüzli ýyldyzlar asman gijeliginden jilwe kakmaga başlaýança iki tarapyň arasynda uruş dowam etdi. Gijäniň garaňkylygy biri-biriňi görmäge böwet bolandan soň, yslam esgerleri yzyna dolandylar. Ertesi ýene-de öz işlerine meşgul bolup, ýiti naýzadyr jan alyjy peýkam bilen hindileri galanyň üstünde awara etdiler. Edil geçen günki ýaly merdiwanlar söýäp, daş-töwerekden galanyň üstüne hüjüm etdiler.

## *Sumanatyň raýlarynyň jeňi*

Kapyrlar topar-topar bolup, Sumanaty gujaklap, onuň bilen agyly we kalby dagly hoşlaşyp: «Söweş, söweş» diýşip, tä gyrlyp gutarýançalar tagalla baryny etdiler. Üçünji gün galanyň we buthananyň daş-töwereginde bolan hindi esgerleri-de daş tarapdan gelip, özleriniňkä medet bermek maksady bilen söweş usullaryny edip, saplar düzdüler. Soltan Mahmyt bir topary galany gabamakdan saklap, ýaňky jemagaty dep etmäge girişdi. Iki tarap hem sözsüz we kelamsyz yhlas we janypkeşlik edip, söweş meýdanyny duşmançylyk we gahar-gazap ody bilen şeýle bir gazaply otladylar welin, onuň howrundan ýaňa oduň özi gyra çekilip, gaçybatalga gözläp ugrady. Söweş esgerleriniň ahwalyny görüp, zamananyň kalby paralanýardy.

Permdiwiň we Dabyşlymyň emirleriniň yzly-yzyna gelip ýetmegi, yslam leşgerinde gowşaklygy ýüze çykarar diýen gorky döredipdi. Soltan Mahmyt tolgunyp, bir çetde düşledi we şyh Abulhasan Harakanynyň hyrkasyny eline alyp, mätäçlik ýüzüni harlyk topragyna goýup, Taňrynyň dergähinden yhlas bile ýeňiş we üstünlik diledi. Soňra öz esgerleriniň arasyna gelip, kapyrlaryň üstüne hüjüm edip, ýeňiş we üstünlik gazandy. Ol söweşde bäş müňe golaý müşrik gyrylansoň, galanyň ilatyna gorky we howp aralaşyp, söweşden el çekdiler. Gylyçdan sypan dört müňe golaý brahmanlar we Sumanatyň hyzmatkärleri Oman deňzine ýüz öwrüp, gämilere münüp, Serendip adasyna çekilmek islediler. Emma soltan ondan öň munuň pikirini edip, batyrlardan doly birnäçe gämini olaryň

ýol ugrunda keserdip goýupdy. Olar kapyr gämileri görnen badyna derrew olara garşy hüjüm edip, köpüsini ýokluk deňzine gark etdiler. Soňra soltan Mahmyt perzentleri we dergähiniň ululary bilen gala girdi. Ol ýeriň ähli ymaratlaryna tomaşa etdi. Şondan soň galanyň içinden buthana bardy. Görse, ini-boýy örän giň bir jaý eken. Onuň petigine elli alty sany göwher bezegli sütüni direg edipdiler. Sumanat daşdan taraşlanyp ýasalan bir butdy. Onuň boýy bäş gez bolup, iki gezi ýeriň astyndady, üç gezi bolsa, ýeriň üstündedi. Soltanyň nazary ol buta düşende joşa düşüp, elindäki gürzi bilen onuň ýüzüne şeýle bir urdy welin, onuň ýüzi çym-pytrak boldy.

### *Sumanatyň çagşadylmagy*

Şondan soň soltanyň buýrugy bilen Sumanatdan iki bölek daşy bölüp alyp, Gazna äkitdiler hem-de birini juma metjidiniň işigine, beýlekisini soltanlyk köşgüniň gapysyna taşladylar. Şeýlelikde, alty ýüz ýyldan gowrak wagt geçendigine garamazdan, ol daşlar häli-bu güne çenli, Gaznada durandyr we ony adamlar görýändir.

Sumanatdan başga-da soltan iki bölek daş bölüp alyp, Medinä we Mekgä iberdi. Ony köpçüligiň geçýän köçesine taşladylar.

Takyk maglumatlara görä, soltan Mahmyt Sumanaty döwmek islän wagtynda brahmanlaryň birtopary dergähiň ýakynlaryna: «Eger patyşa bu buty

döwmän goýsa, biz patyşanyň gaznasyna örän köp zer tabşyralyň» diýip, haýyş etdiler. Döwlet sütünleri bu haýyşy soltana ýetirip:

– Bu daşy döwmek bilen butparazlyk resmi (düzgüni) bu diýardan ýok bolup gitmez we hiç bir peýdasy degmez. Eger kapyrlardan şeýle uly mukdardaky gyzyl alnyp, haklylara we musulmanlara berilse, has mynasyp bolar – diýdiler. Soltan:

– Aýdýan zatlaryňyzyň bary dogry we hakykat bilen sepleşýär. Emma men bu işi etsem, maňa «Mahmyt but satan» diýerler. Eger döwsem, «Mahmyt but döwen» diýerler. Has gowusy, goý, bu dünýäde hem, ol dünýäde hem maňa «Mahmyt but satan» däl-de, «Mahmyt but döwen» diýsinler – diýdi.

Onuň ýagşy ynanjynyň netijesi şolbada soltanyň durmuşyna şugla saldy. Çünki, Sumanaty köwek edip ýasandyklary üçin ony döwen wagtlarynda onuň içinden şeýle bir köp mukdarda nepis göwherler we merjen-dürler çykdy welin, brahmanlaryň berjek bolan zatlary bilen deňeşdirer ýaly däldi.

«Habybys-siýär» atly kitapda şeýle maglumat berilýär:

Sumanat taryh eýeleriniň gelýän netijelerine görä, bir butuň ady bolup, hindiler ony «butlaryň iň ulusy» hasaplaýarlar. Emma şyh Ferideddin Attar munuň tersine maglumat berýär. Onda şeýle beýan edilýär:

Mahmydyň esgerleri alanda Sumanady,
Içinden but tapdylar, Nat eken onuň ady.

Bu beýtden mälim bolşuna görä, «Suma» buthananyň ady bolup, onda ýerleşdirilen butuň ady «Nat» eken.

Bu setirleri derňew galamy bilen ýazan kişi[1] şeýle netije çykarýar:

Hakykatdan hem öňki köne taryhçylaryň (Alla olara rehmet etsin!) aýdany hakykata has ýakyn, emma şyh Ferideddin Attaryň aýdany hem olaryň aýdanyna ters gelip duranok. Çünki, «Sumanat» sözi hakykatdan hem «Suma» we «Nat» sözleriniň birikmesinden düzülendir. «Suma» şol buty ýasan bir patyşanyň adydyr. «Nat» hem şol butuň adydyr. Soňra bu iki söz biri-biri bilen baglanyşyklykda köp ulanylandygy sebäpli edil «Baalbek» ýaly bir söze öwrülipdir we şol buty aňladýan düşünjä öwrülipdir, diňe ol hem däl, ol söz şol buthanany, hatda şol şäheri aňladýan düşünjä öwrülipdir. Diýmek, eger «Sumanaty» şu butuň ady hasaplasalar hem, ýa-da ol buty diňe «Nat» atlandyrsalar hem nädogry däldir, ikisi-de dogrudyr.

«Nat» sözüniň hindi dilinde düýp manysy uly, beýik diýmekdir. Hindi dilinde ulanylýan «Jeknat» sözi hem şuňa meňzeşdir. «Jek» halaýyk manysyndadyr, «Nat» bolsa, «Halaýygyň eýesi» manysyndadyr. Ýöne iş ýüzünde gepleşikde köplenç bir düşünje hökmünde ulanýarlar we söz hökmünde manysy seljerilmeýär[2].

---

[1] Bu ýerde Muhammet Kasym Perişdäniň özi göz öňünde tutulýar.

[2] «Sumanat» hindi dilinde ulanylýan iki sözden: Suma, ýagny Aý we Nat, ýagny Hudaý diýen sözlerden düzülendir.

Aý tutulan gijeleri ýa-da Gün tutulan wagtlary Sumanat buhthanasynda iki ýüz, üç ýüz müňden zyýat adam jem bolupdyr we uzak ülkelerden ol ýere nezrdir sadakalar getiripdirler. Hindistan häkimleriniň Sumanata wakf (bagyş) eden obalarynyň sany iki müňe golaýlapdyr. Sumanata üznüksiz iki müň brahman ybadat edipdir. Her agşam Sumanaty Gang derýasynyň täze suwy bilen tutuşlygyna ýuwupdyrlar. Ýogsa, Sumanat bilen Gang derýasynyň arasy alty ýüz kuruhdan[1] zyýadady. Şeýle-de agramy iki ýüz mana barabar bolan we töwereklerinde jaňlar dakylan tylla zynjyry ybadathananyň çüňkünde häzirläp goýupdyrlar. Ony kesgitlenen sagatda hereketlendiripdirler we onuň owazyndan brahmanlar ybadat wagtynyň bolandygyny bilipdirler. Şonuň ýaly-da bäş ýüz sany aýdymçy we tansçy keniz, üç ýüz sany sazanda kişi ol buthananyň hyzmatynda bolupdyr. Olaryň zerurlyklary nezr-sadakalardan we wakf edilen zatlardan üpjün edilipdir. Mundan başga-da ol ýerde zyýaratçylaryň sakgal we saçyny taraşlamak üçin üç ýüz kişi bellenipdir. Hindistanyň köp rajalary öz gyzlaryny Sumanatyň hyzmatyna nezr edip, şol buthana iberipdirler. Diňe buthananyň özünden soltanyň hazynasyna şeýle bir köp pullar we nepis göwherler düşdi welin, onuň ondan biriniň ondan biri hem Hindistanyň hiç bir patyşasynyň hazynasynda ýokdy.

---

[1] Kuruh – parsahyň üçden bir bölegi. Käbir çeşmelerde üç ýüz, käbir çeşmelerde dört ýüz gez diýlip berilýär.

«Taryhy Zeýnel maasyr»[1] atly kitapda şeýle maglumat berilýär:

Ol buthananyň içki merkezi, ýagny Sumanatyň duran ýeri garaňkydy. Ol jaý buthananyň asma çyralarynda goýlan göwherleriň şöhlesi arkaly ýagtylýardy.

Sumanatyň hazynalaryndan şeýle bir köp kiçijik altyn we kümüş butlar tapyldy welin, hetdi-hasaby ýokdy. Bu barada Hekim Senaýy şeýle diýýär:

Käbedir Sumanat misli bir pelek,
Mahmyt bilen Muhammetden boldy päk.

Bu Käbeden zyňdy butlary daşa,
Ol öç bilen ýapyşdy Sumanata.

Elkyssa, soltan Mahmyt Sumanatyň aladalaryndan köňlüni hatyrjem edensoň, Nährwalanyň belent mertebeli, şan-şöhratly rajasy bolan raja Permdiwe temmi bermek üçin ugrady. Çünki Permdiw akybeti öwgüli soltan Mahmyt galany we buthanany gabamak bilen meşgul bolup ýören döwründe batyrgaýlyk edip, Sumanata kömek bermek üçin leşger iberipdi. Onuň leşgeri bilen bolan söweşde yslam leşgerlerinden iki-üç müňe golaý kişi şehitlik şerbetini datmaly bolupdy.

---

[1] Ýazaryň öz girişinde sanap geçýän çeşmeleriniň arasynda beýle kitabyň ady ýok. Ähtimal kätip bu ýerde «Zeýnel ahbar» bilen «Täjil maasyr» eserini garyşdyrandyr. «Zeýnel ahbarda» beýle maglumat ýok. Ähtimal bu maglumat «Täjil maasyr» eserlerinden alnandyr.

Sumanat eýelenenden we syndyrylandan soň, raja Permdiw Güjrat ülkesiniň paýtagty bolan Nährwala şäherinden Köhendehe galasyna gaçyp baryp, şol ýerde penalandy. Sumanatdan ol gala çenli gury ýer ýoly bilen kyrk parsahdy. Soltan bagtyýarlyk we döwletlilik bilen ol galanyň çäklerine baranda, ol galanyň daş-töweregini örän uly we çuň suwuň gurşap durandygyny gördi. Hiç bir tarapynda görnüp duran geçer ýaly güzeri ýokdy. Ýeňiş nyşanly goşunyň guwwaslary soltanyň buýrugy bilen hernäçe suwuň düýbüne çümseler-de, hiç ýerden ýol tapmadylar. Ahyry ol ýeriň öz guwwaslarynyň bir topary ele düşdi. Olar: «Pylan ýerden geçmek mümkin. Emma geçilen wagtynda, birden eger suw möwç urup, tolkun atsa, hemmeler heläk bolarlar» diýip aýtdylar. Soltan Mahmyt Gurhany Kerimden pal açandan soň, Taňrynyň enaýatyna bil baglap, töwekgellik edip, emirlerdir esgerler bilen bile atyny suwa urup, sag-salamat kenara ýetdi we galany eýelemäge girişdi. Permdiw sözüniň sag-salamatlygyny hemme zatdan ileri hasaplap, ar-namysdan we mal-baýlykdan geçip, tenha, näbellileriň lybasynda galadan inip, bir çete gaçyp gitdi. Şondan soň ýigitler we batyrlar galanyň içine girip, ýeňlen kapyrlary gyrgyna berdiler.

### *Raja Permdiwiň gaçmagynyň we onuň baýlyklarydyr göwherleriniň eýelenmeginiň beýany*

Yslam urşujylary ýeňişden soň, olaryň zenanlaryny we bala-çagalaryny ýesir edip, rajanyň baýlyklaryny we göwherlerini hemişe «Ýene barmy»[1] diýýän doýmaz-dolmaz we abat hazyna tabşyrdylar.

Soltan Mahmyt ýeňiş we üstünlik bilen Nährwala ugrady. Ol ülke hoştap howasy, sapaly tebigaty, hüýr sypat gözelleri, göwün küýsediji çemenlikleri, akar suwlary we bol harytlary bilen Hindistan diýarynyň iň gowy ýeri bolansoň, soltan birnäçe ýyl ol ýerde galmak, belki-de öz paýtagty edinmek, Gaznany bolsa ogly soltan Mesguda tabşyrmak isledi.

Käbir taryhy kitaplardan mälim bolşuna görä, şol asyrda ol ýerlerde birnäçe sap-arassa altyn känleri bar eken. Soltan şolara hantama bolup, Nährwaly paýtagt edinmek isläpdir. Emma häzirki döwürde ol känlerden hiç hili yz-sor ýok. Onuň şol döwürde bolup, häzirki döwürde ýok bolan bolmagy bolup biläýjek zat. Muňa meňzeş zatlar örän köp bolýar. Şonuň ýaly-da soltan Mahmydyň soltanlygynyň ilkibaşlarynda Sistanda altyn käni ýüze çykyp, soltanlygynyň soňky döwürlerinde ýer titremegi zerarly ýok bolupdyr.

Soltan Mahmyt Nährwaladan başga-da birnäçe altyn we ýakut känleri bolan Serendip we Pigu[2] adasyna we beýleki benderlerdir adalara hantama bolup, wagtyň geçmegi bilen esgerlerini gämilere

---

[1] Gurhany Kerimiň 50-nji («Kaf») süresiniň 30-njy aýaty.

[2] Pigu – ähtimal ýazaryň bu agzaýan ýeri Bermäniň günortasynda ýerleşýän Pego şäheri bolsa gerek. Bu şäher öňler şu at bilen meşhur bolan bir sebitiň paýtagty eken. Bu şäher hut şu at bilen meşhur bolan bir derýanyň kenarynda, Rengu şäheriniň 70 km demirgazyk-günbatarynda ýerleşipdir.

mündürip, şol adalara ibermek we ol ülkeleriň gymmatbaha we nepis zatlaryny eýeçiligine geçirmek isleýärdi. Emma ýeňiji döwletiň esasy sütünleri ýagşylyk niýeti bilen:

– Köp we agyr mähnetler bilen arassalap, üstünde köp sanly nepis «ynsan göwherlerini»[1] seçen ýerimiz bolan Horasan ülkesini taşlap, Güjraty soltanlyk öýi edinmek patyşalyga ýaramly bähbitden uzakdyr – diýip, arz etdiler. Bu söz oňa täsir edip, yzyna dolanmak niýetine mündi hem-de:

– Bir kişini saýlaň, bu ülkäni dolandyrar ýaly häkim belläliň hem-de häkimlik uýanyny onuň kuwwatly goluna tabşyralyň – diýdi. Döwlet han-begleri biri-birleri bilen geňeşip:

– Bu ülkeden ýene-de güzer edilmejekdigi üçin şu diýaryň öz adamlaryndan bir kişini häkim bellemeli – diýip, soltana arz etdiler.

Soltan bu babatda Sumanatyň ilatynyň käbir kişileri bilen sözleşip gördi. Olaryň birtopary:

– Bu diýaryň ilatyndan hiç bir taýpa at-abraýda we gelip çykyşda Dabyşlymlaryň derejesine ýetip bilmezler. Häzirki günde ol nebereden bir kişi şu ýerde, brahmanlaryň lybasynda ryýazat-ybadat bilen meşguldyr. Eger soltan bu ülkäni şoňa tabşyrsa mynasyp bolar – diýdiler. Ýene bir topary bolsa, bu sözi oňlaman:

---

[1] Bu ýerde Horasan ülkesi ugrunda wepat bolan mertler göz öňünde tutulýar.

– Terkidünýä Dabyşlym gödek häsiýetli kişidir. Ol birnäçe gezek ýurdy öz eline almaklygyň dawasyny edipdi. Her gezek hem doganlarynyň eline ýesir düşüp, janyna aman diläp, buthanada penalanypdy. Ol öz erkine däl-de, mejbury ýagdaýda terkidünýäligi ygtyýar edendir.

Juwazçyň sygrynyň başy bil, ol gapa ýetmeýär,
Künjüsinden eşitseňiz, sapak-ýüplük bitmeýär.

Emma onuň ýakyn garyndaşlaryndan başga bir Dabyşlym bar. Ol örän akylly we dana kişidir. Ähli hint brahmanlary onuň hikmetlidigini we lebzi halaldygyny ykrar edýärler. Ol pylan diýaryň häkimidir. Eger soltan enaýat ýüzünden oňa perman hatyny iberse, ol başyny gadam edip, hyzmatyňa ýortup geler hem-de bu welaýaty saklamalysy ýaly saklap, kabul eden paç-hyrajyny ýoluň uzaklygyna garamazdan, her ýyl kemsiz-kössüz hazynaňyza ýetirer – diýdiler.

Soltan:

– Eger ol biziň hyzmatymyza gelen bolsady we bu aýdan zatlaryňyzy haýyş eden bolsady, onda, elbetde, kabul edilerdi. Emma beýle uly ýurdy iş ýüzünde Hint ülkeleriniň birinde patyşa bolup oturan we hergiz biziň hyzmatymyza gelmedik bir şahsa tabşyrmak ýiti akyldan yrak we kesgir pikirden daş görünýär – diýdi.

## *Güjratyň häkimliginiň terkidünýä Dabyşlyma tabşyrylmagy*

Soltan şeýle diýip, terkidünýä Dabyşlymy çagyrtdy we Nährwalanyň häkimligini oňa tabşyrdy. Ol paç we hyraç bermegi boýun alyp, Soltana:

– Pylan Dabyşlym meniň kowumlarymdandyr. Ol meniň bilen duşmançylykly gatnaşykdadyr. Ol soltanyň gideninden habar tapan badyna, şeksiz bu ýere leşger çeker. Entek heniz düzüwli serişdämiň ýoklugy we mäkämleşmedigim üçin meniň ondan ýeňiljekdigim görnüp dur. Eger soltan enaýat edip, onuň şerini meniň başymdan dep etse, her ýyl Kabulystan bilen Zabulystanyň hyrajynyň iki essesine barabar salgydy abadan hazyna gowşuraryn – diýip, arz etdi. Soltan:

– Biziň jyhat niýeti bilen Gaznadan çykanymyza iki ýyl boldy. Goý, iki ýyl alty aý bolsun. Onuň möhümini çözüp, soňra yzymyza dolanarys – diýdi.

Şondan soň Soltan Dabyşlymyň welaýatyna leşger çekip, sähelçe pursatda ol ýerleri basyp aldy. Dabyşlymy diriligine tutup, terkidünýä Dabyşlyma tabşyrdy. Terkidünýä Dabyşlym:

– Biziň ygtykadymyzda patyşany öldürmek mynasyp däl, tersine dessur şeýledir: heran-haçan bir patyşa beýleki bir patyşadan güýç bilen üstün çyksa, ol öz tagtynyň astynda bir garaňky we darajyk öýjagaz gurup, ýeňen duşmanyny şol ýerde tussaglykda saklaýar hem-de bir kiçijik deşik açyp goýup, şol ýerden tussagyna suw-nan berýär. Bu ýagdaý tä şol iki

sany ýeňlen we ýeňen häkimden biri ömrüni tamamlaýança dowam edýär. Meniň häzir onuň ýaly taýýar jaýym ýok, hatda häzir öz duşmanymy şol usulda saklamaga-da mümkinçiligim ýok. Onsoň soltan ugran badyna bu töwereklerden onuň tarapdarlarynyň topalaň edip, ony meniň elimden almaklary mümkin. Soltandan towakga edýärin, ony öz ýany bilen paýtagt Gazna äkitsin. Haçanda men mäkäm ornaşyp, dergähiňize iki sany kişim baranda, ony ibersin – diýip, arz etdi.

Mahmyt bu haýyşy hem kabul edip, iki ýyl alty aýdan soň, dolanyş baýdagyny Gazna tarap parladyp ugrady.

Permdiw, Ejmiriň rajasy we beýlekiler agyr leşger toplap, Soltanyň geçjek ýoluny tutupdylar. Soltan söweşmegi oňaýly görmänsoň, Sint ýolundan Multana tarap ugrady. Bu ýolda käbir ýerlerde azyksyzlykdan, käbir ýerlerde suwsuzlykdan mähnet çekip, esgerler halys tapdan düşdi. Olar agyr muşakgat bilen dört ýüz on ýedinji ýylda Gazna gelip ýetdiler.

Aýdyşlaryna görä, Soltan Sint sährasynyň üstünden Multana ugran mahaly: «Bir ýolbelet tapyň» diýip buýrupdyr. Bir hindi bu ýumşy kabul edip, yslam leşgerine ýolbelet bolupdyr. Ol leşgeri asla suw gyrasyny görmedik bir sähra eltipdir. Olar bir gije-gündiz ýöränlerinden we hiç hili suw tapmanlaryndan soň, ordada aljyraňňylyk peýda bolup, kyýamat almatlary ýüze çykypdyr. Soltan ýolbelet hindiden ýagdaýy soranda, ol:

– Men Sumanatyň pidaçylaryndandyryn. Seni we seniň leşgeriňi heläk etmek üçin şu sähra getirdim – diýip, jogap beripdir.

Soltan dergazap bolup, hindini ölüme höküm edýär we hut şol gije leşgergähden sähra tarap çykyp gidýär we nyýaz ýüzüni harlyk topragyna goýup, nala bilen hezreti Züljelalyň dergähinden bu beladan halas etmegini dileýär. Gijäniň bir bölegi geçende demirgazyk tarapdan bir ýagtylyk peýda bolýar. Leşger buýruga görä, ol ýerden göç edip, şol ýagtylygyň yzy bilen ýola rowana bolýar. Daňdan mahaly bir suwuň gyrasyna ýetýärler we goşun patyşalarynyň yhlasynyň bereketinden şeýle heläkçilikli howpdan halas bolýar.

Terkidünýä Dabyşlym Sumanat hökümetinde doly hökmürowanlyk tapýar. Onsoň birnäçe ýyldan soň, soltanyň ýanyna köp sanly göwherler we hazynalar bilen ilçilerini iberip, öz duşmanyny soraýar. Soltanyň ýesir Dabyşlyma rehimi inip, ony ibermekde ikirjiňlenip başlaýar. Emma terkidünýä Dabyşlymdan teselli tapan[1] döwlet sütünleri:

– Müşrik kapyrlara näme üçin rehim etmeli? Şeýlede soltanyň kabul eden işiniň tersine iş edilmegi laýyk däl – diýdiler.

Garaz, ahyr ol juwan Dabyşlymy terkidünýä Dabyşlymyň ilçilerine tabşyrdylar. Olar ony Sumanatyň çäklerine ýetirenlerinde terkidünýä Dabyşlymyň buýrugy bilen äht edilen zyndany

---

[1] Bu ýerde terkidünýä Dabyşlymyň döwlet sütünlerine sowgat-serpaýlar iberip, olaryň göwnüni awlandygy ýaňzydylýar.

häzirlediler. Onsoň öz aralarynda ýörgünli bolan kada laýyklykda ýörite bir legen-kündügi başynda goýup, özüniň jylawunda ylgadyp, şol zyndana getirer ýaly hut özi juwan Dabyşlymy garşylamak üçin şäherden çykdy. Emma ýol ugrunda awa meşgul bolup, çar tarapa gaty kän ýortýar hem-de yssy howada halys lagşadandan soň, bir daragtyň saýasynda dynç almak üçin gyzyl reňkli ýaglygyny ýüzüne ýapyp gyşarýar. Şol wagt Beýik Taňrynyň takdyry bilen ýiti penjeli bir guş ol ýaglygy etdir öýdüp, asmandan inip, ýaňky ýaglyga gazap bilen penje urýar welin, onuň dyrnagy terkidünýä Dabyşlymyň gözüni çykaryp, ony kör edýär. Ol döwürde Hindistanyň han-begleri körlere tabyn bolmandyrlar. Şonuň üçin goşunyň arasynda topalaň turýar. Hut şol wagt hem juwan Dabyşlym gelip ýetýär. Ondan başga hiç kim soltanlyga laýyk däldi. Hemmesi onuň hökümdar bolmagyna razy bolup, şol legendir kündügi terkidünýä Dabyşlymyň başynda goýup, bellenilen zyndana çenli ylgadýarlar. Päk Taňry bir göz açyp-ýumasy salymda terkidünýä Dabyşlymy özüniň juwan Dabyşlym barada eden tagallasyna giriftar edýär. «Ýakma bişersiň, gazma düşersiň»[1] diýen nakylyň mazmuny aýdyň bolup, durmuşa geçýär. Ol öz ykbalyna haýran galyp, ýaş ýerine gözlerinden gan dökdi. Ol öz ykbaly mynasybetli şu sözleri diline getirýärdi:

[1] Asyl nusgada arapça nakyl berlipdir: «Kim dogany üçin çukur gazsa, oňa özi gaçar».

Göz, ýürek elinden meniň toprak bedenim ot, suwda,
Göz bilen gör, ýürek bilen rehm et, hal harap munda.

Hawa, Perwerdigäriň eradasy birini şalyk tagtyndan düşürýär, başga birini bolsa balygyň garnynda sag-aman saklaýar.

«Hekaýatlar ýygyndysy» atly kitapda şeýle getiripdirler[1]:

Soltan ol welaýatyň buthanalarynyň birinde bir but görüpdir. Ol but howada asyl-asyl bolup, hiç bir zada berkidilmändir. Soltan örän haýran galyp, döwrüniň hekimlerinden onuň syryny düşündirmegi sorapdyr. Ählisi:

– Bu buthananyň üçegi we ähli diwarlary magnatis daşyndan (magnitden), ol but bolsa tutuş demirden edilipdir. Daş-töwereginiň ol buty dartyş kuwwaty deňölçegli edilipdir. Onsoň but aralykda durup, hiç tarapa gyşarmaýar – diýip düşündirdiler.

Soltanyň emri bilen ol buthananyň bir diwaryny weýran etdiler welin, but başaşak gütläp gaçdy.

## *Halypanyň lakamlardan doly namasynyň gelmegi*

Soltan Sumanat saparyndan gelen ýyly Apbasly halypa Kadyr Billä soltan Mahmyda lakamnama ýazyp, oňa Horasanyň, Hindistanyň, Nimruzyň (Sistan) we Horezmiň hökümdarlyk baýdagyny iberdi. Soltana,

---

[1] Muhammet Awfynyň «Hekaýatlar ýygyndysy» kitaby.

onuň perzentlerine we doganlaryna namanyň üsti bilen lakamlar dakdy. Soltana Kähfeddöwle Welyslam[1], emir Mesguda Şyhabeddöwle we Jemalylmille[2], emir Muhammede Jelalyddöwle we Jemalylmille[3], emir Ýusuba Azudeddöwle we Müýeýýidilmille[4] diýen lakamlary beripdir. Soňra ýene-de: «Kimi özüňe mirasdüşer edip belleseň biz hem şol kişini kabul edýäris» diýip ýazypdyr. Bu nama soltana Balhdaka gelip gowuşdy.

Soltan hut şol ýylda Judy dagynyň[5] etegindäki derýanyň kenarynda ýaşaýan jet[6] taýpalaryna temmi bermek maksady bilen Multana tarap agyr leşger çekdi. Sebäbi soltan Sumanat saparyndan gaýdyp gelýärkä, jet kowumy onuň leşgerine çozup, biýedeplikler edipdi, dürli ezýetler beripdi.

Soltan Multana ýeten badyna onuň buýrugy bilen müň dört ýüz gämi ýasadylar. Her gämide örän mäkäm we kuwwatly üç sany demir şah (myh) berkitdiler, olaryň biri gäminiň maňlaýynda, beýleki ikisi bolsa, gäminiň iki gapdalynda ýerleşýärdi. Bu şahlara garşyma garşy gabat gelen her bir zat kül-uşak bolýardy. Gämileriň baryny suwa saldylar. Her gämide

---

[1] Döwletiň we yslamyň gaçybatalga gowagy, gaçybatalgasy.

[2] Döwletiň şuglasy we milletiň (ymmatyň) görki.

[3] Döwletiň beýikligi we milletiň görki.

[4] Döwletiň çigni, ýardamçysy we milletiň kuwwatlandyryjysy.

[5] Judy dagy – Ibn Amr adasyndaky bir dagyň ady bolup, aýdyşlaryna görä Nuhuň gämisi şol ýerde saklanypdyr.

[6] Jet(t) – Hindistanda ýaşaýan ykmanda we göçüp-gonup ýaşaýan bir kowum. Käbir maglumatlara görä, soňra olar tutuşlygyna yslamy kabul edipdirler.

tir-kemanly we eli nebit küýzeli ýigrimi kişi bolup, olar jetleri köki-damary bilen ýok etmek üçin ugradylar.

Jetler bulardan habarly bolup, aýal-oglan-uşaklaryny adalara ugratdylar. Özleri bolsa garpyşmaga çykdylar. Olar dört müň, başga bir maglumata görä sekiz müň gämini suwa okladylar. Her gämide hem birtopar ýaragly adam bolup, olar garpyşmaga we gyrlyşmaga gyssandylar. Iki tarap biri-birlerine ýetende gazaply uruş başlandy. Soltanyň gämisiniň garşysyna gabat gelýän her bir gämi, gäminiň şahyna ýetenden kül-uşak bolup, gark bolýardy. Şeýlelikde, ähli jetler gark boldular, diri galanlary bolsa, gylyjyň höregi boldular. Şondan soň Soltanyň leşgeri olaryň aýal-oglan-uşaklarynyň üstüne çozup, ählisini ýesir etdiler.

Soltan söweşden soň üstünlik we ýeňiş bilen Gazna dolandy.

Soltan Mahmyt dört ýüz on sekizinji ýylda Tusuň emiri Abulhars[1] Arslany Amuýe suwundan[2] geçip, şol sebitlerde bozgaklyk edýän Seljuk türkmenlerini ýom-ýok etmek üçin, Abiwerde we Nusaýa tarap ugratdy. Tusuň emiri gazaply söweşlerden soň, soltana: «Soltanyň hut özüniň hereket edip gelmeginden başga zat bilen olaryň bozgaklyklarynyň çäresini tapmak mümkin däl» diýip ýazdy. Onsoň soltanyň hut özi gelip, olary dargadyp perişan eýledi.

---

[1] Asyl nusgada säwlik bilen: «Abulharb» görnüşinde ýazylypdyr.

[2] Amuýe suwy – Amyderýa.

Soltanyň emirleri Yrak ülkesini eýeläp, ony Äli Buýe (Büýeweýh) nesilşalygynyň eýeçiliginden çykarandan soň soltan, ol ýerden Reýe gidip, deýlemliler hökümdarlarynyň Reýde uzak ýyllaryň dowamynda toplan hazynalaryny we baýlyklaryny kynçylyksyz we mähnetsiz gola saldy. Ol ýerlerde köp bolan kyrmytylardan we bozuk mezheplilerden kimde-kim özleriniň bozuk mezhebinde durnuklylyk görkezen bolsa, baryny gyrdy. Soňra Reý we Yspyhan welaýatyny emir Mesguda berip, özi Gazna dolandy. Şondan soň az wagtyň içinde oňa öýken kesel ýa-da inçe kesel ýokuşyp, keseli gün-günden agyrlaşyp başlaýar. Soltan örän kynçylyk hem ejir bilen özüni adamlaryň nazarynda kuwwatly edip görkezýärdi. Ol şeýle ýagdaýda Balha gidýär. Bahar gelende Gazna ugraýar. Onuň keseli hasda agyrlaşýar we Gaznada hut şol keseli zerarly dört ýüz ýigrimi birinji ýylyň Dört tirkeşiginiň ikinji aýynyň ýigrimi üçüne Sogapgüni ýüz müň hesret we arman bilen altmyş üç ýaşynda bu köne dünýäden göç edýär. Ol otuz bäş ýyl soltanlyk sürýär. Onuň jesedini ýagyş ýagyp durka, gije göterip, Gaznanyň Piruzy[1] köşgünde depin edýärler. Soltan Mahmyt orta boýly, hoş endamly (näzik bedenli) we ýüzi bugdaýreňk (sargyldyrak) kişidi. Ol soltan sözüni özüne dakan ilkinji kişidir. Takyk maglumatlara görä, soltan Mahmyt ölmezinden iki gün öň onuň buýrugyna laýyklykda hazynadan gapjyk-gapjyk gyzyl we ak zer-

[1] Asyl nusgada: «Pöwrize».

ler, dürli-dürli nepis göwherler, bütin ömrüne ýygnan dürli-dürli nepis zatlaryny köşgüň içine getirip, köşgi erem bagyna öwürýärler. Soltan Mahmyt olara hasratly gözi bilen seredip, «Haý-haý» edip aglaýar. Birnäçe wagtdan soň olary ýene-de hazyna ugradýar. Şeýle wagtda hem hiç bir kişini olardan nesipli etmeýär, hiç kişä hiç zat bermeýär. Ine, şuňa meňzeş zatlary üçin ol belent mertebeli asylzada şaha husytlyk ýöňkeýärler.

Soltan Mahmyt ertesi tagtyrowana münüp, meýdana seýle çykýar. Oňa ähli zatlaryny, aýratyn arap atlaryny, bardagly[1] gatyrlaryny, dag sypat pillerini, döw ýaly düýelerini we beýleki zatlaryny görkezýärler. Ol olary görenden soň, ençe wagtlap seredip durup, edil agyçylar ýaly gaty ses bilen aglap başlapdyr. Ol şol aglap durşuna öz köşgüne tarap dolanypdyr.

Abulhasan Aly ibn Hasan Meýmendiden[2] şeýle maglumat getiripdirler:

Günlerde bir gün soltan Mahmyt Abu Tahyr Samanlydan:

– Saman neberesi gymmatbaha göwherlerden näçe mukdar jemläpdi – diýip, sorady. Şonda ol:

– Emir Nuh Samanlynyň döwründe hazynada ýedi ratl[3] nepis göwher bardy – diýip, jogap berdi.

---

[1] Bardag – (Partap-Part). Gadymy döwürde Arranyň merkezi bolan bir şäher. Ol häzir haraba öwrülipdir. Şol ýerleriň gatyrlary örän daýaw bolup, hemme ýerde meşhurlyk gazanypdyr.

[2] Ähtimal bu adam belli wezir Abulkasym Ahmet ibn Meýmendiniň dogany bolsa gerek.

[3] Ratl – 84 mysgala barabar bolan agyrlyk ölçegi.

Soltan Mahmyt muny eşidende ýüzüni topraga berip:

– Hudaýa şükür! Päk Taňrytagala maňa saýlantgy nepis göwherlerden ýüz ratldan hem artyk bagyş etdi – diýdi.

Şeýle maglumat getirilýär:

Ömrüniň ahyrlarynda soltan Mahmyt:

– Nyşapurda bir adam bar, onuň örän köp altyn-kümşi bar – diýip eşiden wagtynda, ol:

– Ony getiriň – diýip, buýruk berýär. Ol kişi häzir bolan badyna oňa:

– Eý, pylan kes! Maňa gelip ýeten maglumata görä, sen mülhitlerden (ysmaýyllylardan) we kyrmytylardan bolmaly – diýip ýüzlenýär. Şonda ol şahs:

– Eý, ynsaply patyşa! Men mülhit hem däldirin, kyrmyty hem däldirin. Meniň ýekeje aýybym, malymyň köplügidir. Her nämäm bolsa, menden al, ýöne meni betnam etme – diýip, jogap berýär. Soltan Mahmyt onuň ähli baýlygyny elinden alýar hem-de oňa ýagşy ynançlydygy barada nama ýazyp berýär.

«Tabakaty Nasyryda» şeýle maglumatlar göze ilýär:

Soltan Mahmyt hemişe «Alymlar Pygamberiň mirasdüşerleridir» diýen hadysa şübhelenýärdi, kyýamatyň gopjakdygyna, özüniň emir Nasyreddin Söbükteginiň neberesidigine şeklenýärdi. Bir gije hylwatda bir ýerden gelýärdi. Perraçlar[1] şem hem altyn şemdan bilen soltanyň öňünden gelýärdi. Bir ylym

[1] Perraç – nöker, hyzmatkär.

talyby medresede öz sapagyny tekrarlaýardy. Garaňkylyk sebäpli her gezek kitapdaky jümleleri görmäge mätäç bolanda, bir bakgalyň çyrasynyň ýagtysyna gitmeli bolýardy. Soltanyň oňa ýüregi awady hem-de şol şem bilen şemdany oňa bagyşlady. Şol agşam hezreti Muhammet Mustapa sallallahy alaýhy wesellemi düýşünde gördi. Ol Soltana:

– Eý, emir Nasyreddin Söbüktegininiň ogly! Allatagala seni meniň mirasdüşerlerimi ezizleýşiň ýaly iki jahanda eziz etgeý – diýdi. Şeýdip, onuň üç müşgilem şu waka bilen baglanyşyklykda çözülipdir.

Aýdyşlaryna görä, ol ölenden soňky ýyl Gazna gaty güýçli sil gelip, ol şäheriň örän köp ymaratlaryny harap edipdir we tükeniksiz halaýyk heläk bolupdyr. Ondan başga-da Amr ibn Leýs Saffarynyň soltanlyk eden döwründe guran bendi şol sil sebäpli şeýle bir weýran bolupdyr welin, ondan asla yz-sor galmandyr. Köňül gözlüler bu wakany şol adyl patyşanyň ölümi bilen baglanyşdyrypdyrlar. Çünki, ol patyşanyň adyllygy örän ýokary derejede bolupdyr. Bu barada şeýle tymsal getirýärler:

Bir gün bir şahs soltanyň huzuryna şikaýat edip, adalat sorap gelipdir. Soltan Mahmyt oňa üns berip, ondan hal-ahwal sorapdyr. Ol adam:

– Meniň şikaýatym köpçüligiň içinde aýdyp bolar ýaly şikaýat däl – diýipdir.

Soltan ony ýekelikde çagyryp, şikaýatyny diňläpdir. Ol adam:

– Uzak wagtdan bäri patyşanyň ýegeni[1] her agşam meniň öýüme gelip, meni gamçynyň zarby bilen öýden çykaryp kowýar we aýalym bilen tä daňdana çenli bile bolýar. Men şunça wagtyň dowamynda döwlet emeldarlarynyň ählisine aýdyp çykdym. Emma ýekejesiniňem ol wakany siziň arzyňyza ýetirmäge gaýraty çatmady. Sebäbi ählisi ondan ýüz görýärler we hiç birinde bir ejiz pakyryň göwnüni görüp, onuň dadyna ýetişer ýaly derejede Belent we Päk Taňrydan howpdur gorkusy ýok. Hemmesinden näumyt bolanymdan soň, seniň dergähiňe ýüz öwrüp, oňaýly pursata garaşyp ýördüm. Ine, bu gün şol döwlet miýesser boldy. Häzir sen bir patyşasyň, Belent we Päk Taňry raýatlaryň we golastyndakylaryň ahwalyny senden sorajakdyr. Eger perýadyma ýetişseň, ol meniň myradym, bolmasa-da sabyr-takat ederin, Taňla[2] Hakyky Ar Alyjy özüniň adalaty we gahar-gazaby bilen men ejiz biçäräniň aryny zalymlardan alar – diýip, arz etdi.

Soltan Mahmyt muny eşidende şeýle bir gam-gussa batdy welin, saklanyp bilmezden aglamaga başlady. Soňra:

– Eý, misgin biçäre! Näme üçin mundan öň özüňi biziň ýanymyza ýetirmediň – diýip sorady.

Ol adam:

– Eý, patyşahy älem! Uzak wagtdan bäri her gün oňaýly pursata intizarlyk çekýärdim. Diňe şu gün müň hile we mekirlik bilen gapyçylaryňdan we

---

[1] Asyl nusgada: «Patyşanyň aýal doganynyň ogly».

[2] Taňla – erte, kyýamat güni.

ýasawullaryňdan sypyp, olaryň bilmeýän bir ýoly bilen özümi seniň hyzmatyňa ýetirdim. Bolmasa biziň ýaly pahyrlara öz ahwalyny patyşanyň hyzmatynda arz edip biler ýaly güýç-gudrat, mümkinçilik nirede? – diýip, jogap berdi.

Soltan Mahmyt aýtdy:

– Häzir sen hal-ahwalyňy maňa aýtdyň, indi: «Men öz ahwalymy patyşanyň huzurynda arz etdim» diýip, başga hiç bir kişä duýdurma. Arkaýynlyk bilen git-de öz öýüňde otur. Heran-haçan ýaňky zalym ýene-de öňki endigi boýunça gelse we seni daşary çykaryp kowsa, derrew meniň ýanyma gel we meni ägä et.

Ol adam aýtdy:

– Eý, soltany älem! Maňa ol wagt özümi seniň ýanyňa ýetirip bilmek nireden miýesser bolsun?!

Soltan gapy sakçylaryny çagyryp, ol kişini olara görkezip:

– Heran-haçan şu kişi geläýse, ony saklamaň we geçirip goýberiň. Goý, men nirede bolsamam, ýanyma gelsin – diýdi.

Soňra ýene-de ol kişä ýuwaşjadan:

– Eger birden olar: «Patyşa uklap ýatyr» diýseler ýa-da başga bir bahana bilen seni saklasalar, sen pylan ýerden gel hem-de ýuwaşjadan seslen. Şonda öz maksadyňa ýetersiň – diýdi.

Şondan soň ýaňky biçäre hatyrjem bolup, ynam bilen öýüne gitdi. Ol gije hem ertesi agşam hem onuň öýüne hiç kim gelmedi. Üçünji agşam gelip ýetende soltanyň ýegeni öňki endigi boýunça ýarym gije ýene-

de geldi we ýaňky kişini öýünden çykaryp kowup, özüniň aýşy-eşretine meşgul boldy. Ol şahs ylgaý-ylgaý soltanyň köşgüniň işigine geldi. Gapy sakçylary oňa ýol bermediler hem-de:

– Häzir soltan özüniň haremhanasynda, hiç kime ol ýere barmaga ýol ýokdur. Eger diwanhanada bolan bolsady, onda hiç kim saňa böwet bolmazdy – diýdiler. Onsoň ol adam bialaç soltan Mahmydyň özüne aýdan ýerine baryp, ýuwaşjadan:

– Eý, soltan! Näme edýärsiň? – diýip, seslendi.

Soltan Mahmyt şobada:

– Eý, pahyr biçäre! Şol ýerde dur, ine, häzir çykdym – diýdi.

Soňra daşary çykyp, ol adam bilen bile ýola rowana boldy. Ol kişiniň öýüne ýetenlerinde görse, ýegeni ol adamyň aýaly bilen bir düşekde ýatyrdy. Başuçlarynda şem ýanyp durdy. Soltan derrew şemi öçürdi we hanjaryny çykaryp, onuň başyny teninden jyda etdi. Şondan soň:

– Eý, Taňry bendesi! Bir suwuň barmy? Bar bolsa getir, içeýin – diýdi. Ol kişi suwly küýzäni getirip berdi. Soltan Mahmyt suw içip, ýerinden turdy hem-de:

– Bar eý, biçäre! Rahat ýat – diýdi. Ol adam soltanyň synyndan ýapyşyp:

– Saňa şu döwleti bagyş eden Hudaýyň haky üçin maňa aýdyň, şemi öçürmegiň sebäbi nämedi? Ondan soň suw soramagyň we içmegiň syry näme? Maňa: «Bar, indi rahat ýat» diýdigiň näme etdigiň? – diýip sorady.

Soltan aýtdy:

– Eý, misgin biçäre! Senden zalymyň şerini dep etdim we onuň haram başyny teninden jyda etdim, häzirem ony alyp barýaryn. Şemi hem: «Görsem, birden garyndaşlyk mährim oýanyp, temmi bermäge böwet bolaýmasyn» diýip, öçürdim. Suw soramagymyň we içmegimiň sebäbi şudur: sen ahwalyňy maňa arz eden mahalyň: «Tä şol zalymyň şerini şu pakyryň başyndan dep edýänçäm suw-nan iýip-içmerin» diýip, Hudaýyň öňünde äht edipdim. Şonuň üçin şu üç gije-gündizde üznüksiz şuňa garaşdym. Häzir onuň şerini seniň başyňdan sowdum we dep etdim. Teşnelik meni halys egbarladypdy, şonuň üçin suw sorap içdim.

Elgaraz, ýagşy pikirli we hoşniýetli akyldarlardan gizlin we örtügli galmasyn, meşhur soltanlaryň adalat şygarlary barada hekaýatlar näçe köp bolsa-da, edil şunuň ýaly hekaýat olaryň hiç biri barada aýdylan däldir.

Bendeleriniň syrlaryny Alla has gowy bilýändir.

«Benagitiniň taryhynda» şeýle getirlipdir:

Soltan Mahmyt Horasana gidende şyh Abulhasan Harakanyny zyýarat etmek isläpdir. Emma köňlüne: «Men öz öýümden zyýarat niýeti bilen çykmandym. Bu ýyl Horasanyň abadançylygyna girişmek niýeti bilen gelipdim. Şol işiň bahanasy bilen Hudaýyň dostlaryna zyýarat etmek edep şertlerinden däldir» diýen pikir gelýär. Ol şol ýyl Horasandan dolanyp, Hindistana gidýär. Ol ýerden hem dolanyp Gazna gelýär. Soňra şyhy zyýarat etmek üçin «yhram baglap»

Harakana tarap ugraýar. Harkana baryp ýetende bir kişini iberip:

– Soltan seni zyýarat etmek üçin Gaznadan Harakana geldi. Eger sen hem Hanakaňdan ony görmek üçin bargähe gelseň, merhemetden daş bolmazdy – diýip, habar iberdi. Soltan habar gönderen adamsyna:

– Eger şyh bu pikiri unamasa, oňa: «Eý, möminler, Alla etagat ediň we Pygambere, özüňizden bolan häkimlere boýun synyň»[1] diýen sahawatly aýaty okaň – diýip tabşyrdy.

Ilçi tabşyrylan habary şyha ýetirdi. Emma şyh ondan boýun gaçyrdy. Şonda ilçi ýaňky aýaty okady. Şyh aýtdy:

– Günämi ötüň. Mahmyda: «Alla etagat ediň» diýen jümlä şeýle bir gark bolupdyryn welin, «Pygambere boýun synmakdan» utanýaryn we «Özümizden bolan häkimlere» girişemogam» diýdi diýiň.

Ilçi gelip, bolan wakany soltan Mahmyda gürrüň berdi. Soltan mylaýymlaşyp:

– Turuň! Bu kişi biziň güman eden kişimiz däl – diýdi. Soňra öz lybasyny Aýaza geýdirdi. On sany kenizege-de gulam lybasyny geýdirip, özi-de Aýazyň ornunda durdy hem-de synag etmekden ötri şyhyň hanakasyna ugrady. Ählisi hanakanyň işiginden girip salam berende, şyh olaryň salamyny aldy, emma

[1] Gurhany Kerimiň 4-nji («Aýallar») süresiniň 59-njy aýaty.

ýerinden turmady. Soňra ýüzüni soltan Mahmyda öwrüp Aýaza seretmedi. Soltan Mahmyt:

– Soltan üçin ýeriňden turmadyň we oňa tagzym etmediň?! Eýsem, bularyň ählisi duzakmy? – diýdi.

Şyh:

– Ählisi duzakdyr. Emma oňa düşmeli guşy ol däl. Seni öňe tutupdyrlar, diýmek özüň öňe çyk – diýdi.

Soltan Mahmyt oturdy we:

– Maňa nesihat ber – diýdi.

Onda şyh:

– Nämähremleri daşary ugrat – diýdi.

Soltan yşarat etdi. Kenizler daşary çykdylar. Soňra soltan Mahmyt aýtdy:

– Maňa Baýezitden bir hekaýat aýdyp ber.

Şyh aýtdy:

– Baýezit şeýle diýipdir: «Her kim meni gören bolsa, betbagtlyk ýazgysyndan aman bolandyr».

Soltan aýtdy:

– Pygamberiň gadyr-gymmaty we mertebesi Baýezitden zyýadadyr. Onda näme üçin Abu Jähl bilen Abu Sufýan Pygamberi görseler-de, betbagt kişileriň hataryndadyr?

Şyh aýtdy:

– Edep sakla we diňe öz häkimligiňe eýeçilik et. Mustapany çaryýarlardan we birnäçe sahabalaryndan başga hiç kişi gören däldir. Bu sözüň delili

Allatagaladyr. Ol: «Olar size seredip dursalar-da, sizi görmeýärler»[1] diýýär.

Soltan Mahmyda bu söz hoş gelip:

– Maňa pendi-nesihat ber – diýdi.

Şyh aýtdy:

– Dört zady ygtyýar et: birinji, perhizkärlik[2]; ikinji, jemagat bilen namaz okamak; üçünji, sahawatlylyk; dördünji, halaýyga rehim-şepagat .

Soltan aýtdy:

– Maňa doga-dileg et.

Şyh aýtdy:

– Bäş wagt namazda: «Eý, Allam! Mömin bendeleri we mömin zenanlary günäden ýalkaweri» diýip, doga edýärin.

Soltan aýtdy:

– Ýörite, aýratyn doga et.

Şyh:

– Akybet Mahmyt[3] bolgaýsyň – diýdi.

Soltan gapjyk doly tyllany onuň öňünde goýdy.

Şonda şyh Harakany arpa tötegini öňünde goýdy we:

– Iýiň – diýdi.

Soltan Mahmyt tötegi çeýnedi. Ol bokurdagynda galdy. Şyh aýtdy:

– Bokurdagyňy tutdumy?

---

[1] Gurhany Kerimiň 7-nji («Syrat») süresiniň 198-nji aýaty.

[2] Perhizkärlik – takwalyk, dünýä işinden (baýlygyndan) ahyret işini öňe tutmak.

[3] Mahmyt – aslynda bu söz «öwgülenen, taryplanan, wasp edilen» diýen manylary berýär.

Soltan aýtdy:
– Hawa.
Şyh aýtdy:
– Siziň gapjyk doly zeriňiz hem biziň bokurdagymyzy şunuň ýaly edip tutýar. Zeriňizi alyň! Muny biz «talak» edendiris.
Soltan:
– Maňa özüňizden bir ýadygärlik beriň – diýdi.
Şyh oňa özüniň köýnegini berdi. Soltan Mahmyt dolananda şyh onuň üçin ýerinden turdy. Soltan:
– Ilkibaşda, gelen wagtymda bize hiç hili üns bermediň, häzir bolsa ýeriňden turýarsyň – diýdi. Şonda şyh:
– Ilkibaşda patyşalyk tekepbirligiň we synagdan geçiriş jahyllygyň bilen geldiň. Häzir bolsa derwüşlik pespälligi bilen barýarsyň – diýdi.
Soňra soltan Mahmyt gitdi. Soltan Mahmyt Sumanat jeňine giden wagtynda Dabyşlym we Permdiw bilen bolan söweşde ýeňilerin diýip howpa düşende tolgunyp, bir çete çekilip, ýüzüni ýere goýup, eline-de şyh Harakanynyň köýnegini alyp: «Eý, Taňrym! Şu hyrkanyň eýesiniň abraýynyň hormatyna maňa şu kapyrlardan ýeňiş gazanmagy nesip eýle. Şu ýerden her näme olja alsam derwüşlere bereýin» diýip, doga-dileg etdi. Birden bir tarapda gök gümmürdäp, garaňkylyk peýda boldy welin, kapyrlar biri-birlerini tanaman, biri-birlerine gylyç urup başladylar. Olaryň köpüsi pytrap, yslam leşgeri ýeňiş gazandy. Şol gije

soltan Mahmyt düýş gördi. Düýşünde şyh Abulhasan Harakany oňa:

– Eý, Mahmyt, biziň hyrkamyzyň abraýyny ýere çaldyň. Eger ähli kapyrlaryň yslama girmegini dilän bolsaň-da kabul bolardy – diýdi.

«Hekaýatlar ýygyndysy» atly kitapda şeýle getirilipdir:

Soltan Mahmyt şyh Abulhasan Harakanynyň ýanyna geleninde: «Horasanyň möhüm işleri şeýle bir köp bolsa-da, Gaznadan diňe sizi zyýarat edeýin diýen niýet bilen geldim» diýipdi. Şonda şyh oňa:

– Eý, Mahmyt! Eger sen Gaznadan meniň üçin yhram baglan bolsaň, Hudaýyň öýünden yhram baglap, seniň ýanyňa gelseler ne ajap – diýipdir. Soltan Mahmydyň ahwalyna berekella, sebäbi şyh Abulhasan Harakany onuň hakynda şunuň ýaly sözleri aýdypdyr.

«Rowzatus-sapada» şeýle beýan edilipdir:

Günlerde bir gün soltan Mahmyt öz köşgünde otyrdy hem-de penjireden sagyna-soluna nazar salýardy. Birden gözi bir garyp biçärä düşýär. Onuň elinde üç sany towuk bardy. Ol bende soltanyň özüne üns berendigini aňan dessine birhili-birhili yşaratlar edipdir. Soltan ony görmezlige salyp, öz-özi: «Bu yşarat näme sebäpli bolup biler» diýýär. Soňra soltan ýene-de ol tarapa seredýär. Ol öňküsi ýaly yşaratlar edýärdi. Soltan ony ýanyna çagyryp:

– Bu towuklar näme, ol yşaratlaryň näme üçindi we nämäni aňladýar? – diýip sorady.

Şonda ol kişi:

– Men bir humarbazdyryn. Şu gün gaýybana soltanyň adyny goşup, humar oýnadym we şu üç towugy utup aldym. Şonuň üçin olary saňa getirdim – diýdi.

Soltanyň buýrugy bilen ol towuklary ondan aldylar. Ertesi humarbaz ýene-de geldi we ýaňadan towuk getirdi. Soltan ony hem alyp: «Bäh, eýsem, munuň başynda näme pikir-hyýal barka» diýip oýlandy.

Ol kişi üçünji gün hem ýene-de üç towuk getirdi. Dördünji gün ol köşgüň öňüne gelip, soltanyň deňinde eli boş gam-gussaly ýagdaýda süllerip, başyny aşak salyp durdy. Soltan ony görende:

– Biziň şärikdeşimiz bu gün ajap bir hadysa uçran ýaly. Ýüz-gözünden gam-gussanyň alamaty görnüp dur – diýdi hem-de ony ýanyna çagyryp, ýagdaýyny sorady. Ol adam:

– Bu gün men soltanyň şärikliginde garşydaşlaryma müň dinar utdurdym – diýdi.

Soltan myssa ýylgyryp:

– Oňa bäş ýüz dinar bersinler hem-de oňa: «Mundan soň men ýok bolsam, meniň şärikligim bilen humar oýnamasyn» diýsinler – diýip buýurdy.

«Habybys-siýärde» şeýle beýan edilipdir:

Soltan Mahmydyň weziri bolan ilkinji kişi Abulapbas Pazl ibn Ahmet Esferaýynydy. Ol ilkibaşda Samanly soltanlarynyň belli emirleriniň biri bolan Faýygyň kätibidi. Faýygyň ykbal güneşi ýaşyş çägine ýetende, ol emir Nasyreddin Söbüktegininiň huzuryna gelýär we wezirlik kürsüsinde oturýar. Emir

Nasyreddin Söbüktegin wepat bolandan soň, soltan Mahmyt hem ol wezipäni ýene-de onuň özüne ynanýar. Abulapbas arap diliniň hülle bezeginden we bilim zynatyndan boş bolany üçin, soltanyň arapça ýazylýan permanlaryny, hökümlerini we buýruklaryny parsça ýazmaga buýruk berdi. Ýöne beýik akyldar Hoja Ahmet Meýmendi ony ýene-de arapça ýazdyryp ugrady. Abulapbas ýurt işlerini düzgünleşdirmekde, goşunyň we raýatyň möhüm serişdelerini häzirlemekde taýsyzdy. Onuň wezir bolanyndan on ýyl geçensoň, ahyry täleýi ykbal belentliginden ýaşyş belasyna duçar bolup, wezipesinden boşadyldy. Taryhçylaryň käbiri onuň wezipesinden boşadylmagyny şeýle beýan edipdirler:

Soltan Mahmyt gül ýüzli, aý meňizli gulamlary toplamagy örän oňat görüpdir. Abulapbas Pazl[1] hem: «Adamlar öz patyşalarynyň dinlerindedir»[2] diýen çözgüde laýyklykda amal edýärdi. Ol birnäçe gezek Türküstan welaýatlarynyň birinde bir peri sypat gulamyň bardygyny eşidipdi. Onsoň özüniň ynamdar kişilerinden birini şol tarapa ugratdy. Ol kişi ýaňky gulamy satyn alyp, zenanlaryň lybasynda Gazna getirdi. Soltan bir şugulçydan bu ýagdaýlary eşidip, weziriň ýanyna kişi iberdi hem-de ol gulamy talap etdi. Abulapbas Pazl ol gürrüňi inkär etdi. Soltan Mahmyt bir bahana tapyp, bihabar onuň öýüne geldi. Abulapbas Pazl ähli hormat we sarpa şertlerini berjaý etdi, seçgi

[1] Asyl nusgada säwlik bilen: «Pazyl, Puzaýl» görnüşinde berlipdir.
[2] Takyk däl hadyslaryň sanawyna girýän hadys.

seçdi. Şol wagt ýaňky gül ýüzli we aý meňizli gulam soltanyň nazaryna ildi. Ol arlap, weziri tutmaklaryna we talamaklaryna perman berdi. Şol wakanyň yzýany hem ol ýeňiş nyşanly baýdagyny parladyp, Hindistana ugrady. Betkär emirleriň birnäçesi mal almak tamakinçiligi bilen Abulapbas Pazly örän zalymlyk bilen gynap heläkläpdirler. Ondan soň beýik hoja, akyldar Ahmet ibn Hasan Meýmendi wezir bolupdyr. Ahmet soltan Mahmydyň süýt emşen dogany[1] we sapakdaşy eken. Kakasy Hasan Meýmendi emir Nasyreddin Söbükteginiň döwründe Bust şäherçesinde baýlyklary hasaba alýan eken. Emma ol özüne ýöňkelen hyýanat sebäpli emir Nasyreddin Söbükteginiň buýrugy bilen dardan asylypdyr.

Adamlaryň arasyndaky: «Hasan Meýmendi[2] soltan Mahmydyň wezirleriniň biri bolupdyr» diýilýän meşhur gürrüň galatdyr we açyk hatadyr.

Ahmet ibn Hasan Meýmendi owadan haty, tiz pähimliligi we danalygy bilen meşhur bolupdyr. Ony ilkibaşda hat-petek we ýazuw diwanynyň sahyby (eýesi, başlygy) wezipesine belläpdirler. Soltanyň ünsüni özüne has çekmegi ony derejeden derejä göteripdir. Ol şeýdip, ýurduň baş müstewfisi[3] bolupdyr, munuň daşyndan leşger üpjünçiligi wezipesi hem oňa tabşyrylypdyr. Birnäçe wagt geçenden soň, Horasan ülkeleriniň baýlyklaryny hasaba almak

[1] Bular bir enekä berlipdir. Şonda bir enekäniň elinde terbiýelenipdir.
[2] Bu ýerde Ahmediň kakasy Hasan Meýmendi göz öňünde tutulýar.
[3] Müstewfi – maliýe işlerine jogapkär adam.

wezipesi hem öňki işleriniň üstüne goşulypdyr. Ol ýokary derejede bu işleriň hötdesinden gelipdir. Soltanyň tagamly şeraby Abulapbas Esferaýyn üçin awy-zähere öwrülende wezirlik işleriniň uýany doly ygtyýarlylyk bilen bu gözel häsiýetli hojanyň kämil parasatly we diýseň gudratly eline ynanylýar. Ol on ýedi ýyllap mülk, ýurt we baýlyk işlerini dolandyrypdyr. On sekiz ýyldan soň goşunbaşy Altyndaş, emir Aly Hişawent ýaly uly emirleriň birtopary soltanyň belent mejlisinde ol ylym we yhsan çeşmesi barada gybat we töhmet dilini saýratdylar. Ol sözler bolsa soltan Mahmyda täsir edip, Ahmediň ahwal maňlaýyna «işden boş» diýen çyzgysyny çyzdy hem-de ony özüniň (Ahmediň) Bähram atly ýakynlarynyň birine tabşyrdy. Ol hem ony Keşmir deresine eltip, Kälenjar galasynda tussag saklamagy şol ýerli Jeňňi atly birine tabşyrdy. Ol on üç ýyl şol galada tussaglykda boldy. Ahyrynda soltan Mesgudyň döwründe tussaglykdan halas bolup, ýene-de wezirlik derejesini eýeledi. Dört ýüz ýigrimi dördünji ýylda aradan çykdy.

Soltan Mahmyt birnäçe wagtdan soň Ahmet Hüseýin ibn Mikäli[1] wezirlik wezipesine belledi. Ol tä soltanyň ömrüniň ahyryna çenli şol wezipede işledi. Ol Hasanak Mikäl ady bilen meşhurdy. Ol ýetginjek ýyllaryndan kämillik ýaşyna ýetmeziniň öňüsyrasyndan

[1] Asyl nusgada hemme ýerde säwlik bilen: «Ahmet Hüseýin ibn Mikäl» görnüşinde ýazylypdyr, emma bu «Hasan ibn Muhammet ibn Mikäl» bolmaly.

başlap, soltanyň hyzmatynda gezip ýördi. Ol ýiti hem berk häsiýeti, ýagşy sözi we sahawatly işleri bilen meşhurdy.

Suhangöý taryhçylar Ahmet Hüseýinden[1] şeýle getiripdirler:

Soltan Mahmyt emir Nasyreddin Söbükteginiň hyzmatynda Abu Aly Simjury dep etmek üçin gideninde menzilleriň birinde «Şu ýerde kerramy mezhepli[2] bir derwüş bar. Ol takwalyk we ybadatkärlik sypaty bilen sypatlanyp, keramatdyr gudratlar görkezmek bilen meşhurdyr. Oňa keýik lybasly takwa (Ahupuş zahyt) diýýärler» diýip eşidýär.

Soltanyň derwüşlere we çetde oturyp ybadat edýän ybadathonlara bolan isleg-hormaty örän çäksizdi. Onsoň takwa derwüşi görmegi meýil edip, şolar ýalylara ynanmaýan Ahmet Hüseýine:

– Seniň sopulara we takwa eýelerine ysnyşygyň ýokdugyny bilýärin. Emma keýik lybasly derwüşi zyýarat edenimde meniň bilen bile gitmegiňi isleýärin – diýdi.

Ahmet Hüseýin kabul barmagyny gözüniň üstüne goýup, Soltanyň jylawunda ýola düşdi. Soltan doly nyýazmentlik görkezip, takwa derwüş bilen duşuşdy. Derwüş sopuçylyk garyndyly sözler bilen dil açdy. Ol

---

[1] Bu ýerde onuň öz dilinden alnan maglumat hökmünde getirilýär.

[2] Muhammet ibn Abdylkerim Sejistanynyň yzyna eýerýänler. Ol Zahyr halypanyň döwründe orta çykyp, sünnileriň arasynda kerramylar mezhebini esaslandyrýar.

sözleri eşidende soltanyň derwüşe bolan ynanjy has-da zyýada boldy we:

– Puldan we harytdan näme zat hyzmatkärleriň göwnüne ýarasa hazynaçylar bererler – diýdi.

Şonda takwa derwüş elini ýokary, boş howa uzadyp, bir gysym teňňe alyp, ony soltanyň eline berip:

– Her kimiň eline gaýyp hazynadan şunuň ýaly zer gelýän bolsa, ol kişiniň gaýry biriniň malyna näme mätäçligi bolsun?! – diýdi.

Soltan Mahmyt muny onuň keramatlary diýip düşünip, ýaňky teňňeleri Ahmet Hüseýiniň eline berdi. Ahmet Hüseýin olara seredip görse, ählisi Abu Aly Simjurynyň adyna zikgelenen teňňeler eken. Takwa derwüşiň ýanyndan çykanlaryndan soň, soltan Mahmyt Ahmet Hüseýine:

– Bular ýaly adatdan daşary keramatlary inkär edip bolmaz – diýdi.

Ahmet Hüseýin:

– Bu bende öwlüýäleriň (welileriň) keramatlaryna müňkür däldir. Emma Siziň asmandan adyna zikge kakylýan kişiniň söweşine gitmegiňiz mynasyp görünmeýär – diýdi.

Soltan bu gürrüňiň hakykaty barada soranda Ahmet Hüseýin teňňeleri soltan Mahmyda görkezýär. Soltan Mahmydyň nazary Abu Aly Simjurynyň zikgelerine düşende utanyp gazaplanýar.

Emma bu sözleri rowaýat edýän kişi[1] şeýle diýýär:

---

[1] Bu ýerde Muhammet Kasym Hindu şa özüni göz öňünde tutýar.

Ahmet Hüseýiniň sözleri biderekdir. Sebäbi şulara meňzeş zatlary Allatagalanyň permany esasynda Hezreti Hydyr alaýhyssalam we beýleki gaýyp erenler hut şu pes dünýäden, özem hut şol töwereklerden we etraplardan[1] isle teňňe bolsun, isle-de gaýry zat bolsun, şerigata laýyklykda[2] ele salyp, dileg eden welilere getirip berýärler.

Elgaraz, soltan Mesgut patyşa bolanda Ahmet Hüseýini: «Belent Mekgeden yzyňa dolanan wagtyňda Müsürde «dinsiz»[3] ady bilen meşhur bolan Müsür halypasynyň beren haladyny geýip, kyrmyty – batyny boldy» diýen bahana bilen Balhda dardan asýar.

Gaznalylar döwrüniň meşhur şahyrlarynyň biri Asaýyry Razydyr[4]. Ol soltan Mahmydyň döwründe Reý welaýatyndan Gazna gelip, köşk şahyrlary bilen ýaryşypdyr we bäsleşipdir. Ol soltany öwgüläp şu kasydany aýdyp, on müň dirhem sowgat alypdyr.

## Kasyda

Myrat derejäňe görä, dereje malyňa görä,
Bolsa onda seret maňa, görersiň kämil jemaly.
Meniň bilen magşara çen buýsanarlar her bir kişi.

---

[1] Bu ýerde dileg eden weliniň özüne ýakyn ýerlerden diýen manyda gelýär.

[2] Bu ýerde «Halal ýol bilen ele salyp» diýen manyda gelýär.

[3] Mülhit (ilhat) – dinsiz, dinden çykan.

[4] Bu ýerde säwlik gidipdir. Ol Gazaýyry Razy bolmaly. Ýöne ol hem Gazna gelmändir-de, şygryny Gazna ugradypdyr.

Meniň beýtimiň başynda: «Aýtdy» diýip, ýazsa muny[1]
Täk, deňi-taýy bolmadyk Häkim, Adalatly Taňry
Iki jahanda ýaratman dogry etdi men ýalyny.
Bolmasa ol ikisinem[2] bagş ederdi kerem wagty,
Onda galmazdy bu bendäň Taňra umyt-dileg käni.

### *Ussat Esedi Tusy*

Ol soltan Mahmydyň döwründe Horasan şahyrlarynyň ussady bolupdyr. Oňa birnäçe gezek «Şanamany» düzmegi teklip edipdirler. Ol özüniň garrylygyny we ejizligini bahana edip, mundan boýun gaçyrypdyr. Onuň diwany känbir meşhur däl we şahyrlaryň ýygyndylarynda hem göze ilmeýär. Ol hemişe öz şägirdi Firdöwsä «Şanamany» düzmegi ündär eken. Ahyrynda şeýle-de boldy.

Firdöwsi Gaznadan gaçyp, Tusa gelýär. Ol ýerden Rüstemdara we Talakana baryp, ýene-de Tusa dolanýar. Ol ömrüniň ahyrynda ölüm wagty ýakynlaşanda Esedini çagyryp:

– Göç ediş wagty ýetip geldi. «Şanamadan» azajyk ýeri galdy. Galanjasyny goşgy düzümine geçirmäge hiç kimde kuwwat ýokmuka? – diýýär. Onda Esedi:

– Eý, perzent! Gam iýme, eger ömür puryja berse, ony men ahyryna ýetirerin – diýýär. Firdöwsi:

---

[1] Bu ýerde kimde-kim «Gazaýyry Razy şeýle aýdypdyr» diýip, meniň beýtimi ulansa, ol magşara çenli buýsançly bolar» diýilýär.

[2] Bu ýerde iki dünýä diýen manyda gelýär.

– Eý, ussat! Sen garrapsyň. Bu işiň senden bitmegi müşgil bolaýmasa? – diýýär.

Esedi:

– Inşa Alla, Alla halasa bolar – diýip, jogap berýär. Şondan soň ol birnäçe günüň içinde bu işe girişip, araplaryň ajamlylary basyp alyşynyň başyndan ahyryna çenli bolan wakalary dört müň beýtden ybarat bolan goşgy setirlerine düzýär hem-de entek Firdöwsi dirikä onuň nazaryndan geçirýär. Ol örän begenip, ussadynyň ýiti zehinine «aperin» diýýär[1].

Esedi munazyrlary örän ussatlyk bilen düzüpdir. Aşaky iki beýt «Gije bilen gündiz» munazyrasyndan mysal alyndy.

Bir-birne gije-gündiziň eşidiň aýdan sözlerin,
Gamy kalpdan kowup bilýän başyndan geçirenlerin.

Ikisem nadan bolansoň turuzdylar gowga-jeňi
Aralarynda köp boldy gahar, sögünç, käýinç heňi.

## *Menuçehr Balhy*

Onuň asly Balhdan[2] bolup, ol soltan Mahmydyň döwründe Gaznada ýaşapdyr. Ol örän gurply, baý we

---

[1] Bu ýerde maglumatlar garjaşdyrylypdyr. Sebäbi Esedi Tusy «Şanamany» däl-de «Gerşastana» eserini ýazýar hem-de Nahjywanda ýaşap, Firdöwsiden ep-esli soň aradan çykýar.

[2] Ynamdar çeşmelerde Menuçehriň aslynyň Balhly däl-de Damganlydygy aýdylýar.

derejeli adam bolup, onuň şemiň ajaýyplygy barada ýazan kasydasy şeýle beýt bilen başlanýar:

Eý-ä janyny başynyň hut süýr depesinde goýan,
Jismimiz janly jan bilen, sende jismiňe bagly-jan.

### *Hekim Unsury*

Ol soltan Mahmydyň döwründäki şahyrlaryň iň beýigi bolup, ol şahyrçylykdan başga-da köp pazylatlary eýe bolupdyr.

Aýdyşlaryna görä, soltan Mahmydyň huzurynda we hyzmatynda hemişe dört ýüz sany ussat şahyr bolupdyr. Olaryň ählisi özlerini Unsurynyň şägirdi hasaplapdyrlar. Ol soltanyň mejlislerine gatnaşmaga hukukly bolupdyr. Soltan soň-soňlar oňa öz ýurdunyň «Melikuş-şugara»[1] derejesini bagyş edipdir. Soňra soltan Mahmyt:

– Şahyrlar şygyrlaryny ilki oňa görkezsinler, soňra ol maňa getirsin – diýip, höküm edipdir. Bu şahyryň uzyn bir kasydasy bolup, ol bu kasydasynda soltan Mahmydyň ähli söweşlerini goşgy düzümine geçiripdir.

Aýtmaklaryna görä, bir gije mejlisde soltan Mahmyt aşa serhoşlukdan ýaňa aslynda garyndaş[2]

---

[1] Şahyrlar şasy. Bu söz şol döwürde şahyrlaryň başy, baş şahyr diýen derejeleri aňladypdyr.

[2] Asyl nusgada: «Hatanyl-asl». Bu söz «aýalyň dogany, gaýynaga, gaýynata; käte bolsa, giýew diýen manylary aňladýar. Diýmek, Aýaz soltan Mahmydyň bir aýalynyň dogany bolsa gerek.

bolan Aýaza başgaça bir garaýyş bilen seredýär. Emma birden şerigat düşünjesi oňa: «Eý, Mahmyt! Yşky bozuklyk bilen garma» diýip, ýaň salýar. Soltan aňyna aýlanyp, Aýaza pyçak berýär hem-de oňa:

– Bu talaňçy zülpüňi kes – diýýär.

Aýaz:

– Niresinden? – diýip soraýar.

Soltan Mahmyt:

– Ählisini – diýip, jogap berýär.

Aýaz permany ýerine ýetirýär. Soltanyň onuň bu boýun sunujylygyndan ýaňa yşky zyýada bolup, şol agşam oňa köp göwherler bagyşlapdyr. Soňra aşa serhoşlukdan ýaňa uka gidýär. Ertesi daňdan ukudan oýananda özüniň agşamky eden işine puşman edip, oturyp-turup, nätjegini bilmändir. Hiç kimiň gürlemäge gaýraty çatmandyr.

Şonda Hajyp Aly Unsura:

– Içeri gir-de özüňi görkez – diýýär.

Unsury içeri girýär. Soltan ony görüp:

– Görýäňmi, meniň başyma nämeler düşdi?! Hany, bu babatda bir zatlar aýt – diýýär.

Unsury duran ýerinde şobada şu aşakdaky goşgyny aýdýar:

Bu gün gysgalypdyr ýaryň burum-burum towly zülpi,
Onuň üçin gama batyp, oturyp-turmak ne hajat.
Bu gün şatlyk-şagalaňlyk, meý içmek, toý tutmak güni,
Sebäp çyrpylyp bezelýär elmydama Serwi – azat.

Onuň bu şygry soltana ýaraýar we onuň agzyny üç gezek göwherden doldurmaklaryny buýurýar. Soňra aýdymçy sazandalary çagyryp, meý içmäge oturýar.

Unsury dört ýüz otuz birinji ýylda wepat bolýar.

## *Asjady*

Onuň asly, dogduk mekany Merw bolup, çeper kasydalary bardyr. Ol Unsurynyň şägirtlerinden we soltan Mahmydyň öwgüçilerinden bolupdyr. Bu beýt onuň kasydasyndandyr:

Inçeden görüji şahym Sumanata sapar etdi
Özüniň eden işlerin täsinlikleň tugy etdi.

Onuň şygyrlar diwany känbir meşhur däldir. Emma onuň şu rubagysy örän meşhurdyr:

Toba edýän serhoşuň içip, lap urmasyndan,
Ak alkymly gözelleň yşkyndan toba edýän.

Ýürekde meý höwesi, dilde bolsa tobadyr,
Eý, Allam! Men bu nädürs tobadan toba edýän.

## *Ferruhy*

Ol hem Unsurynyň şägirdidir. Aýdyşlaryna görä, onuň kakasy Sistanyň häkimi emir Halabyň gulamlaryndan bolupdyr. Ferruhy Sistanyň

daýhanlaryndan (mülkdarlaryndan) biriniň hyzmatynda işlemegi karar edýär. Ol her ýyl bäş manlyk iki ýüz susak däne we ýüz derem gazanypdyr. Soňra ol Beni Halabyň gyrnaklaryndan birine öýlenmek isleýär. Emma onuň çykdajysy aşa köp bolansoň, daýhana ýagdaýy beýan edip, ondan:

– Üç ýüz susak däne bilen üç ýüz elli derem ber – diýip, haýyş edýär. Daýhan:

– Sen mundan artyga-da mynasypsyň. Emma meniň mundan artyk berere gurbum ýok – diýýär.

Ferruhy ondan umydyny üzüp, soltan Mahmyt Gaznalynyň doganynyň ogly, Abulmuzaffaryň[1] ýanyna baryp, aşakdaky çeper kasydany düzýär we ondan köp sanly halatdyr-pul sylag alýar:

Çemenlik ýaşyl ýüpek örtse gülgün ýüzüne,
Daglar alar egnine müň reňk parça ýüpek,
Toprak edil keýik deý, göbekden müşk öndürer,
Söwüt totyň peri deý çykarar sansyz ýaprak.

Soňra ol Soltan Mahmydyň ýanyna gidip ýokary derejelere ýetýär, onuň öňünden zer guşakly ýigrimi gulam atlanyp ýöreýän eken.

[1] Abulmuzaffar Ahmet ibn Muhammet Çaganly çaganlylaryň (häzirki Täjigistandaky) emiri bolup, Mahmydyň doganynyň ogly däldir.

## *Dakyky*[1]

— Ol ilkinji şahyrlardan bolup, soltan Mahmydyň döwründe «Şanamanyň» başyny başlaýar hem-de iki müň[2] ýa-da ondan gowrak beýt düzýär. Soňra Firdöwsi ony dowam edýär we tamamlaýar. Onuň şygyrlaryndan bir mysal:

Men bu ýerde köp galyp, sarpam gidip har boldum,
Sebäp köp eglenmekden hormat gider har galar.
Eger suw hem çukurda uzak dursa, akmasa
Aramlygyndan ýaňa, porsap başlar, yslanar.

## *Jelaleddin, Jemalylmille Muhammet ibn soltan Mahmyt Gaznalynyň soltanlygynyň beýany*

Soltan Mahmydyň ygtyýar we hökmürowan eli dünýewi işlere eýeçilik etmekden üzülen wagty ogly Emir Muhammet Gowzganandady[3], Emir Mesgut bolsa Yspyhandady. Onsoň soltan Mahmydyň garyndaşy Emir Aly ibn Il Arslan merhum Soltanyň wesýetine görä, Emir Muhammedi Gazna çagyryp, oňa patyşalyk täjini geýdirýär. Ol serkerdebaşylyk derejesini öz agasy (kakasynyň inisi) emir Ýusup Söbüktegine, wezirlik

---

[1] Abu Aly Muhammet ibn Ahmet Dakyky Balhy Samanlylaryň döwrüniň soňlarynda çaganlylaryň köşgüniň şahyrlaryndan eken. Onuň öldürilen ýylyny 341-nji ýyl diýip belläpdirler. Bu ýerde säwlik gidipdir. Dakyky Mahmyt patyşalyga ýetmezinden 48 ýyl öň aradan çykypdyr.

[2] Ol 1054 beýt ýazypdyr. Firdöwsi hem ony «Şanamada» getiripdir.

[3] Asyl nusgada: «Kurkan».

derejesini Hoja Abu Sähl Ahmet ibn Hasan Hamdawa[1] bagş edýär we hazynanyň gapysyny açyp, ondan mertebelini-mertebesizi, beýigi-pesi nesibeli edýär. Onuň döwründe arzanlyk we parahatlyk emele gelip, raýat we goşun arkaýynlykda ýaşaýarlar. Emma adamlaryň kalby Emir Mesgudyň patyşalyga geçmegini has köp isleýärdiler. Soltan Mahmydyň aradan çykanyndan elli gün geçensoň, Abunnejim Emir Aýaz ibn Oýmak[2] gulamlar bilen birleşip, Aly Daýany hem öz tarapyna çekip, gündiziň güni gaýduwsyzlyk bilen atýataga girýär we ýörite atlara münüp, Busta tarap ýola düşýär. Emir Muhammet bu ýagdaýdan habarly bolup ygtybarly emirlerden bolan Sundehraý[3] Hindini hindilerden düzülen köp sanly goşun bilen olaryň yzyndan iberýär. Bu goşun olaryň yzlaryndan ýetende, aralarynda gazaply uruş turýar we Sundehraý hindileriň köp bölegi bilen bilelikde öldürilýär. Gulamlardan hem köpüsi öldürilýär. Gulamlardan diri galan kişiler hindileriň kellelerini Emir Muhammediň köşgüne iberýär. Abunnejm Emir Aýaz we Aly Daýa öňküleri ýaly tizlik bilen agzybirlikde gidip baryşlaryna, Nişapura Emir Mesgudyň hyzmatyna ýetýärler.

Aýtmaklaryna görä, Emir Mesgut Hemedanda kakasynyň wepat bolandygyny eşidenden soň, Ajam Yragynda ynamdar emeldarlar we häkimler goýup, Horasana tarap gyssanýar hem-de doganyna hat

[1] Asyl nusgada: «Hamdany».
[2] Asyl nusgada: «Yshak».
[3] Asyl nusgada: «Sunydraý».

ýazýar. Ol hatyň mazmuny şeýle: «Men kakamyzyň saňa bagyş eden welaýatyna göz gyzdyramok. Özümiň ýalaw gylyjym bilen basyp alan Jibäl, Tabarystan, Yrak ülkeleri maňa ýeterlik. Emma sen meniň adymy hutbada ilki aýtdyrmalysyň».

Rowaýat etmeklerine görä, Emir Mesgut we Emir Muhammet bir günde doglupdyr. Emir Mesgut gaty gitse ondan sähelçe wagt öň doglupdyr. Şonuň üçin Emir Muhammet oňa känbir boýun egmeýän eken we olaryň arasynda hemişe oňşuksyzlyk bolupdyr.

Elkyssa, Emir Muhammet doganynyň hatyna gödek jogaplar ýazyp, söweş esbaplaryny taýýarlamaga meşgul bolýar. Döwletlilik isleýänleriň bir topary doganlaryň arasynda ylalaşyk döretjek bolup, hernäçe tagalla etseler-de, hiç zat başa barmaýar. Emir Muhammet hiç hili eglişik etmän, köp goşun bilen Gaznadan çykyp, ýola düşýär. Ol 421-nji ýylyň Oraza aýynyň başynda hakykatda Nikbetabat (ýagny betbagtlyk) bolan Teginabat[1] diýen ýerde düşläp, ol aýy şol ýerde geçirýär. Aýt (baýram) güni hiç bir sebäpsiz, onuň başyndan telpegi ýere gaçýar. Adamlar muny erbetlige ýorýarlar. Baýram aýynyň üçüne, agşam Emir Aly Hyşawent, Emir Ýusup Söbüktegin we emir Ahmet Hüseýin Mikäl birtopary bilen ylalaşyp, topalaň baýdagyny parladýarlar hem-de Emir Mesgudy goldap, Emir Muhammediň çadyrynyň daşyny gabaýarlar. Ony ol ýerden çykaryp, häzirki

[1] Asyl nusgada: «Tekiýabat».

wagtda Gandahar ilatynyň «Halaç galasy» diýip atlandyrýan «Walaj»[1] galasyna äkidip, şol ýerde tussag edýärler. Ähli leşger we hanlar Emir Mesgudy garşylamak üçin Hyrada eňipdirler. Emir Mesgut Hyratdan Balha baryp, Ahmet Hüseýini «Nurly Mekgeden gaýdanda Müsür halypasynyň beren haladyny geýipdir» diýen bahana bilen dardan asýar. Sebäbi Emir Mesgudyň mübärek gulagyna: «Ahmet Hüseýin bir gün diwanda: «Eger, heran-haçan Emir Mesgut patyşa bolaýsa, Ahmet Hüseýini dara çekmeli bolar» diýdi» diýip ýetiripdiler. Şonuň ýaly-da, Aly Hyşawent hem gadyr bilmezliginiň netijesinde jezalanyp öldürilýär. Emir Ýusup Söbüktegini tussag edýärler. Ol şol ýerde wepat bolýar. Emir Muhammet hem Mesgudyň permany bilen ýokarda agzalan galada kör edilýär.

Emir Muhammediň soltanlyk süren wagty bäş aýa-da ýetmeýär. Ol dokuz ýyl tussaglykda bolup, emir Mesgut öldürilenden soň ýene-de bir ýyl höküm sürüpdir. Ahyrynda hem Möwdut ibn Mesgudyň buýrugy bilen öldürilipdir.

## *Şyhabeddin, Jemalylmille soltan Mesgut ibn soltan Mahmyt Gaznalynyň soltanlygynyň beýany*

Soltan Mesgut diýseň sahawatly we batyr adam bolup, oňa «ikinji Rüstem» diýer ekenler. Onuň oky

[1] «Tabakaty Ekberi» kitabynda «Zebh», «Zeýnel ahbarda» «Weleh».

demir sowutdan geçip, piliň tenine çümýän eken. Onuň gürzüsini hiç kim bir el bilen göterip bilmeýän eken. Söhbetdeşlikde gödek jogaplar berýändigi üçin, kakasy ony hemişe peseldipdir. Emir Muhammedi bolsa, hormatlamakda we mertebelemekde köp tagalla edipdir, hatda ol Apbasly halypasyndan Emir Muhammediň adyny Soltan Mesgudyň adyndan öň ýazmagyny haýyş edipdir.

«Tabakaty Nasyry» eserinde şeýle maglumat getirilipdir:

Hoja Abu Nasr Müşkäni[1] şeýle diýýär:

Soltan Mahmydyň köşgünde bu permany okanlarynda, ol ähli emirleriň we hanlaryň köňlüne agyr degdi. Soltan Mesgut mejlisden çykanda, men hem onuň yzy bilen çykdym we oňa:

— Siziň lakamyňyzyň ahyrda gelenligi meniň we ähli emirleriň ýüregine ot saldy – diýdim. Şonda soltan Mesgut:

— Hiç alada batma, «Gylyç ýazgydan gowurak habardyr» diýipdirler – diýip jogap berdi. Men yzyma dolananymda, soltan meni ýanyna çagyryp:

— Näme üçin soltan Mesgudyň yzyndan gitdiň we onuň bilen näme hakda gürleşdiň – diýip sorady. Men oňa ähli bolan zady artdyrman-kemeltmän gürrüň berdim. Soltan:

— Men hem soltan Mesgudyň ähli babatda Emir Muhammetden ýokarydygyny we menden soň

[1] Asyl nusgada: «Müşkäti».

patyşalygyň Mesguda ýetjekdigini bilýärin. Emma men bu zatlaryň baryny bu biçäre Emir Muhammediň meniň döwrümde bir azajyk hormatly bolmagy üçin edýärin – diýdi.

Abu Nasr ýene-de şeýle diýýär:

— Men bu wakada iki zada geň galdym: birinjisi, Mesgudyň maňa şeýle ylymly – bilimli hem ynamly jogap berşi. Ikinjisi bolsa, soltan Mahmydyň hüşgärligi we ähli zady göz astynda saklaýşy. Habarçylar bu habary derrew oňa ýetiripdirler.

Soltan Mesgut tagta çykan ýyly soltan Mahmydyň hökümi bilen Hindistanyň serhet galalarynyň biri bolan Kälenjer galasynda tussag edilen Ahmet ibn Hasan Meýmendini azat edip, ýene-de ony wezir edip belleýär. Soňra hazynaçy Emir Ahmet ibn Ýanaltegini[1] tutup, malyny döwlet haýryna geçirýär we ondan köp baýlyk alýar. Şondan soň ony Hindistanyň goşunbaşysy edip Lahora iberýär. Şeýle hem ol soltan Mahmydyň permany bilen Hint galalarynyň birinde tussag edilen Mejdeddöwle Deýlemlini hem öz ýanyna çagyrýar.

## *Kiç[2] we Mekran ülkelerinde soltan Mesgudyň adyna hutba okalmagy*

422-nji ýylda soltan Mesgut Balhdan Gazna gelip, ol ýerden Kiç we Mekran ülkelerine goşun ugradýar

---

[1] Asyl nusgada: «Nyýaltegin».

[2] Asyl nusgada: «Keç».

hem-de ol welaýatda, öz adyna hutba okadyp, zikge kakdyrýar. Ol ýer bilen baglanyşykly ahwalat şeýle bolupdyr:

Bu welaýatyň häkimi wepat bolup, ondan iki ogul galýar. Biri Abulasakyr, beýlekisi bolsa Isa. Isa öz kakasynyň welaýatyny ele salyp, Abulasakyry ähli zatda oňa dahylsyz edýär. Abulasakyr doganynyň öňünde durup bilmän, ejizläp soltan Mesgudyň dergähine gelýär we oňa:

— Eger patyşa leşger iberip, Kiç we Mekran welaýatlaryny bu pes bendäniň eline düşer ýaly etse, men hem beýleki tabynlaryň hatarynda, hatara goşulyp, boýun bolup, ol welaýatyň hutba we zikgesini döwrüň soltanynyň adyna geçirerin – diýýär. Soltan Mesgut onuň haýyşyny kabul edip, onuň bilen uly goşun iberýär hem-de goşuna:

— Eger Isa ylalaşyk ýolundan ýörese we welaýatyny doganlarça paýlaşlasa, ol-a biziň islegimiz, bolmasa-da, ondan welaýatyny alyp, Abulasakyra tabşyryň – diýip, buýruk berýär

Abulasakyr söweşe taýýar we üpjün leşger bilen ol sebitlere gelip ýetende, bagty ýatan Isa «obaçyllyk» ýörelgesine eýerip[1], ýaraşykdan we ylalaşykdan boýun towlaýar. Şeýdip, iş şeýle bir derejä baryp ýetýär welin, onuň adamlarynyň köpüsi ondan aýrylyp, Abulasakyra goşulýarlar. Emma ol ýagdaýyň şeýledigine garamazdan, özüniň ýörite we aýratyn

[1] Bu ýerde soňunyň näme boljakdygy barada pikirlenmän, sada we samsyklaç hereket edendigi aýdylýar.

kişileri bilen birlikde söweşe girýär, köp tagallalar edenden soň ahyry öldürilýär. Abulasakyr öz mirasdüşer watanyna ýetip, soltan Mesgudyň adyna zikge kakdyryp, hutba aýtdyrýar. Şol ýyl soltan Mesgut Reý we Hemedan welaýatlarynyň hem-de Jibäl ýurtlarynyň häkimligini özüniň Taş atly hyzmatkärine (nökerine) bagyş edýär. Ol hem az wagtyň içinde ol welaýaty soltan Mahmyt Horasana tarap dolanandan soň, ornaşan emirleriň, häkimleriň we emirdarlaryň elinden gaňryp alyp, öz ygtyýaryna geçirýär. Soňra bolsa soltan Mesgudyň hökümine laýyklykda, özbaşdaklyk baýdagyny parladan Alaýeddöwläni ýeňip, onuň emeldarlaryny heläk edýär.

## *Seljuk türkmenleriniň üstün çykmagy*

Bu ýylda soltan Mesgut Gaznadan Yspyhana we Reýe garşy hereket etdi. Ol Hyrada ýetende Saragtyň we Bawerdiň[1] ilaty Seljuk türkmenlerinden nalap şikaýat etdiler. Onsoň Soltan Abusagt[2] Abdus ibn Abdylezizi köp leşger bilen olaryň üstüne iberýär. Ol türkmenleriň leşgeriniň alkymyna gelip ýeten badyna, olar bilen ýüzbe-ýüz bolup, birnäçe gezek garpyşýar. Ýöne bu çekeleşik biryüzli edilmezden, soltan Mesgut Gazna dolanýar.

423-nji ýylda serkerdebaşy Altyndaş soltan Mesgudyň permany bilen, Samarkandy we Buharany

---

[1] Asyl nusgada: «Badawert».
[2] Asyl nusgada: «Abdyrreis».

basyp alan Alytegini[1] dep etmek üçin Horezmden leşger çekip, Mawerannahra tarap ugraýar. Gaznanyň Soltanlyk köşgünden hem Altyndaşa medet bermek üçin, on bäş müň böwsüji atly iberilýär. Olar Balh sebitlerinde Altyndaşa goşulýarlar. Altyndaş Amuýa suwundan geçip, ilki Buhara ugraýar. Ol ýeri basyp alandan soňra, Samarkanda tarap ýola düşýär. Alytegin söweşmek we ar almak maksady bilen şäherden çykyp, bir tarapynda suwly derýa we köp agaç, beýleki tarapynda bolsa çarhy pelek ýaly uly we beýik dag ýerleşen bir ýerde leşgergäh gurýar. Uruş ody şuglalanan wagtynda, Alyteginiň bukuda duran esgerlerinden bir bölegi Altyndaşyň goşunynyň ýeňsesinden hüjüm edip, köp sanly esgerleri ýalaw gylyçlary bilen heläkçilige uçradýarlar we Altyndaşy agyr ýaralaýarlar. Altyndaşyň ýarasy tötänden öň soltan Mahmydyň huzuryndaka Hindistan galalaryndan bir galany basyp alýan wagtlarynda, manjanyk daşynyň degen ýerinden düşüpdir. Altyntaş özüniň bu ýagdaýyny gizlin saklap, şeýle bir dözümlilik, berklik görkezipdir welin, Alyteginiň köp esgerleri öldürlip, gylyçdan sypanlary bolsa tokaýa gaçyp gidipdirler. Garaňky düşen wagty, Altyndaş goşun serkerdelerini ýygnap, öz ýarasy hakynda olara gürrüň berip:

— Meniň bu ýaradan gutulmagym mümkin däl. Siz indi öz işiňiziň gamyny özüňiz iýiň – diýipdir.

[1] Asyl nusgada: «Tekin».

Olar hut şol agşam Alyteginiň ýanyna çapar iberýärler we ondan ylalaşyk isläp: «Buhara Mesguda degişli bolsun, Samarkantdan aňyrsy bolsa Alyteginiň ygtyýarynda bolsun» diýip, teklip edýärler. Ertesi Alytegin Samarkanda, Altyndaş bolsa, Horasana tarap gidýär. Ikinji gün Altyndaş wepat bolýar. Wezir-wekiller onuň wepat bolandygyny gizlin saklap, Horezme gidýärler. Soltan Mesgut Horasandaka bu habary eşidip Horezmiň hökümdarlygyny Altyndaşyň ogly Haruna bagyşlaýar.

## *Ajaýyp häsiýetli Hoja Ahmet ibn Hasan Meýmendiniň wepat bolmagy*

Hut şu ýylda gözel häsiýetler bilen bezelen Hoja Ahmet ibn Hasan Meýmendi bu dünýäden ahyret älemine göç edýär. Soltan Mesgut Harun ibn Altyndaşyň diwan eýesi bolan Abu Nasr Ahmet ibn Muhammet ibn Abdyssamady Horezmden çagyryp, oňa wezirlik işini tabşyrýar. 424-nji ýylda Soltan Mesgut Hindistana ugraýar we Keşmir deresinde ýerleşen Serseti galasyna baryp, ony gabaýar. Bu berk galanyň ýaşaýjylarynyň kalplaryna gorky we howsala düşüp, soltanyň ýanyna ilçi iberip:

— Biz häzir şu mukdarda zer berýäris we her ýyl hem köp mukdarda altyn-kümşi hazyna gowşurarys – diýipdirler. Soltan olar bilen şu usulda ylalaşmak isleýärdi. Ýöne şol galanyň adamlarynyň elinde

tussaglykda bolan musulman täjirleriniň bir topary soltan Mesguda şeýle mazmunda hat ýazýarlar:

«Biz takdyryň hökümine görä bu ýere gelip, şu galanyň kapyrlarynyň elinde ýesirlige duçar bolduk. Olar biziň ýanymyzda dünýä mallaryndan näme zadymyz bar bolsa, baryny elimizden gaňryp aldylar we elip kimin bizi dirhem-dinar nokatlaryndan sapladylar[1]. Indi, soltan yzyna dolanandan soň, olar bizi ýaşaýyş özeninden hem mahrum ederler diýip howsala düşýäris. Galanyň ýaşaýjylarynyň mundan artyk azyk-iýmitleri we garşylyk görkezmäge güýç-kuwwaty ýok. Onsoň olaryň az wagtyň içinde boýun egjekdikleri anykdyr».

Soltan olaryň aýdanlary barada oýlanyp, ylalaşmak pikirini bozýar we yhlas bilen gabaw esbaplaryny taýýarlamaga girişýär. Soltanyň buýrugyna görä hendekleri şol töwerekde ösýän şeker çiňrikdir gamyşlar bilen dolduryp, belent edip galanyň üstüne çykýarlar. Ol ýerdäki kapyrlaryň ählisini öldürip, olaryň aýallaryny we perzentlerini ýesir edip, köp baýlyk ele salýar hem-de olaryň musulman täjirlerinden alan zatlarynyň baryny yzyna gaýtaryp berýär. Şeýdip, onuň bu ýagşy ady ebedi we baky galdy.

"Bu Allanyň pazlydyr, kime islese berer"[2]

---

[1] Bu ýerde söz oýnadylýar. Elip harpynda hiç hili nokat bolmaýar. Bu ýerde özlerini elip harpyna, dinarlary bolsa käbir beýleki harplarda bolýan nokatlara deňäpdir.

[2] Gurhanyň 57-nji («Demir») süresiniň 21-nji aýaty.

Şu ýylda, ýer şarynyň köp böleginde ýagyn ýagman, uly gahatçylyk emele geldi. Gurakçylygyň yzy bilen hem umumy gyrgyn (mergi) keseli gelip ýetdi. Bu kesel köp yklymlara ýaýrap, bir aýdan azrak wagtyň içinde, Yspyhanda kyrk müň adam heläkçilige uçrapdyr. Hindistanyň köp şäherlerinde we obalarynda ekarançylyk we beýleki dürli işleri edere adam tapylmandyr. Bagdat sebitlerinde, Mosulda we Jürjüstan[1] welaýatynda mama keseli şeýle bir uly derejede ýaýrapdyr welin, mama zerarly iki ýa üç adamy ölmedik ýekeje maşgala hem bolmandyr.

425-nji ýylda soltan Amula we Sara tarap ugraýar. Bu diýaryň adamlary birleşip, söweşe häzir bolupdyrlar. Gazna leşgeri üstünlik we ýeňiş gazanansoň, Tabarystanyň emiri Abakalyjar[2] ilçiler iberip, soltan Mesgudyň adyna hutba okatmagy kabul edýär hem-de öz ogly Bähmeni we doganynyň ogly Şiruýe[3] ibn Surhaby girew edip iberýär. Emir Mesgut ol ýerden Gazna tarap ugraýar we Nişapura gelip ýetýär. Bu ýeriň ilaty Seljuk türkmenleriniň elinden şikaýat edýärler. Soltan Mesgut Bekdogdyny we Hüseýin ibn Aly Mikäli agyr goşun bilen olaryň üstüne iberýär. Haçanda goşun Sependanakan[4] diýen ýere ýetenlerinde, türkmenler tarapyndan ilçi gelip, aşakdaky mazmunda habar getirýär: «Biziň özge bilen

---

[1] Çak edilşine görä, Gürjüstan bolsa gerek.
[2] Asyl nusgada: «Ebakalenjar».
[3] "Zeýnel-ahbarda" Şehru.
[4] "Zeýnel-ahbarda" hem şeýle. Asyl nusgada: «Şebidulfak».

işimiz bolmaz ýaly we özgäniň bize azary ýetmez ýaly, öri meýdanlarymyz belli edilen ýagdaýynda, biz dergähe tabyndyrys we bendediris». Bekdogdy ilçiler bilen gödek gürleşip:

— Tä boýun egýänçäňiz we ýaramaz işlerden el çekýänçäňiz hem-de soltan Mesgudyň ýanyna kişi iberip, meniň sizden el çekmegim barada, meniň adyma bir nama getirýänçäňiz, siziň we biziň aramyzda gylyçdan başga ylalaşyk bolmaz – diýip, jogap berýär. Türkmenler öz ilçileriniň dilinden bu gürrüňleri eşidensoň, öňe hüjüm edip, gazaply söweşip başlaýarlar. Emma ýeňlip, uruş meýdanyndan ýeňse berip, gaçyp başlaýarlar. Bekdogdy olaryň yzyndan kowup, seljuklylaryň maşgalalaryny, aýal-oglan-uşaklaryny ýesir edip, köp olja ele salýar. Ýöne yzyna dolanan wagtynda, Bekdogdynyň adamlarynyň olja ugrunda pytrandyklary sebäpli, türkmenler dag derelerinden çykyp, Bekdogdynyň goşunyna hüjüm edýärler. Uruş iki gije-gündizläp dowam edipdir. Bekdogdy Hüseýin ibn Aly Mikäle ýüzlenip:

— Bu wagt durmagyň ýeri däl – diýýär. Emma Hüseýin mäkäm durýar we söweşi dowam etdirip, türkmenleriň eline ýesir düşýär.

### *Soltan Mesgudyň leşgeriniň Seljuk türkmenleri tarapyndan ýeňilmegi*

Bekdogdy Nişapura soltan Mesgudyň ýanyna gaçyp gelýär. Soltan Mesgut gamgyn bolup, 426-njy

ýylda Gazna ýüzlenýär. Şu ýagdaý bilen birlikde Hindistandan Ahmet Ýanalteginiň[1] topalaň edendigi barada hem habar gelip ýetýär. Emir Mesgut hindileriň serdarlaryndan bolan Natehäni onuň üstüne iberýär. Olar bir-birleri bilen garşylaşyp, söweşe başlaýarlar. Natehe öldürlip, onuň leşgeri dagaýar. Bu habar soltan Mesguda ýetende, ol hindileriň emirler emiri bolan Tülk (Tülek) ibn Jehleni iberýär. Ol barşyna jeňe girip, Ahmedi ýeňýär. Ahmet perişan we agyr ýagdaýda Mansura, Tehte[2] we Sinde tarap gidip barýarka, Tülk ony yzarlap, onuň adamlaryndan kim ele düşse, onuň gulaklaryny we burunlaryny kesipdir. Ahmet diýseň howsala düşüp, Sint derýasyndan geçmekçi bolupdyr. Emma birden güýçli sil gelip, ony gark edýär. Sil onuň jesedini kenara çykarandan soň, onuň kellesini kesip, Tülküň ýanyna getirýärler. Tülk bolsa ony Gazna soltan Mesgudyň ýanyna iberýär.

427-nji ýylda Gaznada, täze köşk gurlup tamamlanýar. Onuň içinde göwher bilen bezelen altyn-zer tagt goýýarlar. Şeýle-de ýetmiş man agramy bolan zerden edilen täji köşgüň ýokarsyndan altyn zynjyrlar bilen asyp goýýarlar. Soltan Mesgut şol tagtyň üstünde oturyp, şol asylgy täji başyna geýýär we uly-kiçi hemme emeldarlary myhmançylyga çagyrýar. Şeýle-de şu ýylda ol öz ogly Emir Möwduda deprek we baýdak berip, ony Balha iberýär. Özi bolsa, "Tabakaty Nasyry"

---

[1] Asyl nusgada: «Nabaltegin».

[2] Tehte häzirki Päkistanda, Sindiň Haýdarabat diýen ýeriniň golaýynda ýerleşen meşhur şäherdir. Bu ýeriň ady köplenç Tete diýlip ýazylypdyr.

eseriniň ýazarynyň aýtmagyna görä, Sewälegiň paýtagty hasaplanýan Hansy galasyny basyp almak üçin, Hidistana tarap leşger çekýär. Bu gala örän mäkäm bolup, hindiler: «Bu galany yslam soltanlarynyň hiç biri basyp alyp bilmez» diýip, ynanýan ekenler.

### *Hansy galasynyň basylyp alynmagy*

Bu galanyň örän mäkäm bolandygy üçin soltan bu ýere gelip ýetende, örän köp tagalla edip, alty günüň içinde bu galany basyp alýar hem-de ol ýerden köp olja ele salyp, ol galany öz ynamdar adamlaryna tabşyrýar. Soňra ol ýerden Sunpet galasyna ugraýar. Ol galanyň häkimi Dipal Heri mundan habarly bolup, jeňňellige gaçyp gidýär.

### *Sunpet galasynyň basylyp alynmagy*

Yslam leşgeri bu galany hem basyp alýar we ähli buthanalary weýran edip, köp olja ele salýarlar. Soňra Dipal Heriniň gaçanyny eşidip, ony yzarlap başlaýarlar. Olaryň ýetip gelýändiginden habarly bolan Dipal Heri ýeke özi güm bolup, gaçyp gidýär. Beýik mertebeli söweşijiler onuň leşgerleriniň baryny gyrýarlar we ýesir alýarlar. Soňra ol ýerden Ramyň häkimlik edýän deresine tarap ýöriş edýärler. Ram muny eşidip, Dipal Heriniň baýlyklaryndan köp peşgeş iberýär we:

— Men garry we ýarawsyz bolanym sebäpli, siziň öňüňizden çykyp, hyzmatyňyza ýetip bilmeýärin – diýip, habar iberýär. Soltan Mesgut onuň ötünjini kabul edip, ondan el çekýär. Soňra Sunpetde özüniň uly emirleriniň birini goýup, eýelän ýurtlarynyň hemmesini doly hasaba[1] geçirýär we özi Gazna tarap ýola düşýär. Ol Lahora ýeten wagtynda, ogly Mejdudy ol ýeriň häkimi edip, oňa deprek we baýdak berýär. Aýaz Hasy bolsa onuň atabegi edip belläp, özi Gazna dolanýar.

428-nji ýylda Seljuk türkmenleriniň bozgaklyklarynyň çäresini görmek üçin Balha gidýär. Türkmenler bu habary eşidip, Balh welaýatyny taşlap, töwereklere pytraýarlar. Ol ýeriň ilaty:

— Togrul beg ýeňiş alamatly goşunyň ýok wagty, birnäçe gezek derýadan geçip, musulmanlary öldürip talady – diýip, arz edýärler. Soltan:

— Öňümizdäki gyşda onuň çäresini görüp, ony dep ederin we ýazyň başlarynda bolsa Seljuklylary ýok etmäge girişerin – diýýär. Emirler we naýyplar datpygan edip:

— Seljuklylar iki ýyl bäri Horasandan köp malbaýlyk alýarlar. Olar bu welaýatyň ilatyny biz tarapdan şeýle bir göwni synyk edipdirler welin, tutuş ilat Seljuklylaryň hökümetine göwün beripdirler. Ilki şu

[1] Bu söz asyl nusgada «zabt etdi» görnüşinde gelýär. Bu söz ähli eýelän ýerlerinde häkimler, salgytçylar we beýleki döwlet emeldarlaryny belläp, doly ygtyýaryna geçirendigi we her ýylda bermeli salgytlary belländigini aňladýar.

topary (Seljuklylary) dep etmäge başlamak gerek, soňra başga möhüm meseleleriň ugruna çykyp başlamaly diýýärler. Edil şol wagt şahyrlaryň biri aşakdaky iki beýti goşga geçirip, soltanyň arzyna ýetirýär:

Duşmanlaň garynjady, indi ýylan çykypdyr,
Ýylan bolan garynjaň başyndan tütün çykar.
Mundan artyk duşmana hergiz bermegin aman,
Bil, ýylan ýaşap ýörse, derrew aždarha bolar.

Soltan Mesgudyň täleý ýyldyzy betbagtlyk çäklerine gelip ýetensoň, bu gürrüňlere üns bermän, Mawerannahry ele salmak umydy bilen köpri çekip, Jeýhun derýasyndan geçýär. Mawerannahryň serdarlaryndan hiç haýsysynyň söweşe çykmandyklary üçin, ol ülkeleriň köp ýerini gaty arkaýynlyk bilen basyp alýar. Emma Mawerannahrda bu gyş örän köp gar we ýagyş ýagyp, Gaznalylar köp kynçylyklara döz gelmeli bolupdyrlar. Edil şeýle agyr ýagdaýda hem Çagry beg Dawut Seljukly uruş maksady bilen, Saragtdan Balha tarap ýöriş edýär. Wezir Hoja Ahmet ibn Abdyssamat Balhdan şeýle mazmunda hat ýazýar: «Dawut Seljukly uly goşun bilen Balha tarap gelýär. Meniň onuň öňünde durup biler ýaly derejede adamlarym we uruş esbaplarym ýok».

Soltan Mesgut yza dolanmak teblini kakyp, Balha tarap ýola düşýär. Togrul beg bu pursatdan peýdalanyp, şanyň yzyndan Gazna gelýär we soltan

Mesgudyň atlarydyr düýelerini talap, Gaznalylary uly namys astynda goýýar. Soltan Balh sebitlerine ýetende, Dawut ýoluny üýtgedip, Merwe tarap ugraýar.

Soltan Mesgut Balha ýetensoň, öz ogly Möwdut bilen bilelikde, Çagry beg Dawudy yzarlap Gowzganana gidýär. Ol ýerde birnäçe adamlar Aly Kuhandeziden şikaýat edip, soltan Mesgudyň ýanyna gelýärler. Aly mekir, zalym we ýol urýan talaňçy galtamandy. Ol şol töwereklerde köp talaňçylyklar edýärdi. Soltan Mesgut ony tabyn bolmaklyga çagyrýar. Emma ol kabul etmän, öňküsi ýaly halka yza bermek we adam öldürmek bilen meşgul bolýar. Soňra öz maşgalasyny we perzentlerini äkidip, şol töwerekdäki galalaryň birinde penalanýar. Soltan Mesgut onuň üstüne goşun iberýär. Goşun baryp, ol galany basyp alýar we Alyny tutup, soltan Mesgudyň ýanyna getirýärler hem-de dara çekýärler.

Türkmenler soltan Mesgudyň Merwe tarap hereket edýändigini eşidip, ilçi iberýärler we:

– Biz bende we tabyndyrys. Eger biziň mal-garalarymyz we maşgalalarymyz ornaşar ýaly, biziň öri meýdanymyz belli edilse, biziň özümiz huzuryňyza baryp hyzmat ederis. Eger şeýle edilse, merhemetden daş bolmaz – diýip habar berýärler. Soltan Mesgut olaryň bu haýyşyny kabul edip, olaryň mundan beýläk ýaramaz işleri etmezlikleri barada ähdi-peýman alar ýaly bularyň serdary bolan Beýgunyň ýanyna ilçi iberýär we olaryň öri meýdanynyň çäklerini kesgitläp, bu barada ähdi-peýman baglaşylýar. Soltan Mesgut olar

bilen ylalaşyp, ol ýerden Hyrada ýüzlenýär. Ýolda türkmenlerden bir topary soltan Mesgudyň leşgerine hüjüm edip, birnäçe adamy öldürip, bir topar zatlary talapdyrlar. Soltan Mesgut olaryň üstüne bir bölek goşun iberýär. Bular olaryň ählisini öldürip, olaryň kesilen kelleleri bilen birlikde, aýallaryny we çagalaryny ýesir edip, Soltan Mesgudyň ýanyna getirýärler. Soltan Mesgut olaryň hemmesini eşeklere ýükläp, Beýgunyň ýanyna iberip:

— Her kim ähdini bozsa boljagy şudur – diýip, habar iberýär. Beýgu ötünç sorap:

— Biziň bu işden habarymyz ýok. Ol jemagat biz näme islän bolsak, şoňa hem duçar bolupdyrlar – diýip, jogap berýär.

Soltan Mesgut Hyratdan Nişapura, ol ýerden hem Tusa gidýär. Tusuň golaýyna ýetende, türkmenleriň bir topary öňe çykyp, söweşe girişýärler, emma köpüsi öldürilýär. Şol wagt hem: «Bawerdiň ilaty öz galasyny türkmenlere tabşyrdylar» diýip, habar berýärler. Soltan Mesgut ol galany basyp alyp, ol ýeriň adamlaryny gyryp, ýene-de Nişapura dolanýar. Ol bu ýyl gyşy şol ýerde geçirýär.

430-njy ýylyň bahary gelip ýetende, Togrul beg Seljuklynyň garşysyna Bawerde[1] tarap ýola düşýär. Togrul beg mundan habardar bolup Tezene[2] we Bawerde tarap gaçýar. Soltan Mesgut yzyna dolanyp,

---

[1] Asyl nusgada: «Badawert».

[2] "Zeýnel ahbarda": Nezen "Tabakaty Ekberide": Teren "Taryhy Mesgudyda": Bersi. Bu ýer ähtimal häzirki Tejen etraplary bolsa gerek.

Mänäniň ýolundan Saragta tarap ýüzlenýär. Ol Mäne ilatyny salgyt bermeýändikleri üçin basyp alyp, bir toparyny öldürýär we ýene bir toparynyň ellerini kesip, olaryň galalaryny weýran edýär. Ol ýerden Daňdanakana tarap gaýdýar. Ol bu ýere gelip ýetende, 430-njy ýylyň Oraza aýynyň sekizinde, türkmenler daş-töwerekden hüjüm edip, Gazna taraplara gidilýän ýollary baglapdylar. Soltan Mesgut bialaç saplar düzüp, urşa taýýar bolup durýar. Türkmenler hem leşgerler düzüp, garşysyna gelýärler. Şeýdip, güýçli söweş tutaşýar. Şu ýagdaýda hem Gazna leşgeriniň köp serdarlary ýüz öwrüp, seljuklylaryň tarapyna geçipdirler. Soltan özüniň mübärek durky bilen uruş meýdanyna gelip, türkmen serdarlarynyň birnäçesini gylyç, naýza we gürzi zarby bilen urup ýere ýykýar we hiç bir patyşanyň etmedik gazaply söweşini edýär. Birden, entek duşman hataryna girmedik esgerleriň bir topary hem biwepalyk edip, uruş meýdanyndan ýüz öwrüp, Gazna tarap gaçyp gidýär. Soltan Mesgudyň ýanynda hiç kim galmansoň, ol özüniň güýç-kuwwaty we merdanalygy bilen söweşden çykyp gutulýar. Hiç kimde onuň yzyndan kowmaga gaýrat tapylmaýardy. Ýolda onuň goşunyndan birnäçe esger oňa goşulýar. Olar Gur ýolundan Gazna gelýärler. Soltan Aly Daýa, Hajyp Subaşy we Bekdogdy Hajyp ýaly uruşman söweş meýdanyndan gaçan serkerdeleriň baryny tutup, olaryň malyny döwlet haýryna geçirýär, özlerini bolsa, Hindistana iberip, galalarda tussag edýär. Olaryň köpüsi şol ýerlerde tiz wagtdan wepat bolýarlar.

Emir Mesgut Seljuk türkmenlerini dep etmekden ejiz bolansoň, leşgerini Hindistana äkidip, güýç toplap, soňra türkmenleriň üstüne dökülip, olaryň almytyny bermek isläpdir. Onsoň ikinji gezek Balhyň emirligini şazada Möwduda berip, Hoja Ahmet ibn Muhammet ibn Abdyssamat weziri oňa goşup, ol tarapa iberýär. Ärtegin Hajyby onuň hajyplygyna belläp, dört müň adamy oňa hemra edýär. Lahordan gelen şazada Emir Mejduda iki müň adam bilen Multana gidip, ol ýerleri zabt etmegi buýurýar. Şeýle hem ol şazada emir Izedýary Gaznanyň dag eteklerine, ol ýerde topalaň edýän owganlara gözegçilik etmek we olaryň bu welaýata zyýan ýetirmekleriniň öňüni almak üçin iberýär. Soltan Mesgudyň özi soltan Mahmydyň dürli galalarda saklaýan ähli hazynalaryny Gazna getirýär we düýelere ýükläp, Lahora tarap ýola düşýär. Ol ýolda gidip barýarka, dogany kör Emir Muhammedi galadan çykaryp, öz ýanyna getirmekleri üçin adam iberýär. Olar Märikle kerwensaraýyna, başga bir rowaýata görä, şu asyrda Buht suwy ady bilen meşhur bolan Jeýlem suwuna (derýasyna) ýetenlerinde, käbir ynamdar gulamlar hazyna göterýän düýelere duçar gelip, olaryň hemmesini talaýarlar. Edil şol wagt hem Emir Muhammet ol ýere gelip ýetýär. Gulamlar özleriniň bu näkesliginiň başga emir saýlanylmazdan boş galdyrylmajakdygyna göz ýetirip, zerurlykdan, emir Muhammediň ýanyna gidip, ony patyşalyga kabul edýärler. Soňra Emir Mesgudyň üstüne hüjüm edýärler. Emir Mesgut şol kerwensaraýda gabalyp saklanýar.

Leşgeriň uly-kiçisi watandan daş düşmekden we Hindistana sapar etmekden närazydylar. Olar Emir Mesgudy Sint derýasynyň golaýynda ýerleşýän Märikle kerwensaraýynyň içinden çykaryp, soltan Muhammediň ýanyna tutup getirýärler. Soltan Muhammet oňa ýüzlenip:

— Meniň seni öldürmek niýetim ýok. Sen öz aýalyň we perzentleriň bilen bolar ýaly özüňe bir ýeri saýla – diýýär. Soltan Mesgut bolsa Geri galasyny saýlaýar. Aýtmaklaryna görä, ol şol gala tarap gidende, gündelik harajatlary üçin pula mätäç bolýar. Şonuň üçin soltan Muhammediň ýanyna kişi iberip, ondan bir az pul soraýar. Soltan Muhammet oňa bäş ýüz dirhem iberýär. Soltan Mesgut gaty gaýgy-gama batyp, ynjap, katra-katra ybrat göz ýaşlaryny ýaňaklaryndan seçeläp: «Subhanalla! Düýn edil şu wagtlar üç müň düýelik hazynanyň eýesidim. Indi bu gün bolsa şeýle ýagdaýa duçar boldum» diýýär. Soňra öz ýakynlaryndan müň dinar karz alyp, ony şol bäş ýüz dirhemi getiren adama bagyş edip, ony iberilen zer bilen bilelikde, yzyna gaýtaryp goýberýär.

Soltan Muhammet gözleri göreç nurundan binesip bolansoň, hökümdarlygy telbelik bilen meşhur bolan ogly Ahmede tabşyryp, özi bir döwüm çörek bilen kanagatlanýar. Ahmet Ýusup ibn Söbükteginiň ogly Süleýman hem-de Aly Hyşawent Ogly bilen bilelikde, kakasyna sala salman, Geri galasyna gidip, 433-nji ýylda Mesgudy gaýgyruwsyz gylyjyndan geçiripdir. Käbirleriniň aýtmaklaryna görä, ony diriligine çukura

salyp, üstüni gum bilen gömüpdirler. Käbir taryhçy-laryň aýtmaklaryna görä, Ahmet öz kakasyny adam iberip, Mesgudy öldürtmäge mejbur edipdir. Bolan wakalaryň hakykatyny Alla gowy bilýär.

Şyhabeddöwle Mesgudyň soltanlyk eden wagty, «Güzide»[1] eserinde rowaýat edilşine görä, dokuz ýyl dokuz aý bolupdyr. Emma başga rowaýatlara görä, ol on iki ýyl höküm sürüpdir. Ol batyr we sahawatly patyşa bolupdyr. Ol sahylykda aşa elaçyk bolup, alymlar we akyldarlar bilen mejlis gurup, olara dürli yhsanlar edip, köp sylag-serpaýlar berer eken. Bir topar akyldarlar onuň adyna kitap ýazypdyrlar. Şol sanda öz eýýamynyň meşhur alymy we matematika ylmynda deňi taýy bolmadyk ussat müneçjim Abu Reýhan Horezmi matematika ylmyna degişli «Kanuny Mesgudy» diýen kitaby onuň meşhur adyna ýazyp, ondan kümüşden edilen bir pili sylag alypdyr. Kazy Abu Muhammet Nasyhy hem Abu Hanypanyň mezhebinde fykha (şerigata) degişli "Kitaby Mesgudy" diýen kitabyny şol bilimdarlara pena berýän şanyň adyna ýazypdyr. "Rowzatus-sapa" eserinde şeýle setirler bar:

Şyhabeddöwle Mesgut mätäçlere köp sadaka berer eken. Şeýle-de, ol bir gezek oraza aýynda, bir günde mätäçlere bir lek (100 müň) dirhem beripdir. Mesgudyň soltanlyk eden döwrüniň başlarynda onuň ygtyýaryndaky ülkelerde şeýle bir köp medreselerdir

---

[1] "Güzide" eserinde on üç ýyllap höküm sürdi diýip getirilýär. Ähtimal, ýazaryň peýdalanan eserinde nätakyklar bar bolsa gerek.

mejitler gurupdyrlar welin, dil olaryň sanyny beýan etmekden ejizdir we keltedir.

## *Abulfath Kutbulmille Şyhabeddöwle Emir Möwdut ibn Emir Mesgut ibn Mahmyt Gaznalynyň soltanlygynyň beýany*

Emir Mesgut öldürilenden soň, kör Emir Muhammet köp aglap, ony öldürmekde tagalla edenleri ýazgaryp, Emir Mesgudyň Balhda bolýan ogly Möwduda bir hat ýazýar. Ol hatyň mazmuny şeýle: "Pylany we pylany öz kakalarynyň aryny almak üçin, Emir Mesgudy öldüripdirler. Başgalaryň bu işde hiç bir dahyly we ygtyýary bolmandyr"

Möwdut onuň hatyna bir jogap matamnamasyny ýazýar. Onuň mazmuny şeýle: Päk we beýik Taňry emiriň ömrüni zyýat etsin we onuň diwana ogly Ahmede düzüw ýaşap bileri ýaly akyl bersin. Ol gaty uly günä işe baş goşupdyr. Ol möminleriň emiriniň Seýýidilmuluk wes-salatyn[1] diýip lakam beren patyşasynyň ganyny döküpdir. Ýakyn geljekde onuň «sylagy» özüne ýeter"

Möwdut şu haty ýazandan soň, ar almak maksady bilen, Märiklä tarap hereket etmegi ýüregine düwýär. Abu Nasr Ahmet ibn Muhammet ibn Abdyssamat ony bu sapardan saklap, Gazna äkidýär. Gaznanyň ilatynyň ählisi ony garşy almaga gyssanyp, onuň bilen

[1] Patyşalaryň we soltanlaryň jenaby.

ylalaşýarlar. Şeýdip, ol 432-nji[1] ýylda Gaznadan çykyp ugraýar. Kör Muhammet özüniň Namy atly kiçi ogluny Peşaweriň we Multanyň serkerdebaşysy edip belläp, Sint suwunyň töwereklerinde Möwdudy garşylamaga gyssandy. Dipur[2] çölünde aga we ininiň (doganynyň ogly) aralarynda uruş ody tutaşýar. Ahyrynda ýeňiş we üstünlik şemaly Möwdudyň goşunynyň üstünden öwsüp, Muhammet we onuň pitnedir bozuklygyň özeni bolan ähli ogullary hem-de Nuştegin[3] Balhy, Aly Hişawent Ogly, Süleýman ibn Ýusup dagylar ýesir düşüp, ählisi tussag edilýär. Möwdudyň gulamlary ar almak maksady bilen, Abdyrahym ibn Muhammetden başga ählisini şobada öldürýärler. Abdyrahymy öldürmändikleriniň sebäbi hem Emir Mesgudy tussag edenlerinde doganoglanlar Abdyrahman we Abdyrahym ony görmäge gidipdiler. Abdyrahman masgara etmek üçin biýedeplik elini uzadyp, Emir Mesgudyň kellesindäki tahýasyny çykarypdy. Emma Abdyrahym ony onuň elinden kakyp alyp, hormatly agasynyň (kakasynyň doganynyň) kellesine geýdiripdi hem-de doganyna biýedepligi üçin käýäp, oňa sögünipdi. Şeýdip, ahyrynda «Kim bir ýagşy amal etse, özi üçindir we kim ýamanlyk etse, öz zyýanyna eder»[4] diýen jümle hakykata öwrülýär.

[1] Ýokarda Mesgudyň ölen ýyly 433-nji ýyl diýlip getirilýär. Bu ýerde säwlik gidendigi görnüp dur. 433-nji ýyl dogry bolmaly.

[2] "Zeýnel-ahbarda" Dinur. "Tabakaty Ekberide" Dentur.

[3] Asyl nusgada: «Tuşnekin».

[4] Gurhanyň 41-nji («Fussilat») süresiniň 46-njy aýaty.

Elkyssa, Möwdut öz kakasynyň ganhorlaryndan aryny alansoň, özüniň ýeňiş gazanan ýerinde oba we kerwensaraý gurup, ol ýere «Fathabat»[1] diýip at goýýar. Soňra onuň kakasynyň we doganlarynyň tabytlary onuň buýrugyna görä, Geriden[2] Gazna getirýärler. Özi hem Gazna howlugyp, wezirlik wezipesini Abu Nasr Ahmede tabşyrýar. Soňra 433-nji ýylda ony boşadyp, bu wezipäni Hoja Tahyr ibn Muhammet Müstewfä berýär. Özüniň emirlerinden Abu Nasr Muhammet ibn Ahmet atly birini Hindistana iberýär. Ol Muhammet ibn soltan Mahmydyň ogly Namy bilen urşup, ony öldürýär. Şondan soň, Möwdudyň diňe inisi Mejdut ibn Mesgutdan başga hiç-hili aladasy galmady. Mejdut kakasy öldürilenden soň, Multandan Lahora gidip, Aýazyň kömegi bilen Sint derýasyndan tä Hansy we Tehanisere çenli bolan ýerleri doly basyp alyp, gep-gürrüňsiz özbaşdaklyk gazanypdy. Şonuň üçin, Möwdut şol ýyl ony dep etmek üçin söweşe taýýar we üpjün goşunyny onuň üstüne iberýär. Mejdut bu ýagdaýdan habarly bolup, paýtagt Delini basyp almak üçin, Hansy ülkesinde watan tutan we pursada garaşyp duran köp sanly goşun bilen olary garşylamaga çykýar. Ol Möwdudyň leşgeri Lahor galasyny basyp almazyndan öň, Gurban aýynyň altysynda ol ýere ýetýär. Onuň berkliginden we haýbatyndan tas Möwdudyň leşgeriniň arasyna agzalalyk düşüp, Gaznanyň köp emirleri Mejdudyň

[1] Fathabat – Ýeňişabat.
[2] Asyl nusgada: «Kiri».

hyzmatyna gidipdiler. Tötänden Gurban baýramy güni ir bilen Mejdudy çadyrda öli halda görýärler. Bu wakanyň nähili ýüze çykanlygy belli bolmaýar. Aýaz hem birnäçe günden wepat bolýar. Şeýdip, uruşsyz-dawasyz Hindistanyň Mejduda degişli sebitleri tutuşlugyna soltan Möwdudyň adamlarynyň eline düşýär we Mawerannahryň emirleri oňa hem boýun bolýarlar. Emma Seljuklylar Möwdudyň Çagry beg Seljuklynyň gyzyny nikalap alanlygyna garamazdan, ýene-de öňküsi ýaly oňa garşy söweş alyp barýardylar. 435-nji ýylda Deliniň raýy[1] we beýleki rajalar birleşip, Hansy we Tehaniser ülkelerini daş-töwerekdäki goşundylary bilen birlikde, Gaznaly emeldarlarynyň golastyndan çykaryp alyp, Nigerkut galasyna tarap ýola düşýärler. Olar bu ýeri hem dört aýlap gabaýarlar, Lahordan medet gelip ýetmänsoň, bu ýeri hem basyp alyp, öz eýeçiligine girizýärler. Olar Nigerkut galasynda ýene-de öňki düzgünlerine laýyklykda, butlar oturdyp, ol sebitlerde ýaňadan butparazlyk düzgünlerini rowaçlandyrypdyrlar. Bu wakanyň giňişleýin beýany şeýledir:

Deliniň raýy Gaznaly soltanlygyndaky ejizlik we gowşaklyk alamatlaryny görüp, brahmanlardan iblis sypatly biriniň ýol görkezmesi bilen öz emirlerini we döwlet sütünlerini çagyryp şeýle diýýär:

— Şu gün agşam Nigerkut buty meniň düýşüme girdi. Ol maňa:

[1] Raý (raja) – patyşa, hökümdar.

«Men şu wagta çenli Gaznaly döwletiniň esasyny sarsdyrmak we weýran etmek üçin Gaznada saklandym. Indi meniň maksadym hasyl boldy. Şonuň üçin men indi özümiň asylky merkezime, öz ýerime gaýdyp gelmek isleýärin. Men size üstünlik we ýeňiş bagyşladym. Siz öz eliňizden gideren welaýatyňyzy tutuşlygyna yzyna gaýtaryp almalysyňyz. Meni şol ýerde häzir diýip biliň» diýdi.

Kapyrlar ol güni özleriniň baýramçylyk günleriniň biri ýaly hasaplap, şatlyk-şagalaň we baýramçylyk edýärler. Deliniň raýy gizlinlikde we pynhanlykda özüniň ynamdar daş ýonujylaryny ýanyna çagyryp, olara:

— Daş ýonup, şol buta meňzeş bir şekili taýýarlaň – diýip buýurýar. Daş ýonujylar şol salymyň özünde, hyzmat bilini berk guşap, hindistanlylar üçin şol buta meňzeş bir «Hudaý» ýasaýarlar. Deliniň raýy daş-töwerekdäki rajalar bilen birleşip, Hansy we Tehaniser galalaryny basyp alýarlar. Soňra Nigerkut galasyna baryp, bu galanyň daşynda çadyrdyr kepbe dikýärler. Gije perdesi gözleriň görejine böwet we gurşaw bolup, adamlar gaflat ukusyna batanlarynda, Deliniň raýy ýaňky jadygöý daş ýonujylaryň ýasan we oňaran butuny şol töwereklerde ýerleşen bir bagyň içinde, mynasyp bir ýerde oturtmak üçin, ýaňky ýol görkeziji brahmanyň eline berýär. Brahman bu duýgusyz we düşünjesiz emeli ýasalan buty alyp, ýaňky baga äkidýär we bir mynasyp ýer tapyp, ony şol ýerde oturdýar. Ertesi daňdan, gündogar bezegçisi zümerret

penjiresinden baş çykarandan soň, bagbanlar ukudan turup, öňki adatlaryna görä baga gidýärler. Olaryň gözi birden köp gezekler gören we gowy tanaýan butlaryna düşende, joşgun-şagalaň edip, onuň ýene-de gaýdyp gelendigi bilen bir-birlerini gygyrşyp, gutlamaga başlaýarlar. Bu habar çar tarapa ýaýrap, leşgergähde uly gykylyk we gowga turýar. Deliniň raýy öz çagalaryny, garyndaşlaryny we beýleki hormatlanýan adamlaryny alyp, şowk-şagalaň we dabara bilen bu ýasama hudaýa tagzym etmek üçin aýakýalaňaç pyýadalap, baga garşy ýola düşýär. Ol özleriniň düzgüni boýunça berjaý etmeli däplerini ýerine ýetirip, başyny onuň aýagynda goýup, gaýdyp gelendigi bilen mübärekläp, onuň şükranasyny berjaý edýär. Soňra daşary çykyp:

— Ol bir gijede Gaznadan şu ýere gelensoň, ýolda ýadapdyr. Bu gün ol dynç alyş düşeginde ýatar. Ertir bolsa hemmeleri myhmançylyga çagyrar – diýýär. Ähli kapyrlar bu pikiri kabul edip, öz ýagdaýlaryna laýyklykda oňa sadakadyr-nezir bermekligi özlerine wajyp we borç bilipdirler. Olar ertesi butuň huzuryna gelip, şeýle köp mukdarda göwherlerdir gymmatbaha nepis zatlary onuň aýak astyna oklapdyrlar welin, «Mahmydyň ruhy Hindistana rowana» bolupdyr[1]. Şol brahman bu daş ýürek butuň ýanynda durup, her bir zyýarata gelýänlere:

---

[1] Bu ýerde soltan Mahmydyň köp altyn-kümüş toplandygy, şolary görse durup bilmeýändigi ýaňzydylýar.

— Bu but «Meniň mesgenim bolan galany basyp alyň we eýeläň» diýip, emr etdi – diýýärdi.

Şundan soň Hint goşuny yhlas we ynam bilen galany basyp almak üçin tagalla baryny edip, gabaw esbaplaryny taýýarlamaga başlapdyrlar. Bu galanyň goragyndaky musulmanlar ilkibaşda, şehit bolmaklygy karar edip, galanyň diňini we diwarlaryny berkidip başlaýarlar. Olar Lahordaky Gaznaly emirleriniň ýanyna adam iberip, olardan kömek-ýardam dileseler-de, olaryň öz aralarynda agzalalyk ýüze çykyp, biri-birleri bilen tutluşykda bolandyklary sebäpli, asla galadakylaryň perýatlaryna ýetişmändirler. Şu sebäpden galadakylar bialaç janlaryna, mallaryna we namyslaryna degmezliklerini şert edinip, kapyrlardan aman diläp, galany olara tabşyrýarlar we Lahora gidip, öz ýaranlaryna goşulyşýarlar. Deliniň raýy soltan Mahmydyň weýran eden buthanasyny rejeläp, gaýtadan baryp, buty öňki öz ýerinde oturdýar. Bu habar Hindistanyň uzak sebitlerine baryp ýetýär. Kapyrlar gaty şat we hoşal bolýarlar hem-de zyýarat etmek üçin Nigerkut galasyna öňki döwürlerdäkiden hem köp gelip, butparazlyk bazaryny gyzdyrypdyrlar.

Hint kapyrlarynyň şeýle däpleri bolupdyr:

Olar uly we möhüm işlerde şu but bilen maslahatlaşýan ekenler. Eger ol rugsat berse, şol işe başlap, yhlasdyr-tagalla edýärler, bolmasa-da ýok.

Bu düşünje häzirki zamanda bu ülkäniň iman we yslam dawasyny edýän käbir adamlarynyň arasyna hem ýaýrap, şol duýgusyz doňňara daş bilen

maslahatlaşyp, uly mukdarda pul we gymmatbaha zatlary şol buthana iberip, sogap tama edýärler.

Ýokarda agzalan wakalar ýüze çykandan soň, yslam leşgeriniň şirleriniň öňünde gorkudan ýaňa tilkiler ýaly tokaýlarda we jeňňellerde guýrugyny ýamzyna gysyp, sümülişip ýören Penjabyň we beýleki welaýatlaryň rajalary hatyrjemlik we arkaýynlyk bilen baş galdyrýarlar.

Üç sany güýçli raja on müň atly we köp sanly pyýada esger bilen ýöriş edip, baryp Lahory gabaýar. Emir Mesgudyň ogly soltan Möwduda tabyn bolmagy bir gapdala taşlap, alty-ýedi aýlap, mülklerdir wezipeleriň üstünde biri-birleri bilen baryş-geliş ýollaryny baglap, uruş-dawa edip ýören yslam emirleri kapyrlaryň üýşüp gaýrata münendiklerini eşidip, ylalaşyk işiginden girýärler hem-de Möwdut ibn emir Mesguda tabyn bolmak babatda ähdi-peýman baglaşyp, topar-topar, saz-üpjün leşgerler bilen şäherden çykýarlar. Rajalar bu ýagdaýdan habarly bolansoňlar, uruşmazdan gaçýarlar.

434-nji ýylda Emir Möwdut Ärtegin Hajyby Toharystana iberýär. Ärtegin Toharystana ýetende, «Dawut Türkmeniň ogly Ermene[1] gelipdir» diýip eşidýär. Onsoň Ärtegin onuň üstüne goşun çekýär. Ärtegin oňa golaýlaşan badyna, Dawut Türkmeniň ogly leşgeri goýup, özi birnäçe adamlary bilen gaçyp gidýär. Ärtegin ol ýere ýetip, onuň leşgerinden bir

[1] Bu ýeriň nirededigini takyklap bolmady.

topar adamy gyryp, Balh şäherine gidýär we ol ýeri hem basyp alyp, Emir Möwdudyň adyna hutba aýtdyrýar. Birnäçe wagt geçensoň, türkmenler onuň üstüne ýöriş edip, Balhyň golaýyna gelýärler. Ärtegin Emir Möwdutdan kömek isleýär. Onuň bu haýyşy kabul edilmänsoň, öz goşuny bilen Kabulyň Penjhir diýen ýeriniň üstünden Gazna gelýär.

435-nji ýylda Emir Möwdut käbir adamlaryň gepine gidip, Gaznanyň kütwaly Abu Alydan ynjap, ony tussag edýär. Soňra onuň bigünäligi mälim bolansoň, tussaglykdan boşadyp, ýurduň diwanbaşysy we Gaznanyň kütwaly wezipelerini oňa tabşyrýar. Soňra köpden bäri Hezreti Ymam Aly Ryzanyň mübärek gümmeziniň ýolbaşçysy we şol döwürde diwan başlygy bolan Sury ibn Mugtazy hem tussag edýär, ol şol ýerde wepat bolýar. Emir Möwduda Ärtegin barada erbet zatlar aýdylýar. Şonuň üçin ony öz huzurynda öldürdýär.

Hut şu ýyl türkmenler Gaznaly soltanlygyna göz dikip, Bust sebitlerine gelýärler. Soltan Möwdut leşger iberýär. Söweşden soň olar ýeňlip gaçýarlar.

436-njy ýylda wezir Hoja Tahyr wepat bolýar we onuň ýerine Hoja Abulfath Abdyryzzak ibn Ahmet ibn Hasan Meýmendi wezirlige geçýär. Ýene-de soltan Möwdut şu ýylda Togrul Hajyby Busta tarap iberýär. Togrul Sistana çenli gidip, Abulfazl Zeňňiniň dogany Abulmansury ýesir edip, Gazna getirýär.

437-nji ýylda Seljuk türkmenleri üýşüp, Gazna tarap ýöriş edýärler. Olar Bustdan geçip, Emiriň

kerwensaraýyny talanlaryndan soň, Togrul Gaznanyň leşgeri bilen olaryň garşysyna çykyp, güýçli söweş başlanýar. Türkmenler ýeňlip gaçýar we köpüsi öldürilýär. Togrul şu ýeňişden soň Gandaharyň Germsir diýen ýerine gidip, ol ýerde «Surh kulah»[1] atlandyrylýan welaýatyň türkmenlerini öldürip, bir toparyny hem ýesir edip, Gazna getirýär.

438-nji ýylda Emir Möwdut Togruly ýene-de uly leşger bilen Busta tarap iberýär. Ol Teginabada ýeten badyna, iýen duzuny depeläp, emire garşy topalaň turuzýar. Bu habar Emir Möwduda ýetende, ony mylaýymlyk bilen ýene-de öz tarapyna çekmek üçin, onuň ýanyna birnäçe adam iberýär. Togrul olara:

— Emiriň ýanyndaky adamlar meniň bilen duşmandyrlar. Şonuň üçin men onuň hyzmatyna baryp bilmeýärin – diýip jogap berýär. Şondan soň Emir Möwdut Aly[2] ibn Hadym Rabygy on müň atly bilen Togruly dep etmäge iberýär. Olar şol sebitlere ýetenlerinde, Togrul birnäçe adam bilen gaçyp gidýär. Aly onuň leşgeriniň üstüne çozup talaýar we olaryň birnäçesini tutup, Gazna getirýär.

Ýene-de şu ýylda emir Möwdut uly hajyp Emir Baýtegini[3] Gura tarap iberýär. Ol Guruň golaýyna ýetende, Weledheji[4] Guryny öz ýany bilen alyp, Abu Alynyň galasyna ugraýar. Soňra galany basyp alyp,

[1] Gyzyl telpek, gyzylbaş.
[2] "Tabakaty Ekberide": Aly ibn Tabyg.
[3] Asyl nusgada: «Bastegin». "Tabakaty Ekberide": Babtegin, Baýtegin.
[4] "Tabakaty Ekberide": Şirbeçje.

gurlylaryň ygtybarly serdarlaryndan bolan Abu Alyny tussag edýär. Bu gala Emir Hajypdan öň ýedi ýüz ýyl bäri hiç kimiň basyp alyp bilmedik bir galasydy. Ol Weledheji bilen Abu Alynyň boýnuna künde baglap, Gazna getirýär. Soltan olaryň kellelerini kesýär. Şu ýylda soltan ýene-de Emir Hajyp Baýtegini türkmenleriň serdary bolan Bähram[1] Ýanalyň üstüne iberýär. Bust sebitlerinde iki topar bir-birlerine uçrap, urşa girişýärler. Türkmenler ýeňilýärler.

439-njy ýylda Kuzdaryň emiri topalaň edýär. Emir Baýtegin onuň üstüne barýar. Kuzdaryň[2] emiri uruşýar we ýeňilýär. Birnäçe wagt geçensoň, tabynlyk ýoluna düşüp, salgyt bermäge razy bolýar. Emir Hajyp dolanyp Gazna gelýär.

440-njy ýylda Möwdut özüniň iki uly ogly Abulkasym Mahmyda we Mansura bir günde halat, tebil we baýdak berip, Abulkasym Mahmydy Lahora tarap we Mansury Berşura tarap iberýär. Şeýle hem ol Gaznanyň kütwaly Abu Alyny serkerdebaşy edip, hint talaňçylaryna temmi berer ýaly Hindistana iberýär. Abu Aly ilki Peşawere barýar. Ol Mahtile[3] galasyna ýüzlenende, bu galanyň duşman bolan häkimi Ehin[4]

---

[1] "Tabakaty Ekberide": Bähramsal.

[2] Kuzdar (Kusdar) – gadymda Sistanyň we Mükräniň aralygynda ýerleşýän bir şäher bolup, Ýakup Hamawynyň sözlerine görä Bustdan 80 parsah aradaşlykda ýerleşipdir. Ol şol döwürde Gazna degişli hasaplanypdyr. Utby «Ýemininiň taryhy» atly kitabynda ony Sint etraplarynyň biri hasaplapdyr. Ýakut Hamawy hem özüniň «Ýurtlaryň sözlügi» atly kitabynda şu pikiri tassyklapdyr.

[3] "Tabakaty Ekberide": Mahiýe. Mahitle bolsa gerek.

[4] "Tabakaty Ekberide": Ahenin.

ýekelikde gaçyp gidipdir. Abu Aly soltan Mahmydyň döwründe, köp hyzmatlar edip ömür geçiren we käbir meseleler zerarly Hindistana gelip, Keşmir daglarynda ýaşap ýören hindileriň serkerdesi Hejri Tikiň[1] ýanyna adam iberip, ony köp mylakatlyklar bilen öz ýanyna çagyrýar hem-de bir topar söz we wadalar berip, Gazna iberýär. Emir Möwdut hem oňa mylakatly garap, teselli beripdir. Abu Aly kütwalyň Sintde bolan döwründe onuň duşmanlary göriplik edip, Emir Möwduda ol hakda ýaramaz habarlary ýetiripdirler. Şol sebäpli kütwal Abu Aly köp olja we baýlyk bilen Gazna dolanyp gelende, Emir Möwdudyň buýrugy bilen ony tussag edip, Mirek ibn Hüseýin Wekile tabşyrýarlar. Dört gün geçensoň, duşmanlar ony zyndanda öldürýärler. Olar emir Möwdutdan rugsatsyz bu erbet işi edendikleri sebäpli, ony gizlin saklamak üçin, Emir Möwdudy başga zatlara meşgul bolup, birnäçe wagtlap özleriniň işi gizlin galar ýaly, her gün gezelenje sapar etmegi ündeýärdiler we hyjuwlandyrýardylar. Ahyrynda Emir Kabula gitmegi karar edýär we ol ýerden Horasana gidip, bu welaýaty türkmenleriň elinden almak isleýär. Ol Sejawent we Löwger sebitlerine ýetende, ol ýerdäki hazynalary ele salmak üçin Sankut[2] galasyna barýar. Ol şol galada tötänden gulunç (köriçege) keseline duçar bolýar. Onuň bu keseli gün-günden beterleşýär. Ol bialaç Abdyryzzak weziri Seljuklaryň golastyna geçen Sistana tarap

[1] "Tabakaty Ekberide": Hejraý.
[2] "Tabakaty Ekberide" Sankuh. "Muntahabyt-tawaryhda" Siýalkut.

iberýär. Özi kejebä (tagtyrowana), käte bolsa pile münüp, Gazna tarap ýola düşýär. Gazna ýetende, kesel ýatan ýerinden Mirege Abu Aly kütwaly tussaglykdan boşadyp getirmegini talap edýär. Mirek Wekil hilegärlik edip, bir hepde möhlet soraýar. Heniz bir hepde geçmänkä, Emir Möwdut dört ýüz kyrk dördünji ýylyň Rejep aýynyň ýigrimi dördüne pany dünýäden ötýär. Ol dokuz ýyl soltanlyk edipdir. Aýtmaklaryna görä, şol ýyl Mawerannahryň we Bamyýanyň ähli emirleri oňa mal we leşger kömegini berip, Seljuk türkmenleriniň ellerini Horasan ülkelerinden çekdirmeklige äht eden ekenler. Emma olaryň (Seljuklaryň) täleýi güýçli çykyp, ýazgyt öz işini edipdir.

## *Abu Japar Mesgut ibn Möwdut ibn [Mesgut ibn] Mahmyt Gaznalynyň soltanlygynyň beýany*

Möwdut ahyret saparynyň goşuny düwensoň, patyşalyk tagtynyň dawasyny edýän Aly ibn Rabyg Hadym dört ýaşly çaga bolan Abu Japar Mesgut ibn Möwdudy Gazna tagtynda oturdýar. Soltan Mahmyt Gaznalynyň döwründäki emirlerden bolan Baýtegin Hajyp onuň bu işi bilen ylalaşmansoň, Aly ibn Rabyg bilen onuň arasyndaky iş urşa baryp ýetýär. Gaznanyň ähli ilaty ýarag dakynyp, Baýteginiň öýüniň işigine gelýärler. Soltan Mesgudyň oglanlaryndan Abulhasan Aly şäherdedi. Aly ibn Rabyg ony dep etmek isleýärdi. Emma ol şobada gaçyp Baýteginiň ýanyna gelýär.

Baýtegin ähli döwlet sütünleriniň ylalaşmagy bilen Mesgut ibn Möwdudy bäş-alty gün «patyşalyk edenden» soň, patyşalykdan aýryp, agasy (kakasynyň dogany) Abulhasan Aly ibn Mesgudy soltanlyga göterýär.

### *Abulhasan Aly ibn Mesgut ibn Mahmyt Gaznalynyň soltanlygynyň beýany*

441-nji ýylyň Meret aýynyň başynda Anna güni Abulhasan Aly ibn Mesgut soltanlyk tagtyna geçýär we Çagry begiň gyzy bolan Möwdudyň aýalyna öýlenýär. Aly ibn Rabyg bolsa Mirek Wekil bilen bilelikde başardyklaryndan zerdir jöwherler göterip, gulamlaryň we emirleriň bir topary bilen Peşawere tarap gaçýarlar. Aly ibn Rabyg bu ülkäni tä Multana we Sinde çenli basyp alypdyr we baş göterip, köp weýrançylyklar eden talaňçy owganlary gylyç zarby bilen özüne tabyn we boýun edipdir. Soltan Abulhasan Aly Merdanşa we Izedşa atly doganlaryny Naý galasyndan çykaryp, amanlyk öýi bolan Gazna getirip hormatlaýar we sylaglaýar. Ol Abdyreşidiň baş göterendigi baradaky habar ara düşensoň, hazynanyň gapysyny açyp, ilata köp baýlyk bagyş edýär. Emma onuň bu işi peýda bermeýär. Abdyreşit ýokarda agzalan ýylyň ahyrlarynda Gazna gelip, ony ýeňýär we özi täji-tagta eýe bolup, birnäçe günläp hezzet-hormat bilen gün geçiripdir.

Abulhasan Aly ibn Mesgut iki ýyl soltanlyk edipdir.

### *Zeýnilmille soltan Abdyreşidiň soltanlygynyň beýany*

Soltan Abdyreşit anyk rowaýata görä, soltan Mahmyt Gaznalynyň ogludyr. Ol Möwdudyň permany bilen Bust bilen Esferaýynyň arasynda ýerleşen bir galada tussag edilýär. Abdyryzzak ibn Ahmet Hasan Meýmendi ýolda Möwdudyň ölüm habaryny eşidip, Sistana tarap ugramagyny bes edýär. Ol Teginabat galasyna ýetip, şol ýerde birnäçe wagtlap saklanýar. Ol Hoja Abulfazl, Reşit ibn Altyndaş Hajyp we Nuştegin Hajyp Kerehi[1] bilen bilelikde, 443-nji ýylyň başlarynda Abdyreşidi tussaglykdan çykaryp, patyşalyga göterýär hem-de menzilme-menzil Gazna tarap ýola düşýär. Soltan Möwdudyň özi hem diri wagtynda özünden soň onuň soltan bolmagyny wesýet edipdi. Onsoň soltan Abulhasan Aly ibn Mesgut hiç-hili dawa-jenjelsiz we uruş-sögüşsiz «gaçyş jülgesine» tarap ýüz öwürýär. Soltan Abdyreşit hatyrjemlik bilen, öz ata-babalarynyň tagtyna geçip, patyşalyk we mal-mülk işlerini dolandyryp başlaýar. Ol soltan Abulhasan Alyny ele salyp, Dendi Rubent[2] galasynda tussag edýär. Soňra

[1] Asyl nusgada ýokardaky ýaly. Ol Bagdatdaky Kereh şäherine degişli bolan «Kerehi» däl-de, eýsem, «Kereji» bolup, onuň meşhur Kereç şäherinden bolmagy hem mümkin.

[2] Asyl nusgada şeýle. Emma bu galanyň adyny «Dendi Ru» diýip okamalymy ýa-da «Dendi» diýip okamalymy, «Ru» sözi soňky sözüň

Hindistanda bolan we doly hökmürowanlyk gazanan Aly ibn Rabygy her-hili hileler bilen öz ýanyna getirýär we Nuştegin Hajyp Kerehini Hindistanyň emirler emiri edip, üpjün goşun we emirler bilen Lahor ülkesiniň hökümdarlygyna iberýär. Ol şol sebitlere baryp, öňki gowşaklyk döwründe kapyrlaryň basyp alan, Nigerkut galasyny bäş-alty günüň içinde olaryň elinden basyp alýar we soltan Möwdudyň ýokary wezipä göterenlerinden hem-de aýal dogany soltan Möwdudyň ygtyýarynda bolan Togrul Hajyby Sistana iberýär. Togrul Sistany basyp alýar we köp goşun toplap, soltanlygyň pikirine düşüp, Gazna tarap ýola düşýär. Abdyreşit onuň bu niýetinden habarly bolup, Gaznada penalanýar. Togrul şäheri basyp alyp, Abdyreşidi soltan Mahmydyň öwlatlaryndan bolan dokuz adam bilen birlikde öldürýär we Mesgudyň gyzyny özüne nikalap alyp, «Gadyr bilmez[1] Togrul» ady bilen meşhur bolýar. Soňra ol Abdyreşidiň permany boýunça Lahordan çykyp, Peşawer sebitlerine ýetip gelen Nuştegin Kerehä dostlukly we mylakatly garaýyş bilen hat ýazýar. Emma Nuştegin Kerehi gazaplanyp, ol iýen duzy haram bolanyň hatyna aňrybaş gödeklik bilen jogap ýazýar hem-de gizlinlikde Mesgudyň gyzyna hat ýollap, ony gadyr bilmez Togruly öldürmäge iterýär. Şeýle-de ol Mahmytly neberäniň duz-tagamy we

bölegimi, ýagny «Ýüzüni gizledi» diýen manyny berýän «Rubentmi» mälim däl. Bu galanyň ady hiç bir çeşmede duş gelenok.

[1] Asyl nusgada «Kapyrnygmat Togrul». Bu sözüň nygmat berijiňe biwepalyk etmek, ikilik etmek, onuň duzuny depelemek, eden gadyr-hormatyny ýere çalmak, gadyr bilmezlik manylary bar.

nygmaty bilen önüp-ösen Gaznaly emirlere hatdyr namalar ýazyp, Togrulyň bu ýaramaz işleriniň öňüni almandyklary we göz ýumandyklary üçin olara käýeýär we gyjalat berýär. Şu sebäpli-de hemmeleriň gaýrat we namys damarlary joşa gelip, Togruly öldürmäge ylalaşýarlar. Şeýdip, soltanlyk nowruzy[1] gününde, ýagny soltan Mahmydyň tagtyna geçip hemmeleri myhmançylyga çagyran gününde olar batyrgaýlyk gadamyny öňe basyp, kyrk gün hökümdarlyk süren bu gadyr bilmez jenaýatçyny öldürýärler. Nuştegin Kerehi bu wakadan birnäçe gün geçensoň, Gazna gelip ýetip, ululary we at-abraýlylary ýygnap, Emir Nasyreddin Söbükteginiň zürýatlaryndan habar sorap, gözleg edýär. Olardan galalarda üç adam diri galan eken: Ferruhzat, Ybraýym we Şujag. Olaryň arasynda soltanlyk bijesi Ferruhzadyň adyna düşýär. Ony häzir edip, patyşalyk tagtyna geçirýärler we onuň bilen äht edýärler.

Abdyreşidiň soltanlyk eden wagty bir ýyl bolupdyr. "Tabakaty Nasyryda" şeýle setirler bar:

Gadyr bilmez Togruldan:

— Näme üçin hökümdarlyga we soltanlyga göz gyzdyrdyň? – diýip soranlarynda, ol şeýle jogap beripdir:

— Haçanda soltan Abdyreşit meni Sistana iberip, elini meniň elimde goýup äht edende, şol wagt ony

[1] Soltanlyk nowruzy – bir kişi soltanlyga bellenenden soň, ýörite bir gün tagta çykyp, tagta çykan gününi baýram edip belleýär. Şoňa soltanlyk nowruzy diýilýär.

şeýle bir gorky basdy welin, eli titräp başlady. Şondan soň men onuň patyşalyga mynasyp kişi däldigini bildim. Onsoň soltanlyga we mülke hantama bolup, göz gyzdyryp, tagalla-yhlas etdim we oňa ýetdim.

«Soltanlyk eger diňe bir salym (pursat) hem bolsa ganymatdyr».

Abdyreşidiň soltanlyk süren müddeti bir ýyla hem ýetmändir.

## *Jemaleddöwle Ferruhzat ibn soltan Mesgudyň soltanlygynyň beýany*

Ferruhzat döwlet täjini başyna geýensoň, ýurduň dolandyryş işleriniň uýanyny Nuştegin Kerehiniň janypkeş eline tabşyrýar. Edil şol wagtlar hem Dawut Seljukly Gaznaly döwletindäki özgerişiklerden habar tapyp, Gazna tarap gyssanýar. Nuştegin Kerehi bolup bilşinden doly taýynlyk bilen Gaznadan çykyp, olara garşy söweşe ugraýar. Iki tarap sataşanlaryndan soň, bir-birleriniň garşysyna çykyp, gylyçdyr oklaryna el urup, bir-birleriniň ömürlerini kertip başlaýarlar. Irden daň atandan, tä agşama çenli, iki toparyň söweşjeňleri urşa meşgul bolup, bir-birlerini öldürmekden we heläk etmekden başga iş etmeýärler. Ahyrynda Nuştegin Kerehi ýeňişdir üstünlige eýe bolýar, Dawut gaçmagy makul bilýär. Gaznaly esgerler seljuklylaryň yzyndan kowup, olaryň goş-golamlaryny ele salyp, üstünlik we ýeňiş bilen Gazna gaýdyp gelýärler. Bu ýeňiş Ferruhzadyň hökümetiniň berkemegine sebäp bolýar.

Onsoň ol doly üpjün we ýeňiş gazanyjy goşun bilen Horasana tarap ýöriş baýdagyny parladýarlar. Seljuklylar tarapdan olaryň uly emirlerinden bolan Kelisaryk[1] köp goşun bilen olaryň öňlerinden çykýar. Iki goşun biri-birlerine ýetensoň, uruş we söweş ody şeýle bir güýçli tutaşýar welin, çeperçilik meýdanynyň atlylarynyň we dilewarlyk meýdanynyň çapyksuwarlarynyň dilleri ony wasp etmekden ejiz we gysgadyr. Bu uruşda hem ýeňiş we üstünlik şemaly gaznalylaryň goşunynyň üstünden öwüsýär hem-de Kelisaryk we Seljuklylaryň at-abraýly adamlaryndan başga-da birnäçe kişi takdyr penjesine ýesir düşýär. Bu habar Çagry beg Dawut Seljukla ýetende, öz ogly Alp Arslany Soltan Ferruhzadyň garşysyna söweşe ýola rowana edýär. Nuştegin Kerehi oňa garşy söweşe ugraýar. Emma bu gezek ýeňiş seljuklylara nesip edýär we Gaznanyň at-abraýly adamlarynyň käbiri olaryň eline düşýär.

Alp Arslan aňrybaş haşamat we şöwket bilen yzyna dolanýar. Ýagdaýy beýle görnüşde gören Ferruhzat seljuklylara degişli beýleki kişiler bilen bilelikde, Kelisaryky halat ýapyp bendilikden azat edip goýberýär. Bu ynsanperwerligi görüp, seljuklylar hem Gazna ýesirlerini hormatlap, öz ygtyýaryna goýberýärler.

"Rowzatus-sapa" eserinde rowaýat edilşine görä, Mesgudyň ogly, Hamdylla Müstewfiniň aýtmagyna

---

[1] "Habybys-siýär" eserinde: Kelsaryk.

görä, Abdyreşidiň ogly bolan Soltan Ferruhzat alty ýyl patyşalyk edip, 450-nji ýylda gulunç keseli zerarly ahyret älemine ýüz öwrüpdir. Ölmezinden bir ýyl öň, hammamdaka onuň gulamlary ony öldürmegi ýüreklerine düwüp, hammama girýärler. Emma ol bu ahwaldan habarly bolup, gylyjyny çykaryp, olary dep etmek we serpikdirmek üçin şeýle bir gazaply garşylyk görkezipdir welin, adamlar bu ýagdaýy aňyp, derrew hammama girip, gulamlary öldüripdirler. Bu wakadan soň Ferruhzat bu dünýäni pes saýyp, hemişe ölümi ýatlapdyr we ahyrynda şol ýylda Allanyň çakylygyny «lepbeý» diýip, kabul edipdir. Ilki başlarda onuň weziri Hasan ibn Mehran bolup, soňky wagtlarda Abu Bekr ibn Salyh bu wezipäni eýeläpdir.

## *Zahyreddöwle soltan Ybraýym ibn soltan Mesgut Gaznalynyň soltanlygynyň beýany*

Soltan Ferruhzat bu pany dünýäden gaýdansoň, Soltan Ybraýym hökümet tagtyny öz mübärek durky we keremi bilen bezeýär. Ol diýseň takwa we dindar patyşa bolupdyr. Ol özüniň ýaşlygyna we juwanlygyna garamazdan nebsany (jismany) lezzetleri terk edip, Rejep we Meret aýlaryny oraza aýyna goşup, her ýyl üç aýy Oraza tutup geçirýän eken. Ol adyllyk we raýatperwerlik düşegini ýaýmagy iň ýokary görnüşinde berjaý edip, haýyr işleri etmekde ýokary derejede yhlas

edipdir. «Hekaýatlar ýygyndysy»[1] eserinde şeýle setirlere duş gelýäris:

Ol her ýyl bir gezek Ymam Ýusup Sejawendini öz mejlisine çagyrardy, ol hem wagyz-nesihat edip, adamlara öwüt-ündew bererdi. Ol soltan Ybraýyma çekinmän berk sözler aýtsa-da, bu taýsyz ymamyň gödekligi üçin ynjamazdy. Ol haty "nash" görnüşinde, gaty owadan ýazýardy. Soltanlyk eden döwründe, ol her ýyl bir gezek öz eli bilen bir Gurhan göçürip, bir ýyl Beýik Mekgä we bir ýyl Mübärek Medinä iberdi. Häzire çenli penakär pygamber Muhammet hezretleriniň (s.a.w.) kitaphanasynda bu soltanyň eli bilen ýazan birnäçe Gurhany saklanýar. Soltan Ybraýym tagta çykan ilkinji ýyllarynda seljuklar bilen «Iki tarapyň hiç haýsy biri-birleriniň ülkelerine el urmaly däl we Allatagalanyň amanady bolan raýatlara zyýan-zeper ýetirmeli däl» diýen şert bilen parahatçylykly ylalaşyk gazanýarlar. Ol soltan Mälik şa Seljuklynyň gyzyny ogly Mesguda nikalap berip, dostluk gapylaryny giňden açýar.

Aýtmaklaryna görä, ylalaşyk gazanylmazyndan öň, soltan Mälik şa Seljukly Gazna ýöriş etmegi ýüregine düwýär. Soltan Ybraýym howpa düşüp, onuň çäresini tapýar we soltan Mälik şa Seljuklynyň emirleriniň adyna bir hat ýazýar. Ol hatyň mazmuny şeýle:

"Siziň bu taraplara gelmek babatda soltan Mälik şany örän höweslendirýändigiňiz we ündew

---

[1] Muhammet Awfynyň "Jawamygul-hekaýat we lawamygur-rowaýat" eseri.

edýändigiňiz biziň mübärek gulagymyza gelip ýetdi. Bu bize örän ýarady. Yhlas ýörelgesi şudur, ýagny siz bu babatda çäksiz tagalla edip, soltan Mälik şa tizräk şu welaýata geler ýaly bir zat ediň we eliňizden geleni gaýgyrmaň. Ondan belle-külli halas bolalyň. Biz hem öňki eden kararymyza görä, size bermeli hyzmat hakymyzy iki esse edip berip, siziň hemmäňiz babatda çensiz mähirlilik we enaýat bildireris".

Ol bu hatlary bir atla berip, oňa:

— Soltan Mälik şa köp wagtyny aw awlamak bilen geçirýär. Sen özüňi aw meýdanynda onuň ýanyna elterleri ýaly pursat tap – diýýär. Soltan Ybraýymyň beýle diýmekden maksady Mälik şanyň emirleriniň onuň ýanynda ýok wagty, hatlaryň bir çet ýerde onuň eline düşmegidi. Tötänden Mälik şa Esferaýyn şäherçesinde düşläp, bir gün aw awlamak bilen meşgul bolup ýörkä, aw meýdanynyň goragçylary, ýaňky çapary tutup, soltan Mälik şanyň ýanyna getirýärler. Soltan Mälik şa ondan ýagdaýlary soranda, sakawlap, ugur-utgasyz gürläp başlaýar. Soltan Mälik şa dogrusyny aýtdyrmak üçin, oňa birnäçe gamçy urmaklaryny buýurýar. Mälik şanyň emri berjaý edilensoň, ol:

— Men soltan Ybraýym Gaznalynyň çapary. Ol meni şu ordanyň üstüne iberip, menden birnäçe hat berip goýberdi – diýýär. Hatlary onuň elinden alyp, Mälik şa berýärler. Ol hatlaryň mazmunyna göz ýetirip, olary aýan etmegi makul bilmeýär we ýöriş uýanyny özüniň öňki niýetinden sowup, öz soltanlyk

tagtyna dolanýar. Ahyrsoňunda barlaglar we derňewler arkaly bu işiň soltan Ybraýymyň hilegärligidigi belli bolýar. Soltan Mälik şa bu işiň hakykatyna göz ýetirensoň, şeýle diýipdir:

— Soltan Ybraýym bu mekir hiläni biziň öňümizde durup bilmejegini aňyp hem-de uruş turaýsa, ýeňiljegini anyk bilip eden bolsa-da, biz onuň bu mekir çäresi zerarly öz netimizden gaýdanymyz üçin, göýä ol bizden üstün çykan ýaly boldy.

Ybraýym ibn Mesgut Seljuklylar tarapdan arkaýyn bolansoň, Hindistana tarap goşun iberip, bu diýaryň tä şol döwre çenli basylyp alynmadyk käbir ýerlerini eýeleýär.

472-nji ýylda soltan Ybraýymyň özi Hindistana tarap ýöriş edip, Lahordan takmynan 100 kuruha[1] golaý aradaşlykda ýerleşýän, häzirki wagtda «Şyh Ferit Şekergenjiň Peteni» ady bilen tanalýan "Ejudehen" galasyny gabaýar we ony basyp alýar. Ol bu ýeňişden soň, Rupal atlandyrylýan başga bir gala tarap ugraýar. Bu gala bir beýik dagyň depesinde ýerleşip, bir tarapy derýa, beýleki tarapy tokaý bolup, ondaky tikenli we beýleki agaçlar zerarly, günüň şöhlesi oňa hiç hili täsir edip bilmeýärdi. Agaçlaryň köpüsiniň üstünde zäherli ýylanlar mesgen tutup, bu galanyň aşagynda durmaga

---

[1] Kuruh – uzynlyk ölçegi; Käbir sözlüklerde parsahyň üçden bir aralygy. «Burhany katygda»: «Parsahyň üçden biri bolup, üç müň gezdir (garydyr)» diýlip, berilýär. Käbir maglumatlara görä, kuruh dört müň gezdir. Hindistanda ony iki iňlis miline barabar hasaplapdyrlar. Ýogsa, parsahyň üçden biri bir iňlis miline barabardyr. Şondan mälim bolşy ýaly kuruh her ýerde bir dürli uzynlyk ölçegine barabar bolupdyr.

we söweşmäge hiç hili oňaýly ýer bolmandyr. Emma soltan Ybraýym ol galany basyp almak üçin patyşalara laýyk hümmetini sarp edip, taýýarlyk görüp, uruş usulyny düzýär we azajyk wagtyň içinde, yslam goşunynyň güýji bilen ol ýeri basyp alýar. Soňra şol golaýlarda ýerleşen we Dere atlandyrylýan başga bir ülkä tarap ýöriş uýanyny öwürýär. Ol ýeriň ýaşaýjylary horasanlylaryň neslinden bolup, olaryň topalaňlaryndan bizar bolan Afrasyýap olary aýal-çagalary bilen bilelikde, Horasan welaýatyndan çykaryp, Hindistana iberen eken. Bu şäheriň ýaşaýjy-lary tutuş şol nesilden bolup, kesekiler bilen goşulyşyp gatyşmandyrlar. Olar yhlas bilen butlara ybadat etmegi we hemişe bozuklyk etmegi gowy görüpdirler. Bu şäher diýseň owadan we abadan eken. Bu şäherde giňligi ýarym parsah we çuňňurlygyndan ýaňa çuňlugy anyk bolmadyk bir howuz (howdan) bar eken. Tutuş ýyllap adamlar we olaryň haýwanlary bu suwdan hernäçe içseler-de hiç hili tapawut duýulmaýan eken. Bu galanyň we şäheriň töweregindäki tokaýlaryň köplügi zerarly girilýän we çykylýan ýollar belli bolmandyr. Hint patyşalary bu ilaty basyp almak mümkin däl diýen garaýyş bilen olara garşy söweşmändirler.

Soltan Ybraýym ýolda gaty kösençlere duçar bolýar. Olar şol tokaýlyga ýetenlerinde Ybraýym birnäçe müň paltaly pyýada esgerleri öňe iberýär. Olar ýolda päsgel berýän agaçlary çapýarlar. Şeýdip, goşun esgerleri rahatlyk bilen öňe gidýärler. Olar şu usul bi-

len ol şäheriň töweregine ýetenlerinde, Hindistanyň ýagyn möwsümi başlaýar. Şonuň üçin olar üç aý şol kapyrlaryň ýaşaýan ýeriniň golaýynda güýçli ýagyn zerarly saklanyp, köp mähnet-muşakgatlar çekipdirler. Ýagyn kesilenden soň, şäheriň etegine baryp, ilki adam iberip, olary yslama çagyrýarlar. Emma olar kabul etmeýärler. Şonuň üçin urşa çykyp, ol ýeri güýç we gazap bilen basyp alýarlar. Musulmanlar ýüz müň kişi gul-gyrnak we şonça-da olja toplap, Gazna äkidipdirler.

Rowaýat etmeklerine görä, bir gün soltan Ybraýym Gazna barýarka, patyşanyň saldyrýan ymaraty üçin başynda agyr daşy göterip, köp mähnetdir kynçylyklary çekip barýan bir hammaly görýär. Soltanyň onuň bu halyna nebsi agyryp, oňa:

— Daşy zyň – diýýär. Bu biçäre daşy zyňýar. Daş meýdanda şol zyňylgylygyna galýar. Atlar çapyp barýan wagtynda şol ýerden geçmeli bolanda ýaňky daş zerarly gaty kösenýän ekenler. Bir gün dergähiň ýakynlaryndan biri:

— Eger şol daş meýdandan aýrylmaga hököm edilse, maslahatdan daş bolmaz – diýýär. Soltan oňa:

— Men oňa «Daşy zyň» diýdim. Indi «Ony aýryň» diýsem, hökümi biziň sözümizde berk durup bilmeýändigimize ýorarlar. Bu bolsa güýçli patyşalara laýyk bolmaz – diýip, jogap beripdir.

Rowaýat edilmegine görä, şol daş şol durşuna tä Bähramşanyň döwrüniň ahyryna çenli ellenilmän ýatypdyr.

Soltan Ybraýym sözüne tagzym hökmünde hiç kimi ýerinden gozgamaýardy. Soltan Ybraýymyň otuz alty ogly we kyrk gyzy bolupdyr. Ol gyzlaryny at-abraýly seýitlere we beýik derejeli alymlara durmuşa çykarypdyr. Bir rowaýata görä, ol 481-nji ýylda wepat bolupdyr. Şeýlelikde, ol otuz bir ýyllap höküm sürüpdir. Emma başga bir söze görä, ol 492-nji ýylda wepat bolupdyr. Bu rowaýata görä, ol kyrk iki ýyllap hökümeti dolandyrypdyr. Ilkinji döwürlerinde onuň wezirleri Abu Sähl Hojandy we Hoja Mesgut Rahjy eken. Soňky döwürlerinde wezirlik baýdagyny Abdulhamyt Ahmet ibn Abdyssamat parladypdyr. Bu weziriň tarypy barada Abulfereç bir kasyda aýdypdyr. Onuň başky setirleri şudur:

Sahylyk hem, adalat hem bilim kadasyny
Abdylhamyt Ahmet ibn Abdyssamat goýýandyr.

Ussat Abulfereç soltan Ybraýymyň asyrdaşy bolup, onuň asly sistanlydyr. Käbirleri oňa gaznaly hem diýipdirler. Unsury onuň şägirdidir. Ol Samanly emirlerden bolan Abu Aly Simjurynyň höküm süren döwründe orta çykyp, bu neberäniň öwgüçisi bolupdyr. Ol diýseň hormatly we mertebeli adam bolupdyr. Simjury nesilşalygyndan oňa köp sylag-serpaý berlip-dir. Ol şygyr ylmynda gaty ökde we ussatdyr. Bu babatda onuň bir nusgalyk şygry bardyr. Risala eýeleri

köplenç Abulferejiň goşgularyny mysal hökmünde getirýärler[1]. Aşakdaky setirler şol şahyrdandyr:

### Kytga

Bu döwürde symrug hem bagt guşy horram – şatdyr.
Mähnet, gam üçin dörän, bil,diňe adamzatdyr.

Hernäçe alymlaryň gaşlarynda bolsam-da,
Adamzat biçäredir, gamhoram adamzatdyr.

Her kime berilmändir rahatlyk namasy,
Her kim özüçe derde giriftar adamzatdyr.

## *Alaýeddöwle Mesgut ibn Ybraýym ibn Mesgut Gaznalynyň soltanlygynyň beýany*

Soltan Mesgut ajaýyp ahlak we uly jomartlyk bilen meşhur bolupdyr. Ol adyllykda we ynsaplylykda jan aýaman yhlas edip, ilatdan bar bolan salgytlary aýrypdyr, soltan Ybraýymyň patyşalara we emirlere peşgeş beren ýerlerini öňki bolşunda goýupdyr. Ol Soltan Sanjar Seljuklynyň "Mehdi Yrak" ady bilen belli bolan uýasyny özüniň nikasyna geçirýär. Onuň döwründe Lahoryň emiri Hajyp Togategin Hindistanyň

[1] Ýazar Gaznalylaryň döwrüniň başlaryndaky şahyr Abulfereç Segzini (sistanlyny) şol döwrüň ahyrlarynda ýaşan şahyr Abulfereç Runy bilen gatyşdyrypdyr. Birinji beýt Abulfereç Runynyňky we ikinji kytga (kesindi) Abulfereç Segziniňkidir.

goşunbaşlygyna eýe bolýar we Gang derýasyndan geçip, soltan Mahmytdan başga hiç bir yslam goşunynyň ýetip bilmedik ýerlerine baryp ýetýär. Ol çozuşlar we talaňlar edip, sag-aman, köp olja toplap Lahora dolanýar.

Soltan Mesgut on alty ýyllap, hiç hili gam-gussasyz we aladasyz soltanlyk sürenden soň, 508-nji ýylyň soňky aýlarynda bakylyk öýüne gowşupdyr.

«Taryhy güzide" eserinde şeýle setirler getirlipdir:

"Mesgut ölenden soň ogly Kemaleddöwle Şirzat soltanlyk tagtyna gadam goýýar. Onuň soltanlygyndan bir ýyl geçenden soň, ol 509-njy ýylda öz dogany Arslanşa tarapyndan öldürilýär."

Emma başga taryhçylar Mesgudyň beýanyndan soň, arada hiç kimiň beýanyny getirmän, göni Arslanşanyň soltanlygy hakynda hekaýat edipdirler.

## *Soltaneddöwle Arslanşa ibn Mesgut ibn Ybraýym Gaznalynyň hökümdarlygynyň beýany*

Arslanşa Gaznanyň patyşasy bolan badyna Soltan Sanjaryň ýanyna gaçyp giden Bähramşadan başga özüniň ähli doganlaryny tussag edýär. Şol wagtlar Soltan Sanjar öz dogany Muhammet soltan ibn Mälik şa[1] tarapyndan Horasanda hökümrowanlyk edýärdi. Ol Arslanşanyň gaşyna Bähramşa babatda hernäçe hat ýazyp, haýyş etse-de, Arslanşa onuň haýyşyny kabul

[1] Soltan Muhammet ibn Mälik şa.

etmändir. Ahyrynda Soltan Sanjar Bähramşa kömek etmegi ýüregine düwüp, Gazna tarap ýöriş baýdagyny parladýar. Arslanşa bu habary eşidip, soltan Muhammediň ýanyna ilçi iberip, onuň dogany Soltan Sanjardan şikaýat edýär hem-de ondan Soltan Sanjary bu niýetinden dändirmegi haýyş edýär. Soltan Muhammet olary ýaraşdyrmagyň ugruna çykýar, emma peýda bermeýär. Arslanşa soltan Muhammet tarapyndan umydyny üzensoň, Soltan Sanjaryň aýal dogany bolan, öz ejesi Mehdi Yragy iki ýüz müň dinar we başga-da köp sylag-serpaýlar bilen Soltan Sanjaryň ýanyna iberip, ylalaşyk isleýär. Mehdi Yrak onuň (Arslanşanyň) zulmundan we doganlaryny dürli azaplar bilen gynap öldürendiginden çäksiz gam-gussa batandygy we ynjandygy üçin, Busta ýeten Soltan Sanjara elhenç we gazaplandyryjy sözleri aýdyp, ony Gazna gitmek babatda has-da çynlakaýlaşdyrýar. Soltan Arslanşa ejesinden hem näumyt bolansoň, göwnüni bire baglap, söweş taýýarlygyna girişýär we otuz müň atly, sansyz pyýada we ýüz altmyş pil bilen Gaznadan bir parsah uzaklykda, Horasan patyşasynyň garşysynda sap düzýär. Iki toparyň batyr esgerleri gylyçdyr naýza bilen söweşe girýärler. Soltan Sanjar bilen bile gelen Sistanyň patyşasy Abulfazlyň edermenligi sebäpli Gaznalylar ýeňilýärler. Arslanşa olaryň öňünde durup bilmän, Hindistana tarap gaçýar. Soltan Sanjar Gazna gelip, kyrk günläp şol ýerde saklanýar we bu welaýaty Bähramşa bagyşlap, öz welaýatyna dolanýar. Arslanşa Soltan Sanjaryň yzyna

dolanany eşidip, Hindistandan leşger toplap, Gazna tarap ýöriş edýär. Bährамşa ukybynyň we taýýarlygynyň ýoklugy sebäpli, onuň öňünde durup bilmän, Bamyýan galasynda penalanýar. Ahyrynda hem, Soltan Sanjaryň kömegi we goldawy bilen ýene-de Gaznanyň üstüne çozýar. Arslanşa owganlaryň arasyna gaçyp gidýär. Soltan Sanjaryň goşuny onuň yzyndan kowup, ony tutýar we Bähramşa tabşyrýar. Bähramşa ony öldürýär we garşydaşsyz erkin hökümdar bolýar.

Arslanşa üç ýyl soltanlyk edipdir we ýigrimi ýedi ýyl ömür sürüpdir. "Tabakaty Nasyryda" şeýle maglumat berilýär:

"Soltan Arslanyň döwründe gaty uly hadysalar bolup geçdi. Şol sanda asmandan ot we güýçli ýyldyrym geldi we şol otdur ýyldyrym sebäpli Gaznada köp öýler we bazarlar ýandy".

## *Mugyzeddöwle Bähramşa ibn Mesgut ibn Ybraýymyň hökümdarlygynyň beýany*

Ol ulamalar we akyldarlar bilen köp oturyşýan, olar bilen söhbetdeş bolmagy halaýan uly mertebeli we haýbatly patyşa bolupdyr. Ol her bir kişä öz ylmyna görä hormat goýýan eken. Şol sebäpden şol döwrüň alymlary onuň mübärek adyna kitaplar ýazypdyr we eserler düzüpdir. Şeýle-de Şyh Nyzamy "Mahzanul-

esrary" onuň adyna[1] düzüpdir. Seýit Hasan Gaznaly onuň soltanlyk tagtyna münen güni ony taryplap düzen kasydasyny Soltan Sanjaryň huzurynda aýdyp berýär. Onuň başky setirleri şudur:

Ýedi gat asmandan bir owaz geldi,
«Bähramşadyr jahan şasy, bil indi».

"Kelile we Dimne" kitaby onuň zamanynda arapçadan parsça geçirilip, onuň ady bilen bezelipdir.

Aýtmaklaryna görä, küşti hem-de "Kelile we Dimnäni" hint patyşasy Anuşirwan Adyla iberipdir. Büzürjmehr Hekim köp muşagatlar bilen bu kitaby gadymy pars dili bolan pehlewi diline terjime edipdir. Soňra ol küşt hakda köp oýlanyp, onuň oýnalyş usulyny bilipdir. Soňra ony getiren ilçi bilen oýnap, birinji gezek deň oýnaýar, ikinji gezek ony utýar. Onsoň onuň barabarynda nardy oýlap tapyp, Hindistanyň raýynyň gaşyna iberýär. Ol diýaryň adamlary oňa düşünmekden ejiz gelip, ahyrynda ony getiren çaparlardan oýnamaklygy öwrenipdirler. Küşti oýlap tapmakdan hindistanlylaryň yşarat edýän zady şudur:

Haýyr we şer ynsandandyr, älemdäki işler yhlas we dalaş-tagalla bilendir. Köp işlerde, mysal üçin, baýlyk we mertebe gazanmak, ylym kesp etmek we

[1] Nyzamynyň "Mahzanul-esrary" adyna düzen Bähramşasy Arzynjanyň patyşasy Mälik Fahreddin Bähramşa ibn Dawut ibn Yshak ibn Menguçekdir. Nyzamy "Mahzanul-esrary" 552-nji ýylda, ýagny Bähramşa Gaznalynyň öleninden dört ýyl geçensoň ýazyp gutarypdyr. Ol bu eserinde Bähramşa Gaznala diňe birje ýerde yşarat edipdir.

şoňa meňzeş zatlarda, kaza-takdyryň we asman (pelek) jisimleriniň hiç hili dahyly ýokdur.

Büzürjmehr bolsa onuň garşysynda şu aşakdaky zatlary göz öňüne tutup, nardy oýlap tapýar:

Jahan düzgüninde dalaşyň kän bir dahyly, täsiri ýokdur. Köplenç bar zat kaza we takdyra degişlidir. Eger biziň oý-pikirlerimizdir etjek bolýan işlerimiz takdyr bilen deň gelse, onda ol ugruna bolar, ýogsa ol bolmaz.

Nardyň tagtasy pelek hökmünde we onuň iki daşy ýyldyzlar hökmünde bolup, iki daşda gudrat galamy bilen näme nagyşlanan bolsa, şol nagyş esasynda oýnamak wajypdyr. Oýnamak bolsa pikirlenmekden we çäre tapmakdan ybaratdyr.

Harun Reşidiň döwründe Ibn Mukaffag «Kelile we Dimne" kitabyny pehlewi dilinden arap diline geçiripdir.[1] Soltan Bähramşanyň döwründe bolsa arapçadan şol döwrüň ýörgünli dili bolan pars diline geçirlip, onuň adyna düzülýär. Ondan soň Molla Hüseýin Wagyz Käşifi ony soltan Hüseýin Mürzäniň döwründe şol çylşyrymly pars dilinden sada pars diline geçirip, arapça goşgularyny taşlaýar we oňa «Enwary Süheýli»[2] diýip at berýär.

Soltan Bähramşa özüniň soltanlyk süren döwründe birnäçe gezek Hindistana gidip,

[1] Bu ýerde säwlige ýol berlipdir. Harun Reşit 170-193-nji hijri ýyllary aralygynda halypa bolupdyr. Emma Ibn Mukaffag 142-nji hijri ýyllarynda, ýagny onuň halypalygyndan ýigrimi sekiz ýyl öň öldürilipdir.

[2] Enwary Süheýli – Ýeňiljek (aňsatjak) nurlar.

topalaňçylardyr gozgalaňçylaryň bir toparyna temmi beripdir. Ol Hindistana giden ilkinji saparynda soltan Arslanşa tarapyndan Lahor leşgeriniň serkerdebaşysy edip bellenilen hem-de köp ýaramaz işleriň gözbaşy bolup, garşylyk baýdagyny parladan Muhammet Bahelimi 512-nji ýylyň Oraza aýynyň ýigrimi ýedisine tussag edýär. Soňra onuň günäsini geçip, tussaglykdan boşadýar we ýene-de öňküsi ýaly Hindistanyň serkerdebaşylygyna belläp, Gazna tarap dolanýar. Muhammet Bahelim soltanyň ýoklugyndan peýdalanyp, Sewälik welaýatynda Nagur galasyny gurup, öz maşgaladyr çagalaryny we zatlaryny (goş-golamlaryny) şol ýerde goýýar. Soňra ol arap, ajam, owgan we halaçlylardan köp we üpjün leşger toplap, topalaňçy kapyrlaryň köpüsini basyp ýatyrýar. Şol sebäpli onuň tekepbirligi we men-menligi artyp, soltanlygy we mülki ele salmaklyk dawasyny edip başlaýar. Bähramşa bu habary eşidip, ikinji gezek Hindistana tarap ugraýar. Nam-nyşansyz gadyr bilmez Muhammet Bahelim, özüniň emirlik kürsüsinde oturan on sany ogly bilen bilelikde söweşdir uruş bilen Bähramşany ýok etmekligi niýetine düwüp, oňa garşy hereket edýär. Bu iki goşun Multan sebitlerinde bir-birleri bilen ýüzbe-ýüz bolup, söweşe girişýärler. Bu uruş şeýle bir gazaply bolupdyr welin, garry we bili bükük pelek bütin ömrüne munuň ýaly urşy gaty az görüpdi. Gadyr bilmezligiň netijesi ýüze çykyp, ýeňlişiň we gaçmaklygyň sarsar ýeli Muhammet Baheliminiň baýdagynyň üstünden öwsüp başlaýar. Ol gaçyp

barýarka, özüniň on ogly we ýakynlary bilen bilelikde jümjümä[1] gaçyp, şeýle bir çümüp gidipdirler welin, olaryň özlerinden we atlaryndan nam-nyşan galmandyr. Soňra soltan Bähramşa serkerde Hüseýin ibn Ybraýym Alawyny şol sebitleriň serkerdebaşysy edip belläp, özi Gazna tarap hümmet guşagyny guşanýar.

Bähramşanyň hökümdarlygynyň ahyrlarynda, onuň giýewisi Kutbeddin Muhammet Gury Sury Gaznada Bähramşanyň hökümi bilen öldürilýär. Seýfeddin Sury özüniň doganynyň aryny almak üçin Gazna ugraýar. Bähramşa onuň öňünde durup bilmän Gaznadan Kermana[2] gaçyp gidýär. Bu Kerman meşhur Kerman şäheri bolman, eýsem Gaznanyň, Hindiň we owganlaryň arasynda ýerleşen bir şäherdir. Ol bu welaýaty basyp alandan soň, bu welaýatyň daş-töwereklerinde daglaryň köp bolanlygy hem-de atlylaryň bu ýerlerde hereket etmeginiň örän kynlygy sebäpli, şol ýerde mesgen tutýar. Seýfeddin Gazna gelip, ol ýeri basyp alýar we gaznalylara ynanyp, olaryň arasynda ýaşap başlaýar. Soňra dogany Alaýeddini ähli köne emirler bilen bilelikde Gura tarap iberýär. Seýfeddin Sury Gaznanyň ilaty bilen gowy gatnaşyk etse-de, Gurlylaryň olara zulum etmäge güýçleri bolmasa-da, gaznalylar hemişe Bähramşanyň

---

[1] Jümjüme – şorluk ýerdäki çukur, garym.

[2] Kerman şäheri Ýakut Hamawynyň "Ýurtlaryň sözlügi" kitabynda belleýşine görä Gaznadan dört günlük uzaklykda ýerleşen, Gaznanyň etraplaryna degişli bolan bir şäherdir.

isleginde bolupdyrlar. Gaznalylar Seýfeddin Sury bilen daşyndan dost bolan bolýardylar we gizlinlikde Bährамşa bilen hat aragatnaşyklarynyň gapylaryny açyk saklaýardylar. Gyş pasly ýetip gelip, Guruň ýollaryny gar ýapyp, adamlaryň hereket etmäge mümkinçilikleri galmansoň, birden Bährамşa owganlar, halaçlar we beýleki sährada ýaşaýanlardan düzülen köp we güýçli leşger bilen Gazna sebitlerine gelip ýetýär. Iki parsahlykdan uzak bolmadyk aralyga gelip ýeten mahalynda, Seýfeddin Sury bu ýagdaýdan habar tapyp, özi babatda yhlas we dostluk bilen gatnaşyk edýän gaznalylar bilen uruş etmek ýa-da Nura tarap gitmek babatda maslahatlaşýar. Gaznalylar iki-ýüzlüligi şygar edinip, maslahat hakyny berjaý etmän ony urşa iterýärler we jeňe ündeýärler. Seýfeddin Sury «Maslahatlaşýan emindir, amanatçydyr» diýen söze eýerip, olary maslahatda emin hasaplap Gazna ilatynyň bir topary we gurlularyň birnäçesi bilen şäherden çykyp, Bährамşanyň öňünde sap düzýär. Heniz uruş başlanmanka, gaznalylar Seýfeddin Suryny tutup, şatlyk bilen Bährамşa gowşurýarlar. Bährамşanyň buýrugyna görä, Seýfeddin Surynyň ýüzüne gara çekip, ýüz müň azap bilen gadam urýan bir ejiz we lagar sygra mündürip, tutuş şäherde aýlapdyrlar. Gaznanyň çagalary, hatda ýaşululary hem onuň yzyna düşüp, gygyryp, sögünip masgaralaýardylar. Aýlanlaryndan soň, ony iň bir erbet azaplar bilen öldüripdirler hem-de başyny teninden jyda edip, Yraga Soltan Sanjaryň gaşyna iberipdirler. Seýfeddin

Surynyň weziri Seýit Mejdeddini hem dara çekipdirler. Bu elhenç habar Alaýeddiniň gulagyna baryp ýetende, içinden ot-ýalyn öwsüp, doganynyň aryny almak üçin söweşjeň leşger bilen Gazna tarap ugraýar. Emma ol heniz Gazna ýetmänkä, takdyr eli Nurda Bähramşanyň dirilik tumaryny kakyp alyp, onuň ogly Hysrow şany bu bäş günlük dünýäniň mähnetine duçar edýär.

Meşhur rowaýata görä, Soltan Alaýeddiniň ýöriş edendigi baradaky habar Bähramşanyň gulagyna ýetende, öz goşunyny ýygnap, uruşmak maksady bilen Gaznadan çykyp, Alaýeddiniň ýanyna ilçi iberip:

– Bu edýän netijesiz islegiňden umyt üzüp yzyňa gaýtmagyň saňa peýdalydyr, sebäbi seni ýok etmek üçin, meniň müňlerçe şir ýykyjy pälwanlarym we demir tenli pillerim taýýar dur. Gurly soltanlaryň nesil-şalygyny birden ýok etmejek we dargatmajak bolsaň, meniň garşyma çykmakdan saklan we söweşiň eteginden asylma – diýip habar berýär. Soltan Alaýeddin oňa şeýle jogap berýär:

– Bähramşanyň bu eden işi Gaznalylar nesilşalygynyň ýaşmagynyň nyşanasydyr. Sebäbi patyşalar bir-birleriniň ýurtlaryna leşger çekýärler we biri-birlerinden üstün çykyp, hormatly kişileri öldürýändirler, emma beýle ryswalyk we betnamlyk bilen öldürýän däldirler. Gürrüňsiz, zamana bu eden işleriň öwez tölegi we ybrat üçin senden hökman ar alar we meni senden üstün çykarar. Bährамşa öz pillerine buýsanmasyn. Eger onda pil bar bolsa mende Harmil bar.

Alaýeddiniň goşunynda iki sany kişi bardy. Olara Harmil diýýärdiler. Gurlardan bolan bu iki adam batyrlykda we başarjaňlykda ägirt bolup, asman haýbatly pili hem «küşt tagtasynyň gyrasyndaky öýünde «Şah mat» edýärdiler»[1] we özleriniň oljasy, pidasy hasaplaýardylar. Ilçi gaýdyp gelip eşiden sözlerini Bähramşanyň arzyna ýetirende, onuň daşky keşbi üýtgemese-de, köňlüni gaýgy-gam gurşap alyp, kalbyny güýçli gorky eýeleýär. Elkyssa, bu iki topar bir-birleri bilen ýüzbe-ýüz bolup, kineli pelegiň gulagyna gylyçlaryň «çapa-çap» we oklaryň hem «şapa-şap» owazlary baryp ýetende, uly we kiçi Harmil edil mes pil kimin uruş meýdanyna çykdylar. Uly Harmil hanjary bilen bir tanymal piliň garnyny ýyrtýar. Pil onuň üstüne ýykylýar we olaryň ikisi hem ölýär. Kiçi Harmil hem başga bir pili ýykýar we özi sag-aman onuň aşagyndan çykýar.

Elgaraz, bu uruşda pilleriň bolmagy edil sygyr we gäwmişler mysalynda peýdasyz we netijesiz bolýar. Alaýeddin bilen Gur emirleri uly topar bolup, birden Bähramşanyň üstüne çozup, Gaznalylary öz zarbalarynyň astyna alýarlar. Gaznalylar leşgeriniň serkerdebaşysy, batyr hem-de gaýduwsyz Döwletşa ibn Bähramşa bu jan alyjy söweş meýdanynda janyny behişt hazynaçasyna tabşyrandan soň, Bähramşa elaýagyny ýitirip, Hindistan ülkesine tarap gaçýar. Soňra

[1] Bu ýerde söz oýnadylyp, entek piller göçüm etmänkä, şany duran ýerinde gozgatman mat edip bilýärler, pil göçüme-de girip bilmän galýar diýen many öňe sürülýär.

köp wagt geçmänkä, oglunyň we beýleki zatlaryň gam-gussasyndan keselläp, pany dünýäden ebedilik behişde göç edýär.

Iň ygtybarly rowaýata görä, ol 547-nji ýylda wepat bolupdyr. Ol otuz bäş ýyllap soltanlyk edipdir. Bähramşanyň döwründäki şahyrlaryň biri Şyh Senaýydyr. Onuň doly ady Abulmejit Mejdut ibn Adam Gaznalydyr. "Nafahat"[1] atly kitapda şeýle maglumatlar getirlipdir:

Şyh Senaýynyň toba etmegine sebäp bolan zat şudur:

Bir gezek gyş paslynda soltan Mahmyt ülkeleri basyp almak üçin, Gaznadan çykanda, ol soltan Mahmydy taryplap, bir kasyda düzüp, onuň mübärek arzyna ýetirmek üçin, onuň goşunyna, ordasyna tarap ugraýar. Ol ýolda gidip barýarka, bir hammam ojagynyň gapysyna ýetende, görse «Laýhor» ady bilen meşhur bolan we şeraba göwün berenlerden biri özüniň sakysyna:

— Mahmydyň gözüniň kör bolmagy üçin bulgury doldur – diýýär.

Saky:

— Mahmyt bir musulman patyşa, ol jyhat işine meşguldyr – diýýär.

Laýhor oňa:

— Ol bir biderek adamjykdyr. Özüniň hökümi astyndaky ýerleri gowy eline alyp, gysymyna gysyp

[1] Möwlana Nureddin Abdyrahman Jamynyň "Nafahatul üns min hazaratul kuds" eseri.

bilenok. Şonda-da başga ýurdy basyp almaga gidýär – diýip, ol bulgury başyna çekýär. Soňra ýene-de:

— Senaýy şahyryň kör bolmagy üçin ýene bir bulgur doldur – diýýär. Saky oňa:

— Senaýy dana we nepis duýguly şahyr – diýýär. Laýhor:

— Eger ol nepis duýgudan nesipli bolsady, özüne, öz derdine ýarajak bir işe meşgul bolardy. Gaýtam, ol özüniň hiç bir işine (derdine) ýaramajak birnäçe bihuda sözleri kagyza ýazypdyr. Ol özüni näme üçin ýaradandyklaryny bilmeýär – diýýär.

Senaýy bu gürrüňleri eşidip, şobada özgerýär we gaflat şerabyndan aýňalyp, sopuçylyk bilen meşgullanýar. Çuňňur düşünjeli akyldarlardan gizlin galmasyn: Şyh Senaýy Bähramşanyň asyrdaşy bolup, ol bu kitabyny[1] 525-nji ýylda şol mertebeli mübärek şanyň adyna düzüpdir. Soltan Mahmyt Gaznalynyň 421-nji ýylda wepat bolanlygy üçin, bu iki sene deňeşdirilip görlende, akyldar taryhçylaryň ýanynda şeraphor Laýhoryň hekaýatynyň soltan Mahmydyň zamanynda bolandygynyň hakykatdan daşdygy örän aýdyň bolýar. Görnüşine görä, bu waka Soltan Mesgudyň döwründe bolup, kätipler ýalňyşyp, Soltan Mesguda derek soltan Mahmydyň adyny ýazypdyrlar. Ylym Alladandyr.

«Taryhy Güzide" eseriniň eýesiniň aýtmagyna görä, Şyh Senaýy Bähramşanyň döwründe wepat

---

[1] Bu ýerde "Hadykatyl-hakykat" eseri göz öňünde tutulýar.

bolupdyr. Başga käbir akyldarlaryň (alymlaryň) aýtmaklaryna görä, ol 525-nji ýylda, ýagny "Hadykat" eserini soňlan ýylynda wepat bolupdyr.

### *Zahyreddöwle Hysrow şa ibn Bähramşanyň soltanlygynyň beýany*

Ygtybarly rowaýatlara görä, Bähramşa Gaznada wepat bolansoň, Hysrow şa emirleriň ylalaşmasy bilen soltanlyk tagtyna geçýär. Edil şol wagtlar hem Alaýeddin Gurynyň ýakynlap gelýänligi baradaky habaryň yzy üzülmeýänligi üçin, ol aýal-çagalary bilen Hindistana tarap gidip, Lahor şäherinde mekan tutýar. Alaýeddin Gury Gaznada «Gaznalylary öldürmekde, weýran etmekde we talamakda hiç kim özüni çetde saklamaly däl» diýip höküm edýär. Şoňa görä-de ýedi günläp adamlary öldürip, şäheri talamakdyr weýran etmekde hiç hili kemlik etmändirler. Alaýeddin Surynyň gulagyna: «Seýfeddin Suryny köçelerden we bazarlardan aýlan wagtlarynda, gaznaly aýallar edil toýdaky ýaly dep we deprek bilen Suryny masgaralap aýdym aýdypdyrar» diýip habar ýetýär. Şonuň üçin ol Gaznanyň hem aýallarynyň birtoparyny öldürýär we hiç kime rehim etmeýär. Soňra Gura tarap ugraýar. Ol ýolda gidip barýarka nirede Söbükteginiň öwladyna degişli bina görse, ählisini ýykyp we ýakyp "Jahan ýakyjy Alaýeddin" diýen lakama eýe bolýar. Soňra Seýfeddin Surynyň weziri bolan Seýit Mejdeddiniň aryny almaklaryna buýruk berýär. Onuň buýrugyna

görä, gaznaly seýitleriň bir toparyny boýnundan gumdan doly torbalar asyp, Firuzkuha äkidýärler. Şol ýerde hem ählisiniň başyny kesip, olaryň ganlary bilen torbadaky gumlardan palçyk ýasap, Firuzkuhyň diňlerini ýasamakda ulanypdyrlar.

Alaýeddin Sury yzyna dolanansoň, Hysrow şa paýtagt Gazna göz dikip we Soltan Sanjaryň kömegine umyt baglap, Lahordan üpjün goşun bilen Gazna tarap ýöriş edýär. Emma şol wagtlar oguz türkmenleriniň[1] Soltan Sanjary tutup, Gazna tarap ýola düşendikleri üçin, olaryň öňünde durup bilmän, ýene-de Lahora tarap dolanýar. Oguz türkmenleri on ýyllap Gaznany öz golastynda saklapdyrlar. Ondan soň gurlular ony oguz türkmenleriniň elinden alýarlar. Soňra Hysrow şanyň emirleri pursat gelende, Gaznany ýene-de gurlulardan alýarlar.

Käbir kitaplardan şeýle maglumatlar mälim bolýar:

Hysrow şa jahan ýakyjy Alaýeddin Gurynyň zyýan-zeperinden gorkup Hindistana gaçyp gidensoň, jahan ýakyjy Alaýeddin Gandaharyň Germsir diýen ýerini we Teginabady basyp alýar we ony soltan Gyýaseddin Muhammede tabşyryp, özi Gura dolanýar. Hysrow şa agyr goşun bilen Hindistandan Gazna ugranda, jahan ýakyjy Alaýeddin onuň bilen ylalaşmak isläp, Hysrow şanyň Gazna bilen kanagatlanyp, Teginabat şäherini we galasyny özünde galdyrmagyny

[1] Asyl nusgada: «Türkany guzzan» – guzly türkiler.

teklip edýär. Emma Hysrow şa kabul etmeýär. Onsoň jahan ýakyjy Alaýeddin Gury şu aşakdaky rubagyny düzüp, oňa iberýär.

Ilki kine binýadyn seniň kakaň goýandyr,
Şondan soň jahan halky bary bidat bolandyr.
Eger dykgat bermeseň bir Teginabat üçin,
Mahmyt nesliniň mülki tutuş ýele sowrular.

Hysrow şa Soltan Sanjardan ýardam geljegine bil baglap, bu teklibe asla üns bermeýär. Takdyra laýyklykda, hut şol birnäçe günlükde hem Soltan Sanjaryň ykbal täleýiniň zebunlygy hakykata öwrülýär. Hysrow şa jahan ýakyjy Alaýeddin Gurudan gorkup, ýene-de Lahora gaçyp gidýär. Jahan ýakyjy Alaýeddin Gaznany basyp alyp, Gura dolanýar.

Hysrow şa Lahor şäherinde 555-nji ýylda wepat bolýar. Ol ýedi ýyllap höküm sürüpdir.

### *Gaznaly patyşalarynyň soňkusy Hysrow Mälik ibn Hysrow şa Gaznalynyň soltanlygynyň beýany*

Hysrow şa Lahor şäherinde bu gaýgy-gamly dünýäden şatlyk öýüne göç edensoň, ogly Hysrow Mälik onuň ornuna geçýär we paýtagt Lahory adalat we ynsap bezegi bilen bezeýär. Ol Hindistanda soltan Ybraýymyň we soltan Bähramşanyň eýeçiliginde we golastynda bolan ähli welaýatlary doly zabt edipdir. Emma Soltan Şyhabeddin Muhammet Gury diňe bir bu

beýik şöhratly nesilşalygyň paýtagty bolan Gaznany basyp almak bilen çäklenmän, Hindistana hem göz dikip, Peşaweri, Owganystany, Multany we Sindi basyp alyp, 576-nji ýylda Lahora gelip ýetýär. Hysrow Mälik onuň öňünde durup, jeň edip bilmejegini aňyp, galada penalanýar. Soltan Şyhabeddin Muhammet Gury hökmürowanlyk bilen Hysrow Mäligiň kiçijik ogly Mälik şany[1] bir meşhur pil bilen bile tutup alyp yzyna dolanýar. Ol 580-nji ýylda ýene-de Lahora gelýär. Hysrow Mälik ýene-de galada penalanansoň, Soltan Şyhabeddin Muhammet Gury bu şäheriň daş-töweregini we etraplaryny talap we çapawullap Siýalkut galasyny gurup, ony özüniň ýakyn, ynamdar adamlarynyň birine tabşyryp, özi Gazna dolanýar. Soňra Hysrow Mälik Şyhabeddin Muhammediň ýoklugyndan peýdalanyp, ulular bilen ylalaşyp, Siýalkut galasyny gabaýar, emma hiç bir iş bitirip bilmän yzyna dolanýar. Soltan Şyhabeddin Muhammet Gury Lahor şäherini basyp alamagy ýüregine berk düwýär. Soňra 582-nji ýylda ilki daşyndan Hysrow Mälik bilen dostluk açan bolýar. Soňra Hysrow Mäligiň ogly Mälik şany patyşalyk esbaplaryndan näme zat mynasyp bolsa, baryny taýýarlap, ynamly adamlar bilen goşup, kakasyny görmäge Lahora iberýär. Hemralaryna bolsa Mälik şany yzygiderli şerap içmäge ündemeklerini tabşyryp, onuň ýuwaş ýöräp, ýolda bir topar ýerde düşlemegine sebäp bolmaklaryna buýruk berýär. Oglunyň

---

[1] Asyl nusgada: «Mälik şanyň kiçijik ogluny». Emma aşakda: «Hysrow Mäligiň ogly Mälik şany» görnüşde getirilýär.

geljek hoş habary Hysrow Mälige ýetende, ol hoşal bolup we begenip, soltan Şyhabeddiniň ylalaşmasyna we dostlugyna ynanyp, aýşy-eşrete we saz-söhbete meşgul bolýar:

Bu tagt-u mülkde bilseň nogsandan gussa bardy,
Şanyň tapan çäresi çopanyňkydan kemdi.

Heniz Mälik şa ýolda wagty Soltan Şyhabeddin Muhammet Gury başga ýoldan hersinde iki ýa-da üç ätiýaçlyk ideg aty bar bolan böwsüji we ýeňil ýigrimi müň atly esger bilen Gaznadan ylgar edip, Lahor suwunyň kenaryna ýetip gelýär. Säher çagy Hysrow Mälik gaflat ukusyndan oýanyp, suwuň kenaryny duşman leşgeriniň golastynda görende, bialaç ejizlik dilini aman diläp saýradyp, onuň hyzmatyna gelýär. Şeýdip, Lahor ülkesi şu hilegärlik bilen hiç hili uruş-dawasyz, soltan Şyhabeddin Muhammet Gurynyň ygtyýaryna geçýär we soltanlyk Gaznaly nesilşalygyndan Gurly nesilşalygyna geçýär. Hysrow Mälik ýigrimi sekiz ýyllap höküm sürüpdir.